# DILEG EDÝÄN ZENANYŇ GÜÝJI



STORMY OMARTIÝAN

Stormy Omartiýan

# DILEG EDÝÄN ZENANYŇ GÜÝJI

*Men bu kitaby Hudaý bilen has ýakyn gatnaşyklary ýola goýmaklygy küýseýän, Onuň yzyna eýermekligi isleýän, özleri üçin Onuň taýýarlan patalaryna eýe bolmaklyga synanyşýan we özleriniň maksatnamalaryna ýetmekligi isleýän Isadaky aýal doganlaryma bagyşlaýaryn.*

# MINNETDARLYK


Meniň aýratyn minnetdarlyklarym:

- Sýuzan Martinese — onuň dileg goldawlary we kätibim hökmünde ýerine ýetiren hyzmaty üçin, onuň dostlukly kömegi we bilelikdäki dilegleri üçin.
- Ärim Maýkla, onuň söýgüsi, dilegleri we tagamly naharlary üçin.
- Özüm üçin hemişe şatlyk bolup hyzmat edýän çagalarym üçin.
- Meniň wepaly dostlaryma:
  çopanlar bolan Jeýk Heýforda, Raýs Bruksa, Tim Jonsona, Reý Makkolluma, Jon Roere, Jim Laffuna we Skott Bauere — olaryň dirilik beriji dilegleri we durmuşda ruhlandyryjy sözleri üçin.
- «Harwest Haus» neşirýatynyň işgärlerine: Bob Hokins-kiçä, Kerolin Makkride, Terri Glepse, Betti Fletçere, Juli Makkinnä, Tereze Ewensona, Lareý Ueýkerte, Kim Mura we Peggi Raýta — olaryň kömekleri we goldawlary üçin.
- Özleriniň başdan geçirmeleri, şatlyklary we gizlin syrlary bilen paşlaşyp, adaty we elektron poçta boýunça hatlar iberen müňlerçe aýallara.

*Hudaýymyz Rebbiň hoşamaýlygy üstümizde bolsun; ellerimiziň işini bize berkit; hawa, ellerimiziň işini berkit.*

*Mezmur 89:17*

# DILEGIŇ GÜÝJI

Seniň maşgala ýagdaýyňa, teni we ruhy ýagdaýyňa, öňden bäri ynanýandygyňa ýa-da hiç-de ynanmaýandygyňa seretmezden, eger sen aýal bolsaň, onda bu kitap seniň üçündir. Men bireýýäm 30 ýyldan hem gowrak Hudaýa wepaly ynanyp gelýärin we şu güne çenli hem bu ýoldan çykmadym, ýöne şonda-da bu kitap meniň üçin wajypdyr. Çynymy aýtsam, bu kitaby men seniň üçin bolşy ýaly, özüm üçin hem ýazdym, çünki biziň ikimiz hem meňzeşdiris. Meniň durmuşym käte-käte ýeňil gezelenç bolman, gaty agyr synag bolýandyr; ol köplenç aladasyz we şatlykly bolman, howply we ýadadyjydyr. Ol ýumşak, salkyn we arassa tolkuna däl-de, güýçli we gurak şemala meňzeýändir.

Ýöne eger men durmuşymyň kynçylyklaryny Öz üstüne almaklygyny Ondan haýyş etsem, onda Hudaýyň özümiň büdür-südür ýollarymy tekiz edip, tupanlary ýatyryp, özümi we özüme gymmat bolan ähli zatlary gorap, hatda ýükümi hem ýeňilledip biljekdigini bilýändirin. Emma bu dilegsiz öz-özünden bolýan däldir.

Durmuşyň aladalarynyň tertipsizliginde biz ýeterli dileg edýän däldiris. Ýa-da iň wajyp kynçylyklarymyz hakynda dileg edip, Hudaýa ýakynlaşmaklyk, Ony çuňňur tanap, Oňa özümiziň ähli mätäçliklerimiz hakynda gürrüň bermeklik üçin wagt tapýan däldiris. Günbe-gün biz «ylgamaklykdaky dilegi» ulanmaklyk bilen, Hudaýyň patalarynyň öz durmuşymyza gelýän ýoluny ýapýandyrys. Şeýle ýagdaýda biz bir gezek özümiziň boşluk we howsalalyk duýgusy bilen oýanmagymyza müm-

kinçilik berýändiris; aýagymyzyň aşagyndaky toprak çägä öwrülip, gorag örtügimiz bolsa edil ýumurtganyň gabygy kimin ýuka bolup gidýän ýaly elhenç pikirler bize gün bermez.

Men öý işlerim we özümiň ýetginjek çagalarymy terbiýelemek bilen gaty meşguldym, gaty oňat aýal we hojalykçy bolmaklyga çalşardym, öz kitaplarym hakynda çykyşlar bilen ýurtda gaty kän syýahat edýärdim, ýygy-ýygydan ýygnanyşyklara gatnaýardym we ähli mätäçlere kömek ederdim, emma durmuşymdaky iň esasy zat hakynda, ýagny Hudaý bilen şahsy gatnaşyklarym hakynda ýadymdan çykarypdyryn. Men Onuň ýollaryndan ýöremekligimi bes etdirmedim, tersine, men Hudaýsyz ýekeje gün hem ýaşap bilmeýärdim. Dileg etmekligimi bes etdirmedim, tersine, men dünýädäki ähli adamlary hakynda hemişekisinden hem artyk dileg ederdim. Emma men özümiň Hudaý bilen gatnaşygym hakynda dileg etmeýärdim. Men Hudaýyň Sözüni okamaklygymy bes etdirmedim — öz etmeli işlerime laýyk gelýän aýatlary gözläp, özümiň gatnaýan mukaddes kitap sapaklaryma taýýarlanmaklyk üçin Onuň Sözüni günde ençeme sagatlap okaýardym. Emma men Hudaýyň özüm bilen gepleşmegine wagt goýmadym. Men gowy zatlar bilen şeýle bir meşguldym welin, hatda oňadyny ýitiripdirin. Muňa düşünmän, men Merýem bolmaklygyň deregine Marta bolupdyryn (Luka 10:38–42 seret).

Men Hudaý bilen özümiň şahsy gatnaşyklarymyň wagtyny gysgaltdym, netijede bolsa aladalaryň agyr ýüki astynda galyp, öňe gidip bilmedim. Men hatda sähelçe daşky täsiriň astynda hem jaýryklap bilýän näzik küýzä meňzeş boldum. Özümiň Hudaýa bolan mätäçligimiň beýleki ähli mätäçliklerimden hem ýiti we wagypdygyna düşünýärdim. Hudaýdan başga hiç kim hem meniň ruhy suwsuzlygymy gandyryp bilmezdi. Dilegdäki özümiň Hudaý bilen şahsy gatnaşygymy saklap, ony goramaklygyň neneň wajypdygyna men göz ýetirdim.

Özümiň galan ýagdaýymdan çykalga — durmuşymyň her bir tarapy we özümiň ruhda ösmekligim hakynda dileg edip, Hudaýyň wadalaryny ýadymda saklamaklykda jemlenendi. Diňe şeýle dileg Hudaýa we Onuň

niýetlerine üns berip, özümiziň hususy däl-de, hut Onuň ýollaryndan ýöremekligimize kömek edýändir; bu dileg biziň öz ünsümizi wagtlaýyn zatlardan aýryp, baky zatlara öwrülmegimize kömek edýändir we diňe şonda biz hakykatdan hem wajyp zatlary görüp bilmeklik ukybyna eýe bolýandyrys. Şeýle dileg bize çyny ýalandan tapawutlandyrmagy öwredýändir, ynamymyzy berkedip, mümkin bolmadyklara ynanmagymyza kömek edýändir. Şeýle dilege görä, özümiziň bolmalymyz ýaly Hudaýyň gyzlary bolup bilýändiris we munuň *mümkindigine* ynanýarys.

Özümiň öňki kitaplarymda men är-aýallaryň bir-birleri hakynda, ata-eneleriň öz çagalary hakynda, raýatlaryň bolsa öz ýurtlary hakynda* dileg edip bilýändikleri barada gürrüň beripdim. Şu kitapda bolsa men *seniň* ÖZÜŇ hakynda nädip dileg edip biljekdigiňi görkezmeklige synanyşýaryn. Men seniň Göklerdäki Ata ýakyn bolmaklygyňa, Onuň mährini duýup bilmekligiňe, Onuň öňünde ýüregiňi arassalap bilmekligiňe, özüň üçin Onuň ýörite durmuşy kesgitländigine ynamly bolup bilmekligiňe, özüňi hakykatda Onuň näme maksat bilen ýaradandygyny bilmekligiňe we Onuň öňüňde goýan maksadyna ýakynlaşmaklygyň üçin Ondaky bütewiligiňi we gutarnyklylygyňy bilip bilmekligiňe men kömek etmek isleýärin. Başgaça aýdanda, men saňa özüň üçin has miweli dileg edip, Hudaý bilen has ýakyn gatnaşykda bolmaklygy öwretmek isleýärin.

## Näme üçin özüň hakynda dileg etmeklik gaty kyn?

Özüň üçin däl-de, beýlekiler üçin dileg etmekligiň has-da ýeňildigine üns berdiňizmi? Men muňa üns berdim. Özümiň şahsy kynçylyklarymyň çözgüdi hakynda dileg etmeklikden, ärim üçin, çagalarym üçin, beýleki garyndaşlarym üçin, tanyşlarym üçin, dostlarym üçin we täzelikler-

* S. Omartiýanyň «Dileg edýän milletiň güýji» atly kitaby hakynda gürrüň edilýär. — *Redaktoryň belligi.*

den bilýän beýleki nätanyş adamlaryň mätäçlikleri üçin dileg etmeklik maňa gaty ýeňil. Bu beýlekileriň mätäçliklerini özümiň anyk görýänligim üçin şeýle bolýandyr. Meniň öz hususy kynçylyklarym gaty kän, çylşyrymly we adatça çözülmesi gaty kyndyr, käwagtlar bolsa men olary hatda aňlap hem bilmeýändirin. Bize-aýallara özümiziň nämä has mätäçdigimizi bilýändigimiz anyk ýaly bolup *görünýändir*. Biz aýan zatlary görmekligi başarýandyrys. Emma biziň beýleki adamlar bilen duýgy gatnaşyklarymyz şeýle bir berk we biz gündelik aladalara şeýle bir batandyrys welin, hatda çykgynsyz ýagdaýda däl-de, adaty ýagdaýlarda özümiz üçin nähili dileg etmelidigine düşünmekligimizi bes etdirýändiris. Käwagtlar bolsa ýagdaýlar bizi şeýle bir ýuwudýarlar welin, biziň dileglerimiz kömek baradaky hakyky gykylyga öwrülýändir.

Durmuşyň gözegçilikden çykyp barýandygy ýaly duýgular sende peýda bolýarmy? Durmuş aladalary durmuşyňyň iň wajyp bir bölegini senden ogurlaýandygy bolup görünýärmi? Ençeme rollary ýerine ýetirmäge we köpleriň umytlaryny aklamaga synanyşýandygyň sebäpli, durmuşyňyň bir ýa-da birnäçe taraplary ünssüz galýandygy seni howsala salýarmy? Meniň bilen şeýle bolupdy.

Özüňiň öňe gitmekligiň deregine batga batyp, bir ýerde durýandygyň ýaly duýgular sende bolýarmy? Ýa-da ondan hem beteri, özüňiň yza gidýändigiň ýaly duýgulary başdan geçirýäňmi? Özüňiň geljegiňe bolan her bir umydyňy ýitirendigiň ýaly ýagdaýlar bolýarmy? Belki şeýli pikirler saňa hiç-de gelen däldir? Özüňiň kim bolmalydygyňyň nämeden ybaratdygyny bilip, Hudaýyň öz öňüňde goýan maksadyna ýetmeklige çynlakaý girişmekligi islärmidiň? Sende özüňiň boşlugyň, lapykeçligiň, kämilsizligiň ýaly duýgular boldumy? Meniň bilen şeýle ýagdaýlar ençeme gezek bolup geçdi.

Hudaýyň öz ýanyňda bolmaklygyna bolan küýseg seni gynaýarmy? Sen Hudaýy tanamaklygy isleýärmiň? Sen Oňa oňat hyzmat etmekçi, emma sende ne wagt bar, ne güýç-kuwwat, ne-de mümkinçilik? Hudaý bilen dileg gürrüňleşiginde bolmaklyk üçin kän wagt sarp etmeklige sen

mätäçmi? Köp ynam bilen dileg edip, Hudaýdan täsin jogaplary almaklygy sen isleýärsiňmi? Hudaýyň Sözüni tanamaklyga sen mätäçmi? Käwagtlar bolsa-da, sen Isany berk gujaklap, Onuň ýylylygyny we söýgüsini duýmaklyk islegini başdan geçirýärsiňmi? Men muny gaty küýseýän.

Bu islegiň Hudaý tarapyndan bize berlendigi gaty täsindir.

Hudaý biziň Onuň öz ýanymyzda bolmaklyny duýmaklygy küýsemekligimizi isleýändir. Hut Özünde durmuşyň dolulygyna biziň eýe bolmaklygymyzy Hudaý isleýändir. Ynamda ösüp, Onuň Sözüni çuňňur bilmekligiň üçin we ähli umytlaryňdyr arzuwlaryňy *Onuň* eline tabşyryp, Onda özüňiň ähli talaplaryňyň kanagatlanmalarynyň çeşmesini görüp bilmekligiň üçin durmuşda Özi *bilen* bile gitmekligiňi Hudaý isleýändir. Eger sen şeýle hereket etseň, onda *Hudaý* seniň üçin Özüniň patalarynyň gaznasyny açýandyr, çünki *Onuň* erki hut şeýledir.

## Men nädip öz mätäçliklerimi kanagatlandyryp bilerin?

Her bir aýalyň öz talaplary bardyr. Emma köp aýallaryň günäsi — talaplarynyň kanagatlanmaklaryny özleriniň dostlaryndan, aýratyn hem öz ärlerinden soramaklaryndan ybaratdyr. Diňe Hudaýyň edip biljek işini erkekler edip bilerler diýip, aýallar umyt baglaýarlar. Netijede bolsa olar öz ýanýoldaşlaryndan lapykeç bolýarlar, çünki ol ärler öz aýallaryna kömek bermäge ukyply däldirler. Aýallar diňe Hudaýa bil baglamaklygyň deregine, erkeklerden kän zatlara garaşýarlar.

Meniň joram Liza Bewer bu pikiri hemmelerden hem oňat beýan etdi. Ol şeýle diýýär: «Asyrlar boýy aýallar söweşip, Adam atanyň ogullary bilen uruş alyp barýarlar. Olar özlerine erkekleriň pata berip, bahalandyrmaklaryna mejbur etmäge synanyşýarlar. Ýöne bu söweş lapykeçlikden başga hiç zat hem getirmeýär… Aslynda bolsa, bu biderek we agyr söweşdir we netijede iki taraplar hem utulmaklykda galýandyrlar. Emma Adam atanyň ogullary günäkär däldirler, olar biziň gözleýän patalarymyzy ýöne berip bilýän däldirler, biz bolsa öz gezegimizde özümiziň janlarymyzyň

üstünden olara gaty uly ygtyýarlygy bermeklige ynanýandygymyz bilen gorkuzýandyrys. Özümiziň hakykatdan hem mätäç bolan patalarymyzy diňe Hudaýyň berip bilýändigine biz düşünmelidiris»*.

Eger biz özümiziň parahat durmuşymyzyň we ähli mätäçlilerimiziň kanagatlanmasynyň çeşmesini Hudaýda tapyp bilmesek, onda hiç haçan hem Onsuz bagtly bolup bilýän däldiris. Diňe ol biziň janlarymyzyň üstünden ygtyýarlyga eýedir.

Biz ähli umytlarymyzy tötänlige ýa-da adamlara däl-de, hut Hudaýa baglamalydyrys. Muny ýerine ýerirmekden, söz bilen aýtmaklygyň ýeňildigini men bilýärin, şonuň üçin hem ýeňil bolanyndan başlarys. Geliň, Hudaýa şeýle diýeliň: «Eý Hudaý, ähli mätäçliklerimi Özüňiň kanagatlandyrmaklygyň üçin men Saňa ýüzlenýärin. Ähli umytlarymy Saňa baglamagyma kömek et». Eger sen öz kynçylyklaryňyň çözülmän galýandyklary üçin lapykeç bolýan bolsaň, onda şeýle diý: «Diňe Hiudaýda ynjal, eý janym, çünki umydym Ondadyr» (Mezmur 62:5). Onsoň Hudaýa ähli mätäçlikleriň hakynda gürrüň ber we öz ýüregiňi Oňa aç. Howsala düşme, aljyrama, çünki Ol ähli zady bilýändir. Ol muny ýöne senden eşitmek isleýändir.

## Doly durmuş bilen ýaşamak

Eger biz azajyk bolsa-da, bir-birimize meňzeş bolsak, onda sen hem edil men ýaly bütin ömür zordan güzeran görmäge synanyşmaklygy isleýän dälsiň. Saňa başga ýaşaýyş, ýagny Isanyň: «Men olarda ýaşaýyş bolsun, gurply ýaşaýyş bolsun diýip geldim» diýip aýdan ýaşaýşy gerekdir (Ýahýa 10:10).

Biz hakykaty bilip, ol boýunça hereket etmeýän aýallar bolmaklygy isleýän däldiris. Özlerimiziň Hudaýa bolan ynamymyzyň durmuşymyzyň

* Lisa Bevere. *Kissed the Girls and Made Them Cry* (Nashville: Tommy Nelson, 2002), s. 189–190.

iň wajyp tarapy bolmagyny isleýändiris. Biz şübheleriň, gorkularyň, ynamsyzlygyň we goragsyz bolmaklyk duýgulary bilen ýaşamaklyk islemeýäris, ýok, biz öz durmuşymyzda aýdyň maksadyň bolmagyny isleýändiris. Süýt bilen iýmitlenip ýaşaýan çagalaryň durmuşlary bizi kanagatlandyrýan däldir. Biz durmuşyň başga derejesine, ýagny şatlykly we miweli durmuşyň derejesine ýetmeklik üçin Hudaýyň hakykatlaryndan iýmitlenmek isleýändiris.

Biziň hiç birimiz hem öwrüm-öwrüm edip, şol bir kynçylyklara, gaýgylara we ýalňyşlyklara alyp barýan ýol boýunça gitmek islemeýändiris. Biz ýürekleri gatalyp, ajydan, bagyşlamazlykdan, howsaladan, sabyrsyzlykdan we umytsyzlykdan dolup, ruhy taýdan kämilleşip bilmeýän gowşak adamlar kimin bolmaklygy isleýän däldiris. «Meniň durmuşym hiç haçan hem özgermez, çünki ol eýýäm uzak wagtlap *özgermeýär*» diýip, öz durmuşymyza nokat goýmak islemeýändiris. Biz durmuşymyzyň öwrüm-öwrüm gaýtalanýan ýagdaýlarynyň we köýpiköksüzligiň ýollaryndan azat bolmaklygy isleýändiris. Biz ýöne bar bolmaklygyň deregine, şatlanyp ýaşamaklygy isleýändiris.

Biz ýeňijiler bolmaklygy isleýändiris. Biz özümizden hem uly bolan bir zadyň bir bölegi bolmaklygy isleýändiris. Biz oňat miwe getirer ýaly, Mesihiň hyzmatyny etmekligi isleýändiris. Biz durmuşymyzyň maksadyny görüp bilip, Hudaýyň söýgüsi bilen gurşalan bolmaklygy isleýändiris. Emma Hudaýyň kömegi bolmanynda, biz hiç haçan hem durmuşyň şeýle beýik derejesine ýetip bilýän däldiris. Diňe dileg edenimizde bolsa, biz Hudaýyň kömegini alyp bilýändiris.

## Men nädip Hudaýyň güýjünden dolup bilerin?

Ýagdaýlaryň öňünde biz özümiziň doly ejizligimizi duýýan pursatlarymyz bolýandyr. Durmuşymyzda çynlakaý özgertmeleri özbaşdaklyk bilen amala aşyrmaklyk üçin ýeterli güýjümiziň ýokdugyna biz ençeme gezek göz ýetirdik. Özümizi ýa-da durmuşymyzy büs-bütin ýa-da

hemişelik üýgetmeklige bolan ähli synanyşyklarymyzyň üstünliksizdiklerini biz anyk bilýändiris. Özümiziň mümkinçiliklerimizden ençeme esse üstün bolan daşary bir güýje mätäçdigimizi biz boýun alýarys. Emma bu dünýäde biziň ýokary galdyryp bilýän we ýolumyzdaky kynçylyklary ýeňip bilýän ýeke-täk güýç bardyr — bu-da Hudaýyň güýjüdir.

Hudaýyň güýji bolmasa, biz özümiziň gowşaklyklarymyzy ýeňip, adaty öwrüm-öwrüm ýollarymyzdan çykyp bilmeýändiris. Ähli zatlaryň biziň garşymyza bolan ýagdaýlaryna garşy durmaklyga bizde güýç ýokdur; Mukaddes Ruhuň güýji bolmasa, biz ruhy açlykda ýaşamaklyga sezewar edilendiris; Hudaýyň güýji bolmasa, Onuň biziň üçin taýýarlanlaryny alyp bilmeklige päsgel berýän ýagdaýlary ýeňip bilýän däldiris.

Biziň mümkinçiliklerimizi çäklendirýänden we özümizi Hudaýyň patalaryndan mahrum edýänden azat bolmaklyga garaşyp, wagtymyzy boş geçirmekligi biz isleýän däldiris. Emma Mukaddes Ruhuň güýjüni boýun almazdan, bu azat bolma eýe bolmaklyk mümkin däldir. Mukaddes Ruhuň roluny ret etmeklik bilen biz Mukaddes Kitabyň «Hudaýyň ýolunda ýörän bolup, bu ýoluň güýjüni inkär edýänler» diýip aýdýan adamlaryna meňzeýändiris (2 Timoteos 3:5). Biz özlerini özbaşdak mesihiler edip görkezýän «hünärment» mesihiler bolýandyrys. Bu sahna meňzeýändir, çünki sahnada hiç hili söýgi we gatnaşyk ýokdur, onda bütinleý höküm çykarma bardyr, emma azajyk-da rehimdarlyk ýokdur. Hawa, hut sahnada bütinleý özüňe ynamlylyk bardyr, emma hiç hili-de tabynlyk ýokdur, sözleriň akymy bardyr, emma ýekeje damja-da gözýaş ýokdur. Biziň ejiz we manysyz durmuşymyz hakyky içki özgermäniň umydyndan jyda düşendir. Ol umytsyz bolsa, biz özümiziň çäkli bolmaklygymyzdan we Hudaýyň dünýäni üýtgetmäge niýetlän gurallary bolmaklyga çalşyp bilýän däldiris. Emma hut şunda biziň durmuşymyzyň manysy jemlenendir ahyryn!

Hudaý «biz iman edenlerde bolan güýjüniň biçak uludygyny» biziň bilmegimizi isleýändir (Efesliler 1:19). Şeýle-de, Hudaý biziň şuny bilmegimizi isleýändir, ýagny «Bu güýç Mesihi ölümden direldip, Gökdäki älemlerde Öz sagynda oturdanynda Hudaýyň Onda işleden güýçli

gudratynyň işleýşine meňzeşdir. Mesih her hökümdarlykdan, ygtyýarlylykdan, gudrat we häkimiýetden, diňe bir şu döwürde däl, eýsem, geljek döwürde-de tutuljak her atdan has belentdir» (Efesliler 1:20–21). Ol Isanyň gowşak däl-de, bizde güýçlüdigini bilmegimizi isleýändir (2 Korintoslylar 13:3 seret). «…Ol ejizlikde haça çüýlenen hem bolsa, Hudaýyň gudraty arkaly ýaşaýar…» (2 Korintoslylar 13:4). Özümiziň gowşaklylygymyza seretmezden, biz Hudaýyň güýji bilen ýaşaýandyrys (2 Korintoslylar 13:4 seret). Şeýle-de, Hudaý biziň şuny-da bilmegimizi isleýändir, ýagny «biz bu dünýäniň ruhuny däl-de, Hudaýyň özümize beren bereketlerini biler ýaly, Hudaýdan gelen Ruhy aldyk» (1 Korintoslylar 2:12).

Hudaýyň nähili güýje eýedigini ýa-da özümizde ýaşaýan Mukaddes Ruhuň nähili hereket edýändigini saňa düşündirip bilmeýärin. Bu meniň mümkinçiligimden daşdyr. Emma men seni hiç zatda hem ynandyrmaly däldirin, çünki muny Mukaddes Ruhuň Özi edýändir. Isa şeýle diýdi: «Meniň adymdan Atanyň iberjek Göwünlik Berijisi — Mukaddes Ruh size ähli zady öwreder…» (Ýahýa 14:26). Emma ilki bilen sen Mukaddes Ruhuň bardygyny boýun alyp, Onuň öz durmuşyňa täsir etmegini haýyş etmelisiň.

Ýöne diňe Isany öz Halasgärimiz hökmünde boýun alanymyzdan soň biz Mukaddes Ruhuň güýji bilen ýaşap bilýändiris. «…Mesihiň söýgüsiniň nähili giň, uzyn, belent we çuňňurdygyna düşünmegi, bilimden ýokary çykan bu söýgini tanamagy…» başarmagymyz gaty wajypdyr (Efesliler 3:18–19). Hudaýyň Mukaddes Ruhunyň bizdäki hereketine ýa-da Onuň güýjüne görä, Hudaý bize özümiziň hatda oýlanmaga hem ukyply bolmadyk ýagşylygy iberip bilýändir. Seniň üçin şeýle daşdan görüjilik neneň?

Mukaddes Ruhdan dolmaklyk biziň erkimize garşylykda bolup geçýän däldir — biz Hudaý üçin açyk bolmalydyrys, biz Hudaýy küýsemelidiris, biz Ondan haýyş etmelidiris. «Şeýlelikde, erbet bolan siz öz oglanlaryňyza oňat sylaglar bermegi bilýän bolsaňyz, Gökdäki Ataňyz Özünden dilänlere has-da köp Mukaddes Ruhy berer!» (Luka 11:13).

Biziň öňümizde saýlaw bardyr: Mukaddes Ruhdan dolmaklyk ýa-da ýok. Bu hakda biz Hudaýdan dilemelidiris.

Men Mukaddes Ruh hakyndaky taglymatlara çuňlaşmaga synanyşmaýandyryn, çünki ol taglymatlar edil dürli ynamlaryň ugurlarynyň bolşy ýaly gaty köpdürler. Men diňe bir zat hakynda soraýaryn — Hudaýyň Mukaddes Ruhuny Hudaýyň güýji hökmünde boýun al we Hudaýyň özüň üçin taýýarlanlarynyň baryna eýe bolup bileriň ýaly, Mukaddes Ruhdan dolmaklygyň hakynda Ondan haýyş et. Mukaddes Kitapda: «Ruhdan doly boluň» diýlendir (Efesliler 5:18). Eger biz Mukaddes Kitabyň sözlerine boýun bolsak, onda durmuşymyz düzedilýändir.

## Hudaýyň özüňi ýaradyşy ýaly bolmaklygyň üçin güýç

Şu gün ynanýan aýallaryň aglabasy özlerini Hudaýyň görmek isleýşi ýaly bolmaklyga mümkinçilik alýarlar. Olar Hudaýa hyzmat edýärler we özleri bilen duşuşýan adamlaryň durmuşlaryny özgerdýärler. Olar özlerine kömek edip, öňlerinde ähli gapylary açýan Hudaýyň güýjüne bil baglamaklyga öwrenýärler. Bu aýallar özleriniň Hudaýyň niýetiniň iň wajyp bölegi bolýandyklaryna göz ýetirip, aýratyn tabşyrygy ýerine ýetirmäge çagyrylandyklaryna düşünýärler. Belki-de olar öz durmuşlarynyň maksadyny aýdyň görýän däldirler, emma özleriniň hyzmatlarynyň beýleki adamlara ýagşylyk getirip, Hudaýy şöhratlaýandygyna ynamlydyrlar.

Özleriniň wezipelerini ýerine ýetirmäge taýyn bolan aýallaryň şeýle artyp barýan ruhy kämillenmeleriniň sebäbi — şu gün erkekleriň aglabasynyň ynamda ösmekligi bilen, özleri üçin niýetlenen baş bolmaklyk we ruhy ýolbaşçy bolmaklyk orunlaryny tutýandyklarynda jemlenendir. Hut şunda biz ençeme aýallaryň dilegleriniň jogaplaryny görýändiris we şu gün Hudaýa alkyş aýtmaklyk biziň borjumyzdyr. Aýallar ruhy goldawa mätäçdirler. Eger ähli zat özüňi pes tutmaklykda, mähirlikde, hormatda we düşünmeklikde bolýan bolsa we eger kemsitme,

tekepbirlik, özüňi söýmeklik, gödeklik, gahar we biperwaýlyk üçin orun bolmasa, onda aýal özüni howpsuzlykda duýýandyr. Öz durmuşymyzda dogry tertibi ornaşdyrmaklyk — ine, biz nämä ymtylmalydyrys.

Mukaddes Kitapda: «aýalyň başynda onuň ygtyýar astyndadygyny görkezýän belgi bolmalydyr» diýlendir (1 Korintoslylar 11:10). Aýal ruhy ygtyýar astyndadyr. *Her bir* adam özüniň üstünden goýlan ygtyýara boýun bolmalydyr. Hudaýyň tertibi şeýledir. Eger Hudaý tarapyndan Onuň erki bilen biziň goragymyz we ýagşylygymyz üçin goýlan adamlara gulak asmasak, onda Ol Özüniň patalaryny bize indermez. Boýun bolmaýan adama ynanylary ýaly, Hudaýyň ygtyýarlygy gaty gymmatbaha we güýçlüdir (bu barada bize *aladalanmagyň* geregi ýokdur — bu hakynda *dileg edilmelidir* we hut şunuň bilen biz 9-njy bapda meşgullanarys).

## Hudaýyň wadalary

Hudaýyň bize näme sylag berjekdigini bilmeýändigimiz üçin biz käte-käte Onuň özümize taýýarlanyny alyp bilmeýändiris. Hudaýyň bize ençeme wadalar berendigini bilýändiris, emma eger biz olaryň nämeden durýandyklaryny bilip bilmeýän bolsak, onda özümiziň geljek ýollarymyz hakynda bizde aýdyň gözýetim bolmaz. Mukaddes Kitapda şeýle diýlendir: «Onuň Hudaýlyk güýji özümizi şöhrat hem artyklyk bilen çagyran Hudaýy tanamagymyz arkaly ýaşaýşa, takwalyga degişli ähli zady bize bagyş etdi. Şular arkaly bize juda gymmatly, uly wadalar berdi. Şeýle, siziň ýaman höwesler sebäpli dünýäde bolan bozuklykdan gaçyp, şular arkaly Hudaýlyk tebigata şärik bolmagyňyz göz öňünde tutulýar (2 Petrus 1:3–4).

Bu wadalar biziň aňymyzda we ýüreklerimizde berk möhürlenen bolmalydyr: olara näçe çuňňur ynandygymyzça, şonça-da durmuşda üstünlikli bolýandyrys. Hudaýyň wadalaryndan şeýtanyň bizi mahrum etjek bolýandygy üçin bu gaty wajypdyr. Çünki şeýtan biziň özümiz baradaky hakykaty bilmekligimizi isleýän däldir. Biz Hudaýyň wadalaryndan bar

güýjümiz bilen berk ýapyşyp, hiç haçan hem olardan elimizi üzmeklige synanyşmaly däldiris.

Hut şunuň üçin hem her bir babyň soňunda her bir babyň mowguzyna degişli bolan Mukaddes Kitapdan alnan aýatlar ýerleşdirilendir. Ähli erbetçilikleriň öňünde bu wadalary batly ses bilen aýtmagymyzy men gaty isleýärin. Şeýle etsek, onda ähli şübheler bu gymmatbaha hakykatlarda ýitirim bolup giderler. Hudaýyň her bir wadalaryny üns bilen okamaklyk bilen, onuň anyk seniň özüň we durmuşyň babatda nähili ähmiýetiniň bardygy hakynda oýlanyp, düşünmäge synanyş. Onda hut özüňe degişli bolan zady tapmaga synanyş. Mysal üçin, ine, şu aýat: «Synaga düşmez ýaly oýa boluň, dileg ediň. Ruh islegli, ýöne ten ejizdir» (Matta 26:41). Bu ýerde eger sen dileg edip, töweregiňde bolup geçýänlere üns bilen syn edýän bolsaň, onda hiç haçan hem synaga düşmejekdigiň hakynda gürrüň edilýär.

Ýöne ýakymly we şatlykly wadalaryň arasynda şeýle hem bize berk duýduryş berýänleri hem bardyr. Hudaý bizi habardar edýändir: «Eger şuny etseňiz — sylag alarsaňyz, emma ony etseňiz — size temmi garaşýandyr». Hudaýyň Özüniň ähli wadalaryny ýerine ýetirýänligi üçin olaryň her birlerini oňat bilmeklik gaty wajypdyr.

## Öňe gitmekligiň wagty

Durmuşymyzyň mydama şol bir hili bolup görünýändigine seretmezden, onda hemişe-de bir zatlar bolup geçýändir. Muny duýup, duýmaýandygyňa seretmezden, sen bir ýerde durýan dälsiň: sen ýa-da öňe gidýärsiň, ýa-da yza. Günde sen Isa ýa-da *kän* meňzeş bolýansyň ýa-da *az*. Hudaýyň yzyna eýermeklik bilen ortaky ýagdaýy tutmaklyk mümkin däldir. Şunuň üçin hem men şu kitaby ýazmaklyga girişdim. Men seniň özüm bilen bile öňe gitmegiňe kömek bermek isleýärin. Bir gün daňdan turup, öz durmuşymda Hudaýyň işiniň amala aşmaklygy üçin mynasyp esas gurup bilmedigime ýa-da öz dileglerim bilen guran

esasymy saklap bilmämdigime düşünmeklik islemeýärin. Men hemişe öňe gitmegimizi isleýärin, emma bu öňe gitmeklik biziň söýgüli Hudaýymyz bilen ýakyn gatnaşykda bolup geçsin. Biziň ýüreklerimiziň Hudaý üçin ýanmaklaryny men isleýärin. Goý, biz özümiziň wezipämizi bilip, şu bilime laýyklykda hereket edeliň. Gürrüň Hudaýdan ýagşylyk almaklyk barada däl (şeýle bolsa-da, Hudaý bize gaty kän ýagşylyk bermek isleýändir). Gürrüň Hudaýyň barlygyna girip, Onuň öz öňümizde, Özüniň bütin dolulygynda bize açylmagyna ýol bermekligimiz hakyndadyr.

Eger biz Hudaýyň Sözüne laýyklykda we Mukaddes Ruhuň ýolbaşçylygy astynda ýaşaýan bolsak, onda özümiziň dogry ýerde we dogry wagtda durandygymyza we Hudaýyň Özüniň kämil niýetini amala aşyrjakdygyna berk ynamly bolup bilýändiris. Üstümize Hudaýyň Öz patalaryny bolelin inderjekdigine ynamly bolup bilýändiris. Şeýlelikde, ýola düşeliňmi?

## *Dileg*

*Eý Hudaý*, her bir ynanýanyň ýüreginden diri çeşmäniň suwlary akar diýip, Seniň Sözüňde ýazylandyr (Ýahýa 7:38 seret). Men Saňa ynanýaryn we günde durmuşymda özüm arkaly diri çeşmäniň suwlarynyň akmagyny küýseýärin. Hut şu gün meni Özüňiň Mukaddes Ruhuň bilen doldurmagyň hakynda Senden haýyş edýärin. Çeşmäniň suwunyň mydama arassa galmaklygy üçin onuň hemişe arassa suw bilen dolýandygyna meňzeşlikde, men hem günde Seniň güýjüňden dolmaklygy isleýärin.

Mukaddes Kitapda şeýle diýlendir: «Ruh hem ejizligimizde bize kömek berer, çünki biz nähili dileg etmelidigimizi bilmeýäris, ýöne Ruhuň Özi aýdyp bolmaz iňňildiler bilen biziň üçin töwella eder» (Rimliler 8:26). Eý Hudaý, men özümiň dog-

ry we ýygy-ýygydan dileg edip bilmeýändigimi bilýärin, emma men Mukaddes Ruhuň özüm üçin töwella etmegini dileýärin. Özümiň gowşaklyklarymy ýeňip bilmekligime maňa kömek et. Özüň hakynda heniz bilmeýän zatlarymy maňa aýan et.

Özümi we durmuşymy üýtgedip bilmäge ukyply bolan Seniň güýjüňe bolan mätäçligi men ýiti duýýaryn. Men miwesiz durmuşy geçirmek islemeýärin — men Seniň Ruhuňyň güýjünde ýaşamaklygy isleýärin. Men betbagt bolmaklygy islemeýärin — men ruhy dünýäde ýeňiji bolmaklygy isleýärin. Meniň Saňa degişli bolmaklygym üçin Sen gymmat baha tölediň. Şuny bilmeklige laýyklykda ýaşamaklygyma kömek et. Sen maňa ýolbaşçylyk edip, Özüňiň niýetiňe laýyklykda hereket etmegime kömek edýärsiň. Sen maňa iblisi ýeňmeklige güýç berdiň. Muny hemişe ýadymda saklamaklyga kömek et. Maňa güýç bermeklik üçin sen Mukaddes Ruhy iberdiň. Goý, Seniň bu wadaň meniň durmuşymda amala aşsyn. Meni söýenligiň üçin Sen maňa ýaşaýyş berdiň. Seni hem şeýle söýmekligime kömek et.

Eý Hudaý, ähli umytlarymy diňe Saňa baglaýaryn. Öňler öz talaplarymyň kanagatlanmalaryny dünýäden gözländigim üçin men ökünýän, men diňe Saňa bakmalydym. Diňe Seniň özümi bütewi şahsyýet edip biljekdigiňi men bilýärin, çünki diňe Saňa men mätäçdirin. Häzirki we geçmişdäki ähli isleglerimiň amala aşmaklygy diňe Sende jemlenendir. Mydama öz güýjüm bilen däl-de, özümde ýaşaýan Seniň Ruhuňyň güýji bilen ýaşamaklygyma kömek et. Bu barada ýadymdan çykarandygym üçin meni bagyşla. Ruhy taýdan kämilleşmegime kömek et. Sen tarapdan goýlan maksada tarap öňe gidýän Seniň hakyky perzendiň bolmaklygyma kömek et.

## SENIŇ DILEGIŇI HAS TÄSIRLI EDIP BILJEK MUKADDES KITAPDAN ALNAN AÝATLAR

Ýöne iň üstün gudratyň bize däl-de, Hudaýa degişlidigi bilinsin diýip, bu genji toprak gaplarda saklap ýörüs.

*2 Korintoslylar 4:7*

Çünki haçyň sözi heläk bolanlar üçin akmaklyk, biz — gutulanlar üçin bolsa Hudaýyň gudratydyr.

*1 Korintoslylar 1:18*

…Saňa meniň merhemetim ýeterlikdir, çünki Meniň gudratym ejizlikde kämilleşýändir…

*2 Korintoslylar 12:9*

Hudaý Öz gudraty bilen Rebbi direltdi, bizi-de direlder.

*1 Korintoslylar 6:14*

Atadan size iberiljek Göwünlik Berijim, ýagny Atadan çykan Hakykat Ruhy gelende, Men hakda güwälik eder.

*Ýahýa 15:26*

## BIRINJI BAP

# EÝ HUDAÝ, MENI ÖZÜŇE ÇEK WE ÖZ ÝOLLARYŇDAN ÝÖREMEKLIGI MAŇA ÖWRET

Hudaýy tanamazymdan ozal, men dürli gündogar dinleri bilen meşgullanyp, «Täze era» hereketine hem gatnaşdym. Her bir ynamda men durmuşyň manysyny tapmaklyk umydy bilen Hudaýy gözledim. Özümi çagalygymdan yzarlap gelen ruhy keselden, gorkudan we depressiýadan azat bolmaklyga lapykeçlik bilen garaşdym. Eger men Oňa ýakynlaşmaga mynasyp bolan bolsadym, onda belki-de Onuň beýikliginiň şöhlelerinde meniň durmuşym özgererdi.

Elbetde, maňa hiç zat hem başartmady, çünki yzlaryndan ylgan hudaýlarym uzak we sowuk bolmaklaryna galýardylar. Özümi biperwaý, hatda gödek eje terbiýeläp, onuň mydama meni kemsidip, gorkuzýandygy sebäpli, depressiýalarym artýardy. Biraz soňra ejemiň psihiki taýdan näsagdygy anyklanylanda, men onuň özüme ýetiren ähli agyrylaryny bagyşladym. Muňa seretmezden, çagalyk ýatlamalary maňa şeýle bir güýçli täsir edýärdi welin, hatda men lapykeçlikden we umytsyzlykdan bogulyp, öz-özümi öldürmek islärdim.

Durmuşymyň hut şol iň elhenç pursadynda, 28 ýaşymda men hakyky Hudaýy tanadym we Isany öz Halasgärim hökmünde kabul etdim.

Şeýdip, hatda özümiň arzuw hem edip bilmedik azat bolmaklyk, şypa tapmaklyk we täzeden dikelmeklik ýagdaýy başlandy.

Hudaýyň ýüregime girip, durmuşymda Onuň güýjüni duýanymdan bäri, men özümiň öňler gyzyklanýan dinlerimi nämäniň birleşdirýändigine düşündim — olaryň hudaýlary adamlaryň durmuşlaryny halas edip, ony özgertmäge güýçleri ýokdy. Diňe *Mukaddes Kitabyň* Hudaýy şeýle etmegi başarýandyr. *Ol* — ýeke-täk, hakyky we diri Hudaýdyr. Biz Ony tapyp, öz durmuşymaza girmegini haýyş edenimizde, şonda Onuň Ruhy bize girip, bizi içden özgerdip başlaýar we durmuşymyzda täsin üýtgeşikleri amala aşyrmaga başlaýar.

Şeýle-de, men Onuň tapylyp, tanalyp bolýan Hudaýdygyna düşündim. Ol bize ýakynlaşmagy isleýän Hudaýdyr. Şonuň üçin hem Ol «Hudaý biziň bilen» diýen mana eýe bolan Emmanuýel adyna eýedir. Ýöne diňe haçanda biz *Oňa* ýakynlaşmaga ymtylanymyzda, Onuň Özi bize ýakynlaşýandyr (Ýakup 4:8 seret).

Eger men seniň ýanyňda oturyp, seniň durmuşyň hakynda gürrüň edip bilsedim, onda saňa şeýle diýerdim: «Eger sen Hudaýa ynanan bolsaň, onda hut Mukaddes Ruhuň sende bolýandygy sebäpli, ähli kynçylyklaryň açary seniň içiňde ýerleşýändir. Diňe Ol saňa ýolbaşçylyk edip, seniň bilmeli zatlaryňy öwreder. Ol seni we seniň durmuşyňy özgerdip, şu wagta çenli düýşüňe-de girmedik bolelin patalaryny döker. Emma sen özüňe bil baglamagyňy bes etdirip, öz durmuşyňda *Onuň* islän zadyny islän wagtynda etmekligine ýol berseň, diňe şonda bu özgermeler bolup geçjekdir».

Bu ýerde gürrüň Hudaýa «mynasyp» bolmaklyk barada gidýän däldir, çünki biziň hiç birimiz hem muňa ukyply däldiris. Bu ýerde gürrüň Hudaýyň kämilligini *özüňe* kabul etmekligiň, Hudaýa ýakynlaşyp, Ony öz ýanyňda duýup bilmekligiň, Onuň bilen ýakyn gürrüňdeşligiň we Onuň ýollaryndan ýöremekligiň, seni bütewi şahsyýet etjek gürrüňdeşligiň hakynda gidýändir.

## Men seniň näme isleýändigiňi bilýärin

Öz okyjylarym bilen duşuşmaklyk üçin men soňky üç-dört aýyň içinde Birleşen Ştatlar boýunça kän syýahat etdim. Ähli bolan ýerlerimde aýallaryň arasynda soragnama geçirip, olaryň esasy mätäçliklerini we isleglerini, ýagny olaryň nähili dileg goldawyna has mätäçdiklerini anyklamaga çalyşdym. Şol wagtlar men özümiň «Dileg edýän äriň güýji» atly kitabym üçin gerekli maglumatlary ýygnaýardym. Sorag edilenleriň jogaplary meni haýran galdyrmady, emma aýallaryň öz isleglerinde birdikleri meni gaty haýran galdyrdy. Soragnama gatnaşan aýallaryň iň esasy mätäçlikleri — bu ruhda ösüp, çynlakaý we bütin durmuşyňy özgerdiji halda Hudaýyň yzyna eýermek. Ähli ýerlerde jogaplaryň birmeňzeş bolandyklary sebäpli men soragnamamy bes etdirdim. Surat meniň üçin aýdyňdy!

Seniň hem meniň özüme we ençeme beýleki aýallara meňzeşlikde Hudaý bilen çuňňur, ýakyn, söýgüden doly bolan gatnaşygy isleýändigiňe men ynamlydyryn. Şeýle bolmasa, onda sen bu kitaby okamaklygyňy dowam etdirmezdiň. Seniň janyň ýakynlygy, gürrüňdeşligi, özüňi bolşy ýaly kabul edip, söýmeklerini we özüňiň dogry bahalandyrylmagyňy isleýändir. Emma diňe Hudaýda bu ähli ýagşylyklaryň guramaýan çeşmesi gizlenendir. Ýüregiňiň gizlin islegleri diňe Hudaý bilen ýakyn gatnaşyk arkaly ýerine ýetip bilýändir. Çünki Ondan başga hiç kim hem seniň ýüregiňiň çukluklaryny bilip, seni tanap, şunuň ýaly güýçli söýýän däldir. Seniň duýgularyňdan üstün bolan bu käbir uly zatlara bolan küýseg, doly bolmaklygyny ýakynlaryňda gözleýän sendäki bu içki boşluk — bularyň bary Hudaý tarapyndan saňa berlendir. Hawa, seniň ruhy açlygyňy we ýüregiňiň boşlugyny diňe Özüniň dolduryp bilmekligi üçin olar saňa Hudaý tarapdan berlendir.

Hudaýy küýsemekligimiz Oňa ýakymlydyr. Diňe şu talaby bilmekligimiz bizi azat edýändir. Biziň azatlygymyz öz isleglerimize, ýekeligimize, ruhy boşlugymyza dogry baha berip bilmekligimizde we olarda özümiziň Hudaýa ýakyn bolmaklygymyzyň ýiti mätäçligini duýup

bilmekligimizde aýan bolýandyr. Ýöne biziň küýseg edýän Hudaý bilen bu berk baglanyşygymyz öz-özünden peýda bolýan däldir. Ol hakda hökman dileg edip, ony goramaly we ol hakda alada edilmelidir. Şonuň üçin hem biz mydama ol hakda dileg edip, ony emaý bilen goramalydyrys.

## Huýdayň ýollaryna wepaly bolmazlygyň esasy bäş alamatlary

1. *Eger sen diňe Hudaýyň özüň üçin edip bilýän işleri üçin Onuň yzyna eýerýän bolsaň*, onda sen Onuň ýollary bilen ýöreýän dälsiň. Eger sen hemişe Onuň üçin edip biljek, Oňa ýakymly zatlary bilmeklige synanyşara çenli Ony söýýän bolsaň, onda Hudaý bilen seniň gatnaşyklaryň berkeýändir.
2. *Eger sen diňe kyn ýagdaýlarda ýa-da diňe ýiti mätäçligi duýýan halatlaryňda Hudaýa dileg edýän bolsaň,* onda sen Onuň ýollary bilen ýöreýän dälsiň. Eger sen Hudaýyň özüň bilen bolmaklygyny isleýändigiň üçin Onuň bilen günde ençeme gezek dilegde gürrüňleşýän bolsaň, onda Hudaý bilen seniň gatnaşyklaryň berkeýändir.
3. *Seniň islegleriňi ýerine ýetirmedik pursatlarynda sen Hudaýdan öýkeläp, Oňa gaharlanýan bolsaň,* onda sen Onuň ýollaryndan ýöreýän dälsiň. Eger durmuşyňda ýagdaýlaryň nähili bolýandyklaryna seretmezden, sen hemişe Hudaýa alkyş aýdýan bolsaň, onda Onuň bilen seniň gatnaşyklaryň berkeýändir.
4. *Diňe özüň üçin Hudaýyň edýän işleri sebäpli Ony söýýän bolsaň,* onda sen Onuň ýollary bilen ýöreýän dälsiň. Eger sen Hudaýyň Özüniň bolşy üçin Ony söýýän bolsaň, onda Onuň bilen seniň gatnaşyklaryň berkeýändir.
5. *Eger sen öz diýeniňe ýetmeklik üçin dilegleriň bilen Hudaýyň ýüregine düşendirin öýtseň,* onda sen Onuň ýollary bilen ýöreýän dälsiň. Eger Hudaýyň Öz erki boýunça dilegleriňe jogap berýändigine ynanýan bolsaň, onda Onuň bilen seniň gatnaşyklaryň berkeýändir.

## Hudaý bilen ýekelikde

Eger biz Hudaýy çuňňur tanap, Onuň bilen (özümiziň gaty küýseýän) ýakyn gatnaşygy ýola goýmasak, eger Onuň bilen ýekelikde wagt geçirmeklige synanyşmasak, onda hiç haçan hem Oňa ýakynlaşyp bilmeýändiris. Diňe Onuň bilen şeýle ýakyn gatnaşyklarda biz Ondan arassa howany, güýji we täzelenmäni alyp, öz durmuşymyzy Onuň gözleri bilen görüp bilýändiris, şeýle-de, hut şu wagt nämä gaty mätäçdigimizi hem bilip bilýändiris. Diňe şu ýagdaýda biz özümiziň Kime degişlidigimize we Kime ynanýandygymyza düşünip başlaýandyrys.

Hudaý saňa gaty kän zatlary aýdyp bilýändir. Emma eger sen durmuş hysyrdylaryny goýup, Onuň bilen gürrüňdeşlik üçin wagt tapyp bilmeseň, Onuň özüňe diýýänlerini eşidip bilmersiň. Isa Hudaý bilen ýekelikde kän wagt geçirdi. Eger hatda Isa şeýle eden bolsa (Ol şeýle etmän hem bilerdi ahyryn), onda biz barada näme diýip bolar — bu biziň üçin neneň wajyp we gereklidir!

Dileg üçin wagt tapmaklygyň ýeňil däldigini men bilýärin. Aýratyn hem adamzadyň duşmanynyň muňa päsgel bereninde, muny ýerine ýetirmek gaty kyn bolýandyr. Emma eger sen dilegi durmuşyňyň ilkinji ornunda goýup, onuň üçin kesgitli wagt belleseň: mysal üçin, özüňiň wajyp wakalary belleýän kalendaryňda bellik edip, gündelik tertibiňe Hudaý bilen duşuşygy girizmekligi karar etseň, — onda sen öz dilegleriňe täsin jogaplar alarsyň.

Bilip goý: eger sen az dileg edýän bolsaň, onda durmuşyňdaky çalt özgermelere umyt baglama. Durmuşyňyň okean gämisiniň öwrülip, garşy tarapa ugrukdyrylmagy üçin gaty kän wagt talap ediler. Islän wagtyň ol dessine beýle tarapa öwrülmäge başlamaz. Belki sen ilki bilen hiç hili özgerşikleri görmezligiň hem mümkin. Sen dileg edeniňde-de hut şeýle bolýandyr. Dileg seniň durmuşyňy bütinleý özgertmäge ukyplydyr, emma bu ony aýdan badyňa dessine amala aşýan däldir. Bu bolarly ýagdaý we ruhdan düşmekligiň geregi ýokdur. Tizara sen

doly tizlik bilen dogry ugra tarap hereket edip başlarsyň. Ýagdaýyň üýtgeýän pursadynyň we dileglere jogaplaryň gelip ýetişmeginiň öň ýanynda adamlar adatça sustupes bolup, ýeňijiler bolup bilmändiklerini boýun alýarlar. Munuň adaty bolmadyk syýahatdygyny, ýuwaş akymdaky gyzykdyryjy ýüzmeklik däldigini ýadyňda sakla. Bu — uzynlygy durmuş bolan öz ykbalyňa baka syýahatdyr. Bu ýerde söweşsiz boýun bolmaklyk oňat çözgüt däldir.

## Hudaýy öz atlary boýunça tut

Atlary ýadyňda oňat saklap bilmeýändigiň sebäpli oňatsyz ýagdaýda galyp gördüňmi? Meniň bilen şeýle bolupdy. Şol bir wagtyň özünde uly topar adamlar bilen gürrüňdeş bolmaklyk meniň üçin gaty kyn. Eger men biri bilen ýekelikde gürleşýän bolsam, onda onuň adyny ýeňillik bilen ýadymda saklaýaryn, emma ençeme atlary bir agşamyň içinde ýatda saklamaklyk meniň üçin gaty kyn. Şunuň üçin hem mende kynçylyklar peýda bolýar. Hudaý bilen bary beýle däldir. Ol ýeke, emma Onuň atlary bolsa gaty kändir. Eger biz Onuň atlaryny bilmeýän bolsak, onda Onuň häsiýetiniň köp taraplaryny bilip bilmeýändiris.

Başdan bäri Hudaýyň ýüzlerçe ady bardyr, emma hatda olaryň birnäçesini-de ýatda saklamaklyk biziň üçin kyn bolýandyr. Käwagtlar bir adyň hut gerek bolan pursadynda, biz ony ýadymyzdan çykarýarys. Mysal üçin, biz Hudaýy edil *Göklerdäki Atamyz* hökmünde kabul edýäris, emma Onuň biziň *Ýoldaşymyz* we *Dostumyz* bolýandygyny hem ýadymyzdan çykarmaly däldiris. Ýa-da biz Onda özümiziň *teselli Berijimizi* görüp, Onuň *Halasgärimizdigini* ýadymyzdan çykaryp hem bilýändiris. Belki biz Ony özümiziň *Töwellaçymyz* hökmünde kabul edýändiris, emma Onuň özümiziň *şypa Berijimizdigini* ýatdan çykarýandyrys. Käbir adamlar Hudaýa diňe edil özleriniň *Halasgäri* hökmünde seredýärler (dogrusyny aýtsak, hiç hili halas bolma biziň hiç birimiz hem mynasyp däldiris). Ýöne Hudaý biziň üçin has uly bol-

maklyk isleýär; Onuň şahsyýetiniň ähli taraplaryny biziň bilmekligimizi Hudaý isleýändir, çünki Oňa bolan gatnaşygymyz biziň durmuşymyza güýçli täsir edýändir.

Hudaýyň Mukaddes Kitapda agzalýan her bir ady kesgitli bir ugry görkezýändir we biz Oňa ynanmaklygy öwrenmeklik üçin şol ugurlar boýunça ýöremelidiris. Onuň özüňiň Galaňdygyna ynanýarsyňmy (Mezmur 18:2 seret)? Ol seniň Parahatlygyňmy (Efesliler 2:14 seret)? Ol gaýgyly günleriňde seniň başyňy dikeldýänmi (Mezmur 3:4 seret)? Ol seniň üçin arassalaýjy sabynmy (Malaki 3:2–3 seret)? Ol seniň Akyldarlygyňmy (1 Korintoslylar 1:24 seret)? Ol seniň Gutaryjyňmy (Mezmur 17:7 seret)? Ol seniň dynç alýan ýeriňmi (Ýirmeýa 50:6 seret)? Onuň ähli atlary mukaddesdir we biz bu barada ýatda saklamaklyga borçludyrys.

Los-Anjelesde dünýewi işde işlänimde, men «Isa» adyny hiç bir hormatsyz, söýgüsiz we manysyna düşünmesizlik bilen gaharly ýagdaýda günüň dowamynda ençeme gezek gygyrýandyklaryny eşidýärdim. Diňe Isa ynananymdan soň men bu ady sögünç hökmünde ulansaň, onda bu adyň neneň nälet boljakdygyna düşündim. Hudaýyň adyny boş ýere agzamaklyk muny edýän adam üçin betbagtçylyk getirýändir, çünki bu adam on parzlaryň birini bozýandyr: «Hudaýyň Rebbiň adyny boş ýere agzama, çünki Reb Öz adyny boş ýere agzan adamy jezasyz goýmaz» (Çykyş 20:7). Hudaýyň adyny boş ýere agzamaklyk bilen adam Hudaýyň iň beýik parzlarynyň ýene birini hem bozýandyr: «Öz Hudaýyň Rebbi bütin ýüregiň, bütin janyň, bütin düşünjäň, bütin güýjüň bilen söý!» (Markus 12:30). Hudaýy söýýän adam ilki bilen oýlanmazyndan ozal Onuň adyny agzaýan däldir.

Ýöne söýgi we hormat bilen agzalýan hut şu Isa ady uly güýje eýedir. Ol halas etmäge, şypa bermäge, ähli zerur bolan zatlar bilen üpjün etmäge, goramaga we ençeme beýleki işleri etmäge ulyplydyr. Bu ady oýlanman, boş ýere agzaýanlar bolsa şu ähli patalardan mahrum bolýandyr. Hudaýyň her bir adynda beýik güýç bardyr we ol ynam, söýgi,

düşünje we titreme bilen tutulmagy arkaly pata getirip, ynamy berkedýändir.

Mysal üçin, Hudaýyň adynda gerek bolanynda mydama gaçabatalga tapmak mümkindir: «Rebbiň ady güýçli galadyr; dogry adam onuň içine ylgap, howpsuzlykda bolýandyr» (Süleýmanyň tymsallary 18:10). Eger sen kesel bolsaň, onda şypa Berijiniň ýanyna ylga; eger karzlaryňy töläp bilmeýän bolsaň, onda aladaňy Edýäne ýüzlen; eger gorkýan bolsaň, onda Gaçabatalga ylga; eger garaňky pursatlary başyňdan geçirýän bolsaň, onda Baky Yşyga tarap bak. Hudaýyň adyny hormat we minnetdarlyk bilen agzamaklyk bilen, sen Onuň özüň üçin Halasgäriň, Gutaryjyň, Baky Yşygyň we şypa Berijiň bolmagyny dileýärsiň. Hudaýda öz mätäçliklerimiziň kanagatlamasynyň çeşmesini görüp bilmeýändigimiz üçin biz durmuşda köp zatlardan mahrum bolýandyrys. Eger Hudaýy öz şypa Berijiň hökmünde kabul etmeseň, onda nädip şypa tapyp bilersiň?

Aşakda siz Hudaýyň otuz adyny tapyp bilersiňiz, emma Onuň Sözünde ýüzlerçesini tapmak mümkin. Ol ýeke-täk Hudaý, emma biziň üçin Ol ençeme ýollary goýandyr. Şol ýollar boýunça ýöremeklik bilen biz Onuň şahsyýatiniň dürli taraplaryny bilip bilýändiris. Ol Özüne ençeme at berdi we ol atlar *kiçijik* bolan biziň *beýik* bolan Ony tanamaklygymyz üçin kömek edýändir. Her gezek Mukaddes Kitapda Hudaýyň täze adyna duş geleniňde, ony bellemegiňi ýa-da öňki ýazyp alan atlaryňyň hataryna goşmaklygyňy maslahat berýärin. Bu Hudaýyň özüň üçin Kim boljakdygyny seniň ýadyňda saklamagyňa kömek eder. Aşakdaky atlary okamaklyk bilen Hudaýyň şol atlara laýyklykda öz durmuşyňa aralaşyp, ony bütinleý özgertmegi hakynda dileg et.

### Hudaýyň otuz ady

1. Şypa Beriji (Mezmur 103:3 seret).
2. Gutaryjy (Işaýa 59:20 seret).
3. Halasgär (Mezmur 70:5 seret).

4. Gala (Mezmur 18:2 seret).
5. Pena (Ýuil 3:16 seret).
6. Dost (Ýahýa 15:15 seret).
7. Töwellaçy (1 Ýahýa 2:1 seret).
8. Janyňy täzeleýän (Mezmur 23:3 seret).
9. Ebedi Ata (Işaýa 9:6 seret).
10. Söýgi (1 Ýahýa 4:16 seret).
11. Araçy* (1 Timoteos 2:5 seret).
12. Muşakgat gününde gaçabatalga (Nahum 1:7 seret).
13. Ýaşaýyş çöregi (Ýahýa 6:35 seret).
14. Gizleniljek ýek (Mezmur 32:7 seret).
15. Baky yşyk (Işaýa 60:20 seret).
16. Güýçli gala (Süleýmanyň tymsallary 18:10 seret).
17. Dynç alynýan ýer (Ýirmeýa 50:6 seret).
18. Hakykat Ruhy (Ýahýa 16:13 seret).
19. Tupandan goraýjy (Işaýa 25:4 seret).
20. Baky ýaşaýyş (1 Ýahýa 5:20 seret).
21. Ýahwe ýire** (Gelip çykyş 22:14 seret).
22. Parahatlyk (2 Selanikliler 3:16 seret).
23. Diri suw (Ýahýa 4:10 seret).
24. Galkan (Mezmur 144:2 seret).
25. Ýanýoldaş (Işaýa 54:5 seret).
26. Kömekçi (Ýewreýler 13:6 seret).
27. Ajaýyp, Maslahatçy (Işaýa 9:6 seret).
28. Şypakär (Çylyş 15:26 seret).
29. Umyt (Mezmur 71:5 seret).
30. Teselli (Rimliler 15:6 seret).

---

* Injilde *Töwellaçy*, emma beýleki terjimeleriň köpüsinde *Araçy* — Terjimeçiniň belligi.

** Ýahwe ýire — Reb üpjün edýär.

Eger sen wagtal-wagtal şu atlara seredip, Hudaýyň Özüniň bolşy üçin Oňa minnetdarlyk bildirseň, onda özüňiň ynamyňyň neneň çaltlyk bilen ösüp, Hudaýa has ýakynlaşýandygyňa haýran galyp üns berersiň.

## *Dileg*

*Eý Hudaý*, Öz Sözüňde maňa ýakynlaşmagyňy wada berýänligiň üçin men Senden minnetdardyryn (Ýakup 4:8 seret). Men Seniň huzuryňda ýaşamaklygy küýseýärin we Seniň bilen has berk we ýakyn gatnaşyk gurmaklygy isleýärin. Ähli mümkin bolan ýollar arkaly men Seni tanamaklygy isleýärin. Seni çuňňur tanamaklygym üçin meniň näme etmelidigimi aýt. «Hemişe öwrenip-de, hiç haçan hakykat bilimine ýetip bilmeýän» adamlardan bolmaklygy men isleýändirin (2 Timoteos 3:7 seret). Men Seniň Kimdigiň hakyndaky hakykaty bilmekligi isleýärin, çünki Özüňi «çyndan çagyrýanlaryň ählisine» Sen ýakynsyň (Mezmur 145:18 seret).

Öz niýetiňi amala aşyryp bilmekligiň üçin men özümi Seniň eliňe tabşyrýaryn. Öz durmuşymda Seniň hereketleriňe päsgel berýän ähli zatlary men terk edýärin. Hut şu wagt men Seniň Şypakärimdigiňi, Halasgärimdigiňi, Gutaryjymdygyňy we teselli Berijimdigiňi yglan edýärin. Şu gün men Saňa edil … (Hudaýyň atlarynyň birini tut) hökmünde mätäçdirin. Meniň üçin şeýle boljakdygyňa men ynanýaryn.

Eý Hudaý, Seniň bilen gündelik gepleşik üçin wagt tapyp bilmekligime Özüň kömek et. Bu maksada ýetmeklige päsgel berýän ähli zatlary ret etmekligime-de kömek et. Saňa ýaraýşy ýaly dileg edip bilmekligime öwret. Eý Hudaý, her gün Özüň hakynda maňa täze hakykatlary aýan et. Sen şeýle diýdiň: «Suwsaýanlar Meniň ýanyma gelsin, içip gansyn» (Ýahýa 7:37). Men

Seni küýseýärin, çünki Sensiz meniň ýüregim boşdur. Seniň Ruhuňyň çeşmesinden içip doýmaklyk üçin men Seniň ýanyňa gelýärin.

Seniň ähli ýerde bardygyňy men bilýärin, emma Seniň şu wagtkydan hem maňa has ýakyn bolup biljekdigiňi hem bilýändirin. Şonuň üçin hem men Senden dileýärin, hiç haçankysy ýaly özümiň Seniň huzuryňda bolup bilmekligim üçin meni Özüňe ýakynlaşdyr.

## SENIŇ DILEGIŇI HAS TÄSIRLI EDIP BILJEK MUKADDES KITAPDAN ALNAN AÝATLAR

Hudaýa ýakynlaşyň, Ol hem size ýakynlaşar.

*Ýakup 4:8*

Men-de Atama ýalbararyn, Ol size hemişe siziň bilen bolar ýaly, başga bir Göwünlik Beriji, ýagny Hakykat Ruhuny berer. Hakykat Ruhuny dünýä kabul edip bilmez, çünki dünýä Ony ne görýär, ne-de tanaýar. Ýöne siz Ony tanaýarsyňyz, çünki Ol siziň araňyzda ýaşaýar we siziň içiňizde bolar.

*Ýahýa 14:16–17*

Ataňyz Patyşalygy size bermäge razy boldy…

*Luka 12:32*

Şu wagta çenli siz Meniň adymdan hiç zat dilemediňiz. Diläň, alarsyňyz, şatlygyňyz dolup-daşar.

*Ýahýa 16:24*

Umydymyzyň ykraryny berk saklalyň. Çünki wadany beren Hudaý ynamdardyr.

*Ýewreýler 10:22–23*

## IKINJI BAP

# EÝ HUDAÝ, MENI GÜNÄLERIMDEN ARASSALA WE MENDE TÄMIZ ÝÜREK ÝARAT

Gürrüňimizi dowam etdirmezimizden ozal, men käbir zatlary düşündirmelidirin. Bar iş biziň hiç birimiziň hem kämil däldigimizdedir. Hiç bir adam hem günä etmerin diýip, ant içip bilýän däldir. Hiç kim hem kynçylyklardan azat däldir. Mundan beýläk hiç zada öwrenmezligi ýaly, hiç kim hem Hudaýy gaty oňat tanan däldir. Hudaýyň kömegine mätäç bolmazy ýaly, hiç kim hem öz-özüne doly ýeterli däldir. Hiç kim hem…

Ine, gürrüň nämede! Bu aýan ahyryn!

Haýyş edýärin, seniň *bilmeýändigiň* üçin men bulary aýdýandyryn diýip oýlama. Tersine, meniň pikirimçe, häzirki aýtjaklarymy sen bireýýäm bilýändigiň maňa görünýär. Biziň ählimiziň bilýän zatlarymyzy ýatlatmaklyk üçin men bulary diýýändirin. Şonuň üçin hem biz öz-özümiz we bir-birimiz bilen açyk bolup bilýändiris.

Bu kitaby okanyňda, mümkin bolmadyk beýik maksatlara ýetmekligiň senden talap edilýändigi ýaly duýgularyň özüňde galmazlygyny men islemeýändirin. Bu kitap nädip kämillige eýe bolmaklyk barada däl-de, Hudaýyň özümiziň mysal almaly nusgamyzyň bolmagy üçin Oňa mümkinçilik bermeklik hakyndadyr. Men nähilidir bir netijelere nädip eýe bolmaklyk hakynda däl-de, biziň öz durmuşymyza ýolbaşçylyk edip

bilmeýändigimiz hakyndadyr. Bu kitap Hudaýyň höküminden nädip gaçmalydygy we üstünlige eýe bolmanyňda, özüňi betbagt duýmazlyk hakynda hem däl-de, nädip Hudaýyň söýgüsiniň dolulygyny duýup, özümizi kämilleşdirmeklige oňa rugsat bermeklik hakyndadyr. Bu kitap özgermeklik hakydanda däl-de, seniň iş ýüzünde nähilidigiň hakynda gürrüň berýändir. Ýöne sen ilki bilen öz-özüň we Hudaý bilen dogruçyl bolmaklyga öwrenmelisiň.

Bütin dünýäniň aýallary durmuşlarynyň dolulygy hakynda arzuw edýändirler. Olar Hudaýyň merhemeti astynda ýaşamak isleýärler, şunuň bilen birlikde olar Hudaýyň erkine boýun bolup, Onuň parzlaryny-da ýerine ýetirmekligi isleýärler. Olar Hudaýyň hakykatynda berk durmaklygy we şol bir wagtyň özünde betbagtçylyga düşen beýleki adamlara hem kömek etmäge taýyn bolmak isleýärler. Olar Hudaýy çuňňur tanamaklygy we Mukaddes Ruhuň özlerini özgertmegini isleýärler. Ýöne eger aýallar öz durmuşlarynda oňat üýtgeşikleri görüp bilmeseler, onda olar özlerine gaty berk daraşýandyrlar. Olar özlerini hüküm edip, üstünliklerine höwes bilen şatlanýan däldirler.

Şonuň üçin hem meniň «ýüregiňi arassalamak» diýýän çakylygymy «hapa» ýüregiňiz üçin özüňizi höküm etmegiňizi islemeýärin, — ýok, bu hiç-de beýle däldir. Hudaýyň patalarynyň ahyry bolelin seniň üstüňe inip bilmekligi üçin, Ol seniň öz ýüregiňi we ýollaryňy dogurlamagyňy isleýändir. Geljekde özüň üçin Hudaýyň niýetlän wajyp işleri üçin Onuň seni taýýarlaýandygyna üns ber.

Munuň mümkin bolmaklygy üçin sen öz durmuşyňy üsn bilen öwrenip, batyrgaýlyk bilen şeýle diýmegiň wajypdyr: «Eý Hudaý, meniň ýüregimde, aklymda, ruhumda we bütin durmuşymda bolmaly däl zatlaryň baryny maňa görkez. Meniň düşünmeýän zatlarymy açyp görkez, ýalňyşlarymy aýan et, meni tekepbirlikden, gopbamsylykdan, gorkudan we her hili tolgunmalardandyr howsalalyklardan azat et. Özüm we öz durmuşym hakyndaky hakykaty bilmekligime kömek et. Maňa hakykaty aç, eý Hudaý. Men ony kabul edip bilerin. Ýalňyşlyklarymy

düşetmäge, ýalany hakykat bilen çalyşmaga kömek et we durmuşymda wagtyň geçmegi bilen synaglardan geçip biljek özgerşikleri geçir».

Şeýle dilegi aýdyp bilmeklik üçin hökman batyrgaýlyk gerekdir. Belki munuň üçin saňa özüňde bar bolan batyrgaýlykdan ýene-de güýçlüräk batyrgaýlyk gerek bolar. Eger öz ýüregiňdäkileri biler diýip, Hudaýy çagyrmaklykdan gorkýan bolsaň, onda Onuň özüňe batyrgaýlyk we edermenlik bermegini sora. Eger sen öz durmuşyňda oňat özgerşikleriň bolmagyny isleýän bolsaň, onda seni arassalap, mümkinçilikleriňi giňeldýän Mukaddes Ruhuň hereketine «ýaşyl yşygy» görkezmeli bolarsyň. Özüň baradaky her bir ýalanlardan goranmaklygyň üçin, sen Ony öz ýüregiňe goýbermeli bolarsyň. Özüňde tämiz ýürek ýaratmagyny sen Hudaýdan soramalysyň. Şeýle ýagdaýda şu iki ädimi ätmeklige taýyn bol:

1. Onuň özüňe görkezjek ähli günäli pikirleriňi we hereketleriňi Hudaýyň öňünde *boýun almaklyk*.
2. Ähli boýun alanlaryň üçin *ötünç soramaklyk*.

## Özüňiň günäliligiňi çynlakaý boýun almaklyk

Eger sen adam öldüriji bolmaýan bolsaň ýa-da bank ogurlygyna gatnaşyjylaryň biri bolmadyk hem bolsaň, onda boýun alar ýaly hiç günäň ýokdur diýip oýlama. Eger eýýäm ençeme ýyllap Hudaýyň ýollaryndan ýöreýän bolsaň, her dynç güni irden we üçünji gün agşam ýygnaga gatnaýan bolsaň, ähli dileg ýygnanyşyklarynda bolýan bolsaň, onda seniň boýun alar ýaly hiç hili ýazygyň ýokdur diýip oýlaýmagyn. Günä mydama görünýän ýagdaýynda bolýän däldir. Mysal üçin, Hudaý öz wadalaryny ýerine ýetirermikä diýip, sen haçan bolsa-da bir wagt şübhelendiňmi? Hudaýy şübhe astynda goýmaklyk günädir. Haýsydyr bolsa-da bir adam hakynda gybat etdiňmi? Gybat — bu günä. Özüňiň paýlaşmak islemeýän zadyňy sorar diýen pikir bilen sen gürrüňdeş bolýan adamyňdan

gaça durduňmy? Diňe özüňi söýmeklik — bu günä. Haçan bolsa-da bir wagt sen başga adama bolan ýigrenç duýduňmy? Söýgi bilen edilmedik zatlaryň bary günädir.

Günä etmerin diýip ant içmeklik mümkin däl. Şonuň üçin hem günäňi boýun almaklyk gaty wajypdyr. Eger biz öz günälerimizi, ýalňyşlyklarymyzy we ýazyklarymyzy boýun almaýan bolsak, onda biz Hudaýdan daşlaşyp, dileglerimize jogap alyp bilýän däldiris. «… Ýazyklaryňyz siz bilen Hudaýyňyz arasyna aýralyk saldy, günäleriňiz eşitmez ýaly Onuň ýüzüni sizden gizledi» (Işaýa 59:2).

Öz günälerimizi boýun alman, biz Hudaýyň ýüzüne göni seredip bilmän, edil Erem bagyndaky Adam ata bilen How enäniň edişleri ýaly Ondan gizlenmäge başlaýandyrys. Emma Hudaýdan gizlenmek mümkin däldir. Biziň diňe bir gizlin işlerimiziň däl-de, eýsem gizlin pikirlerimiziň we sözlerimiziň hem aýan boljakdygy hakynda Mukaddes Kitapda ýazylandyr. «Üsti açylmajak ýapyk zat, bilinmejek gizlin zat ýokdur. Garaňkylykda näme aýtsaňyz, ýagtylykda eşidiler, içki otaglarda çakan çawuşyňyz tamlaryň üstünden yglan ediler» (Luka 12:2–3). «Hudaýdan gizlin hiç bir mahluk ýokdur, hasap bermeli Hudaýymyzyň gözleriniň öňünde ähli zat ýalaňaç hem açykdyr» (Ýewreýler 4:13).

Neneň gorkuzyjy pikir! Eger her birimiz öz hereketlerimiz barada Hudaýa hasap bermeli bolsak, onda ähli zady Onuň öňünde näçe çalt açdygymyzça, şonça-da gowy bolar. Dogrudan hem, eger özümize aýan bolan günäleri näçe çalt boýun alsak, şonça-da çalt Hudaý bize heniz aýan bolmadyk günälerimizi hem açar. Emma her birimizde ýene näçe günäniň galýandygyny diňe ýeke Hudaý bilýändir.

Günä hemişe-de yz galdyrýandyr. Bu hakynda Dawut şa özüniň günäsini boýun alanynda aýdypdy: «Men dymanymda bütin gün iňňildimden süňklerim garrady. Çünki gije-gündiz Seniň eliň maňa agram saldy; tomus yssysynda ýaly ysgynym gaçdy» (Mezmur 32:3–4).

Çuňňur ýaralaýan sözleri ärimiň maňa aýdan pursatalryndaky başgan geçiren ýigrenjimiň dörän wagtlaryny ýadyma salýaryn. Özümde

saklaýan gahar we öýke maňa güýçli agyry ýetirýärdiler. Men özümiň günäli duýgularymy boýun almaklyk islemeýärdim, çünki mende aklama bar, günäkär bolsa meniň ärimdir diýip hasap edýärdim. Emma soňabaka men kimdir birine öýke saklamaklygyň günädigine düşündim we öz ärime bolan ýigrenjimi günä hökmünde boýun aldym. Hut şol pursatda men öz tenimden agyrynyň ýogalandygyny duýdum. «Seniň gaharyň zerarly tenimde sag ýer ýok; günäm zerarly süňklerimde parahatlyk ýok. Ýazyklarym başymdan aşdy, olar agyr ýük kimin götererimden agyr. Akylsyzlygym zerarly ýaralarym porsady, iriňledi» (Mezmur 38:3-5). Teniňdäki agyrylar zerarly ejiriň çekilmezinden hem durmuş gaty agyrdyr.

Günäden başga hiç bir agyr zat ýokdur. Özümizi iki büküp, janlarymyzy öldürip barýandygyny duýýanymyza çenli biz günäniň agyrlygyna düşünip bilmeýändiris. Hudaý bilen özümiziň aramyzda goýlan diwara kellelerimizi urup ýeňjenimize çenli biz onuň dargadyjy güýjüne dorgy baha berip bilýän däldiris. Şonuň üçin hem özümize mälim bolan her bir günäni boýun alyp, öz ýüreklerimizi arassalamak we mümkin boldugyndan çaltlyk bilen Hudaýyň öňünde dogry bolmaklyga çalyşmaklyk iň oňadydyr. Boýun almaklyk günäni aýan edip, ony Hudaýyň öňünde ýamanlaýandyr. Öz günämizi boýun almaklyk bilen biz Hudaýa hiç bir täzelik aýdýan däldiris, çünki Ol biziň kömegimiziň bolmanynda-da ähli zady anyk bilýändir. Ol ýöne seniň özüňiň günäňi boýun almaklygyňy isleýändir.

Emma boýun almaklyk — bu ýönekeý bir toba etmeklik däldir, çünki her kes hem toba edip bilýändir. Köp adamlar bu sungaty gaty oňat özleşdirdiler. Şu meselede olaryň baý tejribeleriniň bardygy sebäpli, bu sungat olar üçin gaty ýeňil başardýandyr. Siz adamlaryň «toba etdim, toba» diýip her ädimde aýdýandyklaryny günde eşidýänsiňiz. Olar özleriniň «toba etdim» ýa-da «bagyşla» ýaly sözlerini ýeňillik bilen sagadyr sola atýarlar. Olar «toba etdim» ýa-da «bagyşla» ýaly sözleri özleriniň günälerine hiç-de göz ýetirip, boýun alman aýdýarlar.

Olar özleriniň sözleriniň uly mana eýe bolan hünärmentlerdir. Hakyky boýun alma öz günäňe doly düşünip, onuň dogrudan hem ýamandygyny boýun almaklykdan we soňundan hem ötünç soramaklykdan ybaratdyr.

## Çuňňur toba

Özüňiň ýalňyşlygyňyň Hudaýyň kanunyny bozýandygyny boýun almaklyk — bu bir ýagdaýdyr, emma edilen hereket barada çuňňur ökünmeklik we ol günäni gaýdyp gaýnalamaklyk kararyny kabul etmeklik — has-da başga ýagdaýdyr. Hut şu ikinji ýagdaý hem toba etmekligiň özi bolýandyr. Toba etmeklik öz ýany bilen pikiriňiň üýtgemigini alyp gelýändir; ol bir ýüz segsen gradus öwrülmekligi göz öňünde tutýandyr. Toba etmeklik — bu edelen işe çuňňur ökünip, ony mundan beýläk gaýtalamazlyk kararyna gelmekligi aňladýandyr. Toba etmeklik — bu özüňiň nädogrudygyňa doly *göz ýetirip*, öz günäňi boýun almaklykdyr. Toba etmeklik özümiziň günämiz hakynda güýçli, çäksiz, agyra çenli *ökünip*, ondan *elimizi üzendigimizi* we gaty *daşlaşandygymyzy* aňladýandyr.

Muňa garamazdan, toba etmeklik biziň mundan beýläk hiç haçan hem günä etmejekdigimizi aňladýan däldir, — ol mundan beýläk biziň hiç haçan günä etmezlik niýetdedigimizi aňladýandyr. Şonuň üçin hem sen şol bir günäni ýene we ýene boýun alyp, toba edýän bolsaň, mundan beýläk hem şeýle etmeklikden gorkma. Duşmanyň öz boýnuňda oturyp, gulagyňa pyşyrdamagyna ýol berme. Duşmany öz egniňden atyp, onuň üstünden ýeňşe eýe bolmaklygyň üçin gerek bolanyna deňeç öz günäleriňi boýun alyp, şoňa çenli-de toba ediber. «Hudaý meni indi mundan beýläk bagyşlamasa gerek: men bu günä üçin geçen hepdede hem ötünç sorapdym ahyryn» diýen pikirleriň özüňi ýeňmeklerine ýol berme. Ýok, her gezek sen öz günäleriňi Onuň öňünde boýun alanyňda, *her gezek* hem Ol seni bagyşlaýandyr. «Jenaýaty bagyşlanan we günäsi

örtülen adam nähili bagtly!» (Mezmur 32:1). Öz günäleriň üçin Rebbiň öňünde toba etmeklik bilen sen öz durmuşyňy düýpgöter özgerdip bilýänsiň.

Hiç haçan hem toba etmekligi soňa galdyrma. Çünki her gezek Hudaýyň parzlaryny bozan mahalyňda hüjüm etmäge taýyn bolan duşman saňa gaty güýçli urgy edip biler. Mukaddes Kitapda «günäniň muzdy ölüm» diýlip ýazylandyr (Rimliler 6:23). Öz öňünde ýüregiňiň nämede arassa we dogry däldigini görkezmegini Hudaýdan günde sora. Hudaýyň özüň üçin taýýarlan ýagşylyklaryndan haýsydyr bir zatlaryň seni daşlaşdyrmagyna rugsat berme.

## *Dileg*

*Eý Hudaý*, men Seniň öňüňde boýun bolup, Senden haýyş edýärin: meniň ýüregimi her bir ýamanlykdan arassala we mende tämiz ýürek ýaradyp, ruhumy täzele. Seni şöhratlandyrmadyk ýa-da Seniň parzlaryňa garşy bolan her bir sözlerimi we hereketlerimi bagyşla. Aýratyn hem men Seniň öňüňde… (Hudaýa ýakymly bolmadyk ähli pikirleriňi, sözleriňi we hereketleriňi aýt) boýun alýaryn. Men olara günä diýip, olar üçin Seniň öňüňde toba edýärin. Men bu pikirleri we hereketleri taşlap, Seniň yzyňdan gitmeklik isleýärin. Men Seniň merhemetlidigiňi, rehimdardygyňy, gaharda ýuwaş, mähribanlykda uly we çäksiz mylakatlydygyňy bilýändirin (Ýuil 2:13 seret). Seniň şeýledigiňe ýerlikli baha bermändigim üçin meni bagyşla.

Eý Hudaý, Sen meniň ýüregimiň syrlaryny bilýärsiň (Mezmur 44:21 seret). Özümiň bilmedik ýüregimiň syrlaryny maňa aýan et. Pikirlerimiň, sözlerimiň we hereketlerimiň niresinde toba edilmedik günäniň gizlenýändigini maňa görkez. Özüm

baradaky hakykaty aýdyň görüp bilmekligim üçin ony maňa aýan et. Meniň ýüregimi barla we özüm hakynda bilmeli zatlarymy maňa aç. Men Saňa ýaramaýan biderek we ýaman gylyklardan azat bolmaklygy isleýärin. Wajyp bolan ýerlerde özümiň üýtgemekligime kömek et. Öz günälerimi boýun alyp, olar üçin toba edip bilerim ýaly, özümiň görmeli zatlarymy görüp bilmegim üçin gözlerimi aç. Seniň Öz Sözüňde tabşyryşyň ýaly, men öz ellerimi we ýüregimi arassalamak isleýärin (Ýakup 4:8 seret).

Men Senden haýyş edýärin: «Eý Hudaý, Öz merhemetiňe görä maňa rehim et; mähribanlygyň köplügine görä meniň jenaýatlarymy öçür. Meni ýazygymdan bütinleý ýuw, günämden tämizle» (Mezmur 51:1–2). «Mende tämiz ýürek ýarat, eý Hudaý, içime täzeden durnukly ruh ber. Meni huzuryňdan atma, Mukaddes Ruhuňy menden alma» (Mezmur 51:10–11). «Meni ýaşyryn ýazyklardan akla» (Mezmur 19:12). «Gör, mende erbet ýol bar bolsa, meni ebedi ýola sal» (Mezmur 139:24). Öz Öňüňde meni dogry we arassa et. Günälerimiň geçilmegi üçin maňa Seniň bagyşlamaň zerurdyr (Resullaryň işleri 3:19 seret).

## SENIŇ DILEGIŇI HAS TÄSIRLI EDIP BILJEK MUKADDES KITAPDAN ALNAN AÝATLAR

Günälerimizi boýun alsak, Ol ynamdar, adyldyr.
Günälerimizi öter, bizi her hili ýamanlykdan arassalar.
*1 Ýahýa 1:9*

Eý, söýgüli doganlar, eger ýüregimiz bizi ýazgarmaýan bolsa,
onda Hudaýyň huzurynda gaýratymyz bolar.
Näme dilesek, Ondan alarys, çünki Onuň buýruklaryny
berjaý edip, Onuň halanyny edýändiris.
*1 Ýahýa 3:21–22*

Men günämi Saňa äşgär etdim, ýazygymy gizlemedim.
«Jenaýatlarymy Rebbiň ýanynda boýun alaryn» diýdim.
Sen günämi, ýazygymy bagyşladyň.
*Mezmur 32:5*

Indi günäleriňiziň geçilmegi üçin toba ediň, dönüň.
Şeýlelikde, Rebbiň huzuryndan täzelenme pursatlary geler…
*Resullaryň işleri 3:19–20*

Günälerini ýaşyrýan üstünlik gazanmaz; günälerini
boýun alyp, oňa ökünýänlere bolsa rehim ediler.
*Süleýmanyň tymsallary 28:13*

## ÜÇÜNJI BAP

# EÝ HUDAÝ, MAŇA BAGYŞLAMAGY ÖWRET

Ejem meniň bilen gaty gödekdi, kakam bolsa ýok. Mesihi bolmaklygym bilen men ejemi bagyşladym. Emma ençeme ýyllar geçeninden soň, kakamy bolsa hiç haçan-da özümiň bagyşlamandygymy Hudaý maňa açyp görkezdi. Öz ýüregimi dolduran howsalalyk we lapykeçlik hakynda mesihi psihologyna gürrüň berenimde, ol meniň öz kakama bolan gizlin öýkelerim hakynda sorady. Men bolsa oňa ýok diýip jogap berdim. Näme üçin men hawa diýip jogap bermelimişim? Kakam hiç haçan hem meniň göwnüme degmedi ahyryn! Emma haçan-da ruhy goldaw berijim meniň dileg edip, özüme Hudaýyň ähli hakykaty açyp görkezmekligini Ondan soramaklygymy haýyş edeninde, birden ähli gahar, öýke we agyry menden gözýaşlar arkaly daşa döküldi. Bar gürrüň şunda eken, ýagny kakamyň ýekeje gezek hem kömege gelip, ejemiň samsyk hereketlerinden ýekeje gezek hem özümi halas etmändigi baradaky ýatlamalary men ýüregimiň töründe saklaýan ekenim. Ejem meni tüm-garaňky otagda gulplap goýanynda, kakam ýekeje gezek hem meni ol ýerden çykarmandy. Ejemiň psihiki taýdan kesel bolandygyny bilibem, kakamyň maňa biperwaý bolandygy sebäpli, oňa bolan öýkeleriň toplanandygy hakynda men oýlanyp hem bilmändim. Emma şol gün men ony bagyşlanymda, ýüregimde şu wagta çenli duýmadyk rahatlyga eýe boldum.

Özümiziň kine saklaýjydygymyzy biz köplenç bilýän däldiris. Biz bagyşlap bilýäris diýip hasaplaýarys, emma iş ýüzünde bu beýle däldir. Eger özümiziň kine saklaýjydygymyzy Hudaýyň özümize açyp görkezmegini haýyş etmesek, onda biz hiç haçan hem onuň berk tutluşygyndan dynyp bilmeris. Biziň dogrulygymyz köp derejede özümiziň bagyşlap bilmekligimiziň başarnygyna we islegine baglydyr. Onsuz biz hiç haçan hem Hudaýyň özümize wada beren mirasyna eýe bolup bilmeris.

## Dogry saýlaw etmeklik

Biz «ýigrenç» sözüni bilýändiris, onuň täsiriniň güýjüni hem bilýändiris we adatça ony ulanmaklyga synanyşýan däldiris. Başga bir adamy hakykatdan hem ýirgenýändigimiz baradaky pikiriň özi biziň üçin ýakymsyzdyr. Emma gürrüň kine saklamaklygyň ýigrenjiň köki bolýandygynda hem däldir. Eger biz öz öýke-kinelerimiz bilen hoşlaşyp, bagyşlamagy islemeýän bolsak, onda bu duýgular ýigrenje öwrülýändir. Bu sorag babatda Isa gaty berk aýdypdy. Ýahýa bolsa öz hatynda bu barada şeýle diýýär: «Doganyny ýigrenýän kişi ganhordyr, siz hiç bir ganhorda ebedi ýaşaýşyň galmaýanyny bilýänsiňiz» (1 Ýahýa 3:15). Inede, bu Isanyň sözleri: «Gökdäki Ataňyz siziň ýazyklaryňyzy bagyşlar ýaly, birinden öýke-kinäňiz bar bolsa, doga etmäge duran mahalyňyz siz-de ony bagyşlaň» (Markus 11:25).

Gel, öz gürrüňlerimize käbir aýdyňlygy girizeliň. Bagyşlamaýan adamlar baky ýaşaýşa umytlary bolmadyk we Hudaýyň bagyşlamasyna eýe bolmadyk ganhorlar diýlip atlandyrylandyrlar. Men şeýle diýerdim: eger bagyşlama bilen kine saklamaklygyň arasynda saýlaw bar bolsa, onda iň oňadyny, ýagny bagyşlamany saýlamaklyk gowudyr.

Kine saklamaklygy saýlamaklyk bilen biz özümizi garaňkylykda gezmeklige sezewar edýändiris (1 Ýahýa 2:9–11 seret). Öz durmuşymyz babatda aýdyň gözýetime eýe bolman, biz büdräp, ýolumyzy ýitirýändiris. Bu bizi hakykatdan çykaryp, ýalňyşlyklary etmegimize getirýändir.

Şonda biziň gowşaklyklarymyz artýandyr, keseller inip, ýüregimizi ajy dolduryýandyr. Bu töwerekdäkiler üçin aýan bolýandyr, çünki duýgularymyzy gizlemek bize başardýan däldir. Hatda bolup geçýänleriň asyl manysyna düşünmän hem, töwerekdäkiler biziň gizlin kinemizi duýýandyrlar we biziň ýanymyzda olar özlerini oňaýsyz duýýandyrlar. Eger biz bagyşlamagy çözsek, onda munuň netijesinde diňe biziň özümiz däl-de, hatda töweregimizdäkiler hem utuşa eýe bolýandyrlar.

## Öz ýakynlaryňy bagyşlamaklyga öwrenmeklik — ilkinji ädim

Öz ýakynlaryňy bagyşlamak gaty kyndyr, çünki olar mydama biziň ýanymyzdadyrlar, olar bizi hemmelerden hem oňat bilip, beýlekilere seredeniňde, olar bizi gaty agyryly ýaralamaga ukyplydyrlar. Emma hut şunuň üçin hem öz ýakynlaryňy bagyşlap bilmezlik bize uly betbagtçylyklary getirýändir. Munuň ysysüre, her bagyşlama öz hususy maşgalaňdan başlanýandyr.

Ilki bilen öz ata-enäňi bagyşlamak gaty wajypdyr. Bu hakda Mukaddes Kitap hem bize aýdyň duýduryş berýändir. On parzlaryň bäşinjisi şeýle diýýär: «Ata-eneňe hormat goý, şonda Hudaýyň Rebbiň özüňe beren ýerinde ömrüň uzak bolar» (Çykyş 20:12). Öz atañy we eneňi hormatlamazlyk bilen sen öz durmuşyňy kemeldýänsiň, emma olary bagyşlamasaň, onda hormatlap hem bilýän dälsiň.

Öz enemi bagyşlamaklygy çözmeklik bilen, Hudaýyň wadalarynyň durmuşymda amala aşmaklygy üçin men Oňa gulak asyjy bolmagy isleýändirin. Maňa bu başardan bolsa gerek, munuň üçin meniň ýaşym bilen gyzyklanmaklyk ýeterlidir. Ýöne bir gezek eneňi bagyşlamak bilen bu soragy hemişelik çözdüm diýmeklik dogry däldir. Ençeme ýyllaryň içinde meniň ýüregimde öýkäniň we ajynyň giden gatlary ýygnanypdyr we ol gatlaryň her biriniň goparylanynda, men ýene we ýene ejemi bagyşlamaly boldum. Men ejemi mydama bagyşlamaly boldum, çünki ýyl boýy onuň häsiýeti gitdigiçe bozulýardy.

Eger bir gezek biz özümiziň haýsydyr bir adamy bagyşlamaklygymyzy islemeýändigimizi boýun alan bolsak, onda munuň ony indiki gezek hem etmeli boljakdygymyzy aňladýandygy däldir. Şonuň üçin hem bagyşlamak — bu *her* gün kine saklamaklyk bilen rehimdarlygyň arasynda saýlaw etmekligi aňladýandyr. Isläp-islemeýändigimize seretmezden, biz beýleki adamy bagyşlamagy çözýändiris. Bu duýgy däl — bu karar kabul etmeklikdir. Eger biz bagyşlamak üçin keýpimiziň oňat wagtyna garaşýan bolsak, onda biz tä ömrümiziň ahyryna çenli garaşmaly bolýandyrys. Eger biz bir adamy ýigrenýän bolsak ýa-da bir adam tarapyndan özümize ýetirilen agyry zerarly gynanýan bolsak, onda bu ýerde hökman biziň hem günämiz bardyr. Çünki bu agyrydan azat bolmaklyk kararyny biz kabul eden däldiris. Hudaýyň öňünde özümiziň kine saklaýandygymyzy boýun almaklyk — bu biziň borjumyzdyr. Diňe şu borjumyzy ýerine ýetirmeklik bilen, biz özümiziň bagyşlap, oňat durmuşda ýaşamaklygymyz hakynda Hudaýdan diläp bilýändiris.

Garyndaşlarymyzyň ýene haýsysyny bagyşlamalydygymyzy Hudaýyň görkezmegini biz soramalydyrys. Kine saklamaklygyň ajysyndan doly bolan adamlar bolmaklyga biziň hakymyz ýokdur (ýöne biz käwagtlar gaharlanýan bolýandyrys, emma bu başga zatdyr). Ýöne biziň talaplarymyzyň Hudaýyňkydan gaty pes bolandygy sebäpli, özümize bagyşlama gerek bolan ýagdaýlary biz köplenç görüp bilýän däldiris. Henizem ýene haýsy garyndaşlaryňa öýke-kine saklaýandygyňy Hudaýyň açyp görkezmegi hakynda sora. Tä bagyşlamaga öwreneniňe deňeç, sen rahatlyga eýe bolup bilmersiň.

## Eger bagyşlamaga sende güýç bolmasa

Bagyşlamak hemişe-de ýeňil däldir. Käwagtlar bolsa özümize ýetirilen elhenç agyry zerarly bagyşlamak ýöne mümkin däldir. Eger sen kimdir birini bagyşlap bilmeýän bolsaň, onda Hudaýdan kömek sora. Ejemiň tä ölerine çenli men hut şeýle-de etdim. Ahyrynda men oňa bolan

erbet duýgularymdan doly azat boldum. Eger sen bir adamy bagyşlap bilmeýän bolsaň, onda ol adamy bagyşlamaga ukyply bolan ýüregi bermekligi hakynda Hudaýdan haýyş et. Gözwnüňe degenler üçin özüňe mälim bolan dilegler bilen dileg et. Hudaýyň şeýle dileglere jogap berip, ýürekleri ýumşadýandygy gaty täsin. Özümize agyry ýetirenler hakynda dileg edenimizde, biziň gaharymyz, ýigrenjimiz we agyrymyz söýgä öwrülýändir.

Hiç haçan aladalanma: biziň bagyşlamagymyz adamlary we olaryň hereketlerini aklaýan däldir. Ýok, biziň bagyşlamagymyz Hudaýyň höküm ederi ýaly ol adamlary Onuň eline tabşyrýandyr. Bagyşlama — bu ar armaklygyň iň peýdaly serişdesidir. Çünki bagyşlama bizi ol adamlardan azat edýändir we biz Hudaýyň özümiz üçin taýýarlanlaryny alyp bilmeklige mümkinçilik alýandyrys. Biziň kimdir birini bagyşlamagymyz ol adamyň öz günäsini boýun alyp-almaýandygyna, ötünç sorap-soramaýandygyna hem bagly däldir. Eger bu şeýle bolýan bolsady, onda bagyşlama hiç-de mümkin boljak zat bolmazdy. Biz özümiziň göwnümize degeniň hereketlerine seretmän, bagyşlap bilmekligi başarmalydyrys.

Käwagtlar biziň durmuşymyzda şeýle bir elhenç wakalar bolup geçýändir welin, hatda ençeme ýyllaryň içinde hem özümize ýetirilen agyrynyň çuňlugyny aňyp bilmeýändiris. Käwagtlar bolsa käbir işlerimiz üçin biz özümizi bagyşlap bilmeýändiris, soňundan bolsa şony edip-etmändigimiz üçin özümizi höküm edýändiris. Käwagtlar bolsa bolan zatda biz Hudaýy günäkärleýändiris. Şuňa meňzeşleriň öz durmuşyňda bolup-bolmandygyny Hudaýyň görkezmegi hakynda dileg et. Kine saklamagyň ajysynyň Hudaýyň niýetiniň amala aşmagynyň ýolunda böwet bolmaklygyna ýol berme.

## Bahasynyň näçe durýandygyna seretmezden

Dört ýüz togsan — ine, biz öz duşmanlarymyzy näçe gezek bagyşlamalydyrys! Petrus Isadan şeýle sorady: «”…Ýa Reb, doganym maňa

garşy näçe gezek günä etse, men ony bagyşlaýyn? Ýedi gezekmi?“ Isa oňa şeýle jogap berdi: “Men saňa ýedi gezek däl, ýetmiş ýola ýedi gezek diýýärin”» (Matta 18:21–22). Belki sen kimdir birini günde 490 gezek bagyşlamaly bolarsyň, emma näçe gezek gerek bolsa, şonça-da bagyşlamagyň — bu Hudaýyň erkidir. Ol seni bagyşlap bilýän adam kimin görmek isleýändir.

Isa bir uly bergili adamyň öz hojaýynyndan azat bolandygy hakynda tymsal gürrüň beripdi. Emma özüniň uly bergisiniň bagyşlanandygyna seretmezden, ol adam öz bergidaryny türmä atypdyr. Bu habary eşiden hojaýyn şeýle diýipdir: «Maňa ýalbaranyň üçin men şol algynyň baryny geçdim. Meniň saňa rehim edişim ýaly, sen hem ýoldaşyňa rehim etmeli dälmidiň?» (Matta 18:32-33). Hojaýyn şeýle bir gazaba münüpdir welin, bergidaryň ähli bergisini tölänine deňeç, hojanyn ony gaty agyr işleri etdiripdir. Isa şeýle diýdi: «Siziň hem her biriňiz öz doganynyň ýazyklaryny ýürekden bagyşlamasa, Meniň Gökdäki Atam hem sizi şeýle eder» (Matta 18:35).

Bu gaty çynlakaý duýduryş. Isa ynananlar bolan biziň her birimize gaty uly bergi bagyşlanyldy. Şonuň üçin hem bir-birimize garşy doň ýürek bolmaklyga biziň hakymyz ýokdur. Mukaddes Kitapda şeýle diýlendir: «Biri-biriňize mähriban, gamhor boluň, Hudaýyň sizi Mesihde bagyşlaýşy ýaly, siz hem biri-biriňizi bagyşlaň» (Efesliler 4:32). Eger biz bagyşlamaýan bolsak, onda biz hususy ýigrenjimiziň gullary we hususy gaharymyzyň gurbanlary bolýandyrys.

Biziň ähli işlerimiz bakyýetiň iki ölçegi bilen bahalandyrylýandyr: Hudaýa bolan söýgi we beýleki adamlara bolan söýgi. Hudaýy söýmeklik adamlary söýmeklikden gaty ýeňildir, emma Hudaý birinji bilen ikinji ölçegiň arasynda deňlik belgisini goýýandyr. Goňşyňy söýüp bilmekligiň iň aýdyň alamaty — bu bagyşlap bilmeklikdir. Özümize agyry ýetiren, göwnümize degen we adalatsyzlyk bilen gatnaşyk eden adamy bagyşlamak gaty kyndyr. Emma Hudaý bize hatda duşmanlarymyzy-da söýmekligi öwredýändir. Hut şu ýolda hem Ol bizi kämilleşdirýändir

(Matta 5:48 seret). Öýke we gaharlanma üçin sebäp tapmaklyk mydama hem ýeňildir, emma biz olary gözlemekligimizi bes etdirmelidiris.

Hudaý Özüniň seniň üçin taýýarlanlarynyň baryny bermek isleýär, emma eger sen bagyşlamaýan bolsaň, onda seniň ruhy ösüşiň saklanýandyr we Hudaý seniň durmuşyňa täsir etmegini bes etdirýändir. Özüňe Mukaddes Ruhuň arkaýyn ýolbaşçylyk edip bilmekligi üçin bagyşlama seniň ýüregiňi we aklyňy açýandyr. Sen Hudaýy güýçli söýmeklige we Onuň söýgüsini ýiti duýmaklyga öwrenýänsiň. Şunsuz biziň durmuşymyz hiç mana-da eýe däldir.

## *Dileg*

*Eý Hudaý*, maňa bagyşlamagy öwret. Meniň bagyşlap bilmezligimiň sebäbini görkez. Durmuş ýolumda böwet bolmazlygy üçin, meniň ýüregimiň gizlin ýerlerini açyp, kine saklamaklygymy maňa aýan et. Eger meniň ýüregimde gahar, ajy we öýke gizlenen bolsa, onda olar üçin toba edip bilerim ýaly, olary maňa aýan et. Aýratyn hem men Senden özümiň şu adamy (<u>bagyşlamaklygy çözen adamyňyň adyny aýt</u>) bagyşlap bilmekligime kömek etmegiňi haýyş edýärin. Beýleki adamlary bagyşlap bilmekligime hiç zadyň päsgel bermezligi üçin öz günälerimi Seniň bagyşlamagyňyň çuňlugyna düşünip bilmekligime kömek et. Diňe Seniň ähli hakykaty bilýändigiňi men bilýändirin we adalatyň höküm sürmekligi üçin hem Sen alada edýärsiň.

Ähli eden ýalňyşlyklarym we ýazyklaryň üçin özümi bagyşlap bilmekligime kömek et. Eger men haçanda bolsa bir wagt ol günälerde Seni ýamanlan bolsa, onda muny Seniň öňüňde boýun almaklygyma kömek et. Öz Sözüňde tabşyryşyň ýaly, öz duşmanlarymy söýüp, özümi ýigrenip, yzarlaýanlara pata

berip bilmekligime kömek et (Matta 5:44–45 seret). Ol adamlara ýüregimiň ýumşak bolmaklygy üçin göwnüme degip, agyry ýetirýänler üçin dileg etmekligi maňa öwret. Kine saklamaklyk zerarly ýüregimiň gatalamagyny men isleýän däldirin. Maňa bagyşlamagy öwret.

Ata-enemiň käbir hereketleri ýa-da tersine, käbir ýagdaýlarda olaryň hereketsizlikleri üçin olara öýke saklap-saklamaýandygymy maňa aýan et. Ata-enemi hormatlamaýandygym, ýagny Sen tarapyndan berlen tabşyrygy bozýanlygym sebäpli, durmuşymyň gysgalmagyny men islemeýärin. Eger öýke-kine we bagyşlamazlyk sebäpli özüm bilen garyndaşlarymyň arasynda kesekilik diwary dikelen bolsa, onda ol diwary ýumurmagyňy men Senden haýyş edýärin. Her gezek gerek bolanynda adamlary bagyşlap bilmekligime kömek et. Gatnaşyklarynda düşünmesizlikler bar bolan garyndaşlarymyň ýaraşmaklary üçin mümkin boldugyndan meni gural hökmünde ulan.

Eý Hudaý, özüm bilen Seniň araňda diwaryň durmagyny, dileglerimiň bolsa ýüregimdäki gizlin günä büdremeklerini men islemeýärin. Şu gün men hemmeleri bagyşlamak isleýärin. Men kine saklamaklygyň ýükünde azat bolup, durmuşda öňe gitmekligi isleýärin. Eger kimdir biri maňa ýamanlyk saklaýan bolsa, onda onuň ýüregini ýumşadyp, onuň meni bagyşlap bilmekligine kömek et. Nädip gatnaşyklarymyzy düzetmelidigini bize görkez. Kine saklamaklygyň garaňkylygynda gezýärkäm, özümiň beýlekiler üçin yşyk bolup bilmejekdigime men gowy düşünýändirin. Men karar kabul edýärin: Seniň yşykda gezişiň ýaly men hem yşykda gezerin we her bir günäden arassalanaryn (1 Ýahýa 1:7 seret).

## SENIŇ DILEGIŇI HAS TÄSIRLI EDIP BILJEK MUKADDES KITAPDAN ALNAN AÝATLAR

Başgalaryň üstünden höküm çykarmaň, siziň-de üstüňizden höküm çykarylmaz. Iş kesmäň, size-de iş kesilmez. Bagyşlaň, siz-de bagyşlanarsyňyz.

*Luka 6:37*

Adamyň paýhasy onuň gaharyny köşeşdirýändir; ýazygy geçmek onuň şöhratydyr.

*Süleýmanyň tymsallary 19:11*

…Gökdäki Ataňyzyň ogullary bolar ýaly, duşmanlaryňyzy söýüň, özüňize gargaýanlara alkyş okaň, ýigrenýänlere ýagşylyk ediň, size zulum edýänler, sizi yzarlaýanlar üçin dileg ediň.

*Matta 5:44*

Ýöne kim doganyny ýigrenýän bolsa, ol garaňkylykdadyr. Garaňkylykda gezip, ol nirä barýanyny bilýän däldir, çünki garaňkylyk onuň gözlerini kör edendir.

*1 Ýahýa 2:11*

Siz adamlaryň ýazyklaryny bagyşlasaňyz, Gökdäki Ataňyz hem siziň ýazyklaryňyzy bagyşlar. Adamlaryň ýazyklaryny bagyşlamasaňyz, Ataňyz hem siziň ýazyklaryňyzy bagyşlamaz.

*Matta 6:14–15*

## DÖRDÜNJI BAP

# EÝ HUDAÝ, ÄHLI ZATDA SAŇA GULAK ASYJY BOLMAKLYGY MAŇA ÖWRET

Mekdepde bir okuw ýylynyň ýarysynda ýüzmeklik boýunça sapaklara gatnamaly bolandygymy ýadyma salýaryn. Men ol sapaklara çydap bilmeýärdim, çünki olar irden 7:30-da başlaýardylar. Şondan soň meniň saçlarym bütin günüň dowamynda guşuň höwürtgesi kimin bolmaklygyna galýardylar (şol döwürlerde heniz ýanyňda göterilýän saç guradýanlar ýokdy ahyryn). Howanyň nähilidigine seretmezden, biz her gün ýüzmelidik, Kaliforniýada bolsa daňdanlar sowuk bolýandyr. Sapaga gelmezligiň ýeke-täk sebäbi — bu öler ýagdaýyndaky kesel bolmaklygyňdy. Hawa, galyberse-de, seniň şeýle keseldigiňi hökman lukman tassyklamalydy.

Ýöne ähli sertsizliklere seretmezden, ýüzmeklik maňa gaty ýaraýardy we men oňat netijeleri gazandym. Men şuňa düşündim: eger men düzgünleri ýerine ýetirip, takyk hereketleri etsem, onda suwuň ýüzünde ýeňillik bilen ýüzüp, çaltlyk bilen uzak aralygy geçip bilerin. Şeýle ýagdaýda hiç zat, hatda gapdalymdaky tagaşyksyz ýüzüjiler hem maňa päsgel berip bilmezdiler.

Şu kada mesihiler üçin hem peýdalydyr. Eger biz durmuş boýunça üstünlikli gezmek isleýän bolsak, onda biz ýüzüjilere mahsus bolan dogry ýagdaýda bolup, görkezmeler esasynda dogry hereketleri edip

başlamalydyrys. Şeýle bolmasa, onda agyr günler başymyza düşeninde, biz olara döz gelip bilmeris. Netijede bolsa biz şol bir duran ýerimizde aýlanyp, suwuň ýüzünde durup bilerimiz ýaly, gaty kän güýç sarp edip, tapdan güşmegimiz mümkin. Şeýle bolanynda biz hiç bir netijä-de garaşyp bilmeris.

Eger biz Mesihiň ýolbaşçylygynda durmuşyň dogry ýagdaýlarynda durýan bolsak, eger Onuň tabşyryklaryna gulak asyp, Ondan öwrenýän bolsak, onda Mukaddes Ruhuň akymy bizi gerekli tarapa ugrukdyrar.

## Dogry hereketleri etmeklik

Diňe Hudaýyň Sözüne berk üns berenimizde, biz Onuň erkini bilip bilýändiris. Eger *haýsy* hereketleriň dogrudygyny bilmeýän bolsak, onda hiç-de şol dogry hereketleri edip bilmeýändiris. Durmuşyň mukaddes kitaby bolan Hudaýyň Sözünden biz özümiziň ähli mätäç bolan zatlarymyz hakynda bilip, özümizden edilýän talaplary öwrenip bilýändiris. Ýöne muňa seretmezden, biz käwagtlar şonda-da özümizi «suwa oklamaly» bolýandyrys. Biziň dogruçyldygymyzyň subutnamasy özümiziň dogry zatlary bilmegimiz däl-de, edýän her bir hereketlerimizdir. Näme edip-etmeli däldigini bilmeklik — bu bir işdir, emma Hudaýyň ýollaryny söýüp, olar boýunça gitmekligi küýsemeklik bolsa — has başga işdir. Dogry durmuş hakynda okamaklyk — bu bir işdir, emma ol boýunça ýaşamaklyk bolsa — has başga işdir. Gulak asmaklyk seniň *hereketleriňde* beýan edilýändir; gulak asyjy bolmaklyk bolsa seniň *dilegiňde* beýan edilýändir.

## Eý Hudaý, meniň düzgün-nyzamly bolmaklygyma kömek et

Şu dilegi men bütin dünýäniň aýallaryndan eşidýärin. Biz özümiziň näme *etmelidigimizi* gaty gowy bilýändiris, emma agatça hiç zat hem *başa barýan däldir*. Hemişe dogry hereket edip bilmekligimiz üçin biz

özümiziň düzgün-nyzamly bolup bilmekligimizi öwretmekligi üçin Hudaýdan haýyş etmelidiris.

Men ýeterli guramaçylykly aýaldyryn, emma bu hemişe-de şeýle däldi. Birnäçe ýyl mundan ozal meniň durmuşymda bary başgaçady — şonda men depressiýadan gaty ejir çekýärdim. Depressiýany başyndan geçirenleriň köpüsi meniň şol ýagdaýyma gowy düşünýändirler. Depressiýa wagtynda sen durmuşyňyň manysyny görmeýän, ony tapmaklyk üçin bar güýjüni sarp edeniňde, dogry pikirlenip, öz durmuşyňy gurnamaklyk mümkin däldir. Sen daş-töweregiňde hiç bir oňat zat görmeýärsiň, çünki özüňiň nähilidir bir oňat zada mynasypdygyňa ynamly dälsiň. Sen öňe gidip bilmeýärsiň, çünki bar güýjüň ýene-de bir güni başyňdan geçirmeklige sarp edilýändir.

Öz durmuşymyň her bir tarapy hakynda dileg etmäge başlanymda, men Hudaýdan Özüniň Sözüni okamaklyga wagt tapyp bilmekligim, dileg edip, gulak asyjylykda gezmekligim üçin dileg etdim. Men özümi depressiýadan we Onuň patalaryny alyp bilmekligime päsgel berýän zatlaryň baryndan azat etmekligi hakynda dileg etdim. Öz dileglerime Hudaýyň neneň çalt jogap berýändigine men gaty haýran galdym. Men düzgün-nyzamly we Hudaýa gulak asyjy bolmaklyga öwrenip başladym. Onuň kömegi bolmasa, men hiç zat hem edip bilmezdim, çünki bu meniň başarjaňlygymdan gaty daşdy. Şu gün hem, özümiň Hudaýyň öňünde gezmekligimiň otuz iki ýylyndan soň hem men gulak asmaklygyň täze tapgyrlaryny öwrenmekligimi dowam etdirýärin. Meniň tenim garraýar, emma ruhum bolsa ýyl-ýyldan täzelenýär we gulak asmaklygyň her bir ädimi bilen men täze-täze patalary we azatlygy, ýagny özüm üçin öňler elýeter bolmadyk zatlaryň baryny alýaryn.

Halas bolmaklyga eýe bolup, indi hiç zadyň aladasyny etmän ýaşap bilerin diýip pikir etme. Bu äre çykyp, mundan beýläk ýuwunmaklygy bes etdirmek ýalydyr. Elbetde, birnäçe wagtlap şeýle edip saklanyp bolar, emma bu iş gaty howpludyr we munuň netijesinde seniň durmuşyň çynlakaý ejir çekip biler. Gulak asmaklyga öwrenmeklik —

bu gaty uzaga çekýän ýagdaýdyr we käwagtlar bolsa ömrüň ahyryna çenli-de çekilip bilýändir. Gulak asmaklygyň hökman ýetmeli bolan sansyz-sajaksyz tapgyrlary bardyr. Hatda sen Hudaý bilen kyrk ýyl bolýan hem bolsaň, munuň hiç hili manysy ýokdur, çünki sen heniz hem öňküleriň ýaly öz gulak asmazlygyňy Hudaýyň görkezmegine mätäçsiň. *Edil näme etmelidigimizi bilýän ýaly edip, nirede ýalňyşandygymyzy Hudaýdan soramaklygy bes etdirmeklik bilen biz duzaga duşýändiris.* «…eşidenlerimizden daşlaşmaz ýaly, olara has köp üns bermelidiris» (Ýewreýler 2:1).

Hudaýa gulak asmaklykda kämellige ýeteniň ýaly edip, hiç haçan hem ulumsylyk etme. Çünki Hudaý seniň ruhy ösüşde ýetmeli derejäňi mydama ýokary galdyrýandyr. Ýöne beýleki tarapa hem çendanaşa gitmeklik gerek däldir, ýagny sen özüňe: «Men şeýle bir baryp ýatan düzgün-nyzamsyz we öwrenmeklige hem ukypsyz» diýme. Eger biz Hudaýyň tabşyryklaryny ýerine ýetirmeýän bolsak, onda bize hiç hili aklama ýokdur. Çünki Öz erkini ýerine ýetirmegimiz üçin Hudaý bize ähli gerek bolan zatlary berýändir. Elbetde, biz Ondan kömek soramalydyrys. Ine, biziň şeýle sözlerimize Ol garaşýandyr: «Eý Hudaý, Saňa gulak asyjy we Seniň erkiňi ýerine ýetiriji bolmaklygym üçin özümiň düzgün-nyzamly bolmaklygyma kömek et. Çünki men Seniň niýetiňe laýyklykda ýaradylanlaryň biri bolmaklygy isleýändirin». Mukaddes Ruhuň kämilleşdiriji, deň agramlylykda saklaýjy we arassalaýjy hereketi bolmasa, biziň Mesihde eýe bolan azatlygymyz eden-etdilige öwrülýändir.

## Anyk ýagdaýda Hudaýyň erkini ýerine ýetirmeklik

Biziň ýerine ýetirmeli esasy tabşyryklarymyzdan daşarda-da, biz her bir ýagdaýda Hudaýyň anyk tabşyryklaryny Onuň niýetine laýyklykda ýerine ýetirmelidiris. Her kimde bu her hili bolup geçýändir. Mysal üçin, sekiz ýyl mundan ozal Hudaý meniň ärime biziň Kaliforniýadan Ten-

nesä gözmegimizi buýurdy. Muny ýerine ýetirmeklige mende azajyk-da isleg ýokdy, galyberse-de, şeýle pikir meniň kelläme-de gelmändi. Öz ýerimizde maňa gaty gowudy we başga ýere göçmeklige hiç hili isleg hem ýokdy. Emma maňa Hudaýdan anyk tabşyryk berlipdi we biz boýun bolup, zatlarymyzy ýygnamaga başladyk. Biziň göçmekligimiziň sebäbi birnäçe ýyldan soň bize aýan boldy we şol pursat Hudaýyň buýrugyny eşidip bilip, ony ýerine ýetirendigimize men şat. Emma eger biz: «Eý Hudaý, biziň näme etmelidigimizi görkez» diýip, şeýle dileg bilen Oňa ýüzlenmedik bolsak, onda Onuň sesini eşidip bilmezdik.

Senden Hudaýyň nämä garaşýandygyny aýan etmekligi hakynda Ondan soramaklyk gaty wajypdyr. Eger sen soramasaň, onda bilip hem bilmersiň. Bu gaty ýönekeý. Mysal üçin, Hudaý seniň işiňi çalyşmagyňy, kesgitli iş bilen meşgullanmagyňy bes etdirmekligiňi, kesgitli ýygnagyň agzasy bolmaklygyňy ýa-da ýaşaýşyňyň tertibini üýtgetmegiňi teklip edip bilýändir. Hudaýyň näme buýurdygyna seretmezden, olary hut seniň üstüňe patalaryň bolelin inmekleri üçin edýändir. Emma eger sen gulak asmaklykda gezmeklige öwrenmeseň, onda Onuň çakylygyny eşidip bilýän dälsiň. Ol saňa Öz Sözünde şeýle diýýändir: «Kim kanuny diňlemekden gulagyny sowýan bolsa, onuň dilegi-de ýigrenjidir» (Süleýmanyň tymsallary 28:9).

## Öz islegleriňe garşy hereket etmeklik

Biziň hemmämiz hem islemedik zatlarymyzy etmäge mejbur bolýandyrys. Hatda iň oňat işiň hem ýaman taraplary bardyr. Emma durmuşda üstünlige eýe bolmaklygyň hökmany bölegi öz islegleriňe garşy hereket etmeklikden durýandyr. Bir zatlary islegiňe görä däl-de, wajyplyk sebäpli edýändigimiz üçin biz özgerýändiris, bu bizi düzgün-nyzama girizýändir, Hudaýyň ynanyp bilýän jogapkärli adamlaryna öwrülýändiris. *Etmeli* işimizi däl-de, *isleýän* işimizi edýändigimiz üçin biz mydama kesgitli baga tölemeli bolýandyrys. Özümize wada berlen patalara eýe

bolmaklygymyz üçin biz öz isleglerimizi gurbanlyk berip bilmeklige öwrenmelidiris.

Isleýşiň ýaly däl-de, edilmelisi ýaly etmeklik seniň üçin kyn bolýan bolsa, onda Mukaddes Ruhdan kömek sora. Elbetde, neneň geň, şübheli, elhenç, ýakymsyz we amatsyz bolýandygyna seretmezden, birinji ädimi sen ätmelisiň. «Ruhumy içiňize salyp, sizi düzgünlerimden ýörederin; onsoň hökümlerimi saklap, olary berjeý edersiňiz» (Hezekiýel 36:27).

## Hudaýa gulak asyjy bolmaklygyň degerli on sebäbi

Hudaýa gulak asyp ýöremekligiň wajyplygynyň sebäpleriniň arasynda iň bir esasy bolany bardyr: Ol şeýle tabşyrdy. Eger hatda başga hiç hili sebäpler bolmadyk bolsa-da, şu iň esasy sebäp ýeterli bolardy. Ýöne gulak asmaklygy beýan etmekligiň ençeme wajyp esaslary bardyr we biz olary mydama ýadymyzda saklamalydyrys. Olaryň içinden men açary bolan onusyny saýladym:

1. *Biz öz dileglerimize jogaplar alýandyrys.* «Eger ýüregimde ýamanlyga ýer beren bolsam, Reb meni eşitmezdi. Emma Hudaý eşitdi, dilegimiň sesine üns berdi» (Mezmur 66:18–19).
2. *Hudaý bilen ýakyn gürrüňdeşlikden biz keýplenýändiris.* «Kim Meni söýýän bolsa, sözümi tutar. Atam-da ony söýer, Biz oňa baryp, ýanynda mesgen tutarys» (Ýahýa 14:23).
3. *Biz akyldarlyga eýe bolýandyrys.* «Ol gönüler üçin sagdyn maslahat saklaýandyr…Aýypsyz gezýänlere galkandyr» (Süleýmanyň tymsallary 2:7–8).
4. *Biz Hudaýyň dostlary bolýandyrys.* «Meniň özüňize buýranymy berjaý etseňiz, Maňa dostsuňyz» (Ýahýa 15:14).
5. *Biz rahatlyga eýe bolýandyrys.* «Ýurduňyzda howpsuz ýaşaryňyz ýaly, Meniň parzlarymy berjaý ediň, hökümlerime boýun boluň» (Lewiler 25:18).

6. *Biz kämilleşýändiris.* «…kim Onuň sözüni berjaý edýän bolsa, dogrudan-da, onda Hudaýyň söýgüsi kämilleşendir. Ondadygymyzy şundan bilýäris» (1 Ýahýa 2:5).
7. *Biz patalary alýandyrys.* «Seret, bu gün men siziň öňüňizde alkyş we nälet goýaryn: eger Hudaýyňyz Rebbiň bu günki meniň üstüm bilen berýän buýruklaryna boýun egseňiz alkyş alarsyňyz» (Kanun taglymary 11:26–27).
8. *Biz bagtly bolýandyrys.* «…kanuny saklaýan bolsa nähili bagtly!» (Süleýmanyň tymsallary 29:18).
9. *Biz parahatlyga eýe bolýandyrys.* «Kämil adamy synla, göni adama seret, çünki beýle adamyň soňy parahatlykdyr» (Mezmur 37:37).
10. *Biz uzak ömür sylagyny alýandyrys.* «Oglum, öwredenlerimi unutma, tabşyryklarymy ýüregiňde sakla. Çünki olar saňa uzak ömür berip, ýaşaýyş ýyllaryny we parahatlygy artdyrarlar» (Süleýmanyň tymsallary 3:1–2).

## Öz ykbalyňa tarap ýolda

Hudaýyň niýeti bardyr. Hudaý seniň öz durmuşyňda bir wajyp zady etmegiňi isleýär we şonuň üçin hem Ol täze ykbalyň bilen duşuşyga seni hut şu wagt taýýarlaýandyr. Emma Hudaýyň wada berenlerine eýe bolmaklygyň üçin sen gulak asmaklykda gezip, Onuň saňa zyýan ýetirip biljek hiç bir zady hem etmejekdigine ynanmalysyň.

Özümiz üçin Hudaý tarapyndan goýlan düzgünler bizi kemsitmeklik üçin däl-de, biziň ýagşylygymyz üçin berlendir. Eger biz olary ýerine ýetirýän bolsak, onda biziň durmuşymyz üstünlikli bolýandyr. Eger ýerine ýetirmeýän bolsak, onda bar zadymyz dagar. Eger biz gulak asmaklykda ýaşaýan bolsak, onda öz ýolumyzy aýdyň görýändiris. Eger gulak asmazlykda ýaşaýan bolsak, onda durmuşymyzda tertipsizlik bolýandyr. Gulak asmaklyk bilen Hudaýyň söýgüsiniň arasynda göni aragatnaşyk

bardyr. Hudaý bizi söýýänem bolsa, eger biz Onuň erkine ýerine ýetirmeýän bolsak, onda Onuň söýgüsini duýup bilýän däldiris.

Şeýle-de biziň gulak asmaklygymyz bilen dileglerimize alýan jogaplaryň arasynda hem göni aragatnaşyk bardyr (1 Ýahýa 3:22 seret). Eger dilegleriňiň jogapsyz galýandyklary sebäpli gaýgylanýan bolsaň, onda munuň özüňiň gulak asmazlygyňdamyka diýip, Hudaýdan çyn ýürek bilen sora. Oňa şeýle sorag bilen ýüzlen: «Eý Hudaý, nämede özümiň Saňa gulak asyjy däldigimi aýtsana?» Hudaýa *öz* islegleriň hakynda däl-de, *Onuň* näme isleýändigini özüňe aýan etmegini sora.

Hudaýyň özüňi geljekdäki haýsy pursat üçin taýýarlaýandygyny sen bilýän dälsiň. Mälim bolşy ýaly, ol pursadyň alnyndan sen ençeme yzygiderli tapgyrlardan geçmeli bolarsyň. Seniň kimdigiňiň, ýagny sen üstünlikli işleýän ýeke aýalmy ýa-da durmuşa çykan we mekdep ýaşly çagalary bolan aýalmy, hiç hili parhy ýokdur. Seniň 19 ýa-da 90 ýaşyňda bolýandygyňyň hem pargy ýokdur. Günde Hudaý seni Özüniň geljekdäki işi üçin taýýarlaýandyr. Ol seniň meýletinlik we hoşamaýlyk bilen ýüregiňi arassalamagyna, ynamyňy artdyryp, ruhda kämilleşdirmegine Özüne rugsat bermegiňi isleýändir. Emma sen düzgün boýunça oýnamalysyň. «Ýaryşa gatnaşýan adam ýaryşyň şertlerini berjaý etmese, baýrak almaz» (2 Timoteos 2:5). Eger başdan başlap sen dogry hereketleri etmeseň, onda üstünlige eýe bolup bilmersiň.

## *Dileg*

*Eý Hudaý*, Seniň Sözüňde kanunyňy söýýänleriň parahatlyga eýe bolup, olaryň ýollarynyň bolsa şowly boljakdygy hakynda aýdylýandyr (Mezmur 119:165 seret). Men Seniň kanunyňy söýýärin, çünki onuň özümiň ýagşylygym üçin berlendigini bilýändirin. Öz durmuş ýollarymda bökdemezligim we ýykylmazlygym üçin ol kanunyň her bir böleginde gulak

asyjy bolmaklygyma kömek et. Dünýäde Seniň ýollaryňdan ýöreýändigime ynamly bolmaklygym üçin Saňa gulak asyjy bolmagyma kömek et.

Eý Hudaý, meniň ýüregim ähli zatda Saňa gulak asyjy bolmaklygy küýseýändir. Nämede Saňa gulak asyjy däldigimi maňa görkez. Özümiň bilmeýän gulak asyjylyk ädimlerimi ätmeli bolsam, onda hakykaty görüp, ol ädimi ätlemegim üçin gözlerimi aç. Seniň kömegiň bolmasa, onda özümiň dogry hereket edip bilmejekdigimi bilýändirin. Şonuň üçin hem Senden haýyş edýärin: Seniň parzlaryňa gulak asyjylykda ýaşamagyma kömek et. «Men Seni bütin ýüregim bilen agtardym; meni tabşyryklaryňdan azaşdyrma» (Mezmur 119:10).

Seniň Sözüňde şeýle diýlendir: «Günämiz ýokdur diýsek, onda biz özümizi aldaýandyrys, bizde hakykat ýokdur» (1 Ýahýa 1:8). Özümiň aldanmagyma we Seniň erkiňi bilmän, maksadyň golaýyndan geçip gitmekligime ýol berme. Haçan etmeli zadymy etmän, etmeli däl zatlary edenimde, Sen maňa dogry hereket etmegime kömek et. Özüme degişli bolan tabşyryklaryňy eşidip bilmekligime kömek et. Nämäniň dogry we nämäniň dogry däldigini tapawutlandyryp bilmekligim üçin meniň bilen Öz Sözüň arkaly gürleş. Men hiç zatda-da Seniň Ruhuňy masgaralamak isleýän däldirin (Efesler 4:30). Seniň barlygyňyň dolulygynda ýaşap bilmekligim we Seniň wada beren patalaryňy alyp bilmekligim üçin mydama Seniň ýollaryňdan ýöremegime kömek et.

## SENIŇ DILEGIŇI HAS TÄSIRLI EDIP BILJEK MUKADDES KITAPDAN ALNAN AÝATLAR

Näme dilesek, Ondan alarys, çünki Onuň buýruklaryny
berjaý edip, Onuň halanyny edýändiris.

*1 Ýahýa 3:22*

Çünki Reb Hudaý, Gündir, galkandyr;
Reb merhemet we şöhrat berer; Ol göni gezýänlerden
hiç bir ýagşylygy gaýgyrmaz.

*Mezmur 84:11*

Hudaýyň buýruklaryny berjaý edýän Hudaýda,
Hudaý hem onda galýandyr. Onuň bizde galýanyny şundan,
ýagny Onuň bize beren Ruhundan bilýäris.

*1 Ýahýa 3:24*

…Hudaýyň sözüni eşidip, ony ýerine ýetirýänler has
hem bagtlydyr.

*Luka 11:28*

Meniň buýruklarymy tutup, olary berjaý edýän
Meni söýýändir. Meni söýýäni Atam-da söýer.
Men-de ony söýerin we oňa görnerin

*Ýahýa 14:21*

## BÄŞINJI BAP

# EÝ HUDAÝ, ALDAWÇY BILEN SÖWEŞ ÜÇIN MAŇA GÜÝÇ BER

«Näme üçin bu beýle bolduka?» diýip, 2001-nji ýylyň ruhnama (sentýabr) aýynyň 11-inde bolup geçen elhenç heläkçilikde adamlar bir-birlerinden soraýardylar. Bolan zatlara aňk-taňk bolup, gorka düşen adamlar soraglaryna jogap gözleýärdiler. Bu soraga ençeme jogaplar teklip edilýärdi, emma eň esasy jogap şeýledir: «Biziň duşmanymyz bar». Ol duşman diňe bir Nýu-Ýorkuň ýa-da Birleşen Ştatlaryň duşmany däl-de, eýsem Hudaýyň işi üçin ýaşaýanlaryň ählisiniň hem duşmanydyr. Bu duşman Hudaý bilen baglanyşykly bolanlaryň baryna garşy çykyp, ähli ynanýanlara ýa-da Hudaýyň ýollaryndan ýöremäge synanyşýanlara garşy hüjüm edip, ýerde Hudaýa garşy söweş alyp barýandyr.

Biziň her birimizde janlarymyzyň hakyky terroristi bolan duşman bardyr. Eger biz munuň şeýledigine düşünmeýän bolsak, onda duşmana azatlyk berýändiris we ol biziň bilen islänini edip bilýändir. Elbetde, ol ähli ýerde bolup, ähli zady bilýän däldir, ol biziň ähli pikirlerimizi hem bilýän däldir. Ýöne eger biz duşmanyň mümkinçilikleriniň çäklidigi we onuň bireýýäm ýeňlendigi hakynda ýadymyzda saklamasak, onda mydama bize hüjüm etmekligini dowam etdirýändir. Haçda ölüp, täzeden direlmegi bilen Isa Öz duşmanyny ýeňdi. Haçda ony ýeňmekligi bilen, Isa

bize ygtyýar berip, şeýle diýdi: «size ýylanlary, içýanlary we duşmanyň bütin güýjüni depelemäge ygtyýar berdim, hiç zat size zyýan ýetirmez» (Luka 10:19).

Biz adamzat nesliniň duşmany bilen bolan söweşiň gatnaşyjylarydyrys. Ol duşman hiç haçan hem ýeňlendigini boýun almak islemeýändir. Durmuşda ýamanlygy adamlaryň edýändiklerine seretmezden, ähli ýamanlyklaryň arkasynda biziň esasy duşmanymyz bolan şeýtanyň durandygyny ýadymyzda saklamalydyrys. «Çünki biziň söweşimiz adamlara garşy däl-de, hökümdarlara garşy, ygtyýarlylara garşy, bu garaňky dünýäniň häkimiýetlerine garşy, ýamanlygyň Gökdäki ruhy gudratlaryna garşydyr» (Efesler 6:12). Hatda haýsydyr bir adamyň özümize garşy bolanynda-da, onuň arkasynda duşmanyň durandygyny ýadymyzda saklamalydyrys. Diňe şonda biz oňa garşy durup bilýändiris.

Edil Hudaýda bolşy ýaly, şeýtanyň hem öz niýetleri bardyr. Şeýtanyň meýilnamasy seni ogurlap, durmuşyňy dargatmakdan ybaratdyr. «Ogry diňe ogurlap öldürmek, heläk etmek üçin gelýändir» (Ýahýa 10:10). Ol hiç kimi gorkuzmazy ýaly keşbini üýtgedýändir we seniň howpsuzlykdadygyň hakyndaky aýdym bilen hüwdüleýändir (2 Korintoslylar 11:14 seret). Emma biziň duşmanymyz hiç haçan hem dynç alýan däldir; onuň dynç güni ýokdur; ol öz meýilnamasyny amala aşyrmaklyk üçin dyngysyz synanyşýandyr. Şonuň üçin hem Hudaýyň Sözi bize şeýle diýýär: «Hüşgär boluň, oýanyň. Ýagyňyz bolan iblis arlaýjy arslan kimin aýlanyp, ýuwutjagyny agtaryp ýörendir» (1 Petrus 5:8).

Köp ýagdaýlarda duşmanyň hüjümlerini aňyp bilmek bize başardýandyr. Emma käwagtlar duşmanyň söweş tärleri gaty ýiti we oňat meýilleşdirilen bolýandyr, onuň maksady — bizi ahyrynda Hudaýyň ýollaryndan çykaryp, heläk edip bilýän synaglara salmaklykdan durýandyr. Duşmanyň şeýle görnüşli hilelerini aňlamak aňsat bolýan däldir. Mysal üçin, ol saňa özüňiň diňe ýamanlygy gazanýandygyňy tassyklaýandyr. Emma Hudaýyň sözlüginde «gazanmak» diýen söz ýokdur. Isanyň özümiz üçin ölüp, günälerimizi bagyşlamagyny biz gazanan

däldiris ahyryn, ýöne Isa biziň üçin muny etdi. Gürrüň biziň şeýtanyň hilelerini gazanyp-gazanmaýandygymyzda däldir, gürrüň Isanyň özümiz üçin ölüp, bizi ähli ýamanlykdan arassalandygyndadyr. Şonuň üçin hem geliň, duşmanyň işini tanap bilmekligimiz we ýazgylarda aýdylyşy ýaly «oňa garşy durmaklygymyz» üçin Hudaýdan kömek dileliň, netijede bolsa duşman bizden «gaçar» (Ýakup 4:7 seret).

### Adamzat nesliniň duşmanyndan azat bolmaklygynyň bäş sany has peýdaly serişdesi

Duşmanyň meýilnamalaryny dargatmaklygymyz üçin Hudaý bizi ýaraglaryň dürli görnüşleri bilen üpjün etdi. Esasy bäşisini agzap geçeliň:

1. *Hudaýyň Sözi — duşmana garşy güýçli ýaragdyr.* Mukaddes Ruh tarapyndan çöle äkidileninde, Özüni şeýtanyň synajak bolanynda, Isa Hudaýyň Sözüni ulanypdy (Matta 4:1 seret). Özüni şeýtanyň synamagyna ýol bermezligi üçin Hudaýyň Ogluna çöle gitmeklik gerek däldi diýip, köpler pikir edýärler. Emma biziň her birimiziň ýanyma gelşi ýaly, şeýtan Isanyň ýanyna hem hut şeýle geldi we Isa oňa garşy durmaklyk üçin Hudaýyň Sözüni ulandy. Ol şeýtana şeýle diýdi: «… Adam diňe bir çörek bilen däl-de, eýsem, Hudaýyň agzyndan çykan her bir söz bilen hem ýaşaýandyr diýip ýazylgydyr» (Matta 4:4). Eger duşman seniň durmuşyňy kül-peýekun etmäge synanyşýan bolsa, ony Hudaýyň Sözi arkaly derbi-dagyn et. «Paýhasly adam bela-beteri görüp gizlenýändir; mönler bolsa öňe geçip, zyýan görýändir» (Süleýmanyň tymsallary 27:12). Öz durmuşyňda ýamanlygyň bardygyny duýanyň dessine Hudaýyň Sözüne ýüzlen.
2. *Hudaýa öwgi — duşmana garşy güýçli ýaragdyr.* Biz Hudaýa sežde edenimizde, duşman özüne ýer tapýan däldir. Bu bolsa onuň özüne sežde etmeýän adamlara döz gelip bilmeýänligi bilen düşündirilýändir. Hudaýa alkyş aýdýan adamlar onuň üçin gaty

ýigrençdirler. Hudaýa hormat goýmaklyk bilen biz durmuşymyzyň gapylaryny açyp, Hudaýy öz ýüregimize goýberýändiris we netijede Onuň barlygyny duýup başlaýandyrys. Şeýtan bolsa gaça durmaklyga mejbur bolýandyr.

3. *Hudaýa gulak asmaklyk — duşmana garşy güýçli ýaragdyr.* Eger biz günäde ýaşap, Hudaýa gulak asyjy bolmasak, onda öz durmuşymyza şeýtany çagyrýandyrys. Ol bolsa öz gezeginde, biziň öýümize girip, ol ýerde berk ornaşmaga ukyplydyr. Biziň bilen bolup geçýän ýamanlyklaryň ençemesi duşmanyň hereketleriniň netijeleridir. Ýöne günä etmeklik bilen biziň özümiz şeýtana ýer berýändiris. Şeýtan bolsa ol ýerde oturyp, biziň durmuşymyzda galalar gurýandyr. Biziň üstümizden şeýtanyň hiç hili ygtyýara eýe bolmaýanlygyna seretmezden, özümiziň Hudaýyň parzlaryna boýun bolmazlygymyz öz durmuşymyza şeýtanyň girmegine rugsat berip, onuň aýagastyna halylar düşeýändir. Öz günälerimizi boýun almaklyk we toba etmeklik gapylary onuň burnunyň alnynda kakyp ýapýandyr.
4. *Ynam — duşmana garşy güýçli ýaragdyr.* Öz ýollaryňda duşmanyň duzaklary goýýandygyny ýadyňda sakla. Ol duzaklaryň adamzat gözleri üçin görünmeýändigi sebäpli, sen olary görýän dälsiň. Onuň duzaklaryna düşmezligiň üçin, sen mümkin boldugyndan Hudaýa has ýakyn baryp, öz ýollaryňy Onuň ugrukdyrmagyna ýol bermelisiň. Munuň üçin bolsa ynam gerekdir. «Hüşgär boluň, oýanyň. Ýagyňyz bolan iblis arlaýjy arslan kimin aýlanyp, ýuwutjagyny agtaryp ýörendir. Dünýädäki doganlaryňyza-da şeýle görgüleriň sataşýanyny bilýäniňiz üçin, oňa garşy imanda berk duruň» (1 Petrus 5:8-9).
5. *Dileg we oraza — duşmana garşy güýçli ýaragdyr.* Dileg — oraza bilen bilelikde has-da güýçli bolýan ýaragdyr. Duşmanyň tutluşygyndan käwaglar diňe dileg bilen oraza arkaly azat bolup bilinýändir. Oraza we dileg ýaly adaty serişdeleri ulanmaklyk

bilen uly üstünliklere ýetip bolýandygy gaty haýran galdyryjy, emma bu dogrudan hem şeýledir. Daşdan seredeniňde, edil hiç zat bolmaýan ýaly, emma ruhy dünýäde bolsa duşmana çynlakaý urgy edilýändir. Duşmanyň seniň durmuşyňy bürän zynjyrlaryny üzmeklik üçin adatça bir günlük oraza ýeterli bolýandyr. Hemişe öz wagtlaýyn oraza tutmaklyk bilen ýamanlygy el astynda saklap, duşmanyň meýilnamalaryny dargadyp bolýandyr. Şunuň bilen birlikde sen edil şeýle diýýäniň ýaly: «Men öz isleglerimden elimi üzüp, öz durmuşymda Hudaýy ilkinji orunda tutýaryn». Duşman üçin bu ýigrençlidir, çünki özüniň üstünden ýeňiş gazanyp bilmekligiň üçin ulanýan orazaňyň güýjüni ol gowy bilýändir.

## Men gowy adam. Näme üçin duşman maňa hüjüm edýändir?

Köpler şu soragy berýärler, emma jogap hem şu soragda bardyr: seniň hut gowy adam bolanlygyň üçin hem duşman saňa hüjüm edýändir. Hudaýy söýüp, Onuň erkine gulak asyjy bolanlaryň baryna şeýtan zyýan ýetirmäge synanyşýandyr. Asyl manyda, şunda şeýtanyň saňa bolan esasy sebäbi gizlenendir. Oňa ýarajak zatlaryň ýekejesi — bu seniň oňa meňzeş bolmaklyk islegiňdir. Munuň üçin sen onuň tarapyna geçmeli bolarsyň. Entek sen Hudaýy we Isanyň işini söýýärkäň, duşmanyň oklary üçin nyşan bolup durýansyň.

Ýadyňda sakla — Hudaýa bolan ynamyňyň näçe çuňňur boldugyça, şonça-da şeýtan saňa güýçli hüjüm edýändir. Şonuň üçin hem eger sen ähli zatda Hudaýa bil baglamaklyga ymtylýan bolsaň ýa-da ruhy taýdan kämilleşip, azatlygyň täze tapgyryna ýetjek bolsaň, ýa-da täze hyzmaty ýerine ýetirmeklige synanyşýan bolsaň, ýa-da Hudaýyň şöhraty üçin bir täze işe girişmäge taýýarlanýan bolsaň, onda seni saklamaklygy üçin şeýtan bar güýjüni ulanýandyr. Ol seni depressiýalara, kesellere, günä duýgularyna duçar edip, seniň ýüregiňi lapykeçlige we gorkulara salmaklyk üçin elinden gelenini etmäge synanyşýandyr. Ol saňa garşy

duzaklar guryandyr, seniň saglygyňa zyýan ýetirmäge synanyşýandyr, seniň maşgalaň we adamlar bilen gatnaşygyňy üzmäge synanyşýandyr, seniň işiňiň şowlulygyny päsgel bermäge ymtylýandyr, ol seni umytsyzlyga duçar edip, seniň aňyňy küteltmäge synanyşýandyr. Seniň yza çekilmegiň üçin şeýtan elinden gelenini edýändir. Hudaýyň gudraty bilen deňeşdirilende, özüniň güýçsüzligine seretmezden, ol saňa ters zatlary tassyklaýandyr. Ýalan arkaly duşman seniň durmuşyňy özüniň gözegçiligi astyna almak isleýändir. Ol seniň hakykaty görüp bilmän, ýalana ynanmaklygyň üçin seni kör etmek isleýändir. Ol ruhy söweşi özüniň ýeňjekdigine seni ynamly etmek isleýändir, emma hakykat bolsa onuň bireýýäm ýeňlişe sezewar edilendiginden ybaratdyr.

Şeýtan ogurlap, öldürmeklik üçin gelýändir. Isa bolsa saňa artyçmaç ýaşaýşy bermek üçin geldi. Gel, baryny ýerbe-ýer edeliň: ölüm we dargama — şeýtandan, ýaşaýyş we bolelinlik — Isadandyr. Bu diýmeklik, eger sen artyçmak ýaşaýşa eýe bolmasaň, munda bu ýaşaýşy senden ogurlaýan şeýtan günäkär diýmekligi aňladýarmy? Meniň pikirimçe, bu şeýle bolup bilýändir, çünki ogurlamak — onuň esasy maksadydyr. Ikinji sebäp — seniň Hudaý bilen ýakyn gatnaşyklaryňyň bolman, Onuň ýollaryndan ýöremeýänligiňdedir. Öz durmuşyňyň her bir ýagdaýy hakyndaky hakykaty açyp görkezmekligi hakynda Hudaýdan dileg et. Duşmanyň maslahatlaryna gulak asma we kynçylyklaryň üçin Hudaýyň taýýarlan çözgütlerinden başga hiç bir çözgütler bilen ylalaşma.

## *Dileg*

*Eý Hudaý*, meniň üçin ejir çekip, haçda öleniň üçin, ölümi we döwzahy ýeňip, täzeden direleniň üçin Saňa minnetdarlyk bildirýärin. Meniň duşmanym Sen tarapdan ýeňlişe sezewar edilendir. Onuň üstünden ähli ygtyýarlygy maňa bereniň üçin minnetdardyryn (Luka 10:19 seret). Seniň Mukaddes Ruhuňyň

güýji bilen men şeýtana garşy üstünlikli durup bilerin, ol bolsa menden gaçmaga mätäçdir (Ýakup 4:7 seret). Öz durmuşyma duşmanyň hüjüm eden ýagdaýlaryny maňa aýan et. Duşmany ýeňip bilmekligim üçin Seniň maňa beren ygtyýarlygy ulanyp bilmekligime kömek et.

Nämede gulak asmazlygymyň aýan bolýandygyny maňa açyp görkez. Eger men öz gorag diwarymda duşmanyň deşik etmegine ýol beren bolsam, onda onuň hüjümlerini ýeňip bilmekligim üçin ol deşigi maňa görkez. Saňa we Seniň Sözüňe bolan berk ynam bilen meni ýaragla. Öz durmuşymda duşman tarapyndan galdyrylan galalaryň kül-peýekun bolmaklary üçin wagtal-wagtal dileg edip, oraza tutmaklygyma kömek et.

Eý Hudaý, ruhy söweşde özümiň berk we edermen bolmalydygymy bilýärin. Men duşmandan gorkmaly däldirin (Kanun taglymaty 20:3 seret). Duşmanyň meni ýesir alyp, öz erkini etdirmäge synanyşýandygyna seretmezden, onuň duzaklaryndan hemişe-de azat bolup biljekdigim üçin Saňa minnetdardyryn (2 Timoteos 2:26). Meni şeýtandan we özümi ýigrenýänlerden azat edeniň üçin gaty minnetdardyryn (Mezmur 18:17 seret). Sen meniň galkanymsyň, çünki men Seniň ýollaryňdan ýöreýändirin (Süleýmanyň tymsallary 2:7 seret). Meniň «ýamanlyk tarapyndan ýeňilen» bolman, «ýamanlygy ýagşylyk bilen ýeňmekligime» kömek et (Rimliler 12:21). Zalym adamlardan meni Öz penaňda gizle (Mezmur 31:20 seret). Hakykatda berk durup, Seniň Sözüňde bolanymda, duşmanyň meni ýeňip bilmejekdigi üçin Saňa minnetdarlyk bildirýärin.

## SENIŇ DILEGIŇI HAS TÄSIRLI EDIP BILJEK MUKADDES KITAPDAN ALNAN AÝATLAR

…Reb ynamdardyr. Ol sizi berkider, iblisden gorar.

*2 Selanikliler 3:3*

Şonuň üçin ýaman günde garşylyk görkezmegi,
zerur bolan her zady edeňizden soň, ýeriňizde durmagy
başarar ýaly, Hudaýyň ähli ýaraglaryny ele alyň.
Şeýlelikde, biliňizi hakykat bilen guşap, egniňize dogrulyk
sowudyny geýip, aýaklaryňyza bolsa parahatlyk getirýän
Hoş Habary wagyz etme taýynlygyny geýip, ýeriňizde duruň.
Bularyň ählisiniň üstesine-de, iman galkanyny ele alyň!
Onuň bilen şeýtanyň bütin otly oklaryny öçürmegi başararsyňyz.
Gutulyş tuwulgasyny, Hudaýyň sözi bolan Ruhuň gylyjyny alyň.
Her hili dileg we haýyşlar bilen, hemişe Ruhda dileg ediň.
Şu maksat bilen bütin mukaddesler üçin ýalbaryp,
durnuklylykda hüşgär boluň.

*Efesliler 6:13–18*

Erbet adam tüweleýiň geçişi kimin ýok bolýandyr;
dogry adam bolsa ebedi berk durýandyr.

*Süleýmanyň tymsallary 10:25*

…Rebde, Onuň üstün gudratynda güýçleniň.
Iblisiň hilelerine garşy durup biler ýaly,
Hudaýyň ähli ýaraglaryny dakynyň.

*Efesliler 6:10–11*

## ALTYNJY BAP

# EÝ HUDAÝ, ÖZ PIKIRLERIME GÖZEGÇILIK EDIP BILMEKLIGI MAŇA ÖWRET

Men bir güni ýadyma salýaryn — bu anna günüdi, ärim işi boýunça öýden gidipdi, çagalar bolsa dostlarymyzyňkyda myhmançylykdadylar. Gaty seýrek bolýan bu ýekelik wagtymda kitabymyň üstünde işläp bilendigime men gaty begendim. Emma haýran galmaklygyma, men özümi bir agyr ýüküň eýeländigini duýdum, ýüregimi duýdansyz bir gaýgy doldurdy. Men öz durmuşymy derňemäge başlap, ondaky ýalňyşlyklary gözläp başladym, netije-de bolsa uly depressiýa düşdüm. Bu gaýgyly pikirler meni doň etdiler we mende ne kimdir birine jaň etmäge, ne-de öýden çykmaklyga, ne-de hatlar bilen ýa-da öz işlerim bilen meşgullanmaga güýç galmady. Elbetde, şeýle ýagdaýda kitap üstünde işlemeklik hakynda gürrüň hem bolup gilmez. Men öz otagymda dyzymdaky Mukaddes Kitaply aglap otyrdym.

«Eý Hudaý, özüm bilen näme bolýandygyny düşündir we men näme etmelidirin, — diýip, men dileg etdim. — Men Seni eşidenime ýa-da ýagdaýymyň ýeňilleşenine çenli dileg ederin».

Men bütin ruhgüni (şenbe) oraza tutdum. Irden sagat dört töweregi men ruhy howsalalyk sebäpli oýandym. Men ýerimde oturyp, Mukaddes Kitaby okamaga başladym. Men Işaýa pygamberiň Kitabynyň şu

aýatlaryna seredýärdim: «gamgyn ruh ýerine alkyş dony» (Işaýa 61:3). Men «gamgyn ruh» bilen iş salyşýandygyma şo bada düşündim. Meniň durmuşymda bu ruhuň peýda bolmaklygy üçin sebäp ýokdy, emma duşman munuň şeýle däldigine meni ynandyrmaga synanyşýardy.

Soňky ýigrimi minudyň içinde men Hudaýa öwgüler aýdyp, Onuň sözüni yglan edýärdim. Men duşmanyň güm bolmagyny buýurdym we munuň üçin beren ygtyýary üçin Hudaýa minnetdarlyk bildirdim. Onsoň eginlerimden depressiýanyň agyr örtüginiň aýrylandygyny duýdum. Bu gaty çalt bolup geçdi we men özümiň duşmanyň göni hüjümlerine sezewar bolandygyma düşündim.

Şol güni ýatlap, men bolan ýagdaýyň sebäbine düşünýärin: men şol wagtlar özümiň «Dileg edýän aýalyň güýji» atly kitabymy ýazyp gutarmagyň öň ýanyndadym we duşman meni şeýle ýollar bilen saklamaklyga synanyşdy. Emma bary tersine bolup çykdy. Soňky günler özümiň durmuşym we geljegim hakynda maňa täze ylhamlar aýan boldy we men duşmanyň ýalanlaryny çaltlyk bilen tanamaga başlap, oňa garşy durup bildim. Ýalany ýalňyşlyk bilen hakykat hökmünde kabul etmän, onuň aňyma aralaşyp ýetişmäninde, bada-bat ony ýazgarmalydygyma düşündim.

## Öz pikirleriňe ýolbaşçylyk etmeklik

Ýüreklerimizi howpsuzlyk bilen üpjün edip, olary duşmandan goramaklykda biziň öz pikirlerimize ýolbaşçylyk edip bilmekligimiz uly rol oýnaýar. Mukaddes Kitapda şeýle diýilýändir: «Biz ters çekişmeleri, Hudaýyň biliminiň garşysyna aýaga galan her bir belentligi ýykyp, her pikiri Mesihe boýun bolmaga ýesir edýändiris» (2 Korintoslylar 10:5).

Her bir täze ynanan adam üçin bolşy ýaly, kelläme gelen her bir pikiri şübhe astyna salyp bilmeklige hakymyň bardygy, ol pikire gulak asyp-asmazlyga saýlawymyň bardygy hakyndaky täzelik meniň üçin hem täsin ylham boldy. Ýzma-yz adam öldürýänler özleriniň bir sesi eşidip,

ol sesiň adam öldürmekligi buýrandygyny eşidendiklerini tassyklaýarlar, özleri bolsa şol sese ýöne gulak asyjy bolupdyrlar. Kellelerinde eşidilýän sesleri tanap bilmeýän adamlar ol sesleriň içinden özlerine aralaşyp, olary öz pikirlerine ynandyrmaga synanyşýan şeýtanyň — mekir aldawçynyň sesini tapawutlandyryp bilmeýärler. Biz muňa taýyn bolmalydyrys.

## Biziň ynanýan ýalanymyz

Gün-be gün saňa şol bir pikirleriň azar berýän ýagdaýlary bolýarmy? Kelläňe gelen pikiriň seniň bedeniňe täsir edýän ýagdalary boldumy? Mysal üçin, belki ol pikir zerarly ýüregiňde agyry dörändir, garnyňda bir ýakymsyz burgy bolandyr, bokurdagyň agrandyr, elleriňde we aýaklaryňda güýç galmandyr ýa-da gözleriň agrandyr. «Eger birden…» diýen pikirler seniň aklyňy eýelän pursatlary boldumy: «Eger birden men özümi aşak oklasam?», «Eger birden men maşynda diwara urlan bolsam?» Kelläňe şeýle pikirler geldimi: «Muny etmedik bolsam oňat bolardy», «Näme üçin men ol ýere gitmedim?», «Bir zatlar diýäýmelidim». Şu aşakdaky pikirlerde beýan edilýän özüňe haýpyň gelmeklik seni eýelemedimi: «Men hiç kime-de gerek däl», «Men betbagt», «Mende hiç bir oňat zat ýokdur», «Men hiç zady hem başarmaýan»?

Eger saňa şunuň ýaly pikirler gelýän bolsa, onda bilip goý — olar Hudaýdan gelen däldirler. Hudaýyň saňa berjek ylhamlary bilen ol pikirleriň hiç bir umumylygy ýokdur. Bu seniň aklyňy gözegçiligi astyna aljak bolýan şeýtanyň hereketleridir.

Durmuşda gaty kän kynçylyklar bardyr, emma biz köplenç esas bolmadyk ýerde ejir çekýändiris. Çünki özümiz we özümiziň durmuşymyz baradaky ýalanlara ynanýandyrys. Bizi heläk etmäge synanyşýan duşmanyň sözlerini hakykat deregine kabul edýändiris. Biz gorka eýe bolýandyrys, depressiýa düşýändiris, özümizi ýeke duýýandyrys, howsalanýandyrys, özümize haýpymyz gelýändir — bularyň bary özümiziň

ynanýan ýalanlarymyz zerarlydyr. Emma biz her bir ýalany dileg, ynam we Hudaýyň Sözüniň hakykaty bilen ýeňip bilýändiris.

Senden Hudaýyň Sözüni duşmanyň ogurlap bilýändigini ýadyňda saklamaklyk gaty wajypdyr. Ol Erem bagynda How ene bilen edişi ýaly, seni hem synap, sende Hudaýyň taglymatynyň hakykatlygyna bolan şübhe döretmek isleýändir: «Hudaýyň aýdanlary hakykatmy?», «Hudaý şuny göz öňünde tutdumy?», «Seniň etmäge synanyşýan işiň Hudaýa ýararmyka?», «Dogrudan hem Hudaý sen hakda alada edýärmi?»

Şundan soň duşman Hudaýyň Sözünde ýazylanlara garşy gidip başlaýandyr: «Hudaý şeýle diýmändi», «Hudaý muňa garşy bolmaz», «Hudaý sen hakda oňat pikirde däldir», «Hudaý seni patasyz goýýar».

Eger sen Hudaýyň taglymatyna şübhelenip, oňa garşy durup başlasaň, onda şuny bilgin — seniň aklyňy duşman eýeleýändir. Ýadyňda sakla: «Ýol bardyr, adama dogry görünýändir; onuň soňy bolsa ölüm ýollarydyr» (Süleýmanyň tymsallary 14:12). Käbir pikirler dogry we Ýazgylara gabat gelýän bolup görünmekleri mümkindir, emma olary Hudaýyň Sözi bilen barlanyňda, şo bada ýalan ýazgarylýandyr.

Ýalan — bu duşmanyň üýtgewsiz ýaragydyr. Isa şeýtan hakynda şeýle diýipdi: «Ol owaldan ganhordy, hiç wagt hakykatyň tarapdary bolmady, çünki onda hakykat ýok. Ol ýalan sözlän mahaly öz-özünden sözleýär, çünki ol ýalançy, ýalanyň atasy» (Ýahýa 8:44). Şeýtanyň güýji adamlary ýalana ynandyryp bilmeklikde jemlenendir. Eger adamlar onuň ýalanlaryna ynanmakdan boýun towlasalar, onda ol öz maksatlaryna ýetip bilmeklikden masrum bolýandyr.

## Öz pikirleriňi barla

Sende şeýle saýlaw bardyr: bir zady ýa-da kabul etmeklik, ýa-da terk etmeklikdir. Sen «Isa Mesihde bar bolan duýgulara eýe bolmaklygyň» üçin özüňiň her bir pikirleriňi Mesihe gulak asmaklyga ýesir etdirmäge ylalaşarsyň ýa-da özüňi ýalan bilen iýmitlendirmäge şeýtana rugsat

beresiň. Her bir günä ýüregiň töründe peýda bolýandyr (Markus 7:21–22 seret). Eger sen öz pikirleriňe gözegçilik etmekligi başarmaýan bolsaň, onda muny seniň üçin seýtan edýändir.

Şonuň üçin hem sen özüňiň kelläňe gelýän her bir pikire, her bir seredýän, diňleýän we okaýan zatlaryňa — tele we radio programmalara, žurnallara, kitaplara we her dürli ýazgylara ünsli bolmaga borçlusyň. Olar seni Hudaý hakyndaky pikirlerden dolduryarlarmy; seni baýadyp we aklyňy arassalap, ruhuňy iýmitlendirýärmi; saňa rahatlyk getirip, pata berýärmi ýa-da olar seni gorkuzyp, agyry ýetirip, janyňy boş galdyrýarmy? «Hudaý tertipsizlik Hudaýy däl-de, mukaddesler ýygnaklarynyň hemmesinde bolşy ýaly, parahatlyk Hudaýydyr» (1 Korintoslylar 14:33). Aňymyzy Hudaýyň Sözi bilen doldurmaklyk arkaly, Mukaddes Ruhuň ýaşaýan adamlary tarapyndan ýazylan kitaplary we žurnallary okap, Hudaýy alkyşlap, Ony arşa göterýän aýdymdyr sazlary diňlemeklik arkaly biz duşmanyň öz durmuşymyza girmegine ýol berýän däldiris.

Haýsydyr bir pikiri kimiň — duşmanyňmy ýa-da Hudaýyň berýändigini bilmekligiň üçin özüňe şeýle sorag ber: «Bu pikir meniň göwnüme ýaraýarmy?» Eger jogap «ýok» bolsa, onda ony duşman berýän bolmagy ahmaldyr. Eger, mysal üçin, sen ýygnakda oturyp, aýdym aýdýanlary birden geýimsiz görýän bolsaň, onda bu pikirleriň çeşmesini kesgitlemek kyn däldir. Hapa pikirler üçin özüňi käýemegiň deregine, öz aklyňy taşlamagyny duşmana buýur, çünki sen oňa öz ýüregiňi hapa dökülýän ýere öwürmekligi isleýän dälsiň. Özüňde «Mesihiň pikirleriniň» bardygyny oňa aýt we şonuň üçin hem ähli biderek pikirleri kelläňden çykaryp taşlaýarsyň (1 Korintoslylar 2:16).

Nädogry pikirlere gulak asmaklykdan boýun towlamagyň bilen sen şeýtana garşy durýansyň. Näçe adamlar şeýle etmeli bolsalar-da, hiç-de etmeýärler!

Seniň aklyň her bir bitertiplikden we agyrlykdan azat bolmalydyr. Sen olar bilen ýaşamaly dälsiň. Ine, Mukaddes Kitap näme diýýär:

«…özge milletleriň gezişi ýaly, olaryň boş pikirlerine eýerip gezmäň. Olar ýürekleriniň gatylygy zerarly, içlerindäki nadanlyk üçin Hudaýyň ýaşaýşyna ýat boldular, aň-düşünjeleri garaňkyrady» (Efesliler 4:17-18). Sen aýdyň akla we öz durmuşyňyň aýdyň görnüşine eýe bolmalysyň. Goý, duşman seniň geljegiňiň özüniňki ýaly umytsyzdygyny, seniň betbagtdygyňy, durmuşyňyň manysyz we maksatsyzdygyny, seniň ähli başarnyklardan mahrum bolup, hiç zady başarmaýandygyňy ykrar etmegini dowam etdiribersin, — sen ýöne şuny bilip goýgun — Hudaý baryny tersine diýýändir. Hudaýa ynan we başga hiç kime gulak asma.

## *Dileg*

*Eý Hudaý*, Seniň hakykatyňy hiç haçan hem ýalana çalyşmagyma ýol berme. Haçan ýalany hakykat hökmünde kabul edendigimi maňa görkez, duşmandan gelen ýalany tanap bilmekligime öwret. Men kellämden Seni şöhratlandyrmaýan ähli gaýgyly we biderek pikirleri taşlaýaryn (Rimliler 1:21 seret). Men oňat bolmadyk, öz pikirlerimiň ýollaryndan ýöremekligi islemeýärin (Isaýa 65:2 seret). Men her bir pikiri Saňa gulak asmaklyga ýesir etmeklige öwrenmekligi we öz pikirlerime ýolbaşçylyk ermekligi isleýärin.

Seniň Sözüň pikirleri we ýüregiň niýetlerini höküm edýändir (Ýewreýler 4:12 seret). Goý, men Seniň Sözüňi okanymda, ol her bir nädogry pikirlerimi aýan etsin; goý, duşmanyň her bir ýalanyny eşidenim desseni, ony tanap bilerim ýaly derejede Seniň Sözüň meniň ýüregimde kök ursun. Hakykat Ruhy, Senden haýyş edýärin, meniň aldanmaklygyma ýol berme. Duşmanyň ähli güýçlerine hüjüm etmekligim üçin maňa ygtyýar berendigiňi bilýändirin (Luka 10:19 seret). Şonuň üçin hem men duşmanyň öz durmuşymdan güm bolmagyny

buýurýandyryn. Men onuň ýalanlaryna ynanmaklykdan boýun towlaýandyryn.

Maňa «Mesihiň pikirini» berendigiň üçin Saňa minnetdardyryn, eý Hudaý. Seniň pikirleriňiň meniň pikirlerim bolmaklygyny isleýärin. Saňa ýaramadyk pikirleriň öz aklymy eýelemegine haçan we nädip ýol berendigimi maňa görkez. Muny gaýtalamazlyga maňa kömek et we aklymy Seni şöhratlandyrýan pikirlerden, sözlerden, aýdym-sazlardan doldur. Ähli hakyky, dogruçyl, adalatly, arassa, mähirli bolan zatlar hakynda pikirlenip bilmegime öwret (Filipililer 4:8 seret).

## SENIŇ DILEGIŇI HAS TÄSIRLI EDIP BILJEK MUKADDES KITAPDAN ALNAN AÝATLAR

Bu dünýä meňzeş bolman, Hudaýyň halaýan, oňat, kämil isleginiň nämedigini aňlar ýaly, pikiriňiziň täzelenmegi bilen üýtgäň.

*Rimliler 12:2*

Çünki biz dünýäde gezýän hem bolsak, dünýä ýollary boýunça söweşýän däldiris. Sebäbi biziň söweş ýaraglarymyz dünewi däldir, galalary ýykmak üçin Hudaýyň gudratyna eýedir.

*2 Korintoslylar 10:3–4*

Çünki tene daýanýan pikir ölüm, Ruha daýanýan pikir ýaşaýyşdyr, parahatlykdyr.

*Rimliler 8:6*

…Öňki ýaşaýşyňyza degişli bolup, aldawçy höwesler bilen çüýrän köne ýaradylyşy egniňizden çykaryň. Pikirleriňiziň ruhunda täzeleniň. Çyn dogrulyk hem mukaddeslikde Hudaýyň meňzeşliginde döredilen täze ýaradylyşy geýniň.

*Efesliler 4:22–24*

Sen akly durnuklyny doly parahatlyk içinde saklaýarsyň, çünki ol Saňa bil baglaýar.

*Işaýa 26:3*

## ÝEDINJI BAP

# EÝ HUDAÝ, DURMUŞYMYŇ ÄHLI TARAPLARYNDA MENI DOGRY ÝOLA UGRUKDYR

Men Hudaýy söýýän we wagyzçy sylagyna eýe bolan bir ýaş ýigidi tanaýaryn. Emma muňa seretmezden, ol öz durmuşyny bütinleý Hudaýa ynanyp bilmeýär. Ol öz islegine, öz meýilnamalaryna laýyklykda ýaşamagyny dowam etdirýär we ony öýünde hem-de işinde mydama betbagtçylyklar we lapykeçlik yzarlaýar. Eger bu ýaş ýigit: «Eý Hudaý, Seniň islänleriňiň baryny ýerine ýetirerin» diýip wada berip, dogrudan hem şeýle-de hereket eden bolsady, onda Hudaý onuň üçin iş tapardy we onuň bütin durmuşy patalardan dolardy.

Näme üçin käbir adamlar hiç haçan hem ynamda ösmeýärler? Näme üçin olary mydama betbagtçylyklar yzarlap, olar durmuşda öz derejelerinde ýokary galyp bilmeýärler? Näme üçin olar Hudaý bilen gepleşigiň, ruhda ösmeklik duýgusynyň, Hudaýa ýakyn bolmaklygyň, Hudaýyň özlerine beren sylaglarynyň açylmagynyň netijesinde peýda bolýan şatlygy gaty seýrek duýýarlar? Näme üçin olar özleriniň öňlerinde Hudaýyň goýan maksatlaryna hiç-de ýakynlaşyp bilmeýärler?

Meniň pikirimçe, jogap «berilmeklik» sözünde jemlenendir. Olar hiç haçan hem Hudaýa bütinleý berilmediler. Olar Isanyň öz durmuşlarynyň Hojaýyny bolmagyna rugsat bermediler.

Hudaýa tabyn bolmaklyk diýmek — bu şeýle sözleri aýtmaklykdyr: «Eý Hudaý, men Seniň ähli islänleriňi ederin. Öz durmuşymda Seniň görmek isleýänleriňiň baryna men "hawa" diýýärin. Eger gerek bolsa, men özümden we öz isleglerimden el üzmäge taýýardyryn. Seniň ýanymdadygyňy duýmaklygym üçin men ten höweslerinden boýun towlamaga taýyndyryn. Eger men öýde galmaklyk isleýän bolsam, onda hökman ýygnaga giderin; eger meniň iýesim gelse, hökman oraza tutaryn; eger uklasym gelýän bolsa, men dileg ederin; telewizor seredisim gelýän bolsa, men Seniň Sözüňi okaryn; pullarymy özüm üçin harçlamak islesem, olary başgalara bererin. Men hemişe-de Saňa minnetdarlyk bildirip, alkyşlar aýdaryn. Saňa sežde etmeklik meniň üçin ulanýan iň soňky serişdäm däl-de, iň ileri goýmam bolar. Maňa buýurýanlaryňyň baryny ýerine ýetirerin, çünki men bütin ýüregim bilen Saňa ýaranmak isläp, Seniň patalaryňa eýe bolmagy isleýändirin». Eger sen Hudaýa goly ynanýan bolsaň, onda bu Oňa öz ýüregiňiň iň esasy ýerini berip, Onuň ýolbaşçylygy astynda hereket etjekdigiňi aňladýandyr. Şonda seniň durmuşyň üýtgäp başlaýandyr.

Biziň boýun alyp-almaýandygymyza seretmezden, Isa — Reb bolmagyna galýandyr. Bu şeýle, çünki «Hudaý Ony juda beýgeldip, Oňa ähli atdan belent ady berdi. Ol muny Gökdäkileriň, ýerdäkileriň we ýer astyndakylaryň bary Isanyň adynyň hatyrasyna dyz epsin, her dil Ata Hudaýyň şöhraty üçin Isa Mesihiň Rebdigini ykrar etsin diýip etdi» (Filipililer 4:9–11). Emma Isa ýöne bir älemiň Rebbi bolman, eýsem Ol biziň her birimiziň hem Rebbimizdir. Muny biziň boýun alyp-almaýandygymyzyň pargy ýokdur, emma durmuşymyzyň üstünligi we hili hut şunuň şeýle bolýanlygy üçindir. Eger biz Isany öz durmuşymyzyň Rebbi diýip yglan etmesek, onda Mukaddes Ruh bize ýolbaşçylyk edýän däldir. «…Hiç kim hem Mukaddes Ruh bilen bolmasa, "Isa Rebdir!" diýip bilmez» (1 Korintoslylar 12:3). Eger Mukaddes Ruh bize ýolbaşçylyk etmeýän bolsa, onda biz henizem ten boýunça ýaşaýandyrys.

## Eý Hudaý, Seniň ähli tabşyryklaryňy

Köne filmlerden oňat ýigit (köplenç ak köýnekli) adatça erbet ýigidi (gara köýnekli) ýeňýändir we oňa sapançany diräp durup: «Eliňi galdyr!» diýip buýurýar («Eliňi galdyr!» sözleri gaty bir gorkuly eşidilýän hem däldir).

Erbet ýigit ýaragyny ýere taşlap, elini galdyrýar we şeýle diýýär: «Boýun bolýan».

Hut şeýle «boýun bolmany» Hudaý bizden garaşýandyr. Emma sen — şol filmdäki erbet ýigit dälsiň, Hudaý bolsa seniň döşüňe sapança direýän hem däldir. Ol Saňa Özüniň barmagy bilen görkezýändir, emma günäkärleýji we garalaýjy halda däl-de, edil seni öz toparyna kabul edeni ýaly söýgi bilen görkezýändir. Hudaý saňa şeýle diýýär: «Sen! Men seni saýlaýaryn! Seniň üçin taýýarlanlarymyň baryny berip bilmegim üçin maňa özüňi tabşyr».

Eger biz jogap berip bilsedik: «Men boýun bolýaryn, eý Hudaý. Mende baryny alaý. Men Seniň ähli tabşyryklaryňy ýerine ýetirerin», onda biziň durmuşlarymyz ähli zatda oňat tarapa üýtgärdi.

Näme üçin şu sözleri aýtmaklyk biziň üçin gaty kyn: «Eý Hudaý, Seniň ähli tabşyryklaryňy... Seniň ähli islegleriňi ýerine ýetirerin»? Munuň sebäbi biziň öz isleglerimiziň ýerine ýetmegini isläp, Hudaýyň özümizden talap edip biljek zatlaryndan gorkmaklygymyzda bolmagy ahmaldyr. Onuň islegi özümize zyýan ýetirip biler diýip biz gorkýarys. Iň kyn zat hem «Isa — Reb» *diýmekde* däl-de, Onuň *aýdyşy* boýunça hereket etmekdedir. Isa şeýle diýip sorapdy: «Näme üçin Maňa "Ýa Reb! Ýa Reb!" diýip-de, aýdanlarymy etmeýärsiňiz?» (Luka 6:46). Biz Hudaýyň tabşyryklarynyň özümiz üçin dogrudan hem ýagşylyk getirjekdigine şübhelenýändiris. Bu biderekdir. Özümiziň Onuň ýeňijiler toparynyň agzalarynyň bolmaklygymyzy Hudaý isleýändir.

Eger seniň durmuşyňda ruhy ösüş bolmasa, onda barla: sen Hudaýa doly ynanýarmyň, öz durmuşyňda Isa Reb hökmünde ýer berýäňmi, öz

islegleriňden eliňi üzýäňmi? Eger ýok bolsa, onda eliňi galdyr-da, bu ilkinji ädimi ýerine ýetir.

Isa şeýle diýipdi: «Kim öz haçyny göterip, Meniň yzyma düşmese, Meniň şägirdim bolup bilmez» (Luka 14:27). Eger sen öz durmuşyňy Oňa ynanmaýan bolsaň, onda Onuň haçyny göterip bilýän dälsiň. Diňe galyndysyz Oňa tabşyrylan we Oňa boly boýun egdirilen durmuş Onuň Şalygynyň şöhraty üçin peýdaly ulanylyp bilinýändir. Hudaýa seniň bir bölegiň gerek däldir. Ol bütinleý kabul edýändir. Özüňden isleýänleriniň ählisini berip bilmekligiň üçin Hudaýa dileg et.

## Dileg

*Eý Hudaý*, şu gün men Seniň alnyňda dyza çökýärin we öz durmuşymyň ähli taraplarynyň Rebbi Sensiň diýýärin. Men özümi we öz durmuşymy Saňa berýärin we meniň aklyma, tenime we ruhuma ýolbaşçylyk et. Men Seni bütin ýüregim we janym bilen söýýärin. Men saňa bütin durmuşymy ynanýaryn. Şu gün we her gün Sen meniň durmuşymyň Rebbi diýip yglan edýärin.

Özümi terk edip, haçymy alyp, Seniň yzyňa eýermegime kömek et (Luka 9:23 seret). Öz Sözüňde aýdyşyň ýaly men Seniň şägirdiň bolmak isleýärin (Luka 14:27 seret). Munuň üçin ähli gerek bolan zatlary etmegime kömek et. Öz janymy halas etmeklik üçin men ony Seniň üçin ýitirmeklik isleýärin (Luka 9:24 seret). Bu sözleriň manysyny maňa aç. Saňa düşünerim ýaly edip, meniň bilen gepleş.

Maňa her gezek tabşyryk bereniňde, Saňa «hawa» diýmekligime kömek et. Meniň esasy islegim — Saňa ýaranmaklyk we Senden hiç zady gizlemezlik. Men Saňa ähli zadymy: adamlar bilen gatnaşyklarymy, maddy ýagdaýymy, işimi, gyzyklanma-

larymy, tenimi, aklymy, janymy, isleglerimi we arzuwlarymy galyndysyz berýärin. Bularyň bary Seniň şöhratyň üçin ulanylary ýaly, olary Seniň eliňe tabşyrýaryn. Şu gün men şeýle diýýärin: «Mesih bilen birlikde haça çüýlendim. Indi men ýaşaman, eýsem, Mesih mende ýaşaýar. Şindi tende geçirýän ýaşaýşymy Hudaýyň meni söýen, meniň ugrumda Özüni pida eden Ogluna bolan iman bilen geçirýärin. (Galatýalylar 2:20–21). Eý Hudaý, meniň durmuşymyň ähli taraplaryna ýolbaşçylyk et we Özüňiň meniň üçin taýýarlan ýeriňe elt.

## SENIŇ DILEGIŇI HAS TÄSIRLI EDIP BILJEK MUKADDES KITAPDAN ALNAN AÝATLAR

…Kim Meniň yzyma eýermek isleýän bolsa,
özüni inkär etsin-de, her gün haçyny alyp, yzyma düşsün.
Çünki kim janyny halas etmek islese, ony ýitirer,
ýöne kim janyny Meniň ugrumda ýitirse, ony halas eder.

*Luka 9:23–24*

…Ýaşaýan bolsak, Reb üçin ýaşaýandyrys,
ölýän bolsak, Reb üçin ölýändiris. Şoňa görä,
ýaşasak-da, ölsek-de Rebbiňkidiris.

*Rimliler 14:8*

Reb Mesih Isany nähili kabul eden bolsaňyz, Onda şeýle
hem geziň. Size öwredilişi ýaly, Onda kök urup abatlanyp,
imanda berkäp, köp şükürler ediň.

*Koloseliler 2:6–7*

Rebbe bütin ýüregiň bilen bil bagla, öz düşünjäňe daýanma.

*Süleýmanyň tymsallary 3:5*

Hudaý sizi öz wagtynda beýgelder ýaly, Onuň güýçli
elleri astynda pälleriňizi pes tutuň. Ähli gam-gussaňyzy
Onuň üstüne atyň, sebäbi Ol siziň gamhoryňyzdyr.

*1 Petrus 5:6–7*

## SEKIZINJI BAP

# EÝ HUDAÝ, SENIŇ SÖZÜŇE ÇUŇŇUR DÜŞÜNMEGIME KÖMEK ET

Birnäçe ýyl mundan ozal men keselhana düşdüm we ol ýerde meni operasiýa etdiler. Keselhanada men iki hepde boldum, onsoň meni öýüme goýberdiler we öýde maňa şepagat uýasy syn etmelidi. Operasiýadan soňky sekiz aýyň içinde men medisina gözegçiligi astynda boldum. Doly sagalmagym üçin maňa bir ýyldan hem gowrak wagt gerek boldy (bu waka hakynda biz indiki baplaryň birinde gürrüň ederis).

Keselhanada ýatanymda, Hudaýyň Sözüni okarym ýaly mende güýç ýokdy. Tenime berkidilen her hili enjamlar maňa ne oturmaga, ne-de gymyldamaga mümkinçilik berýärdiler. Elimde agyr Mukaddes Kitaby tutmaklyk hakynda bolsa hatda gürrüň hem bolup bilmezdi. Men gije-gündiz kömege mätäç bolandygym üçin gyz doganym garyndaşlarym we dostlarym arkaly nobatçylygy gurnady. Olar bir-birlerini her üç sagatdan çalyşýardylar we diňe gyzym on iki sagatlap — agşam sagat sekizden daň sagat sekize çenli meniň ýanymda bolardy. Ol wagt gyzym üçin iň agyr wagt boldy, çünki ol şonda kollejde okaýardy: gijelerine her iki sagatdan ol maňa derman içirerdi, gündiz bolsa bütin gün sapaklarynda oturardy.

Hassa uýalarynyň borçlaryny ýerine ýetirmekden başga-da, bu söýgüli adamlar maňa Hudaýyň Sözüni hem okap bererdiler.

Keselhanadan boşadylanymdan soň, bireýýäm aýdyşym ýaly meni öýüme goýberip, şepagat uýasynyň gözegçiligi astynda bolmaklygy buýurdylar. Maňa dostlarym we tanyşlarym bilen gürrüňdeşlikden saklanmaklygy maslahat berdiler, çünki meniň bedenime infeksiýalaryň aralaşmak howpy bardy. Öýde hemmeleriň gaty işli bolandyklary sebäpli, maňa Mukaddes Kitaby okap berer ýaly adam ýokdy (men hiç kimden hem öýkelän däldirin: her kim üçin hem öz gündelik işleri bilen men baradaky aladany birleşdirmekligiň gaty kyndygyna men düşünýärin). Şonda hemmeler üçin hem kyndy.

Şeýlelikde, men öýde öz düşegimde ýatyp, ýuwaş-ýuwaşdan sagalýardym we magnitofona lentasyna ýazdyrylan Mukaddes Kitap gürrüňlerini diňleýärdim. Ýöne bu Mukaddes Kitaby özbaşdak okamaklyk bilen deňeşdirer ýaly däldi. Men diňläp däl-de, okamaklyk arkaly maglumaty oňat özleşdirýärdim. Galyberse-de, meniň diňleýän okaýjym hiç ýerde-de saklanman okaýardy. Şonuň üçin hem men entek okalan bir aýat hakynda oýlanýarkam, soňky onusy meniň gulagymyň ýanyndan geçip gidýärdi. Adatça men Hudaýyň Sözüni okanymda, hut şu pursatda özüm üçin has gerekli bolan aýatlarda kän saklanyp, ony haýallyk bilen okaýaryn. Men olary täzeden ençeme gezek okap, özümiň şu wagta çenli bilmedik zatlarymy Hudaýyň açyp bermekligi hakynda dileg edýärin.

Emma hatda biraz sagalyp, Mukaddes Kitaby oturyp okap bilenimde-de, meniň kellämde ümür bardy, gözlerim bolsa şu wagta çenli sanjylan agyryny aýyrýan dermanlar zerarly örtgi bilen örtülendi. Şonuň üçin hem Mukaddes Kitaby okamaklyk meniň üçin gaty agyrdy. Kynçylygyň özümdedigine men düşünýärdim, emma bir zatlary üýtgeder ýaly ýagdaýym ýokdy. Mukaddes Kitaby okamaklyk mydama meni güýçden doldurýardy, şol günler bolsa bu meniň üçin bir borç bolmaklygyna öwrüldi. Men özümiň oňa mätäçligimi duýýanlygym üçin okaýardym. Soňky bäş aýyň içinde ýygnaga baryp bilmegim bilen bolsa, ýagdaý has-da agyrlaşypdy, şol sebäpli hem men çopanymyzyň wagyzlaryny diňlemeklikden we mukaddes kitap sapaklaryna gatnaşmaklykdan mahrum boldum. Meniň

mehisi bilim almaklygymda şunuň ýaly uzyn arakesme şu wagta çenli bolmandy (meniň bütin 31 ýyllyk mesihi durmuşymyň içinde iň uzyn arakesme iki hepdä çekipdi). Men magnitofon lentasyna ýazdyrylan wagyzlary diňleýärdim, emma pikirlerim daş ýerlerde gezýärdi we wagyz gutarmanka, onuň ortarasynda uklap galýardym.

Adatdakysy ýaly wagtal-wagtal Mukaddes Kitapdan iýmitlenmeklikden jyda düşenligim üçin men aýagymyň astyndaky topragy ýitirip başladym. Meniň üçin karar kabul etmeklik kyn boldy, çünki men öňküleri ýaly Hudaýyň sesini aýdyň eşitmeýärdim. Kitabymyň üstünde işlemek hem meniň üçin kynrak boldy, çünki men Hudaýyň özüme aýdýanlaryna ünsümi jemläp bilmeýärdim. Emma iň erbedi — kalbymda boşlugy duýup başlamagymdy. Tä şu kynçylygyň çözülmegi hakynda dileg etmeklige başlanyma deňeç, bu ýagdaý şeýle bolmaklygyna galdy. Dileg edip başlanymdan soň bolsa, şu soragda ruhy ösüşligi duýup başladym. Men şeýle dileg etdim: «Eý Hudaý, men Seniň diri Sözüňe mätäçdirin. Atam, maňa kömek et, meniň aklymy we ýüregimi arassala. Meniň bilimlerimi giňelt. Seniň Sözüňe öňkülerinden-de has çuňňur düşünip bilmekligime kömek et».

Dileg edip başlanymdan takmynan bir hepde geçeninde, Hudaý maňa jogap berdi. Mukaddes Kitaby okamaklyk meniň üçin ýene-de gyzykly we peýdaly iş boldy. Men Hudaýdan täze ylham aldym. Eger Hudaý şunuň ýaly ýönekeý dilege jogap beren bolsa, onda näme üçin men her gezek Mukaddes Kitaby okamazymyň öň ýanyndan: «Eý Hudaý, Öz Sözüňiň çuňluklaryny maňa aç» diýip dileg etmeli dälmişim? Mukaddes Kitaby öwrenmeklik siziň durmuşyňyzyň dilege iň mätäç taraplarynyň biri bolup durýandyr.

## Biziň janlarymyz üçin gündelik iýmit

Hudaýyň Sözi — biziň janlarymyz üçin çörekdir. Biz onsuz ýaşap bilýän däldiris. Mukaddes Kitapda şeýle diýilýändir: «Adam diňe bir çörek

bilen däl-de, eýsem, Hudaýyň agzyndan çykan her bir söz bilen hem ýaşaýandyr diýip ýazylgydyr» (Matta 4:4). Eger biz Hudaýyň Sözünden wagtal-wagtal iýmitlenmesek, onda bizi ruhy açlyk eýeläp başlaýandyr.

Keselhanada bolanymda, Mukaddes Kitabyň ençeme aýatlarynyň ýadymdan çykandygyna haýran galdym. Elbetde, muňa meniň kabul eden agyrylary aýyrýan sansyz-sajaksyz dermanlar hem täsir edipdi, ýöne şonda-da bu ýagdaý meni gaty geň galdyrdy. Şunça ýyllaryň içinde Mukaddes Kitaby öwrenip, azajyk wagtyň içinde şeýle kän zatlary ýatdan çykarmaklyk nädip bolarka? Ýöne şonda-da käbir aýatlar meniň aňyma we ýüregime şeýle bir çuňňur aralaşypdylar welin, hatda men olary düýşümde-de ýatlap bilerdim. Şonda men Hudaýyň sözüni ýüreklerimizde möhürläp saklamaklygyň her birimiz üçin neneň wajypdygyna düşündim. «Şonuň üçin eşidenlerimizden daşlaşmaz ýaly, olara has köp üns bermelidiris» (Ýewreýler 2:1).

## Hudaýyň Sözüni ýerine ýetiriji bol

Hudaýyň ýoly bilen näçe wagtlap ýöreýändigiňiň parhy ýokdur — Hudaý mydama seni käbir täze zatlara ýa-da özüňe bireýýäm mälim bolan zatlara aýdyň düşünje bermeklige, ýa-da şu wagta çenli bilmedik zatlaryňy açmaklyga taýýarlaýandyr. Nähili bolanynda-da, hakykaty bilmeklik ýeterli däldir, oňa laýyklykda hereket etmeklik zerurdyr. «Ýöne diňe özüni aldaýan diňleýji däl-de, sözi ýerine ýetiriji boluň. Çünki kim sözi diňläp, ony ýerine ýetirmese, ol öz tebigy keşbini aýnada synlaýan adama meňzeşdir: ol öz-özüni synlap gidýär-de, nähilidigini şobada unudýar» (Ýakup 1:22-24). Eger biz Hudaýyň Sözüniň aýdyşy boýunça hereket etmesek, onda diňe bir Onuň Sözüni däl, eýsem özümiziň kimdigimizi hem ýadymyzdan çykarýandyrys.

Hudaýyň Sözüni okanyňda, ony öz durmuşyňda ulanyp bilmekligiň hakynda dileg et. Okaýanyňa ynanýandygyňa şaýatlyk edýän ädimi ät. Okaýanlaryňa laýyklykda ýaşamaklyga islegiňiň bardyny subut edýän

ädimleri ät. Bolmasa, Hudaýyň Sözüne bolan düşünjeleriňiň şu wagta çenli bar bolanlary-da alnar. Sözi diňläbem, okabam, hatda ýat tutubam, öňki ýagdaýda galyp bolýandyr. Ýazgylaryň ählisi bizi öwredýändir, ýazgarýandyr, baýadýandyr, şypa berýändir, duýdurýandyr we ýüreklerimizi ýumşadýandyr. Emma biz bu Söze gulak asyjylykda ýaşamalydyrys. Şonuň üçin hem her gezek Onuň Sözüni okanyňda, sen Hudaýyň özüň bilen gepleşmegi üçin we talaba görä hereket edip bilmekligiň üçin dileg etmelisiň.

## Hudaýyň Sözüni okamaklygyň on sany degerli sebäpleri

Eger günde saňa Hudaýyň Sözüni öwrenmeklik başartmaýan bolsa, onda aşakdaky sebäplere seret, olar seni Mukaddes Kitaby okamaga ruhlandyryp biler:

1. *Nirä gitmelidigiňi sen anyk bilersiň.* Sen öz geljegiňi we nämä ýetjegiňi öňünden bilip bilmeýärsiň, emma Hudaýyň Sözi saňa ýol görkezmäge ukyplygyr. «Ädimlerimi Öz sözüňde berkit; hiç bir ýamanlyk maňa agalyk etmesin» (Mezmur 119:133).
2. *Sen akyldarlyga eýe bolarsyň.* Hudaýyň Sözüni bilmeklik saňa akyldarlyk berýändir. «Rebbiň kanuny kämildir, ol jany täzeleýändir. Rebbiň şaýatlygy ygtybarlydyr, ol sada adamy hem akyldar edýändir» (Mezmur 19:7).
3. *Sen üstünlige eýe bolarsyň.* Eger sen Hudaýyň parzlaryny ýerine ýeitirip ýaşasaň, durmuşyň özgerer. «Goý, bu Kanun kitaby seniň diliňden düşmesin. Şondaky ýazylanlaryň hemmesini dykgat bilen ýerine ýetirer ýaly, ony gije-gündiz aňyňda sakla, şonda seniň ähli işleriňde üstünlik we abadanlyk hemraň bolar» (Ýeşuwa 1:8).
4. *Sen päklikde ýaşarsyň.* Eger sen Hudaýyň barlygyndan şatlanmak isleýän bolsaň, onda durmuşyň arassalygyň we mukaddesligiň

nusgasy bolmalydyr. Ýöne Hudaýyň Sözüniň täsiri bolmasa, günäsiz ýaşap bolýan däldir. «Seniň sözüňe laýyklykda ony tämiz saklar ýaly, ýaş adam ýoluny näme bilen tämizlär?» (Mezmur 119:9).

5. *Sen gulak asyjylykda gezersiň.* Eger sen Hudaýyň kanunynyň manysyna düşünmeýän bolsaň, onda nädip ony ýerine ýetirip bilersiň? «Ýa Reb, Öz parzlaryň ýoluny maňa öwret, men ony ahyra çenli saklaýyn. Maňa aň-düşünje ber, kanunyňy berjaý edeýin, ony bütin ýüregim bilen berjaý edeýin. Meni Öz tabşyryklaryň ýolunda gezdir, çünki men ondan keýp alýaryn» (Mezmur 119:33–35).
6. *Sen Hudaýdan şatlyk alarsyň.* Eger Hudaýyň Sözi ýüregiňe täsir etmese, onda sen tolgunmadan we howsaladan azat bolup bilmersiň. «Rebbiň buýruklary gönüdir, olar ýüregi şatlandyrýandyr. Rebbiň tabşyryklary durydyr, olar gözleri nurlandyrýandyr» (Mezmur 19:8).
7. *Sen ynamda ösersiň.* Hudaýyň Sözüni okap, ony diňlemeseň, onda ynamda ösüp bilmersiň. «…iman eşitmek arkaly, eşitmek hem Hudaýyň sözi arkaly bolýandyr» (Rimliler 10:17).
8. *Sen azatlyga eýe bolarsyň.* Hudaýyň Sözüni öwrenmän, sen özüňiň nämeden azat bolmalydygyňy bilip bilmersiň. «…Meniň sözümi tutsaňyz, hakykatdan hem Meniň şägirtlerim bolarsyňyz; siz hakykaty bilersiňiz, hakykat-da sizi azat eder» (Ýahýa 8:31–32).
9. *Sen parahatlyga eýe bolarsyň.* Hudaý saňa töweregiňdäki adamlaryň berip bilmejek parahatlygyny berýär, emma sen ilki bilen ol parahatlygy Onuň Sözünde tapmalysyň. «Seniň kanunyňy söýýänlere uly parahatlyk bar, olara bökdenç bolmaz» (Mezmur 119:165).
10. *Sen ýagşylygy ýamanlykdan tapawutlandyrmaga öwrenersiň.* Ähli zadyň bulam-bujar bolan şu häzirki döwürde sen Hudaýyň Sözüni ulanman, ýagşyny ýamandan tawutlandyryp bilermiň? «Saňa garşy günä etmäýin diýip, Seniň sözüňi ýüregimde ýygşyrdym» (Mezmur 119:11).

## Gymmatbaha hazynalaryň gözleginde

Hudaýyň Sözi özünde görlüp-eşidilmedik hazynalary saklaýandyr — olar altyn we gymmatbaha daşlardyr. Olary diňe «agtaryp» bilmeklik gerekdir. Gymmatbaha daşlaryň we demirleriň toprakdan alnanynda soň, arassalanylyşy ýaly, Hudaýyň wadalarynyň bize bütin öwşgünlerinde we owadanlyklarynda açylary ýaly, Onuň Sözi hem ýüreklerimizde arassalanmaga mätäçdir. Her gezek sen Hudaýyň wadasyny öz ýüregiň arkaly geçireniňde, ol öňküsinden-de güýçli öwşgün atýandyr.

Seniň Hudaýyň Sözünde tapyp biljek iň bir täsin hazynalaryň biri — bu Hudaýyň sesidir. Hut Hudaýyň Sözüni her gezek okap, ony diňlänimizde, biz Onuň sesini eşidip bilýändiris. Eger biz Hudaýyň Öz Sözünde aýdýanlaryna gulak asmaklygy başarmasak, onda Onuň sesini tanamaklyga-da öwrenişip bilmeýändiris. Mukaddes Kitaby näçe köp öwrendigiňçe, şonça-da Onuň sesini tanamaklyk seniň üçin ýeňil bolýandyr, şeýtanyň ýalanlaryna bolsa şonça az ynanarsyň.

Mesihi durmuşymyň iň başlarynda men depressiýadan kän ejir çekerdim. Bu meniň tä Hudaýyň Sözüne ýüzlenmeklige öwrenenimçe dowam etdi. Rahatlanyp, ýene-de umyda eýe bolmaklygym üçin Mukaddes Kitaby birsalym okamaklyk ýeterli bolardy. Bu Hudaýyň Sözüniň biziň pikirlerimizi tertipleşdirip, hakykaty aýdyň görmekligimize kömek edýänligi bilen düşündirilýändir. Ol bizi özümiz üçin zyýanly we erbet pikirlerden azat edýändir we durmuşyň şatlygyny bütin dolulygynda duýmaklygymyza kömek edýändir. Ol bize umyt berip, dogry ýoly görkezýändir. Ol bize berk esas berýändir we ol esasyň üstünde biz doly durmuşyň binasyny dikeldip bilýändiris. Her gün Hudaýyň Sözünde Onuň Özi bilen duşuşygy gözle, çünki Ol bu duşuşygy isleýändir we seniň jogap bermeklik hereketiňe garaşýandyr.

Hudaýa ýakynlaşmagyň, ýüregiňi arassalamagyň, bagyşlamagy öwrenmekligiň, Onuň erkine gulak asyp ýaşamaklygyň, öz aklyňa gözegçilik etmekligiň, duşmana mynasyp jogap bermekligiň we Isada

öz durmuşyňyň Hojaýynyny görmekligiň — Onuň Sözünde mydama bolmaklykdan başda usuly ýokdur. Mukaddes Kitap — bu seniň kompasyň, seniň ýol görkezijiň. Onsuz sen hiç haçan hem maksada ýetip bilmersiň.

## Dileg

*Eý Hudaý*, Sözüň üçin men Saňa minnetdardyryn. «Sözüň aýaklaryma çyra, ýoluma nurdur» (Mezmur 119:105). Ol — meniň janym üçin iýmitdir we men onsuz ýaşap bilmerin. Oňa dogry düşünmegime kömek et. Seniň taglymatyňa çuňňur düşünmekligime kömek et we onda gizlenen, şu wagta çenli maňa aýan bolmadyk hazynalary aç. Men Senden haýyş edýärin: maňa öwrenmeklige ukyply bolan ýürek ber we özüm üçin wajyp hasaplaýanlaryňy kabul ederim ýaly, ýüregimi aç. Men Seniň ýolbaşçylygyňa mätäçdirin. Meni öwrenmeli zatlarymyň baryna öwret. Höwes bilen günde Seniň Sözüňe düşünmegime kömek et. Seniň bilen bolmaklygyň deregine, wagtymy boş geçirýän pursatlarymy maňa görkez. Sözüňi oňat ýadymda saklap, ony ýüregimde möhürlemegime kömek et. Goý, ol meniň bir bölegim bolup, meni özgertsin.

Eý Hudaý, men Seniň Sözüňi ýöne eşidiji bolman, ony ýerine ýetiriji bolmaklyk isleýärin. Şeýle bolmaklygyma kömek et. Ýazgylara Seniň erkiňe laýyklykda düşünmegime kömek et. Nämede gulak asyjy däldigimi görkez. Ýüregimi Öz parzlaryňa we gulaklarymy akylly sözleriňe ýapyşdyr (Süleýmanyň tymsallary 23:12). Goý, Seniň Sözüň meniň durmuş ýagdaýlarymy düzedip, özümiň näme maksat üçin ýerde ýaşaýandygymy ýatladyp dursun. Goý, ol meniň ýüregimi arassalasyn we öz ýetmezçiliklerimi ýeňip bilýändigimde umyt bersin. Goý, Sözüňi

okamaklygym bilen, men ynamda ösüp, Seniň Kimdigiňi we özümi nähili güýçli söýýändigiňi mydama ýatladyp dursun. Goý, Sözüň durmuşymyň Seniň eliňdedigine we ähli mätäçliklerimi kanagatlandyrjakdygyňa meniň ynamymy artdyrsyn.

Mukaddes Kitapda Seni tapýanlygym üçin Saňa gaty minnetdardyryn. Seniň Sözüňi öwrenmeklik arkaly Seni oňat tanamaklygyma kömek et. Goý, her gezek Seniň Sözüňi okanymda, gulaklarym Seniň sesiňi eşitsin (Markus 4:23 seret). Özümi alyp barýan ýoluňdan çykmaklygy men islemeýärin. Seniň Sesiňe gulak asyp we Seniň yzyňa eýerip, men mydama artykmaç ýaşaýşa eýe bolaryn; Seniň ýoluňdan çykmaklyk bilen, men boşlukdan ejir çekerin. Maňa ýolbaşçylyk et, meni kämilleşdir we her gün Öz Sözüň bilen doldur.

## SENIŇ DILEGIŇI HAS TÄSIRLI EDIP BILJEK MUKADDES KITAPDAN ALNAN AÝATLAR

Hudaýyň sözi diri hem täsirlidir, her bir iki ýüzli gylyçdan kesgirdir. Ol jan hem ruhy, bogunlary hem ýiligi bölýänçä batýandyr, ýüregiň düşünjeleridir niýetlerine höküm edýändir.

*Ýewreýler 4:12*

Emma kim kämil kanuna, azatlyk kanunyna ýakyndan seretse, huşsuz diňleýji bolman, işe amal ediji bolup, onda dursa, ol öz edenlerinde bagtly bolar.

*Ýakup 1:25*

Erbetleriň maslahadyna gitmedik, günäkärleriň ýolunda bolmadyk, masgaralaýjylaryň meýlisinde oturmadyk adam bagtlydyr; Onuň keýpi diňe Rebbiň kanunyndadyr, gije-gündiz Onuň kanuny hakda pikire gidýändir. Ol akar suwlar ýakasynda ekilen, miwesini möwsüminde berýän we ýapragy solmaýan agaç ýaly bolar; eden ähli işi rowaçlanar.

*Mezmur 1:1–3*

Ýöne kim Onuň sözüni berjaý edýän bolsa, dogrudan-da, onda Hudaýyň söýgüsi kämilleşendir. Ondadygymyzy şundan bilýäris.

*1 Ýahýa 2:5*

Özüni paýhasly alyp barýan rowaç tapar; Rebbe bil baglaýan bagtly bolar.

*Süleýmanyň tymsallary 16:20*

## DOKUZYNJY BAP

# EÝ HUDAÝ, ÖZ DURMUŞYMY TERTIBE GETIRMÄGE KÖMEK ET

Tabita Isanyň şägirdidi. *Şägirdi!* Bu diýmeklik — Tabita Isanyň tabşyryklaryny ýerine ýetirýän ynanýan aýal bolupdyr. Ol gaty kän oňat işler edip, ýakynlaryna mähirli bolupdyr. Şonuň üçin hem ençeme adamlar ony çyn ýürekden söýüpdirler.

Isanyň haça çüýlenip, direleninden birnäçe wagtdan soň, Tabita keselläp, aradan çykýar. Birnäçe adamlar on iki resullaryň biri bolan Petrusyň gözlegine çykyp, ony Tabitanyň jesediniň jaýlanmaga taýýarlanýan öýüne alyp gelýärler. Jaýa girip, Petrus jesediň ýatan otagyna çykýar. Ýas tutup aglaýan aýallaryň otagdan çykmaklaryny buýrup, Petrus dileg etmeklik üçin dyzyna çökýär.

Dileg edip gutaryp, ol jesede tarap öwrülip, oňa şeýle diýýär: «Tabita! Ýeriňden gal!» Aýal hem bada-bat gözlerini açyp, ýerinde oturdy. Elini uzadyp, Petrus onuň ýerinden galmaklygyna kömek etdi. Tabitanyň direlenini görüp, ençeme adamlar Hudaýa ynandylar (Resullaryň işleri 9:36–42 seret).

Tabita hakynda başga hiç zat hem bize mälim däl, emma bu gürrüňden ol aýalyň ileri tutmalarynyň dogry goýlandygy anyk bellidir. Ol Hudaýy söýýärdi. Onda ýumşak ýürek bardy. Öz durmuşy bilen ol Hudaýa

ýaranjaňlyk edip, töweregindäkileri patalaýardy. Ol aýal hakyndaky bar maglumat — «şägirt» sözünde jemlenendir.

Tabita keselläp öleninden soň, Hudaý Özüniň wepaly şägirtleriniň birini ol aýal üçin dileg edip, ony direltmeklik üçin iberýär. Eger Tabita Hudaýyň ýollaryndan ýöreýän çyn ýürekden ynanýan aýal bolman, diňe sözde ynanýan bolsady, onda onuň bilen täsin ýagdaý bolup bilerdimi? Eger Tabita Hudaýy söýmedik bolsa, onda şeýle bolup bilerdimi? Eger ol beýlekilere biparh bolan bolsady? Eger onuň döşünde ýumşak ýürek urýan bolmasady? Eger ol özüni beýlekiler üçin hyzmata bermedik bolsady? Eger ol Hudaýa gulak asyjy bolmadyk bolsady? Onda beýle bolmagy mümkin däldi. Tabitanyň durmuşynda doly tertiplilik höküm sürýärdi, şonuň üçin hem Hudaý ony patalap, oňa ikinji ýaşaýyş berdi. Edil şeýle-de Hudaý biziň bilen hem etmeklik isleýändir, eger, elbetde, biz ony durmuşymyzyň ilkinji ornunda tutýan bolsak.

## Iň ýokary ileri tutma

Eger durmuşymyzda ileri tutmalar nädogry ýerleşdirilen bolsa, onda ol üstünlikli bolup bilýän däldir. Ileri tutmalary ýerleşdirmeklik bilen bolsa biz günde meşgullanýandyrys. Ýöne biz öz durmuşymyzy tertibe özbaşdak getirmeklige ukyply däldiris. Munuň üçin bize Mukaddes Ruhuň ýolbaşçylygy we Hudaýyň Sözüni oňat bilmeklik wajypdyr. Biziň durmuşymyzyň iň esasy iki ileri tutmasy hakynda Isanyň Özi tarapyndan ýazgyda aýdylandyr: «Hudaýyň Rebbi bütin ýüregiň, bütin janyň, bütin düşünjäň bilen söý». Bu birinji we iň beýik parzdyr. Ikinjisi bolsa şeýle diýýär: «Goňşyňy özüň ýaly söý» (Matta 22:37, 39 seret). Mundan anyk aýtmaklyk mümkin däl. Eger sen bu iki parzy — Hudaýy we goňşyňy söýmekligi durmuşyňyň iň beýik ileri tutmasy diýip hasaplaýan bolsaň, onda öz durmuşyňda beýleki galan ileri tutmalary dogry ýerleşdirip bilersiň.

Durmuşyňda iň esasy zat — bu seniň Hudaý bilen gatnaşygyň bolmalydyr. Hudaý şeýle diýýär: «Seniň Menden başga hudaýlaryň bolmasyn» (Çykyş 20:3). Bu dogrudan hem şeýledir. Hudaýa seniň *üznüksiz* bolan ünsüň gaty wajypdyr. Eger sen günde Onuň ýüzüni agtaryp, durmuşyňy tertibe getirmäge kömek etmegini dileýän bolsaň, onda Ol saňa jogap berer. Eger ilki bilen Hudaýy gözlemesek, onda durmuşymyzyň gözegçilik astyndan çykýandygyny men öz tejribämden bilýändirin. Netijede bolsa ýagdaýlaryň üstünden özümiziň ýolbaşçylyk etmekligimiziň deregine, ýagdaýlar biziň üstümizden ýolbaşçylyk edip başlaýandyrlar.

Hudaý — tertibiň Hudaýydyr. Älimiň gurluşy munuň subutnamasy hökmünde hyzmat edip biler, çünki älimde hiç bir tertipsiz we tötänlikden dörän zat ýokdur. Biziň durmuşymyz hem edil şeýle gurlan bolmalydyr, çünki bu Hudaýa ýakymlydyr: «…herki zat sypaýyçylyk hem tertip bilen bolsun» (1 Korintoslylar 14:40). Eger biz bu hakda dileg edýän bolsak, Ol bize kömek eder. Nädip güýçli we berk ganatlaryň aşagynda gizlenmelidigimizi Ol görkezer, başgaça aýdanyňda, Ol nädip biziň Özüniň goragy astynda bolup biljekdigimizi aýan eder. Bu biziň Hudaýyň patalaryna bolan ýoldaky hereketlerimiz üçin gaty wajypdyr.

## Pes göwüli bolmaklygyň kynçylygy

Pes göwünli bolmaklyk — bu seniň *özbaşdak kabul etmäge ylalaşýan* häsiýetiňdir. Hiç kim hem seni *mejbur* etdirip, ol häsiýeti berip bilýän däldir. Diňe bütin ýüregiň bilen isläniňde, diňe şonda özüňi pes göwünli edip bolýandyr. Pes göwünli ýürekli bolmak diýmeklik — özüňi pes göwünli tutup, Hudaýyň erkine boýun bolmaklygyňy aňladýandyr.

Pes göwünlilige eýe bolmaklyk üçin mydama «Hudaýa tabyn» bolmaklyga ymtylmaklyk wajypdyr (Ýakup 4:7 seret). Bu ýerden, özüňi Hudaýyň parzlaryny bozmaga yrýanlaryň erklerine tabyn bolmazlygyň gelip çykýandyr. Sen pes göwünli ýürege eýe bolup hem, şol bir wagtyň

özünde Hudaýyň parzlaryna garşy gidýän hereketlerden gaça durup bilýänsiň.

Mysal üçin, eger durmuşyňdan uly rolu oýnaýan adam seni Hudaýyň taglymatyna laýyk gelmeýän işe baş goşmaga yrýan bolsa, onda sen ondan daşlaşyp, onuň teklibiniň oňat däldigini boýun almalysyň. Şunuň bilen birlikde sen ol adamyň ýüzüne gygyryp: «Sen tentek! Samsyk! Seniň bilen näme bolýar? Meniň ýanymdan güm bol, şeýtan!» diýmeli dälsiň. Beýle diýmegiň deregine ýuwaşlyk bilen şeýle diý: «Elbetde, men seni hormatlaýaryn, emma seniň teklibiňiň Hudaýyň kanunyny bozýandygyny görýärin we men öz ynsabyma garşy gidip bilmerin, çünki munuň ikimize-de Hudaýyň gazabyny getirjekdigini bilýärin». Ýa-da şeýleräk diý: «Seniň şu wagtky sözleriň we hereketleriň Hudaýyň gözüniň alnynda nejisdir we seniň mynasyp bolmadyk hereketleriňiň ne maňa, ne-de seniň özüňe ýagşylyk getirjekdigini men aýtmalydyryn».

Eger bir pes göwünli bolsak, onda bize pata wada berlendir, eger-de tersine bolsak, onda bize betbagtçylyklar garaşýandyr.

Isanyň Özi hem Hudaýyň öňünde pes göwünli bolupdy. Elbetde, Ol ileri goýmalary dogry goýdy. Ine, Hudaý biziň nähili bolmaklygymyzy isleýändir: «Mesih Isada bolan bu pikir sizde-de bolsun. Ol Hudaýyň häsiýetine eýe bolsa-da, Hudaý bilen deňligi olja hasap etmän, gaýtam, gul häsiýetini alyp, adam keşbine girdi, Özüni hiç etdi. Sypatda ynsan bolup, ölüme, hatda haç üstündäki ölüme-de boýun egip, Özüni kiçeltdi» (Filipililer 2:5–8). Ine, bu hakyky pes göwünlilik! Kimdir biri pes göwünli bolmaklyga mätäç hem bolan bolsa, onuň Isa däldigi mälim. Onda näme üçin şeýle tabynlygy Isa görkezmeli boldy diýen sorag ýüze çykýar. Isa muny Hudaý tarapyndan Öz durmuşynda goýlan iň esasy işi etmekligi üçin etdi. Şu maksada ýetmeklik üçin Ol Özüni Atanyň erkine tabyn etdi, Özüni kemsitdi, döz gelip bolmaýan agyrylara çydady we elhenç ölümi kabul etdi. Isa biziň görelde almaklygymyz üçin nähili oňat mysaldyr!

## Ynamyň ödelmedik pursatlarynda

Pes göwünlilige eýe bolmaklyk köp aýallar üçin gaty kyndyr. Munuň sebäbi özleriniň birwagtlar biwepalyga duçar bolandyklaryndadyr; beýleki adamyň öňündäki pes göwünliligi bolsa özi üçin uly bela bolandygyndadyr. Hiç kimiň hem aýak süpürilýän haly ýa-da gaharyň dökülýän gaby bolasy gelýän däldir. Hudaý hem seniň şeýle bolmagyňy isleýän däldir. Ol seniň sessiz-üýnsüz mahluk bolmagyňy isleýän däldir. Şonuň üçin hem Hudaýdan akyldarlyk soramalysyň. Bu gaty agyryly soragdyr we ony diňe Hudaýyň sesine ünsli bolmaklyk arkaly çözüp bolýandyr.

Men agyr ýatlamalar zerarly ejir çekýänleri ruhlandyrmak isleýärin. Hudaý seniň pikirlenmän edýän hereketleriňi isleýän däldir. Ol seniň özüňiň sagdyn düşünjäňi gurban etmegiňi ýa-da garagollaryň elinden ejir çekmekligiňi isleýän däldir. Ýok, Ol saňa akyldarlyk bermek isleýändir, ýöne sen Ondan dilän pursadyňda. Hudaýyň Sözüne gulak asman, Onuň mukaddes kanunlaryny bozup, seniň päk ynsabyňa el galdyrýan adama gulak asmaklygyň pes göwünli bolmaklyk däldigini sen bilmelisiň. Eger şeýle adama gulak assaň, onda çyngynsyz ýagdaýa düşersiň. Özüňi bu ýagdaýa salma.

Maňa bir ýagdaý mälim: bir aýal özüniň samsyk ärine tä ölerine çenli pes göwünli bolupdyr. Netijede äri aýalyny öldüripdir. Ol aýal ruhlary tapawutlandyrmak sylagyna eýe bolmandyr, çünki ol aýal Hudaýy öz durmuşynda ilkinji orunda goýman, Onuň ýolbaşçylygyny dilemändir. Ol aýal kömek soramaklygyň deregine, tä betbagtçylygyň amala aşanyna çenli pes göwünli boljak bolupdyr. Kömek dilemek şol pursatda gaty wajypdy. Ol aýal pes göwünliligi däl-de, samsyklygy görkezipdir.

Başga-da bir wakany bilýärin: bir aýal öz äriniň öňünde pes göwünli bolmakdan boýun gaçyryp, netijede bolsa maşgalasyny we öýüne ýitirdi. Aýalyň şeýle hereket etmekliginiň sebäbi onuň ýaş gyz çagynda zorlanandygyndady. Şondan bäri ol aýal ýekeje-de erkege ynanyp bilmän, onuň öňünde pes göwünli bolup bilmändir.

Altyn ortarany tapmaklyk gaty wajypdyr, bu bolsa ilki bilen diňe Hudaýyň öňünde pes göwünli bolmaklyk şertine baglydyr. Öňünde pes göwünli bolmaly adamyňa dogry gatnaşyk edip bilmekligiňi Hudaýyň öwretmegini sora. Körlükde we bilimsizlikde bolup durup, hiç haçan hem pes göwünli bolmaly däldir. Sen näme edýändigiňe anyk düşünmelisiň. Eger sen dogry hereket edip, öz durmuşyňy dogry gurnamak isleýän bolsaň, onda deňagramlylyga eýe bolmagyňa Hudaý kömek eder.

## Bary ýerbe-ýer bolýandyr

Ýygnakda, maşgalada, işde we hökümetde Hudaý tarapyndan ygtyýarlyk berlen adamlaryň öňünde pes göwünli bolmaklyk — bu biziň borjumyzdyr. Durmuşymyzyň üstünlikli we tertipli bolmaklygy üçin biziň ýygnaga degişli bolmaklygymyz gaty wajypdyr. Bu bar zadyň esasydyr, çünki onsuz biz Hudaýyň öz öňümizde goýan maksadyna ýetip bilmeýändiris.

Her bir ýygnagyň özüniň gaýtalanmadyk görnüşi we meseleleri bardyr we sen Hudaý tarapyndan özüň üçin niýetlenen ýygnagy tapyp bilmeseň, bagtly bolup bilmersiň. Bu seniň ýygnakdan ýygnaga ylgap, özüň üçin kämil ýygnagy gözlemeli diýmekligi aňladýan däldir. Kämil ýygnak hiç ýerde-de ýokdur. Ýygnaklar biziň her birimiz ýaly kämil bolmadyk adamlardan ybaratdyr ahyryn. Şoňa görä, sen Hudaýyň özüňki bolary ýaly ýygnagyna getirmegi üçin dileg etmelisiň.

Eger sen «öz» ýygnagyňda bolsaň, onda çopanyň wagyzlary seniň üçin gaty wajyp we ruhy ösüşiňi gönükdiriji serişde bolup hyzmat edýändir. Emma sen şonda-da Hudaýyň akyldarlygyna we ýolbaşçylygyna mätäçsiň. Eger ýygnagyňyň ýolbaşçylary hakykat ýolundan çykyp, özlerini ahlaksyz alyp barýan bolsalar, eger sen Hudaýyň parzlarynyň bozulyp, Onuň Sözüniň ýoýulýandygyny görýän bolsaň, onda sen beýle ýolbaşçylyga tabyn bolmaklyga borçly dälsiň. Özüňi günä batan jemgyýeriň arasyndan çykarmagy hakynda Hudaýa dileg et.

Biziň hemmämiz hem özümizi hakykat ýoluna gönükdireri ýaly çopana, güýçli mesihi ýolbaşçysyna ýa-da mugallymyna mätäçdiris. Hudaý hökman saňa şeýle adamy görkezer. Maňa nädogry düşünme: biz bärde guru hakynda gürrüň edýän däldiris. Seniň ruhy mugallymyň diňe Hudaý tarapyndan iberilen adam bolup bilýändir. Bu soragda jynsyň hiç hili parhy ýokdur. Mukaddes Kitapda şeýle diýilýär: «…erkek ýa aýal ýok, siziň baryňyz Mesih Isada birsiňiz» (Galatýalylar 3:28). Gürrüň saňa hakykaty söýgi bilen aýdyp bilýän we seniň üçin bilelikde dileg edip bilýän adam hakynda gidýändir.

Hudaýyň öňünde we kanuna görä hökümetiň wekilleriniň öňünde pes göwünli bolmaklykdan başga-da, sen töweregiňdäki adamlar bilen hem dogry gatnaşyk gurmalysyň. Çünki Mukaddes Kitapda: «Mesihe bolan uly hormatyňyz bilen birek-birege tabyn boluň» diýlendir (Efesliler 5:21). Eger adamlary özüňi söýşüň ýaly söýmeseň, onda olaryň öňlerinde pes göwünli bolmaklyk mümkin däldir. Hut şunda hem kynçylygyň çözgüdiniň açary gizlenendir. Eger sen ilki bilen Hudaýy, onsoň bolsa öz ýakynlaryňy söýýän bolsaň, onda seniň ileri tutmalaryň öz orunlarynda bolarlar we durmuşyňda tertiplilik bolýandyr.

## Dileg

*Eý Hudaý*, men Senden haýyş edýärin: durmuşymda tertipliligi ornaşdyrmaga kömek et. Seniň özüm üçin ähli zatlardan hem beýik bolmagyňy isleýärin. Seni bütin ýüregim, bütin aklym, bütin janym bilen söýmekligi maňa öwret. Nirede we haçan nädogry hereket edendigimi görkez. Özümde Senden başga Hudaýyň bolmaklygyny islemeýärin. Haçan-da bolsa bir wagt butlara sežde eden bolsam, onda maňa ol wagty açyp görkez. Men Saňa, diňe Saňa hyzmat etmekligi isleýärin. Ýüregimiň şu islegine görä ýaşamaklygyma kömek et.

Maňa pes göwünli ýürek ber. Ýolbaşçylyk edýän hökümete we maşgalamda, işimde, ýygnagymda mynasyp bolan adamlara hemişe tabyn bolmaklygyma kömek et. Özümiň ruhy mugallymym bolup biljek adamy maňa görkez. Özüm üçin niýetlän ýygnagyňa meni getir. «Dogry» adamlar bilen gatnaşygy ýola goýup, olar bilen pes göwünli bolmaklygyma kömek et. Kimiň öňünde pes göwünli bolmalydygymy we muny nädip amala aşyrmalydygymy görkez. Mynasyp bolan adamlaryň öňünde bolmalysy ýaly pes göwünli bolmadyk ýagdaýlarymy maňa aýan et.

Öz durmuşymda tertipliligi ýola goýman, Seniň patalaryňy alyp bilmejekdigimi bilýärin. Şeýle-de, men şuny hem bilýändirin: eger ilki bilen Seni agtarsam, onda galan ähli zatlar maňa beriljekdir (Matta 6:33 seret). Şu gün men Seni agtarmak isleýärin, eý Hudaý, öz durmuşymda tertipliligi ýola goýmagyma kömek et. Seniň özüm üçin taýýarlan goragyňyň astyndan hiç haçan hem çykmazlygyma akyldarlyk ber.

## SENIŇ DILEGIŇI HAS TÄSIRLI EDIP BILJEK MUKADDES KITAPDAN ALNAN AÝATLAR

Siz öňürti Hudaýyň Patyşalygyny, Onuň dogrulygyny agtaryň, şonda bu zatlar hem size onuň üstüne goşulyp berler.

*Matta 6:33*

Janyny goran ony ýitirer. Meniň ugrumda janyny ýitiren ony gorar.

*Matta 10:39*

Siz ýaşlar hem, şonuň ýaly, ýaşululara tabyn boluň. Baryňyz biri-biriňize garşy kiçigöwünliligi geýniň, çünki Hudaý tekepbirlere garşy gidýändir, kiçigöwünlilere bolsa merhemet edýändir.

*1 Petrus 5:5*

Bizde Onuň: «Hudaýy söýýän öz doganyny-da söýmelidir» diýen buýrugy bardyr.

*1 Ýahýa 4:21*

Ýolbaşçylaryňyzyň sözüne gulak asyň, olara janyňyz hakda hasabat berjekler hökmünde tabyn boluň. Çünki olar gözegçilik edýändir. Olar bu wezipelerini ahy-nala bilen däl-de, — munuň size haýry bolmaz — eýsem, şatlyk bilen ýerine ýetirer ýaly, olara tabyn boluň.

*Ýewreýler 13:17*

ONUNJY BAP

# EÝ HUDAÝ, SENIŇ HAKYKY SEŽDE EDIJIŇ BOLMAGYMA KÖMEK ET

Men telewideniýede aýdymçy, tansçy we aktrisa bolup işlänimde (şol wagtlar sazly sahnalar aýratyn hem gözgünlidi), şol bir aýdymy ençeme gezek aýdyp, ony horeograflar bilen gaýtalamalydym. Onsoň men indiki gün telewideniýede görkeziljek programma üçin ol aýdymy ýene-de ençeme gezek aýdym, ýazdyrmaly bolardym. Şol bir wagtyň özünde hem tans edip, hem-de aýdym aýtmaklygyň gaty kyn bolýanlygy üçin öňünden ýazdyrylan sesimi ulanmaklyk wajypdy. Sonky taýýarlykdan ýa-da çykyşdan soň agşam öýe gelip, men kellämde ýaňlanýan aýdymlardan hiç-de azat bolup bilmeýärdim. Hatda şu sebäpli men ukusyzlykdan hem ejir çekýärdim.

Öwgi we alkyşlaýjy aýdymlary ençeme gezek aýdanymyzda, biziň bilen edil ýokarda aýdylany ýaly bolup geçýändir. Hatda Hudaýy şöhratlandyrmaýan pursatlarymyzda-da, mysal üçin, düýşümizde hem biz ol aýdymlary eşitmegimi dowam etdirýändiris.

Birnäçe ýyl mundan ozal Isa ynananymda, bu maňa aýan bolupdy. Şonda men güýçli depressiýadan ejir çekýärdim we basgynly ýagdaýdan azat bolmaklyk üçin men gijelerine ýygy-ýygydan oýanyp, Hudaýa aýdym aýdyp, Ony alkyşlaýardym. Şu depressiýa keselim zerarly men

ençeme lukmanlara ýüz tutupdym, emma olaryň maňa bellän dermanlary hiç-de kömek etmedi. Dermanlaryň täsiri gutarany dessine, öňki ýagdaýym ýene-de güýjeýärdi. Men dermanlara garşy hiç zat hem diýmeýärin, emma adamlaryň öz kesellerinden azat bolmaklary üçin diňe dermanlara bil baglamaklaryna men garşydyryn. Heniz çagalygymda özümi ejemiň garaňky otagda gulplap goýýan wagtlaryndan başlap, meni depressiýa günüme goýmaýardy. Meniň her bir günümi umytsyzlyk, lapykeçlik we ruhdan düşmeklik dolduryardy. Maňa Hudaýdan şatlygyň dermany gerekdi, bu duýgy bolsa haçan-da Hudaýy alkyşlanymda mende peýda bolýardy.

Men Hudaýy alkyşlap, Oňa sežde edenimde, ruhum şatlanýardy. Men minnetdarlyk we öwgi bilen Oňa bakanymda, Hudaýdan gelen şatlyk tenimi, aklymy, ýüregimi we ruhumy dolduryardy. Her gezek hem şeýle bolýardy.

Men öwgi aýdymlar ýazgylaryny satyn alyp başladym. Men olary ýolda wagtymda maşynda, öýde wagtymda, aşhanada nahar taýýarlanymda, öý işleri bilen meşgullananymda ýa-da hatlara jogap berenimde eşidýärdim. Käwagtlar bolsa özüm hem ol öwgi aýdymlaryny aýdardym, emma köp wagtlap men olary diňläp, olardan keýplenýärdim. Öz Atasyny şöhratlandyrýan Hudaýyň perzendiniň ýüreginde gorky, umytsyzlyk, howsala, basgynlyk ýaly erbet duýgulara ýeriň ýokdugy meni haýran galdyrdy. Netijede men depressiýadan doly azat boldum. Adamyň durmuşyny özgertmekligiň Hudaýy şöhratlandyrmak ýaly iň güýçli we peýdaly serişdesi ýokdur. Her gezek Hudaýy alkyşlap, Oňa sežde edenimizde, Ol bize görnüp, ýüreklerimizi özgerdýändir, Mukaddes Ruh bolsa öz işini amala aşyrmaga mümkinçilik alýandyr.

Hudaýa sežde etmeklik biziň tenimize *ýaramaýandygy* üçin, biz ony *mejbur* etmeli bolýandyrys. Munuň üçin biz özümizi tertiplilige çagyryp, Hudaýa sežde etmeklik üçin aýratyn wagt bellemeli bolýandyrys. Sen şeýle diýmelisiň: «Men Hudaýy alkyşlaryn». Elbetde, Hudaýy näçe

kän bildigimizçe, Ony şöhratlandyrmak şonça-da ýeňil bolýandyr. Eger biz Hudaýy şöhratlaman bilmeýän derejä ýeten bolsak, diýmek biz özümiziň ruhy ösüşimizde ýetmeli basgançaga ýetendiris. Eger sende Hudaýy şöhratlandyrmak islegi bolmasa, onda 103-nji Mezmury okap, sežde etmekligiň ýigrimi sebäbini tapmaga synanyş. Maňa bu mydama hem kömek edýär.

**Hudaýa sežde etmekligiň ýigrimi sany degerli sebäbi**

1. *Ol meniň ähli günälerimi bagyşlaýar.*
2. *Ol meniň ähli kesellerime şypa berýär.*
3. *Ol meniň durmuşymy heläkçilikden halas edýär.*
4. *Ol maňa merhemet we rehim täjini geýdirýär.*
5. *Ol meniň isleglerimi ýagşylyk bilen doldurýar.*
6. *Ol ezilenlere dogrulyk we adalatlyk döredýändir.*
7. *Ol Öz ýollaryny görkezýär.*
8. *Ol mähirli.*
9. *Ol rehimdar.*
10. *Ol gahary gelmezek.*
11. *Ol merhemete boldur.*
12. *Ol hemişe käýemez.*
13. *Ol bize günälerimize laýyk iş etmedi.*
14. *Onuň merhemeti Özünden gorkýanlaryň depesinde uludyr.*
15. *Ol jenaýatlarymyzy bizden uzaklaşdyrýandyr.*
16. *Ol bizi bagyşlaýandyr.*
17. *Biziň toprakdandygymyz Onuň ýadyndadyr.*
18. *Onuň merhemeti ezelden ebedä çenlidir.*
19. *Ol Özüniň parzlaryny unutmaýan biziň çagalarymyza we agtyklarymyza pata berýändir.*
20. *Ol tagtyny göklerde gurdy we patyşalygy hemmäniň üstünden höküm sürýär.*

## Onuň ýollaryny şöhratlandyr

Hatda biz Hudaýy tanap, Ony söýübem, emma Ony günde alkyşlap, şöhratlandyrmaýan bolsak, onda garaňkylykda galyp, Onuň hakyky ýüzüni görýän däldiris. «Ýöne olar Hudaýy tanasalar-da, Ony Hudaý hökmünde şöhratlandyrman, Oňa şükür etmän, öz düşünjelerinde batyl boldular, pähimsiz ýürekleri garaňkylykda galdy» (Rimliler 1:21). Mynasyp bolan Hudaýa öwgüler aýtman, biz özümizi garyp edýändiris. Özümiziň gudratygüýçli Hudaýymyzyň hakyky sežde edijileri bolmaýanlygymyz üçin biz durmuşyň manysyny gözläp tapjak bolup, garaňkylykda azaşyp ýöremekligi isleýän däldiris.

### Hudaýa öwgi aýtmaklygyň bäş usuly

Biziň çyn ýürekden Hudaýa sežde etmekligimiz Onuň üçin ýakymlydyr, emma biz muny Onuň isleglerine görä etmelidiris.

1. *Özüne biziň alkyşlar aýtmagymyzy Hudaý isleýändir.* «Rebbe sena ediň, çünki Hudaýymyza nagma aýtmak gowudyr; sena ýakymly we ýaraşyklydyr» (Mezmur 147:1). «Rebbe begenç bilen gulluk ediň; nagma aýdyp Onuň huzuryna baryň» (Mezmur 100:2).
2. *Özüne ellerimizi galdyrmaklygymyzy Hudaý isleýändir.* «Ybadathanada elleriňizi galdyryp, Rebbe alkyş ediň» (134:2).
3. *Özüni agzymyz bilen alkyşlamagymyzy Hudaý isleýändir.* «Şu sebäpli Isa arkaly Hudaýa elmydam öwgi gurbanlaryny, Onuň adyny ykrar edýän dodaklaryň miwesini hödürläliň» (Ýewreýler 13:15).
4. *Tans edip, saz gurallarynda oýnap, Özüni alkyşlamagymyzy Hudaý isleýändir.* «Oňa surnaý sesi bilen sena ediň, Oňa arfa we gusli bilen sena ediň» (Mezmur 150:3).
5. *Ynanýanlaryň ýygnagynda Özüne sežde etmekligimizi Hudaý isleýändir.* «Seniň adyňy doganlaryma yglan ederin, ýygnagyň ortarasynda Saňa öwgüli nagmalar aýdaryn» (Ýewreýler 2:12).

Hudaýy şöhratlandyrmak we ynanýanlaryň ýygnagynda Oňa sežde etmeklik — bu Hudaýa hyzmatyň iň wajyp görnüşleriniň biridir. Bilelikdäki dilegiň güýji ýalançy tarapyndan dikeldilen diwarlary ýumurýandyr we durmuşymyzdaky täsin özgermelere ýol açýandyr. Beýle özgermeler öz-özünden bolýan däldir.

Şu gün ýygnagyňdaky ýagdaýyň nähili bolýandygyna seretmezden, seni Özüne hakyky sežde ediji etmekligi hakynda Hudaýdan sora. Oňa sežde etmeklige özüňi bütinleý bagyş et. Heniz hem alýarkaň, şuny bilip goýgun: «Hemişe şatlyk ediň. Dyngysyz doga ediň. Ähli ýagdaýda şükür ediň. Çünki Hudaýyň Mesih Isada siz baradaky islegi şudur» (1 Selanikliler 5:16–18). Öz ýüregiňde ýene we ýene aýdýan öwgi aýdymlaryň seniň janyňy hatda gijelerine-de täzeleýändir.

## *Dileg*

*Eý Hudaý*, Seni şöhratlandyrmakdan başga özüm üçin uly şatlyk ýokdur. Men Seniň huzuryňa minnetdarlyk bilen gelip, öňüňde dyz epýärin. Men Seni arşa göterýärin, çünki Sen beýik we öwgä mynasypsyň. «Meniň ýüregime köp begenç berendigiň» üçin Saňa gaty minnetdardyryn (Mezmur 4:7). Eý Hudaý, Sen mukaddes we dogruçylsyň, gudratygüýçli we şöhratlysyň, beýik we adalatsyň!

Men Saňa minnetdardyryn, çünki «Reb mähriban we rehimdardyr, gahary gelmezek we merhemeti boldur» (Mezmur 145:8). Sen beýik we berk galasyň, Seniň düşünjäňiň çägi ýokdur (Mezmur 147:5 seret). Hudaý ezilenleriň hakyny alyp berýändir, açlara nan berýändir, Ol ýesirleri boşadýandyr. Hudaý körleriň gözüni açýandyr, bükülenleri dikeldýändir, dogrulary söýýändir (Mezmur 146:7–8).

Eý Hudaý, Seniň täsin niýetiň we umytdan doly bolan

özümiň geljegim üçin Saňa minnetdarlyk bildirýärin. Durmuşymy mydama oňat tarapa üýtgedýändigiň üçin Saňa gaty minnetdardyryn. Özümiň şypa Berijim, Halasgärim, azat Edijim, Atam we teselli Berijim bolýandygyň üçin gaty minnetdardyryn. Öz Sözüňde, Ogluňda we ýerdäki beýik işleriňdedir meniň durmuşymda Özüňi maňa açýandygyň üçin gaty minnetdardyryn. Seniň söýgiň, parahatlygyň, wepalylygyň, merhemetiň, rehimdarlygyň, ýagşylygyň, hakykatyň we şypa berijiligiň üçin gaty minnetdardyryn. Saňa doly ynanyp bilýändigim üçin minnetdarlyk bildirýärin, çünki Sen we Seniň Sözüň üýtgewsizdir. Seniň düýn hem, şu gün hem we asyrlar boýy hem Sendigiň üçin minnetdarlyk bildirýärin.

Eý Hudaý, isleýşiň ýaly Seni alkyşlap, Saňa sežde edip bilmeýän bolsam, onda meni bagyşlaý. Seniň isleýşiň boýunça Seni bütin ýüregim bilen alkyşlamagy maňa öwret. Eý Hudaý, meni Özüňiň hakyky sežde edijiň et. Öz durmuşymda bolup geçýän zatlaryň ählisi üçin Saňa minnetdar bolmaklygyma kömek et.

Şu gün men Seniň adyňy beýgeldýärin, eý Hudaý, çünki Sen gowy we Seniň merhemetiň hem ebedidir (Mezmur 136:1 seret). «Çünki Seniň merhemetiňiň ýaşaýyşdan hem oňatdygy üçin meniň dodaklarym Saňa sena eder. Şeýle, ýaşaýarkam Saňa alkyş okaryn, Seniň adyň bilen doga edip, ellerimi galdyraryn» (Mezmur 63:3–4). Men ähli halklaryň arasynda Seniň şöhratyňy, ähli tireler arasynda täsinlikleriňi yglan ederin (Mezmur 96:3 seret). Men Seniň adyňa mynasyp şöhrat aýdyp, mukaddes dabara içinde Saňa sežde ederin (Mezmur 29:2 seret).

## SENIŇ DILEGIŇI HAS TÄSIRLI EDIP BILJEK MUKADDES KITAPDAN ALNAN AÝATLAR

Emma hakyky sežde edijileriň Ata ruhda, hakykatda sežde etjek wagtlary geler, eýýäm geldi hem, çünki Ata Özüne şeýle sežde edýänleri agtarýar. Hudaý Ruhdur, Oňa sežde edýänler ruhda, hakykatda sežde etmelidir.

*Ýahýa 4:23–24*

Hudaýa şükür gurbanyny hödürle, hemmlerden beýik Bolana hudaýýolyňy ber. Muşakgat gününde Meni çagyr; Men seni halas ederin we sen Meni şöhratlandyrarsyň.

*Mezmur 50:14–15*

Saňa sygynýanlaryň ählisi şatlansyn, mydama şatlyk bilen gygyryşsyn, çünki olary Sen goraýarsyň; Seniň adyňy söýýänler Sende şat bolsun. Çünki Sen, ýa Reb, dogry adama ak pata berersiň; onuň daşyny galkan kimin mähir bilen gurşarsyň.

*Mezmur 5:11–12*

Şükür gurbanyny hödürleýän Meni şöhratlandyrýandyr; Men ýoluny dogrulaýana Hudaýyň gutaryşyny görkezerin.

*Mezmur 50:23*

Men bütin ýüregim bilen Saňa şükür ederin, taňrylar öňünde Saňa nagma aýdaryn. Mukaddes ybadathanaňa bakan seňde ederin, merhemetiň we hakykatyň üçin adyňa şükür ederin; çünki Sen adyňy we sözüňi her zatdan belent etdiň. Çagyran günüm Sen maňa jogap berdiň; janymy kuwwat bilen güýçlendirdiň.

*Mezmur 138:1–3*

## ON BIRINJI BAP

# EÝ HUDAÝ, MENIŇ ZÄHMETIME PATA BER

Aç garna ýatmaklygyň nähilidigini men bilýärin. Meniň ata-enem gaty garypdylar we öýde köplenç azyk bolmazdy, satyn alar ýaly bolsa serişdämiz ýokdy. Açlygyň elhenç duýgulary meni hiç haçan, hatda ulalanymda hem taşlamady. Şeýle ýagdaýyň hiç haçan gaýtalanmazlygy üçin bu gorky meni üznüksiz işlemeklige itýärdi. Ýetginjek-dostlarym bilen wagtymy şat geçirmekligiň deregine, men dynç alyş günleri hem her sagat üçin 50 sent gazanç alýan öý bikesi bolup işleýärdim. Hepdäniň beýleki günleri hem sapaklarymdan soň giç agşama çenli işleýärdim. Mekdepde we kollejde okanymda, mydama şeýledi. Hut şol öňki sebäbe görä, men kolleji gutaranymdan soň hem iki işde işleýärdim. Kalbymyň töründe iýmit üçin serişdäm ýeterli bolmaz diýip gorkup, özümi agyr zähmet bilen gynaýardym.

Diňe Hudaýa ynananymdan soň men Onuň öz perzentleri hakynda alada edýändigine düşünip başladym we ahyrynda öz gorkumdan azat bolup bildim. Özüm hakynda alada edýän Hudaýa ynanyp biljekdigimi men şonda neneň ýeňillik bilen bilipdim. Şondan soň men aljyraňňylyga düşmedim, çünki ähli mätäçliklerimi kanagatlandyrmagy hakynda men Hudaýdan sorap bilerdim.

Men iş saýlamaklykda akylly hereket edip başladym we birinji duş gelen işe başlamazlygy öwrendim. Men mydama özüm üçin Hudaýyň haýsy işi taýýarlandygy hakynda soraýardym. Eger men özümiň meşgullanýan işimi Onuň şöhraty üçin Hudaýa bagyş etsem, onda ol işime Onuň hökman pata berjekdigi maňa aýan boldy. Meniň işim özüm üçin gaýgy bolmaklygyny bes etdirdi. Öz borçlarymy ýerine ýetirip bilmekligim we zähmetimiň bolsa hakykatdan hem miweli we üstünlikli bolmaklygy üçin men mydama Hudaýdan kömek diledim.

## Her kim üçin hem iş bardyr

Seniň kimdigiňe, ýagny uly guramanyň işgäri, özüni üpjün edýän ýeke ýaşaýan aýal, öý hojaýyny, işjeň aýal, maýyp, hassa seredýän, ýeke ýaşaýan ene, kömek edýän guramanyň işgäri bolýandygyňyň parhy ýokdur — kim bolýandygyňa seretmezden, sen öz işiňi ýerine ýetirýärsiň. Ady belli adam ýa-da «kiçi» adam bolýandygyňyň hem uly manysy ýokdur. Işläp, näçe gazanç edýändigiňiň hem parhy ýokdur, çünki seniň edýän işiň Hudaý üçin wajypdyr. Öz hyzmatyňa Onuň pata bermekligine sen umyt edýärsiň.

Näme edýändigimize seretmezden, biz öz işimizi oňat etmekligi isleýändiris. Eger işimiz oňuna bolsa, bu bizi şatlykdan dolduryýandyr. Bir oňat işi etmeklik bilen, töwerekdäkiler, maşgalanyň agzalary, biziň özümiz üçin peýdaly işi etmeklik bilen, biz kanagatlanma eýe bolýandyrys. Eger biziň işimiz Hudaý tarapyndan patalanan bolmasa, onda biz lapykeçligi we nägileligi duýýandyrys.

Mukaddes Kitap kämil aýaly işjeň hökmünde suratlandyrýar (Süleýmanyň tymsallary 31 seret). Ol gozgalmaýan mülk bilen satyk-söwda edýär (gozgalmaýan mülk boýunça agent?); ol üzümçilige seredýär (bagban?); ol geýim tikip (tikinçi), ony satýandyr (dükanyň müdiri?). Ol güýçli, hereketjeň we akylly aýaldyr; ol giç agşama çenli işleýär we özüniň adamlar üçin ýaradanlarynyň oňat hillidigini bilýändir. Hudaý

biziň üstünliklere şatlanyp, mydama minnetdarlykly bolmagymyzy isleýändir. Emma bularyň bary dilegsiz amala aşýan däldir.

Dileg bizden ýaşaýşymyzy alýan «başganyň ýagşylygyna göz gyzdyrmaklyk» (Süleýmanyň tymsallary 1:19 seret) bilen bizi garyp edýän «ýalta eliň» arasynda deňagramlylygy gurnamaga kömek edýändir (Süleýmanyň tymsallary 10:4). Dileg bizi «baýlyk ýygnamaklyk» (Süleýmanyň tymsallary 23:4–5 seret) isleginden gorap, bize sap ynsap bilen zähmet çekmeklik islegini berýändir, netijede bolsa maddy sylag getirýändir (Süleýmanyň tymsallary 10:4 seret). Dileg bize ýaltalyk bilen çendenaşa zähmetsöýerligiň arasynda deňagramlylygy tapmaga kömek edip, bütin dünýä eýe bolup, janyňy bolsa ýitirmeklikden goraýandyr (Matta 16:26 seret).

Mukaddes Kitapda: «Işçi öz hakyna mynasypdyr» diýlendir (1 Timoteos 5:18). Diýmek, sen öz zähmetiň üçin sylaga eýesiň. Käwagtlar bolsa zähmetiň özi sylag bolup bilýändir. Mysal üçin, sen öý işlerini ýerine ýetirýändigiň üçin, mugt nahar berýändigiň üçin ýa-da çaga köwşüni geýmekligi öwredýändigiň üçin pul alýan dälsiň. Emma öz zähmetiňiň netijelerini görmeklik gymmatbaha sylag bolýandyr. «Dogrynyň zähmeti ýaşaýşa ýetýändir» (Süleýmanyň tymsallary 10:16).

Eger sende oňat tölenýän işiň bar bolsa, onda mundan beýläk hem işiňiň şunuň ýaly oňat tölenmegi üçin dileg et. Özüniň işgärleriniň zähmetleri üçin oňat aýlyk töläp bileri ýaly, öz başlygyň üçin pata dile. Dilegleriňde işiňde beýik derejelere eýe bolmaklygyň üçin sora, emma bu diňe Hudaýyň erki boýunça bolmalydyr. Şeýle diý: «Eý Hudaý, men öz hünärim boýunça ýokary derejä eýe bolup, oňat aýlyk almak isleýärin. Eger, elbetde, muňa Seniň erkiň bar bolsa, onda ol dileýşim ýaly hem bolsun». Eger sen şeýle dileg edip, işiňi Hudaýa bagyşlaýan bolsaň, onda Ol hökman pata berer.

Seniň maddy ýagdaýyňyň oňatmy ýa-da oňat däl bolýanlygynyň parhy ýokdur — seniň zähmetiň Hudaý üçin, adamlar üçin we seniň özüň üçin wajypdyr. Sen bu dilegi ret etmeli dälsiň. Öz zähmetiňi Hudaýa bagyşlap, Onuň patasyny dile.

# *Dileg*

*Eý Hudaý*, özümiň etmeli işimi maňa görkez. Eger men öz işim bilen meşgul bolmaýan bolsam, onda maňa muny aýan et. Eger men esasy işimden başga-da beýleki işler bilen meşgullanmaly bolmasam, onda muny-da maňa aýan et. Eger Sen meni şu wagt ýa-da geljekde bir iş etmeklige çagyrýan bolsaň, onda munuň üçin maňa güýç-kuwwat ber. Öz borçlarymy oňat we üstünlikli etmegime kömek et. Işimiň has hem ýakymsyz taraplarynda hem şatlyk we kanagatlanma tapyp bilmekligime kömek et.

Her bir zähmetden girdeji bardygy üçin men Saňa minnetdardyryn (Süleýmanyň tymsallary 14:23 seret). Öz işim üçin mynasyp tölegiň berilmegi üçin men Senden haýyş edýärin. Seniň bolelinligiňiň çeşmesinden gelýän sylaglar hakynda dileg edýärin. Meniň başlyklaryma pata ber. Goý, meniň bilen gürrüňdeşlik olar üçin pata bolsun, men bolsa olaryň wepaly kömekçisi bolaýyn. Goý, Seniň söýgiň we parahatlygyň men arkaly aýan bolsun we Seniň ýagşylygyň hakynda şaýatlyk etsin. Özüm bilen işleýän adamlaryň ýüreklerine Seniň Şalygyňyň şöhraty üçin täsir edip bileýin.

Eý Hudaý, maňa beren sylaglaryň üçin Saňa minnetdardyryn. Eger men öz hünärim boýunça derejemi ýokarlandyrmaly bolsam, onda öz işimi oňat hilde ýerine ýetirip bilmekligime kömek et. Zähmetimiň miweleriniň beýlekiler üçin ýakymly bolmaklygy üçin hünärim boýunça derejemi ýokarlandyrmaga kömek et. Öz başarnyklarymy ulanyp bilmekligime mümkinçilik berip, özümiň barmaly däl ýerlerime bolan ýoly bekle. Maňa akyldarlyk berip, şu soragda maňa ýolbaşçylyk et.

Eý Hudaý, men öz zähmetimi Saňa bagyş edýärin, çünki Seniň ähli zady bolmalysy ýaly edýändigiňi bilýändirin (Süleýmanyň tymsallary 16:3 seret). Öz hünärime söýgi ber we özüme ýaraýan işi oňat etmekligime kömek et. Seniň Sözüňe laýyklykda, men öz iş ýerimde gaýratly we zähmetsöýer bolmaklyk isleýärin. Öz zähmetim bilen Saňa hyzmat edip, gaýratda gowşamaklyk islemeýärin (Rimliler 12:11 seret). Öz zähmetimiň beýleki adamlara ýarap, köpler üçin pata getirmegi hakynda dileg edýärin. Goý, meniň zähmetim mydama Seni şöhratlandyrsyn.

## SENIŇ DILEGIŇI HAS TÄSIRLI EDIP BILJEK MUKADDES KITAPDAN ALNAN AÝATLAR

Rebden gorkýan we Onuň ýollarynda gezýän adam
nähili bagtly! Sen, elbetde, öz elleriň zähmetini iýersiň;
hoşbagt bolarsyň, ýagşylyk seniňki bolar.

*Mezmur 128:1–2*

Rebbiň berekedi baý edýändir, Ol oňa hysyrdy garýan däldir.

*Süleýmanyň tymsallary 10:22*

Hudaýymyz Rebbiň hoşamaýlygy üstümizde bolsun;
ellerimiziň işini bize berkit; hawa, ellerimiziň işini berkit.

*Mezmur 90:17*

Işinde gaýratly adamy görýärmisiň? Ol patyşalar huzurynda
durar; garamaýak adamlaryň huzurynda durmaz.

*Süleýmanyň tymsallary 22:29*

Eger bir adam iýýän, içýän we öz zähmetinden
lezzet görýän bolsa, bu Hudaýyň beren sylagydyr.

*Wagyzçy 3:13*

## ON IKINJI BAP

# EÝ HUDAÝ, SENIŇ RUHUŇYŇ MIWELERINI GETIRMEKLIGIME KÖMEK ET

Meniň kakam durmuşymyň köp bölegimi ekerançy bolup geçirdi. Ol ekin ekip, baý hasyl ýygnamagy başarýardy. Durmuşymyň şol möwsüminde meniň öwrenenimiň iň esasy — bu gök önümlerdir ir-iýmişleri ösdürip ýetişdirmeklik. Şol wagtlar bizde kätmendir pilden başga gurallarymyz ýokdy. Biziň jaýymyzda hatda suw hem ýokdy, awtomatik suwarmak sistemalary hakynda bolsa gürrüň hem bolup bilmez. Biz ýerasty suwlaryň ýokary galyp, kiçijik ýapjagazlar boýunça ekinleri suwarmaga başlamagyna garaşardyk. Netijede ekinleriň kökleri suwarylyp, baldaklary bolsa suwulman galýardy.

Tohumlary ekip, suwaranymyzdan soň biz olaryň ösmekleri üçin azatlyk bermeklik üçin topragy dökünläp, ýumşadýardyk. Biz ekinleri tupandan, sowukdan we jowzadan goraýardyk. Biz miweleriň baldaklardan, baldaklaryň bolsa köklerden üzülmezleri ýaly syn ederdik. Ýeterli gaýratdan soň biz oňat hasyl alardyk we kakam muňa gaty guwanýardy.

Boýun alyp-almaýandygymyza seretmezden, biziň her birimiz günde öz durmuşymyzda bir zatlar ekýändiris we geçmişde ekenlerimiziň miwelerini orýandyr. Häzirki durmuşymyzyň hili ýakyndaky geçmişde ekenlerimiz bilen kesgitlenilýändir. Ekinden soň ençeme ýyllaryň

içinde biz ýa-da oňat, ýa-da erbet miweleri ýygnamagymyzy dowam etdirýändiris. Şonuň üçin hem oňat hilli tohumalary ekip, olara garaşyk etmeklige başlamagymyz gaty wajypdyr.

Isa Özüniň Agaçdygyny, biziň bolsa şol Agajyň şahalardygymyzy aýdypdy. Eger biz Onda galýan bolsak, onda miwe getireris (Ýahýa 15:5 seret). «Galmaklyk» — bu «hemişe bolmaklyk, aýrylmazlyk» diýmekligi aňladýandyr. Başgaça aýdylanda, eger biz mydama Onda galýan bolsak, Ol hem bizde galýan bolsa, onda biz Onuň Ruhunyň miwelerini geterip başlaýandyrys (Galatýalylar 5:22–23 seret). Biz muňa mätäçdiris.

Biz ýanymyzda ýaşaýan we özümiz bilen kän gürrüňdeş bolýan adama meňzemäge başlaýandyrys diýip hasaplaýarlar. Eger biz öz durmuşlarymyzy Isa berýän bolsak, onda Onuň keşbine özgereris. Eger biz Onuň bilen birleşsek, onda Onuň Ruhunyň miwelerini getirip başlaýandyrys.

## Baý miwe ýetişdirmekligiň dokuz sany dogry usuly

1. *Söýgi tohumlaryny ekmeklik*. Söýginiň dolulygyny duýup bilmekligiň üçin söýgi tohumlaryny ýüregiňde ýygy-ýygydan ekmekligi hakynda Hudaýdan haýyş et. Onuň söýgüsiniň özüň arkaly beýlekilere hem täsir etmegini Hudaýdan dile. Isa şeýle diýipdi: «Meniň Atamyň buýruklaryny berjaý edip, Onuň söýgüsinde galyşym ýaly, siz hem buýruklarymy berjaý etseňiz, Meniň söýgimde galarsyňyz» (Ýahýa 15:10). Onuň söýgüsiniň ýakymly ysynyň hiç haçan hem ýüregiňde tükenmezi ýaly, özüňiň Oňa gulak asyjy bolmaklygyň hakynda Hudaýa dileg et.
2. *Şatlygyň tohumlaryny ekmeklik*. Hudaýdan gelen şatlyk seniň durmuş ýagdaýlaryňa hiç hili hem bagly däldir. Şatlygyň hut Hudaý bilen gürrüňdeşlikde döreýändigi sebäpli, durmuşyňda peýda bolýan çylşyrymly we agyryly kynçylyklara seretmezden, sen ol şatlygy duýup bilýänsiň. Özüni Hudaýdan daşlaşdyrana ýa-da Onuň wadalaryna ynanmaýana şatlyk berilýän däldir. «Size bu

zatlary Meniň şatlygym sizde bolsun we şatlygyňyz doly bolsun diýip aýtdym» (Ýahýa 15:11). Eger seniň durmuşyňda Hudaýdan gelen şatlyk bar bolsa, onda durmuşyňda Hudaýyň bir beýik zady ýerine ýetirjekdigine bolan umyt sende bardyr. Ýüregiňde Hudaýdan gelýän şatlygyň tohumlarynyň ekilmegi we ol şatlygy töwerekdäki adamlara hem berip bilmekligiň hakynda dileg et.

3. *Parahatlygyň tohumlaryny ekmeklik*. Öz durmuşyňda Hudaýyň bolmaklygynyň ýüregiňde parahatlygy döretmegi we ähli düşünjelerden beýik bolan ol parahatlygyň hiç zada seretmezden, ýüregiňde höküm sürmekligi hakynda dileg et. «Her hili düşünjeden ýokary bolan Hudaýyň parahatçylygy Mesih Isada siziň ýüregiňizi, pikirleriňizi gorar» (Filipililer 4:7). Diňe Hudaý bilen berk gatnaşyklar gurnalanynda, Onuň parahatlygy biziň ýüregimizde bolýandyr. Hudaýy çuňňur tanamaklygyň we töweregiňdäkiler üçin özüňiň parahatlygyň çeşmesi bolmaklygyň üçin dileg et.
4. *Sabyrlylygyň tohumlaryny ekmeklik*. Seniň pikiriňçe, näme üçin biziň sabyrlylygyň miwelerini getirmekligimizi Hudaý isleýändir? Hudaýda ähli zadyň öz wagty bolýanlygy üçin bolmagy mümkindir. Ol mydama bize açýanlaryndan hem kän zatlary edýändir we şonuň üçin hem Ol bir zadyň ýerine ýetmekliginiň wagtyny belläninde, Oňa ynanmaga esas bardyr. Biz baradaky niýetlerini amala aşyrmazyndan ozal Hudaý bizi kämil edip, arassalaýandyr. Bu bolsa kesgitli wagty talap edýändir. «…siz ýalta bolman, gaýtam, wada edilenleri iman hem sabyr arkaly miras alanlardan görelde alar ýaly…» (Ýewreýler 6:12). «Kämil hem doly bolup, hiç bir ýetmeziňiz bolmaz ýaly, çydam işiňi kämil etmelidir» (Ýakup 1:4). «…çydamak bilen janyňyzy halas edersiňiz» (Luka 21:19). Diňe synaglarda sabyrly bolup bilinýändir. «Seniň sabryň bar. Meniň adym ugrunda dert çekdiň, ýadamadyň» (Ylham 2:3). Şunuň bilen bary aýdylandyr. Sabyrlylykda berk bolmaklygyň we

bu sabyrlylygy senden hiç bir synagyň hem köki bilen goparyp bilmezligi üçin dileg et.

5. *Ýagşylygyň tohumlaryny ekmeklik.* Öz bagyňda ekmeklik üçin tohumlaryň haýsy hillerini almaklyk saýlawy sende bardyr. Sen gerekli tohumlary saýlap alyp, olary topraga taşlaýarsyň, Hudaý bolsa olary ösdürýändir. Ýagşylygyň tohumlary — ine, bu seniň ekmelileriňiň ilkinjisidir. Başgaça aýdylanda, sen geýimlere geýnilişi ýaly, ýagşylyga geýinmekligi saýlaýansyň (Koloseliler 3:12). Ýagşylygyň iň beýik aýan edilmegi — Isanyň Öz durmuşyny biziň üçin pida edip, haçda Özüni gurban getirmekliginde bolup geçdi. Ýagşylygyň tohumynyň öz ýüregiňde ösmekligi we seni ýagşy işlere taýýar etmekligi hakynda Hudaýa dileg et.
6. *Bähbitliligiň tohumalaryny ekmeklik.* Isanyň bähbitliligi seniň ýüregiňde oturdylanynda, sende oňat işleri etmeklik islegi döreýändir. «Oňat adam oňat hazynasyndan oňat zat çykarar, erbet adam erbet hazynasyndan erbet zat çykarar» (Matta 12:35). «Şonuň ýaly-da her bir oňat agaç oňat miwe berýändir, erbet agaç bolsa erbet miwe berýändir. Oňat agaç erbet miwe berip bilmez, erbet agaç-da oňat miwe berip bilmez» (Matta 7:17–18). Onuň bähbitliginiň sende galmaklygy üçin Onuň özüňde galmaklygy hakynda dileg et. Ol bähbitliligiň seniň ýüregiňde kök urşuna baglylykda, sen töweregiňdäkilere ýygy-ýygydan ýagşylyk edip başlarsyň.
7. *Ynamlylygyň tohumlaryny ekmeklik.* Eger biz ynamda berk we yrgyldamaz durýan bolsak, eger biz umytly, wepaly we ynama mynasyp bolýan bolsak, onda biz özümiziň Hudaýa bolan wepalylygymyzy görkezýändiris. «Az zatda ynamly bolan köp zatda hem ynamlydyr, az zatda hilegär bolan köp zatda hem hilegärdir» (Luka 16:10). Hemişe Hudaýa ynamly bolmaklygyň üçin dileg et. Hudaýa wepalylygyňy saklamaklyk bilen, öz ýanyňdakylara oňat mysal berip bilmekligiň üçin dileg et.

8. *Hoşniýetliligiň tohumlaryny ekmeklik.* Eger biz özümizi gopbamsy we gödek alyp barýan bolsak, onda bu adamlary gaharlandyryp, olary bizden daş edýändir. Hoşniýetli bolmaklyk — bu özüňi töweregiňdäkiler bilen ýuwaş, mähirli we mylaýym alyp baryp, olar bilen oňat gürleşmegi aňladýandyr. Mukaddes Kitapda şeýle diýlendir: «Rebbiň guly dawalaşmaly däl, hemmelere mylakatly, öwretmäge ukyply, sabyrly bolmalydyr» (2 Timoteos 2:24). «…Gökden inen akyldarlyk ilki bilen, sap, ondan soň-da parahatlyk söýüji, mylaýym, diýenediji, rehimden, oňat miwelerden doly, ýüz görmezek we ikiýüzlülikden halasdyr» (Ýakup 3:17). Adamlara hoşniýetli gatnaşyklaryňda beýan edilýän olaryň duýgularyna we talaplaryna ünsli bolmaklygyň seniň Hudaýyň Ruhuna gulak asyjydygyňa şaýatlyk edýändir. Onuň sende eken tohumlary bolsa, gögerip başlandyr. Häsiýetiňde Isanyň ýumşaklygynyň we hoşniýetliliginiň peýda bolmaklygy hakynda dileg et (2 Korintoslylar 10:1 seret).
9. *Özüňe erk etmekligiň tohumlaryny ekmeklik.* Özüňe erk etmeklik bir ir-iýmişiň kiçijik düýbüni däl-de, almanyň ullakan agajyny ýadyňa salýandyr. Şeýle ullakan we mynasyp miwe getirip biljek ösümligi seniň ýüregiňde diňe Hudaý oturdyp bilýändir. Özüne erk edip bilmeýän adam hereketleriniň netijelerine seretmän, özüne ýaran zatlary edýändir. Başyňa düşýän synaglara döz gelip beleriň ýaly Hudaýdan güýç sora. «Şonuň üçin bütin gaýraty sarp edip, imanyňyzda artyklygy, artyklykda bilimi, bilimde nebsiňize buýurmagy, nebsiňize buýurmakda sabry, sabyrda takwalygy, takwalykda dogan söýgüsini, dogan söýgüsinde hem Hudaýyň söýgüsini köpeldiň» (2 Petrus 1:5–6). Berk agajyň ösmekligi üçin ýüregiňde özüňe erk etmekligiň tohumlaryny ekmekligi Hudaýdan sora. Islegleriňe we duýgularyňa gözegçilik edip, olary Öz Ruhuna tabyn etdirmekligini Hudaýdan dile. Hudaý saňa hökman özüňe erk edip bilmekligi öwreder.

Eger Mukaddes Ruhuň isleýän miwelerini getirmeklik saňa hiç-de başartmaýan bolsa, onda öz ýüregiňde oňat tohumlary ekip, onda ösen haşal otlary aýyrmaklygy hakynda Hudaýdan sora. Ýüregiňiň topragyny Hudaýyň Sözi bilen iýmitlendir we Hudaýyň suwy bilen günde suwarmaklygy hakynda Mukaddes Ruhdan haýyş et. Eger sen Hudaýa ynamly bolup, hakyky üzüm agajynda bolýan bolsaň, onda seniň ýüregiňde ruhy miwe ýetişer we ol miweden Gökdäki Atamyz razy bolar.

## Dileg

*Eý Hudaý*, meniň ýüregimi barla: onda nähilidir bir erbet tohum ýokmuka? Ýüregimdäki ähli ýamanlygy aýyr. Ýüregime Öz tohumyňy ek we onuň ösüp, ulalmagyna kömek et (Markus 4:8 seret). Oňat miwe getirmekligim üçin Sende, Reb Isada galmaklygyma kömek et. Mukaddes Ruh, Özüňiň sögýiňiň ýakymly ysy bilen meni doldur we goý, ol men arkaly beýlekilere hem ýaýrasyn.

Eý Hudaý Sen Öz Sözüňde şeýle diýipdiň: «Ýüregiňizde Mesihiň parahatçylygy höküm sürsün. Siz bir bedeniň agzalary bolup, bu parahatçylyga çagyrylansyňyz. Minnetdar hem boluň» (Koloseliler 3:15). Eý Hudaý, men Senden haýyş edýärin, goý, Seniň parahatlygyň meniň ýüregimi doldursyn we töweregimdäkiler ony duýup bilsinler. «Parahatlyga, biribirimizi dikeltmäge ýaraýan işler ugrunda» dyrjaşmagyma kömek et (Rimliler 14:19).

Diňe Seni tanap, onsoň duýup bolýan *şatlygy* maňa ber. Adamlar bilen gatnaşygymda maňa *sabyrlylyk* ber, çünki men olara Seniň häsiýetiňi aýan etmeklik isleýärin. Her bir mümkinçilik bolanynda, ýagşylyk etmekligime kömek et we goý, seniň bähbitliligiň men arkaly akyp, hemmeler üçin ýagşylyk

bolsun. Hemmeleriň ynamlaryny ödärim ýaly, maňa ynamdar bolmaklygy öwret. Mende Seniň ýuwaş Ruhuňyň peýda bolmaklygy üçin «Mesihiň ýumşaklygyna we mähribanlygyna» eýe bolmaklygyma kömek et (2 Korintoslylar 10:1). Öz pikirlerime we sözlerime gözegçilik edip bilmegime kömek et.

Eger oňat miwe getirmekligim üçin şahalarymyň kesilmegi zerur bolsa, onda şeýle-de etmegiňi Senden haýyş edýärin. Sensiz hiç zat edip bilmeýändigimi bilýärin. Sen üzüm agajy, men bolsa şahadyryn we oňat hasyl getirmekligim üçin men Sende galmalydyryn. Şu meselede maňa kömek et. Eger men Sende galýan bolsam we Seniň Sözüň mende galýan bolsa, onda dilän zadymy alyp biljekdigim hakyndaky wadaň üçin men gaty minnetdardyryn (Ýahýa 15:7 seret). Eger bir zat dilesem, onda ony hökman aljakdygym baradaky wadaň üçin men minnetdar (Ýahýa 16:24 seret). Özümiň diri suwly derýanyň kenarlarynda oturdylyp, miwesini öz möwsüminde getirýän agaç kimin bolmaklygym hakynda dileg edýärin (Mezmur1:3). Isa Mesihiň ady bilen Senden haýyş edýärin: Öz Ruhuňyň miwelerini mende ýetişdir we goý, ol miweler töweregimdäkilere görnüp, Seniň adyňy şöhratlandyrsyn.

## SENIŇ DILEGIŇI HAS TÄSIRLI EDIP BILJEK MUKADDES KITAPDAN ALNAN AÝATLAR

Ruhuň miwesi bolsa söýgi, şatlyk, parahatlyk, sabyr, mähribanlyk, ýagşylyk, sadyklyk, ýumşaklyk we nebsiňe buýurmaklykdyr. Bu zatlara garşy çykýan kanun ýokdur.

*Galatýalylar 5:22–23*

Men hakyky üzüm agajydyryn, Atam bagbandyr. Mendäki miwe bermeýän her bir şahany Ol keser, miwe berýänini bolsa has-da köp miwe bersin diýip timarlar, tämizlär. Meniň size aýdan sözüm arkaly siz indi tämizsiňiz. Siz Mende galyň, Men hem sizde galaýyn. Üzüm agajyndan aýrylan şahanyň öz-özünden miwe berip bilmeýşi ýaly, Menden aýrylsaňyz, siz hem miwe berip bilmersiňiz. Men üzüm agajydyryn, siz şahalarsyňyz. Kim Mende galýan bolsa we Men kimde galýan bolsam, ol bol miwe berer. Siz Menden üzňe hiç zat edip bilmersiňiz. Kim Mende galmasa, şaha kimin kesilip taşlanar, gurar. Olary ýygnaşdyryp, oda atarlar, olar hem ýanar. Siz Mende galsaňyz, Meniň sözlerim sizde galsa, islän dilegiňiz biter. Siziň köp miwe bermegiňiz bilen Atam şöhratlanar. Şeýlelikde, siz Meniň şägirtlerim bolarsyňyz.

*Ýahýa 15:1–8*

## ON ÜÇÜNJI BAP

# EÝ HUDAÝ, MENI PÄKLIKDE WE GÜNÄSIZLIKDE SAKLA

Goý, bu babyň ady seni birahat etmesin: günäsiz bolmaklyk — bu kämil bolmaklyk diýmeklik däldir. Bu Mukaddes Bolanyň özüňde bolmaklygyna rugsat bermekligi aňladýandyr. Biz günäsiz ýaşamaklyga özbaşdak öwrenip bilmeýändiris, emma biz saýlaw edip bilýändiris we Hudaýyň mukaddesligi bizde peýda bolar. Biz özümiziň saplygymyzy boş edýän her bir ýamanlykdan daşlaşyp, öz höweslerimiz üçin ölüp bilýändiris. Bu dogrudan hem bize başardýandyr, çünki «Mesih Isa degişli bolanlar bedeni hyjuw hem höwesleri bilen birlikde haça çüýländir» diýlendir (Galatýalylar 5:24). Biz mundan beýläk öz tenlerimiziň guly däldiris — biz Hudaýa bagyş edilen päk durmuş bilen ýaşap bilýändiris.

Käwagt adamlardan şeýle sözleri eşitmek mümkin: «Men bihaýa görkezilen zatlara anyk kesgitleme berip bilmeýärin, emma men olary görsem, hökman tapawutlandyryp bilerin». Günäsizlik we päklik bilen ýagdaý has tersinedir: seniň mukaddeslige anyk kesgitleme bermekligiň kyn bolup biler, ýöne eger sen bir adamyň durmuşynda mukaddesligiň alamatlaryny görmeseň, onda dogruçyl bolmaklygyň nämedigine hökman düşünersiň. Aşakda günäsizlikde gezmekligiň ýedi sany häsiýetli

alamatlary getirilendir. Olary okap, sen öz durmuşyňda haýsylarynyň ýetmezçilik edýändigine düşünip bilersiň.

### Günäsizlikde gezmekligiň ýedi sany häsiýetli alamatlary

1. *Günäsizlikde gezmeklik özüňi dünýäden aýyrmaklygy göz öňünde tutýandyr.* Bu diýmeklik ynanmaýanlardan gaçyp, mysal üçin, daga gitmekligi aňladýan däldir. Bu diýmeklik sen bu dünýäniň eý görýän zatlaryny terk edip, onuň deregine Hudaýyň eý görýän zatlaryny kabul etmekligiňi aňladýandyr. Tersine bolaýsa, onda netijeleri gaty elhenç bolup biler: «…dünýä dostlugynyň Hudaýa duşmançylykdygyny bilmeýärsiňizmi? Dünýäniň dosty bolmak isleýän adam özüni Hudaýa duşman edýändir» (Ýakup 4:4). Kim Hudaýa duşman bolmak isleýär?

   Ýaşaýan dünýäňden özüňi aýyrmaklygyň neneň kyndygyny men bilýärin. Emma sende şeýle isleg bar bolsa, onda Hudaýyň kömek etmegini sora. Elbetde, sende saýlaw bardyr: telewideniýe boýunça käbir programmalara seredip-seretmezlik, käbir aýratyn filmlere gidip-gitmezlik, käbir žurnallary okap-okamazlyk, käbir ýerlere baryp-barmazlyk. «Dünýäni, dünýädäki zatlary söýmäň. Biri dünýäni söýýän bolsa, onda Atanyň söýgüsi ýokdur. Çünki dünýäde bolan ähli zatlary: ten höwesleri, göz höwesi we ýaşaýyş tekepbirligi Atadan däl, dünýädendir» (1 Ýahýa 2:15–16). Dünýäniň işlerinden daş durup bilmekligiň we Ony dünýäden hem güýçli söýmekligiň üçin Hudaýdan kömek sora.
2. *Günäsizlikde ýaşamaklyk ýüregiňi arassalamagy göz öňünde tutýandyr*. Ýüregiňi arassalamak — ähli ýamanlyklaryňy ýapýan ak geýimlere geýinmekligi aňladýan däldir. Iş ýüzünde bu mukaddes bolan Hudaýyň öz ýüregiňi arassalamagyny haýyş etmekligi aňladýandyr. Ezelden bäri ýürekde günä ýaşaýandyr. Arassalanmagyň manysy bolsa öz durmuşyňy, pikirleriňi,

hereketleriňi, gatnaşyklaryňy derňäp, özüňi her bir ýamanlykdan arassalamaga girişmekligi aňladýandyr. Biz ahlak we etiki taýdan arassa bolmaklyk çözgüdini kabul edip, hereket etmäge başlamalydyrys. «Oňa umyt baglan her kes Onuň sap bolşy ýaly, özüni saplar» (1 Ýahýa 3:3). «Mukaddes boluň» (Lewiler 19:2 seret) diýmeklik bilen, Hudaý bize şu parzlary berdi: ogurlama, aldama, hilegärlik etme, biderek ýere garalama, ar alma, özüňe butlar ýasama. Bu ýerden biziň ahlaksyzlykdan arassalanandygymyzy subut edýän anyk hereketleri etmelidigimiz gelip çykýar. Biz günäli we mynasyp bolmadyk ýaşaýşy ykrar edýän her bir zatlardan daş durmulydyrys. «…eýsem, sizi çagyranyň mukaddes bolşy ýaly, ähli edim-gylymyňyzda mukaddes boluň. Sebäbi: “Mukaddes boluň, çünki Men mukaddesdirin” diýip ýazylgydyr» (1 Petrus 1:15–16). Öz ýollaryňy üns bilen barlap, Hudaýa ýüzlenmekligi öwrenmekligiň üçin dileg et.

3. *Günäsizlikde ýaşamaklyk ten boýunça däl-de, ruh boýunça ýaşamaklygy göz öňünde tutýandyr.* Durmuşymyzda biziň ten isleglerimiz uly rol oýnaýandyrlar. Biz kimdir birine göz gyzdyrýarysmy? Kimdir biri bilen uruşýarysmy? Öz durmuşymyza günäni bilgeşleýin goýberýärismi? Eger şeýle bolsa, onda biz ten boýunça ýaşaýandyrys. Bu hem bizi öldürýändir. «Çünki tene görä bolanlar tene degişli işlere, Ruha görä bolanlar hem Ruha degişli işlere pikir edýändir. Çünki tene daýanýan pikir ölüm, Ruha daýanýan pikir ýaşaýyşdyr, parahatlykdyr. Sebäbi tene daýanýan pikir Hudaýa duşmançylykdyr, Hudaýyň kanunyna tabyn bolýan däldir, muny başarýan hem däldir. Şonuň üçin teniň hökümi astyndakylar Hudaýyň göwnünden turmagy başarmaz» (Rimliler 8:5–8). Eger sen öz durmuşyňy dogry bahalandyryp bilýän bolsaň, onda orýan miweleriň arkaly tohumy tenemi ýa-da ruha ekendigiňi bilip bilersiň. «Aldanmaň, Hudaý Özüni ýaňsyladýan däldir! Adam näme ekse, şony orar. Çünki öz günäli teninde

ekin eken tenden çüýreme orar, Ruhda eken bolsa Ruhdan ebedi ýaşaýyş orar» (Galatýalylar 6:7–8).

4. *Günäsizlikde ýaşamaklyk zyna günäsinden saklanmaklygy göz öňünde tutýandyr.* Biziň jemgyýetimiziň iň uly azaşmaklygy — onuň zyna günäsine bolan ýeňil kellelik bilen gatnaşyk etmegindedir. Aýallaryň şeýtanyň ýalanyna ynanyp, öz tenlerini satýandyklarynyň Mukaddes Ruhy neneň gamgyn edýändigini göz öňüne getirip bolýandyr. Netijede bolsa şeýle aýallar özlerini Hudaýyň patalaryndan hem mahrum edýändirler. Ýene bir mysal: häzirki nesil özleri üçin özlerini aldamaklygy saýlap, ýanýoldaşyňdan başga biri bilen çaga döremeýän ýagdaýdaky jynsy gatnaşygy günä hasaplamaýar. Netijede bolsa, şeýdip hereketleriňiň netijelerinden gorkman, öz teniňi höweslendirip bolýandyr. «Bir nesil bardyr, öz gözüne päk görünýändir, aslyýetinde bolsa murdarlygyndan ýuwlan däldir» (Süleýmanyň tymsallary 30:12). Islenilmedik göwrelilikden özlerini goramaklyk bilen, adamlar öz janlaryny ýoguna köýýändirler, soňundan bolsa nika gurup, näme üçin är-aýal gatnaşyklaryndan şatlyklarynyň ýoklugyna haýran galýarlar. Günäsizlikde gezmeklik — bu haýsydyr bir täze pikire ýa-da urga eýermeklik däldir (1 Selanikliler 4:3–5 seret). Öz aklyňy, janyňy we teniňi arassa saklamagy hakynda Hudaýa dileg et.
5. *Günäsizlikde gezmeklik Isanyň ady bilen mukaddes bolmaklygy göz öňünde tutýandyr.* Isany öz durmuşymyza çagyrmaklyk bilen, biz indi özümiziň öňki günäli durmuşymyz bilen ýaşap bilmeýändiris. Indi, haçanda Ol bizde ýaşap, Mukaddes Ruh bolsa bizi dolduryp, özgerdeninde, biz özümiziň mynasyp bolmadyk hereketlerimizi aklap bilýän däldiris. «Biz bu isleg boýunça Isa Mesihiň bedeniniň bir gezek hödürlenmegi bilen mukaddes edildik» (Ýewreýler 10:10). «Çünki mukaddes edilenleri diňe bir gurban bilen hemişelik kämillige ýetirdi» (Ýewreýler 10:14). Isanyň ähli zat babatda alada edýändigi sebäpli, bu biziň günäden

goragly bolup, islänimizi edip bilýäris diýmekligi aňladýan däldir. Bu beýle däl. Bu biziň Isada galmaklygymyzy *dowam etdirmegimizi* we günäsizlikde gezmeklik üçin Hudaýyň kömegini dilemegimizi aňladýandyr.

6. *Günäsizlikde gezmeklik Hudaýa ýakynlaşmagy göz öňünde tutýandyr.* Eger biz päklikde we parahatçylykda ýaşap, Hudaýyň ýollaryndan ýöräp, Oňa ýakynlaşmaklyk hakynda alada etmeýän bolsak, onda biz hiç haçan hem Hudaýy görüp bilmeris. «Hemmeler bilen parahatçylykda ýaşamak, mukaddes bolmak üçin tagalla ediň. Mukaddes bolman, hiç kim Rebbi görüp bilmez» (Ýewreýler 10:14). Hudaýyň mukaddesligi we päk durmuş hakynda oýlanmaklyk — ine, bu Hudaýa ýakyn bolmaklygyň ýeke-täk usuly (Mezmur 24:3–4 seret). Hudaýa ýakynlaşmakdan başga hiç bir wajyp zat ýokdur. Her birimiziň durmuşymyzda Hudaýyň öz ýanymyzdadygyny, Onuň ähli dileglerimizi eşidýänligini duýup başlaýan pursatlarymyz bolýandyr. Bizde Hudaý bilen *ylalaşmaga* wagt bolmaz, emma biz Onuň öňünde *jogap* bermeli bolarys. «Emma şuny bilip goýuň, Reb hudaýhon adamy Özi üçin aýryp goýandyr. Ony çagyramda Reb meni eşider» (Mezmur 4:4). Şu wagt dogry ýaşamaklygyň, öz durmuşyňy arassalap, mukaddes etmekligiň wagtydyr, çünki biz öz dileglerimize geljekde jogap almaklyk isleýändiris.
7. *Günäsizlikde gezmeklik Hudaýa doly ynanmaklygy göz öňünde tutýandyr.* Mukaddeslik — bu üstüňe atyp ýa-da çykaryp bolýan geýim däldir. Biz mukaddeslikde ýaşamalydyrys — asyrlaryň jümmüşinden bäri Hudaýyň erki şeýledir. «Ol Öz öňünde söýgüde mukaddes, müýnsüz bolmagymyz üçin, dünýä gurulmazdan öň bizi Mesihde saýlady. Söýgüli Oglunda bize beren şöhratly merhemetiniň öwgüsi üçin, bizi Öz ýagşy niýetli islegine görä, Mesih arkaly öňünden Özi üçin ogullyga belledi» (Efesliler 1:4–6). Hudaý bize mukaddes durmuşa bakan ýoly görkezdi

we Ol bizi päklikde saklar. Eger biziň ýüreklerimiz dogry ýaşaýşy küýseýän bolsa, Hudaý bizi günä etmeklikden saklar.

Ybraýym Saranyň öz aýaly däl-de, aýal dogany diýip Abymelek patyşa aýdanynda, patyşa Sarany öýüne getirdipdi. Emma Hudaý başganyň aýalyny alandygy üçin tizara öljekdigini Abymelege düýşünde açdy. Abymelek şeýle diýdi: «Men bu işi päk ýürek we ynsap bilen etdim» (Gelip çykyş 20:5).

Hudaý Abymelege: «Seniň muny päk ýürekden edendigiňi Men bilýärin. Seni Özüme garşy günä etmeklikden saklan Mendirin. Şonuň üçin seniň oňa el urmagyňa ygtyýar bermedim» diýdi (Gelip çykyş 20:6).

Eger biz dogry ýaşaýan bolsak, onda Hudaý bizi günäden saklar.

Hatda biz günäsizlikde gezmekligi saýlaýan hem bolsak, muny biz Hudaýyň kömegi bolmasa, ýerine ýetirip bilýän däldiris. Çünki Hudaýyň bizi çagyrýan işini edip bilmekligimiz üçin diňe Onuň Özi bize güýç berip bilýändir. Ýöne biz mydama Hudaýdan bu barada haýyş etmelidiris, çünki Hudaý biziň Onuň mukaddesligini küýsäp, ony gözleýändigimizi bilmek isleýändir. Adamlaryň günäsizlikde gezmekligi ýygy-ýygydan terk edýändiklerine seretmezden, olar üçin beýle ýaşaýyş özüneçekijidir. Seni Öz mukaddesliginiň gözelligine birikdirip, durmuşyňy arassalamagy hakynda Hudaýdan kömek sora.

## *Dileg*

*Eý Hudaý*, Sen Öz Sözüňde meni hapalyga däl-de, mukaddeslige çagyrandygyň hakynda aýdýarsyň (1 Selanikliler 4:7 seret). Meni Öz öňünde mukaddes we günäsiz görmeklik Saňa ýakymlydyr. Isanyň ady bilen özümiň ýuwnup, arassalanandygymy bilýärin (1 Korintoslylar 6:11 seret). Sen meni Öz dogrulygyňa geýdirdiň we meni täze mahluk etdiň. «Çyn

dogrulyk hem mukaddeslikde Hudaýyň meňzeşliginde döredilen täze ýaradylyşy geýniň» (Efesliler 4:24). Öz Ruhuňyň güýji bilen meni arassa etmekligiňi dowam et, «ýagşylyga ýapyşmagyma» (Rimliler 12:9 seret) we özümi päk saklamagyma (1 Timoteos 5:22 seret) kömek et.

Eý Hudaý, ähli hapalykdan daş durmaklygyma kömek et; men öz durmuşymy biderek işlere sarp edesim gelmeýär. Meni ähli boş we biderek zatlary tapawutlandyryp bilmeklige öwret we olardan meni daş et. Özümden ähli günäli zatlary aýryp bilmekligime kömek et we Seniň niýetiňiň amala aşmaklygyna kömek edýän zatlary etmekligime isleg ber. Seniň erkiňe laýyklykda ýaşap bilmekligim üçin hoş niýetiňiň amala aşmagyna garşy durýanlaryň baryny öz durmuşymdan aýryp taşlamaklyga kömek et. Özümden ähli butlary aýryp taşlamagyma kömek et. Özümi Seni şöhratlandyrmaýan telegepleşikleri, kinolary we wideofilmleri görmekligimden, kitapdyr žurnallary okamaklygymdan gora. Goý, hiç hili hapa pikirler meniň kelläme gelmesin. Öz ýollarymy barlap, hiç haçan Seniň görkezýän ugruňdan çykmazlygyma kömek et. Seniň öňüňde arassalanmagym üçin ähli gerekli bolan zatlary etmekligime güýç ber.

Eý Hudaý, mukaddeslikde ýaşamaklygy isleýärin, çünki Sen mukaddessiň. Seniň mukaddesligiňe gatnaşygymyň bolmagyna rugsat ber (Ýewreýler 12:10 seret). Goý, meniň ruhum, janym we tenim tegmiltsiz saklansyn (1 Selanikliler 5:23 seret). Özümi mukaddeslige çagyryp: «Sizi çagyran Hudaý ynamdardyr, Ol muny başarar» diýipdiň (1 Selanikliler 5:24). Seniň özüm üçin taýýarlan mirasyňa eýe bolup bilmekligim üçin, meni arassalykda we mukaddeslikde saklajakdygyň baradaky beren wadaň üçin minnetdarlyk bildirýärin.

## SENIŇ DILEGIŇI HAS TÄSIRLI EDIP BILJEK MUKADDES KITAPDAN ALNAN AÝATLAR

Ol Öz öňünde söýgüde mukaddes, müýnsüz bolmagymyz üçin, dünýä gurulmazdan öň bizi Mesihde saýlady.

*Efesliler 1:4*

Ýüregi päkler bagtlydyr, çünki olar Hudaýy görerler.

*Matta 5:8*

Bir uly öýde diňe gyzyl, kümüş gaplar däl, eýsem, agaç we toprakdan ýasalan gaplar-da bardyr. Olaryň käbiri abraýly, käbiri bolsa abraýsyz iş üçindir. Şeýlelikde, eger biri özüni bu abraýsyz işlerden tämizlese, onda ol hormatly maksatlara ýaraşykly, mukaddes edilen, hojaýynyna peýdaly we her bir oňat işe taýýar gap bolar.

*1 Timoteos 2:20–21*

Eý, söýgüli doganlar, bu wadalarymyzyň barlygyna görä, her hili ten we ruh pisliginden tämizlenip, Hudaýdan gorkmakda mukaddesligi kämilleşdireliň.

*1 Korintoslylar 7:1*

Ol ýerde şaýol we ýol bolar, oňa mukaddes ýol diýiler; ondan murdar adam geçmän, ol diňe şol ýoldan ýöreýänleriňki bolar; onda mön adamlar-da azaşmaz. Ol ýerde arslan bolmaz; ýyrtyjy haýwan oňa çykmaz, onda tapylmaz; ondan diňe gutulanlar ýörärler. Rebbiň gutaranlary öwrülip, nagma bilen Siona bararlar, baky şatlyk olaryň başynda bolar; olar begenje, şatlyga gowuşarlar, gaýgy we ahy-nala gaçyp gider.

*Işaýa 35:8–10*

## ON DÖRDÜNJI BAP

# EÝ HUDAÝ, MENI ÇAGYRAN IŞIŇE MYNASYP BOLMAKLYGYMA KÖMEK ET

Çagalarym ulalanlarynda, men olaryň durmuşlarynyň maksatlaryny we özleri üçin Hudaýyň niýetini görüp bilmekleri üçin dileg etdim. Hudaýyň özleri üçin kesgitlän beýik maksatlary hakynda hiç hili düşünjeleriniň ýoklugy sebäpli, öz durmuşlaryny biderek geçirýän ençeme ýaşlary men bilýärin. Ýaşlygymda meniň özüm hem öz niýetlerim hakynda hiç zat bilmeýärdim we şonuň üçin hem meniň durmuşym üstünlikli bolmady. Elbetde, men öz çagalarym üçin iň oňat ykbaly arzuw edýärin. Meniň dileglerim jogapsyz galmady, çünki çagalarym öz durmuşlarynyň maksatlaryny görýärler. Şu gün olar ýigrimi ýaşlaryndan hem uly we olar öz ukyplaryny ösdürmeklerini dowam etdirýärler, olaryň durmuş ýollary bolsa gitdigiçe aýdyňlaşýar. Olar özleriniň geljeklerini jikme-jik bilmeýän hem bolsalar, özlerinde ol geljegiň bardygyny we onuň ajaýypdygyny bilýärler.

Men «Ata-enäniň dileginiň güýji» atly kitabymyň üstünde işläp, çagalarym üçin dilege kyn wagtymy sarp edinimde, maňa ençeme hatlar geldi. Ol hatlarda adamlar özleriniň başdan geçirmeleri bilen paýlaşýarlar. Özleri üçin çagalyklarynda hiç kimiň dileg etmändigi üçin köpler gynanýan ekenler. Olar öz durmuşlarynyň manysyny gözlemeklige kän wagtlaryny sarp edendiklerinden we özleri üçin Hudaýyň

kesgitlän maksatlaryny goýberendiklerinden gaty gorkýan ekenler. Men ol adamlara şeýle diýmeklik bilen teselli bermäge synanyşdym: «Maksadyňyza eltýän Hudaýyň öz öňüňizde goýan ýolundan näçe çykan hem bolsaňyz, Ol siziň şu wagt duran ýeriňizden başlap, barmaly maksadyňyza tarap ýoly täzeden siziň üçin goýýandyr we eger siz öz durmuşyňyzy Oňa doly tabşyryp, Ondan baglydygyňyzy boýun alsaňyz, onda Hudaý sizi şol ýola ýene-de salar. Elbetde, bu maksada ýetmegiňiz üçin dogry ýol bilen ýörän wagtyňyzdakydan kän wagt talap edilýändir. Emma eger Hudaýa üznüksiz eýerýän bolsaňyz, Ol sizi barmaly ýeriňize eltjekdigini biliň.

Seniň «otluň bireýýäm gidendir» diýip, hiç haçan hem pikir etme. Hudaýyň sylaglarynyň, çakylygynyň yzyna alynmajakdygy hakynda Mukaddes Kitapda aýdylandyr (Rimliler 11:29 seret). Diýmek, Hudaý tarapyndan saňa berlen sylaglar we başarjaňlyklar hiç haçan hem yzyna alynmaz. Onuň sylaglary mydama seniň bilendir. Emma bu Mukaddes Ruhuň sende işlemekligine täsir etmekligine degişli däldir. Mukaddes Ruhuň saňa täsir etmekliginden toba edilmedik günä zerarly mahrum bolup bilersiň. Biz adamlaryň ahlaksyz edýän hereketlerini ençeme gezek gördük, ýöne olar özleriniň ukyplyklaryny boş ýere ýitirip, Mukaddes Ruhuň özlerini taşlandyklaryna düşünmediler. Günä olaryň gözlerini kör etdi we olar özleriniň nämäni ýitirýändiklerini hatda aňlap hem bilmediler.

## Her kimde hem maksat bardyr

Her bir aýalyň öz maksatnamasy bardyr, emma olaryň her biri muňa düşünýän däldir. Eger bizde öz maksatnamamyz babatda aýdyň öňden görüjilik bolmasa, onda biz hökman birinden görelde almaga ýa-da özümizi iş ýüzündäkisinden artyk alyp barmaga başlaýandyrys. Şeýle-de, biz özümizi beýlekiler bilen deňeşdirip, özümizi betbagt hasaplaýandyrys.

Eger biz özümiz baradaky göz öňüne tutmalarymyza laýyk gelýän bolmasak, onda öz-özümizden nägile bolup, özümizi ejiz we biçäre duýup başlaýandyrys. Netijede biz özümizi ýigrenýäris, durmuşymyz bize boş ýaly görnüp başlaýandyr, özümizi derňemäge başlaýandyrys we diňe özümiziň nähili *bolmalydygymyz* hakynda oýa batýandyrys. Bularyň bary bizi öz durmuşymyzy göz öňüne getirýänimize laýyklykda düzetmäge girişmäge mejbur etdirýändir. Hiç bolmanda, biz öz-özümize ýalan sözläp başlaýandyrys we netijede özümiz barada nädogry düşünje döredýändiris. Durmuşlarynyň ugurlaryny we maksatlaryny ýitiren adamlary tanamaklyk gaty aňsatdyr. Çünki beýle adamlar öz töwereginde howsalalyk, kanagatlanmasyzlyk we alada ýaly duýgulary döredýändirler.

Hudaý seniň üçin beýle ykbaly isleýän däldir. Ol seniň öz durmuşyňyň maksadyna anyk düşünmegiňi isleýändir; Ol Özüniň saňa beren sylaglaryny aýan edip, olary Öz Sözüne laýyklykda ösdürmekligi isleýändir.

## Özüňiň kimdigiňi we nirä gidýändigiňi bil

«Öňünden kesgitlemek» sözi kesgitli bir maksadyň bardygyny göz öňünde tutýar. Mukaddes Kitap biziň her birimiziň Hudaýyň niýetine we erkine laýyklykda maksatnamamyzyň bardygyny aýdýar (Efesliler 1:11 seret). Munuň yzysüre, Hudaýyň seniň nirä gitmelidigiňi we ol ýere nädip seni eltmelidigini hem bilýändir. Emma sen öz durmuşyňyň maksadyny bilibem, öz Ýaradyjyň bilen ýakyn gatnaşykda bolmasaň, onda ol maksada ýetip bilýän dälsiň. Eger sen Hudaý bilen gürleşýän bolmasaň, onda gowşaklyk pursatlaryňyň birinde, mysal üçin, güýçli gaharly ýa-da duýguly bolan mahalyňda, sen özüňi we öz sylagyňy satyp bilersiň. Täzelikleri diňläp, biz günde adamlaryň özlerine biwepalyk edýändikleri hakynda eşidýändiris. Eger sen Hudaý bilen ýakyn gatnaşykda ýaşaýan bolsaň, onda hiç haçan hem Onuň özüňe tabşyran işine biparh seredip bilmersiň. Sen öz durmuşyňyň duşman üçin olja bolup, ýeňil kellelik bilen kabul edilen kararlar esasynda darmagyna ýol bermersiň.

Ejizlik we gowşaklyk duýgularyny günä diýmeklik adalatly dälmikä öýdýän. Bu ýatany urmaklyk bilen deň bolsa gerek. Emma özüňe ýerlikli ynamly bolmaklygyň özünde bolmazlygy ynamsyzlygyň netijesidir, ynamsyzlyk bolsa günädir, çünki ol Hudaýa bolan ynamyň ýoklugy hakynda şaýatlyk edýändir. Eger biz özümize we özümize tabşyrylan işe ynamly bolmasak, onda diýmek biz öz durmuşymyzy Hudaýa ynanýan däldiris we Onuň Öz Sözünde özümiz hakynda aýdanlaryna ynanýan däldiris. Ynamsyzlyk biziň ünsümizi Hudaýa we Onuň isleglerine dälde, özümize jemlemäge mejbur etdirýändir. Her bir aýal öz durmuşynda käbir täsin zatlary amala aşyrmaklyk hakynda arzuw edýändir we olaryň her birinde ol beýik zatlary amala aşyrmaklyk üçin başarjaňlyk bardyr. Bu biziň Hudaýa degişlidigimiz we Onuň Ruhunyň bizde ýaşaýanlygy bilen düşündirilýändir. Onuň güýjüniň bizde bolýandygy sebäpli, Ol biz *arkaly* beýik täsinlikleri amala aşyryp bilýändir. Biz diňe bir zat hakynda oýlanmalydyrys — Hudaýyň gözüniň alnyndaky üstünlik bilen adamlaryň alnyndaky üstünligi çalyşmaly däldiris. Bu dünýäniň adamlary işleri bilen özlerini şöhratlandyrýandyrlar, Hudaýyň perzentleri bolsa Hudaýda şöhratlanýandyrlar. «Reb şeýle diýýär: hikmetli hikmeti bilen öwünmesin, güýçli güýji bilen öwünmesin, baý baýlygy bilen öwünmesin.

Öwünýän munuň bilen, ýagny düşünjeliligi we ýer ýüzünde mähribanlyk, adalat we dogrulyk edýän Rebbiň Mendigimi bilýänligi bilen öwünsin…» (Ýirmeýa 9:23–24). Sen özüňiň Hudaýa degişlidigiňi bilip, öz durmuşyňa Onuň ýolbaşçylyk etmekligine ýol berseň, onda sen özüňi doly howpsuzlykda duýýansyň.

## Öz arzuwlaryňy Hudaýa ynan

Eger biz ähli isleglerimizi we arzuwlarymyzy Hudaýa ynanmaýan bolsak, onda Onuň özümiz üçin taýýarlan mirasyny hiç haçan hem alyp bilmejekdigimize we özümizi ýaradyşy ýaly bolup bilmejekdigimize men düşündim. Isa şeýle diýipdi: «…çünki kim janyny halas etmek

islese, ony ýitirer, ýöne kim öz janyny Meniň ugrumda ýitirse, ony halas eder» (Matta 16:25). Munuň yzysüre, Hudaýda gaçybatalga tapmaklygymyz üçin biz öz meýilnamalarymyzdan elimizi üzüp, şeýle diýmelidiris: «Meniň erkim däl-de, goý, Seniň erkiň amala aşsyn, eý Hudaý». Bu aňsat däldir, çünki öz meýilnamalarymyzdan el üzmeklik biziň üçin aňsat iş däldir. Emma biz ýüregimize Hudaý tarapyndan gelmedik ähli arzuwlary Onuň aýryp taşlap, olaryň ýerine Özüne ýakymly bolan islegleri goýmagy hakynda soramalydyrys.

Eger seniň meýilnamalaryň Hudaýyň niýetine gabat gelmeýän bolsa, onda Ol şol islegleriňiň amala aşmaklygyna ýol bermän, saňa Öz erkini açar. Öz arzuwlaryňdan el üzmeklik gaty kyn we agyr bolup bilýändir, aýratyn hem eger sen ol arzuwlar bilen bütin ömür ýaşap, şu güne çenli hem olara berk ýapyşýan bolsaň. Emma Hudaýyň pata bermeýän maksatlaryňy amala aşyrmaklyga dyrjaşmaklyk dogrumyka? Şeýle ýagdaýda lapykeçlik seni mydama yzarlajakdyr, arzuwyň bolsa hiç-de ýerine ýetmän galýandyr. Sen öz ýüregiňe Hudaýyň ornaşdyran arzuwlary bilen ýaşamalysyň.

Ýöne eger seniň islegleriň Hudaýdan hem bolsa, olary sen hökman Oňa tabşyrmalysyň, çünki Hudaý seniň ýüregiňiň hususy arzuwlaryna däl-de, Özüne bagly bolmaklygyny isleýändir. Olary amala aşyrjak bolup, güýçden gaçmagyňy Ol isleýän däldir. Oňa seniň ynamyň gerekdir we şonda Onuň Özi seniň arzuwlaryňy durmuşa geçirer.

## Öz işiňi tap

Biziň ählimize hem ýerde ýaşamaklygymyzyň manysyna düşünmekligimiz wajypdyr. Kesgitli bir maksat bilen döredilendigimizi hemmämiz hem bilmelidiris, ýagny biziň her birimiz kesgitli anyk bir iş üçin ýaradylandyrys. Özümiziň şol etmeli işimizi edip başlanymyza çenli biz hiç haçan hem hakyky bagta eýe bolup bilmeýändiris. Ýöne eger biz az zatda Hudaýa bolan ynamymyzy subut edip bilmesek, onda özümize

garaşýan beýik zady Ol bize açmaz. Şonuň üçin eger sen şu wagt bir kiçi iş bilen meşgullanmaly bolsaň, onda ony şatlyk bilen et! Hudaý seni özüňe geljekde garaşýan beýik işler üçin taýýarlaýandyr.

Eger Hudaý seni Öz niýetine laýyklykda özüň üçin öňünden taýýarlan ýerine henizem goýmadyk bolsa, bireýýäm giç bolandyr diýip, hiç haçan hem umytdan düşme. Eger sen Hudaýa ynanýan bolsaň, öz işiňi tapmaklyk üçin *hiç haçan* hem giç bolýan däldir. Meniň durmuşymdan ähli zat giç bolup geçdi: Hudaýa men 28 ýaşymda geldim, äre-de giç çykdym, çagalarym hem giç doguldylar, kyrk ýaşymdan geçenimde, men hünärmen ýazyjy boldum. Eger sen henizem dem almagyňy dowam etdirýän bolsaň, onda maňa ynanaý: Hudaýda sen babatda oňat niýeti bar; Onda seniň üçin hut *şu wagt* iş bardyr.

Eger Hudaýyň niýetindäki aýratyn roluňa henizem ynamly bolmasaň, onda beýlekiler üçin towellaçylyk edip başla. Beýlekiler üçin dileg etmeklik — bu biziň borjumyz ahyryn. Öz ýygnagyňda hyzmat edip başla, çünki biziň barymyz hem Ýygnagyň öňünde edil Mesihiň Teniniň öňünde bolşy ýaly pes göwünli bolmaklyga çagyrylandyrys. Eger biz bulary edýän bolsak, onda Hudaý bizi täze orunlara galdyrar.

«Hudaý bizi eden işlerimize görä däl-de, maksat hem merhemetine görä gutaryp, mukaddes ýaşaýşa çagyrdy. Bu merhemet bize ezelden Mesih Isada berdi» (2 Timoteos 1:9). Şu aýatda aýdylanlar üçin Hudaýa minnetdar bolmaklygy ýatdan çykarmalyň. «Biziň özümize berlen merhemet boýunça, aýry-aýry sylaglarymyz bardyr…» (Rimliler 12:6). «…ýöne her kişiniň Hudaýdan öz sylagy bardyr; biriniňki bir hili, başga biriniňki başga hilidir» (1 Korintoslylar 7:7). «Ýöne Reb her kesi nähili bellän bolsa, Hudaý kimi nähili çagyran bolsa, ol şeýle gezsin» (1 Korintoslylar 7:17).

Men şu wagt resul Pawlusyň dileglerine goşulmak isleýärin — «Rebbimiz Isa Mesihiň Hudaýy, şöhratly Ata Özüni tanamakda size akyldarlyk hem ylham ruhuny bersin diýip dileg edýärin.

Onuň çakylygynyň beren umydyny, mukaddeslerdäki mirasynyň şöhratly baýlygyny, biz iman edenlerde bolan güýjüniň biçak uludygyny

biler ýaly, ýüregiňiziň gözleri aýdyňlansyn diýip dileg edýärin» (Efesliler 1:17–19).

Gadyrly dogan, öz durmuşyňda Hudaýyň käbir wajyp zatlary amala aşyrmaklygy niýet edinendigini ýadyňdan çykarma we Onuň bu niýeti seniň ýagşylygyň üçin hyzmat eder.

## Dileg

*Eý Hudaý*, mukaddeslik adyna özümiň mynasyp bolandygym üçin däl-de, Isa Mesihde özüme beren merhemetiň üçin eýe bolandygym sebäpli Saňa minnetdarlyk bildirýärin (2 Timoteos 1:9 seret). Seniň niýetiňiň heniz Saňa ynanmamkam hem bolandygyny we Ony Seniň hökman amala aşyrjakdygyňy men bilýändirin. Meniň öz çagyrylyşyma mynasyp gezmekligime kömek et (Efesliler 4:1 seret). Özüm üçin Seniň aýratyn hyzmaty taýýarlap, aýratyn ykbaly kesgitländigiňi bilýärin.

Durmuşymyň maksadyna düşünip, seniň çakylygyňy eşidip bilmekligime kömek et. Meni tekepbirlikden, men-menlikden we Seniň patalaryňy alyp bilmekligime päsgel berýän ähli zatlardan azat et. Men Sen tarapdan goýlan maksadyň gapdalyndan geçmekligi islemeýärin. Men Sen tarapyndan özüm üçin kesgitlenen ýol bilen gitmekligi isleýärin. Seniň üçin ýaşamadyk her bir günüm üçin Senden ötünç soraýaryn. Mundan beýläk Seniň erkiňe we niýetiňe laýyklykda ýaşamagyma kömek et.

Eý Hudaý, maňa öz çagyrylyşyma düşünmegime kömek et. Durmuşymdan her bir umytsyzlygyň we lapykeçligiň duýgularyny kow we olaryň deregine özüm arkaly hereket edip başlanyňda, Seniň barlygyňdan şatlygy duýmaklygyma kömek et. Meni ýolumda duş gelýän adamlaryň üýtgemeklerinde Öz guralyň hökmünde ulan. Seniň saýlan wagtyňyň kämildigine

ynanyp bilmeklige maňa ynam ber. Eger Sen özümi bir işe çagyrýan bolsaň, onda ony ýerine ýetirmäge güýç hem berjekdigiňi men bilýärin.

Men Senden haýyş edýärin: goý, meniň ünsümi Seniň erkiňi ýerine ýetirmeklikden hiç zat hem sowmasyn; Sen tarapdan özüm üçin bellenilen işden hiç haçan hem gaça durmagyma ýol berme. Durmuş ýollaryma anyk göz ýetirip bilmeklik we öz maksadyma aýdyň düşünje ber. Men bütinleý özümi Saňa ynanýaryn we öz ykbalymy Seniň eliňe tabşyrýaryn. Seniň erkiňe laýyklykda hereket edip, ýaşaýandygymy ýa-da däldigimi maňa açyp görkez. Öz durmuşymda Seniň edýän üýtgeşikleriňiň wagt bilen synagdan sag-aman geçmekligi hakynda haýyş edýärin. Sen tarapdan özüm üçin bellenilmedik işleri edip, wagtymy boş geçirmekligi men islemeýärin. Özümiň şu wagtky ýagdaýymdan kanagatlanarly bolmaklygyma kömek et, çünki ol ýagdaýda özümi hemişelik goýmajakdygyňa men düşünýärin.

Eý Hudaý, Özüň tarapdan çagyrylanlar üçin bar zadyň ýagşylyga bolýandygyny men bilýärin (Rimliler 8:28 seret). Seniň maksadyňyň nämeden durýandygyny bilýänligimi göz etmekligi men islemeýärin. Men öz ykbalymy bilmeklik üçin elimden gelen usullary ulanmaklygy islemeýärin. Çünki men Saňa ynanýaryn we ähli zadyň durmuşymda Seniň bellän wagtynda bolup geçmekligini isleýärin. Şonuň üçin hem Senden haýyş edýärin, eý Hudaý, özüme beren sylaglaryňy we başarjaňlyklaryňy men görüp bileýin. Kämil bolup bilmekligim üçin, meni durmuş ýollary boýunça Özüň alyp bar. Seniň maňa beren ähli sylaglaryňy erkiň boýunça Seniň şöhratyň üçin ulanmaklygyma kömek et.

## SENIŇ DILEGIŇI HAS TÄSIRLI EDIP BILJEK MUKADDES KITAPDAN ALNAN AÝATLAR

Şeýlelikde, Reb ugrunda bendi bolan men sizden çagyrylyşyňyza mynasyp gezmegi haýyş edýärin. Pes göwünlilik, ýumşaklyk bilen, sabyr hem söýgi bilen birek-birege sabyr-takatly boluň. Ruhuň birligini parahatlyk bagy bilen goramaga gaýrat ediň.

*Efesliler 4:1–3*

Herki zady Öz isleginiň karary boýunça emele getiren Hudaýyň maksadyna görä öňünden bellenip, Mesihe öňden umyt baglan biz Onuň şöhratynyň tarypy üçin ýaşar ýaly, Onda saýlandyk.

*Efesliler 1:11–12*

Şonuň üçin, eý doganlar, çagyrylmagyňyzy, saýlanmagyňyzy berkitmek üçin, köpräk gaýrat ediň. Şeýle etseňiz, asla büdremersiňiz.

*2 Petrus 1:10*

Emma siz özüňizi tümlükden ajaýyp nuruna çagyran Hudaýyň şöhratly işlerini yglan etmäge saýlanan nesil, Patyşanyň ruhanylary, mukaddes millet, Hudaýa degişli halksyňyz.

*1 Petrus 2:9*

Ol öňden bellänlerini-de çagyrdy, çagyranlaryny-da aklady, aklanlaryny-da şöhratlandyrdy.

*Rimliler 8:30*

## ON BÄŞINJI BAP

# EÝ HUDAÝ, ADAMLAR BILEN DOGRY GATNAŞYKLARY ÝOLA GOÝMAKLYGYMA KÖMEK ET

Bir gezek men Los-Anjelesli gangster topary bilen bolan gürrüňdeşligi radio boýunça diňledim. Şol wagtlar şäherde jenaýatçylygyň derejesi gaty beýikdi. Garakçylar öz maşynlarynyň aýnalaryndan göni adamlara tarap ot açýardylar, dürli toparlaryň agzalary tarapyndan ençeme gezek adam öldürmek gurnalýardy. Şol gepleşigiň gatnaşyjylary bolan ýaş ýigitler garakçylar toparyna girmeklerini, özleriniň haýsy hem bolsa bir topara degişli bolmaklyk islegleri bilen düşündirdiler. Olar haýsy hem bolsa bir jenaýatçy toparyň agzalary bolup, ol toparyň agzalarynyň göwünlerinden turmaklyk üçin, ähli zady etmäge-de taýyndyklaryny ýüregiňi doňduryp barýan gönülik bilen aýtdylar. Munuň üçin olar hatda öldürmäge-de taýyndylar.

Eger sen özüňe duş gelen ilkinji adamy öldürip bilýän bolsaň, biňe şonda özüňiň şol topatyň deňhukukly agzasy bolup biljekdigiň hakynda olaryň käbirleri aç-açan gürrüň berdiler. Şeýle öldürmekligiň sebäbi, täze agzadan edilýän talaba laýyk gelip, öz toparyň üçin ähli zada taýýarlygyňy subut etmeklik bilen düşündirilýär. Şol ýaş ýigitleriň käbirleri özleriniň şeýle şertnamalar bilen ylalaşman, başga şertler arkaly garakçylara goşulmak isleýändiklerini aýtdylar. Emma jenaýatçylar jemgyýetine degişli bolmaklyk isleginiň üstün bolandygy sebäpli, olar şol şertler

bilen ylalaşmaly bolupdyrlar. Bu aç-açan gürrüňler bizi-ýerli ýaşaýjylary elhenç gorka saldy we biz özümiziň goragsyzdygymyza düşündik.

Öz öýüniň golaýynda parahat gezip ýörän bir dostumyzyň ýanyna iki sany ýaş ýigit gelipdir. Şu ikisi bolsa şol gün ýuwaş we ýakymly köçe boýunça gezmeläp, biziň dostumyza duş gelipdirler. Ýigitleriň biri jübüsinden sapançany çykaryp, biziň dostumyzyň göni maňlaýyndan atypdyr we ol ýerden güm bolupdyr. Ne ogurlyk, ne-de başga hili bir iş bolmandyr. Emma biziň dostumyzy perişde goran bolsa gerek, çünki ol diri galdy. Ýöne diri galandygyna seretmezden, ol mundan beýläk özüniň halaýan hünäri boýunça işläp bilmedi we sagalmaklygy üçin ençeme ýyllary ýitirmeli boldy.

Gepleşige gatnaşýan ýaş ýigitler garakçylar toparyndan daşarda öz durmuşlarynyň manysyny görüp bilmeýärdiler. Olaryň köşpleri atasyz terbiýelenipdiler, käbirleri bolsa ýetim çagalar bolupdyrlar. Eger şol ýaş ýigitler berk maşgalada ulalyp, ýakyn adamlaryň söýgüsini duýan bolsadylar, onda olar hiç haçan hem bu nädogry ýola düşmezdiler. Bu adamlaryň bir-birlerine gaty mätäçdiklerini ýene bir gezek subut edýändir. Eger maşgalada agzalaryň arasynda oňat gatnaşyk gurlan bolmasa, onda çagalar şeýle gatnaşyklary köçeden gözläp başlaýandyrlar we netijede jenaýatçylyga baş goşýandyrlar. Şeýdip hem garakçylar topary döreýändir.

Biziň barymyz hem maşgala, dostlara we haýsydyr bolsa bir adamzat jemgyýetine degişli bolmaklyk duýgusyna mätäçdiris. Eger sen şeýle talaby duýmaýan bolsaň, onda diýmek bu talap seniň durmuşyňda kanagatlandyrylandyr. Hudaý bizi maşgala durmuşy üçin döretdi. Bizde tebigy açlyk — haýsydyr bolsa bir jemgyýetiň bir bölegi bolmaklyk, oňa degişli bolmaklyk islegi ýaşaýandyr. Biz özümiziň kimdir birine gereklidigimizden rahatlyk tapyp, onda ynamly bolmaklygy isleýändiris. Emma eger biziň ýerdäki ata-enemiz berk maşgala gurup bilmedik bolsalar-da, biz lapykeç bolmaly däldiris, çünki biziň üçin oňat habar bardyr: Hudaý bizi *ruhy* maşgala girizýändir we bu gaty wajypdyr.

## Ruhy maşgala eýe bolmaklyk gaty wajypdyr

Hudaý — biziň Atamyz. Biz — Onuň perzentleri. Munuň yzysüre, Isa Mesihe ynanýanlaryň bary — doganlar. Bir öýe sygdyrar ýaly, biz gaty köplükdiris, şonuň üçin hem Hudaý bizi dürli öýlerde ýerleşdirýändir we ol öýleri biz ýygnak diýip atlandyrýarys. Ýygnak maşgalasyndaky biziň bir-birimize bolan gatnaşyklarymyzdan köp baglydyr. Ýygnakdaky adamlar bilen gurýan gatnaşyklarymyz biziň ruhy ösüşimize täsir edýändir. Biz Hudaýyň öz durmuşymyza girizen adamlaryndan daş durmaklyk bilen, hiç haçan hem öz maksadymyza ýetip bilmeýändiris. Bu diýmeklik, ol adamlar biziň öz maksatlarymyza ýetmegimize kömek edýärler diýmekligi aňladýan däldir. Emma olar bilen gürrüňdeşlik biziň üstünligimize uly täsir edýändir.

Öz durmuş ýollarynda Hudaý bilen gidýän adamlar bilen oňat gatnaşygy saklamaklyk biziň üçin gaty wajypdyr. Çyn ýürekden ynanýan adamlar bilen gatnaşygymyzyň netijesinde, bizde olaryň öňünde jogapkärçiligimiz peýda bolýandyr, olarda bolsa, öz gezeginde, özleriniň gatnaşyk edýän has hem ruhy taýdan güýçlüräk bolan ýolbaşçylarynyň öňünde jogapkärçilik duýgulary peýda bolýandyr. Ähliminiziň hem aldanýandygymyz sebäpli, has ýetişen mesihä tabyn bolmaklygymyz biziň her birimiz üçin hem gaty wajypdyr. Biziň her birimiziň hem gowşaklyklarymyz bardyr, şonuň üçin hem özümizi we özümiziň durmuşymyzy hakykat arkaly görüp bilýän adamlara biz mätäçdiris. Adalatly ýazgarmanyň dargadyp bilmeýän gatnaşyklara biziň her birimiz hem mätäçdiris.

Bu diýmeklik, ýygnagyň ýolbaşçylay we beýleki agzalary bilen sende hiç hili kynçylygyň bolmajakdygyny aňladýan däldir. Emma her bir dürli pikirliligi özüňiň nädogry ýerde durýanlygyň hökmünde kabul etmeli dälsiň. *Her bir* gatnaşyk hem kämilleşdirilmäge we arassalanmaklyga mätäçdir. Gatnaşykdaky kynçylyklary ýeňip geçmiklik — dostlugy diňe baýadýandyr. Emma her dürli bolsa-da, biziň ruhy maşgaladaky gatnaşyklarymyz dileg goldawyna mätäçdir.

Seniň duşmanyň seni ruhy maşgalaňyň ýa-da Hudaýyň adamlarynyň arasynda görmeklik islemeýändir, çünki saňa bu dostlugyň neneň oňat täsir etjekdigini ol bilýändir. Ol ruhy maşgalaňyň kömegi bolmasa, seniň ruhda ösüp bilmejekdigiňi bilýär. Ol ruhy maşgalaňa birikmekligiň bolmanynda, oňa özüňi bagyş etmäniňde, isläp-islemeýändigiňe seretmezden, seniň nägileleriň arasynda boljakdygyňy bilýändir. Öz ruhy maşgalaňyň agzalary bilen gatnaşygy saklamasaň, onda Hudaýyň ýaradyşy ýaly özüňiň bolup bilmejekdigiňi duşmanyň gowy bilýändir. Şonuň üçin hem ol seni bu gatnaşykdan aýyrmaklyk üçin elinden geleni edýändir we şonuň üçin hem sen çyn ýürekden ynanýan adamlar bilen özüňiň gatnaşygyň hakynda dileg etmelisiň.

## Dostlardan hem uly

Mukaddes Kitapda dostlary dogry saýlamaklyk hakynda gaty kän aýdylandyr we şonuň üçin hem biz bu mowzuk hakynda gürrüň etmän bilmeris. «Dogry adam goňşusyna ýol görkezýändir; erbetleriň ýoly bolsa olary azaşdyrýandyr» (Süleýmanyň tymsallary 12:26). Eger wagtyň geçmegi bilen biz dogrudan hem dostlarymyza meňzeş bolýan bolsak, onda dostlarymyzy akyldarlyk we seresaplyk bilen saýlamalydyrys. Ýakyn dostlarymyzy saýlamaklykda daş-keşp, başarjaňlyk, baýlyk, akyl, bir adamyň gatnaşyklary ýa-da tanymallygy bizi özüne çekmesin. Bizi gyzyklandyrýan iň esasy zat — bu dost edinjek adamymyzyň Huda-ýa bolan söýgüsi we hormatydyr. Eger sende Hudaýyň kämil erkini ýerine ýetirmeklige ymtylýan dost bar bolsa, onda onuň bilen gürrüňdeşligiň seni Hudaýyň ýagşylygyndan dolduryan adamyňyň bardygyny bilip goý.

Ynanmaýan we özümize ýat bolan adamlar bilen berk gatnaşyk etmekligimiz Hudaýa ýakymly däldir, ýöne bu diýmeklik, mundan beýläk biziň Hudaýy tanamaýan ähli adamlardan gaça durmaly diýmekligi aňladýan däldir. Bu hiç-de beýle däldir. Biz — Hudaýyň Sözüniň

ynanmaýanlaryň arasynda ýaýradylmagy üçin niýetlenen ýaraglardyrys. Emma durmuşymyza täsir adýän ýakyn gatnaşyklar hakynda aýdanymyzda bolsa, biz ol gatnaşyklary akyldarlyk bilen gurnamalydyrys, ünsümizi Hudaýy söýýän we Oňa hormat goýýan adamlarda saklamalydyrys. Eger sende ýakyn mesihi-dostlaryň bolmasa, onda Hudaýdan bolan adamlaryň öz durmuşyňa girip, özüňiň hakyky dostlaryň bolmaklary üçin dileg et.

## Hakyky dosty tapawutlandyrýan ýedi sany esasy alamatlar

1. *Hakyky dost hakykaty söýgi bilen aýdýandyr.* «Dostuň salýan ýaralary hoş niýetlidir; emma duşmanyň posalary boldur» (Süleýmanyň tymsallary 27:6).
2. *Hakyky dost akylly maslahat berýändir.* «Ýag we atyr ýüregi şatlandyrýandyr; dostuň süýjüligi ýürekden berlen maslahatyndandyr» (Süleýmanyň tymsallary 27:9).
3. *Hakyky dost saňa ýüregiňi arassalamaga kömek edýändir.* «Demir demri ýiteldýändir; adam hem öz dostunyň ýitelmegini gazanýandyr» (Süleýmanyň tymsallary 27:17).
4. *Hakyky dost seniň akylly bolmaklygyňa kömek edýändir.* «Akyldarlar bilen gezýän adam akyldar bolar; akylsyzlaryň dosty bolsa zelel çeker» (Süleýmanyň tymsallary 13:20).
5. *Hakyky dost saňa bagly bolýandyr.* «Tanyş-bilişi köp bolan özüni helákler; emma dogandan hem ýakyn dost bardyr» (Süleýmanyň tymsallary 18:24).
6. *Hakyky dost mydama ýanyňdadyr.* «Dost her wagt söýýändir; dogan bolsa aladaly gün üçin doglandyr» (Süleýmanyň tymsallary 17:17).
7. *Hakyky dost — betbagtçylykda kömekçidir.* «Iki kişi bir kişiden gowudyr; çünki zähmetleri üçin ýagşy muzdlary bardyr. Çünki biri ýykylsa, beýlekisi ýoldaşyny galdyrar. Ýykylan ýekäniň bolsa halyna waý! Ýykylanynda ony galdyrjak ýokdur» (Wagyzçy 4:9–10).

Eger sende ýokarda agzalan häsiýetlere mahsus bolan bost bar bolsa, onda olar bilen dostlugyňy gorap, hökman dileg et. Eger seniň dostlaryň ýokarda agzalan häsiýetlere eýe bolmasalar, onda olar üçin dileg et.

## Ýalan dosty tapawutlandyrýan ýedi sany esasy alamatlar

1. *Ýalan dost ahlaksyzdyr we töwerekdäkiler bilen hormatsyz gatnaşyk edýändir*. «…Ýöne men size dogan diýilýäniň biri ahlaksyz, açgöz, butparaz, agzy paýyş, arakkeş ýa talaňçy bolsa, onuň bilen gatnaşmazlygy, beýle adam bilen nahar hem iýmezligi ýazýaryn» (1 Korintoslylar 5:11).
2. *Ýalan dost durnukly däldir.* «…pitneçiler bilen gatnaşyk etme. Çünki olaryň betbagtlygy duýdansyz geler; Reb hem patyşadan ýetjek weýrançylygy kim bilýär?» (Süleýmanyň tymsallary 24:21–22).
3. *Ýalan dost ýygy-ýygydan gaharlanýandyr*. «Gaharjaň adam bilen ýaranlyk etme; gyzma adam bilen gatnaşyk etme; Onuň ýollaryna öwrenişip, janyňy duzaga düşüräýme» (Süleýmanyň tymsallary 22:25–25).
4. *Ýalan dost etbetleriň jemgyýetine getirýändir.* «Erbetleriň maslahadyna gitmedik, günäkärleriň ýolunda bolmadyk, masgaralaýjylaryň meýlisinde oturmadyk adam bagtlydyr» (Mezmur 1:1).
5. *Ýalan dost ynanýan adam däldir we Hudaýyň kanuna boýun bolýan däldir.* «Imansyzlar bilen bir boýuntyryga girmäň. Çünki dogrulygyň şer iş bilen näme şärikligi bar? Ýa-da nuruň tümlük bilen näme ýoldaşlygy bar? Mesihiň Belial bilen näme agzybirligi bar? Ýa-da imanlynyň imansyz bilen näme paýdaşlygy bar?» (1 Korintoslylar 6:14–15).
6. *Ýalan dost samsykdyr.* «Akyldarlar bilen gezýän adam akyldar bolar; akylsyzlaryň dosty bolsa zelel çeker» (Süleýmanyň tymsallary 13:20).
7. *Ýalan dost Hudaýdan we Onuň parzlaryndan daşdyr.* «Men Seniň buýruklaryňy berjaý edýänleriň, Senden gorkýanlaryň ählisine ýoldaşdyryn» (Mezmur 119:63).

Eger sende şeýle häsiýetlere eýe bolan dostlaryň bar bolsa, onda özüňe täze dostlary bermekligi hakynda Hudaýa dileg et. Emma şol bir wagtyň özünde öňki dostlaryňyň hem üýtgemekleri hakynda hem dileg et.

## Adamlar bilen gatnaşyklaryňyň saklanmagy üçin dileg etmeklik

Adamlaryň özara gatnaşyklarynyň arasyndaky kynçylyklar köp ýagdaýlarda elhenç netijelere eýedirler. Hatda eger seniň kesgitli bir adam bilen gatnaşyklaryň soňuna çenli üzülen hem bolmasa, olaryň dikelmekleri üçin ençeme ýyllar gerek bolar. Adamlar bilen gatnaşyklaryňyň saklanmagy üçin dileg etmeklik, şol gatnaşyklaryň dikelmekligi hakynda dileg etmeklikden has hem ýeňildir. Uly ýaşymyzda adamlar bilen gatnaşygymyzyň ýagdaýy — ýaşlygymyzda kyn ýagdaýlardan baş çykarmaklyga we dostlugy saklamaklyga öwrenendigimizden baglydyr. Öz geçmişimizden getiren gylyklarymyz we gatnaşyk etmekligiň tärleri biziň şu günki adamlar bilen gatnaşygymyza gaty güýçli täsir edýändir. Biziň gatnaşyklarymyza şeýtanyň aralaşyp, olary dargatmaklyga synanyşmagy anyk bellidir. Hudaýyň özüň üçin hakyky dost bolup, özüňe arassa we söýüji ýürek bermekligi hakynda dileg et. Aýratyn hem özüň bilen ýaşaýanlar hakynda dileg et. Mukaddes Kitapda şeýle diýilýändir: «…Içinde bölünişik bolan islendik patyşalyk… berk durmaz» (Matta 12:25). Sen heniz öz ýakynlaryň bilen jedelleşip ýörkäň, hiç haçan hem parahatlyga eýe bolup bilmersiň.

Töweregiňdäkiler bilen gatnaşygyňy tötänligiň erkine berme. Özüňiň gatnaşyk edip bileriň ýaly, durmuşyňda dogruçyl adamlaryň tapylmagy hakynda dileg et. Tanyşmaklygy ýola goýmaklyga howlukma, emma bu hakynda dileg et. Tanyşlaryň peýda bolanynda bolsa, olar bilen gatnaşygy ýola goýup, ol gatnaşyklaryň saklanmagy hakynda dileg et. Bu diýmeklik, sen hökman kän dostlara eýe bolmaly diýmekligi aňladýan däldir. Iň esasy — bu seni dostlaryň bilen Hudaýyň güýjüniň birikdirmegidir. Bu ýerde sany däl-de, hili wajypdyr.

Töwerekdäki adamlar bilen gatnaşyk bütinleý biziň parahatlygymyza täsir edýändir. Ten ýa-da ruh tarapdan hemmelerden daş bolmaklyk — öz aslynda näsag ýagdaýdyr. Dogry gurlan gatnaşyklar baýadýandyr, seni deňagramly edýändir we durmyşyňdaky wakalara bolmalysy ýaly seretmeklige kömek edýändir. Hudaýyň adamlary saňa dogry ugurda ýöremekligiňe kömek edýändirler we olaryň üstünlikleri seniňki bolýandyr. Adamlar bilen gatnaşyklaryňyň hili hökman seniň durmuşyňyň hiline täsir edýändir. Bu hakda dileg etmeklik wajypdyr.

## *Dileg*

*Eý Hudaý*, men töweregimdäki adamlar bilen gatnaşyklarymyň berk bolmaklygy hakynda dileg edýärin. Ol gatnaşyklaryma pata ber. Olaryň Seni şöhratlandyrmagyny men isleýändirin. Dogry ýoldan çykmazlygym üçin dostlarymy akyldarlyk bilen saýlap bilmekligime kömek et. Her bir ýaman gatnaşyklardan daş durup bilmekligime güýç ber. Adamlar bilen bolan ähli gatnaşyklarymy Seniň eliňe tabşyrýaryn we Seniň erkiňiň amala aşmaklygy hakynda dileg edýärin.

Käbir adamlar bilen gatnaşygy ýola goýmaklyk meniň üçin gaty kyn. Şeýle ýagdaýlary Özüň çöz. Aýratyn hem men … (gatnaşyklaryňyň kyn bolan adamyňyň adyny aýt) bilen gatnaşyklarymyň oňatlaşmaklygy hakynda dileg edýärin. Öz aralarynda ylalaşyga gelmän, iki adamyň bilelikde gidip bilmeýändiklerini men gowy bilýändirin (Amos 3:3). Şonuň üçin hem biziň bir pikire we ylalaşyga gelmekligimize kömek et. Her birimizdäki özgermeklige mätäç bolan zatlary özger. Aramyzdaky diwary we düşünmesizligi aýyr (Efesliler 2:13–15 seret). Bu adamy men Seniň eliňe tabşyrýaryn we haýyş edýärin:

ikimiziň gatnaşyklarymyzy Özüňiň isleýşiň ýaly et, muny öz şöhratyň üçin et.

Men özümiň maşgalamyň ähli agzalary bilen gatnaşyklarymyň berkemegi hakynda, aýratyn hem… (gatnaşyklaryňyzyň oňat bolmadyk maşgala agzaňyzyň adyny aýdyň) bilen gatnaşyklarymy ýola goý. Men Senden haýyş edýärin: şypa tapmaklyga we dikelmäge mätäç bolan zatlaryň baryna şypa berip, täzeden dikelt. Biziň ýaraşmagymyza kömek et we gatnaşyklarymyza pata ber.

Eý Hudaý, şeýle-de, men Seni tanamadyk adamlar bilen hem gatnaşyklarymyň oňat bolmaklygy hakynda dileg edýärin. Olaryň ýüreklerini Saňa öwrüp bilýän sözleri maňa aýt. Meni olar üçin yşyk et. Aýratyn hem men Saňa… (ynanmaýan ýada Hudaýdan ýüz öwren adamyň adyny aýdyň) hakynda dileg edýärin. Onuň ýüregini ýumşat we gözlerini aç. Goý, ol Seni görüp bilip, Seniň yzyňa eýersin.

Durmuşymda Sen tarapdan iberilen adamlaryň peýda bolmaklygy hakynda dileg edýärin. Goý, olar, ýagny dostlarym, mugallymlar meniň üçin oňat görelde bolsunlar. Eý Hudaý, meni hakykaty söýgi bilen aýdyp bilýän adamlar bilen tanyşdyr. Aýratyn hem, goý, meniň durmuşymda ynama mynasyp, mähirli, söýýän we wepaly joralar peýda bolsunlar. Emma ol aýallaryň ynamda berk bolup, olar bilen gatnaşyklarymyň özümiň ruhda ösmekligim üçin goldaw bolmagyny isleýärin. Şeýle-de, goý, meniň bilen gatnaşyk olar üçin hem peýdaly bolsun, bilelikde biz kämillige tarap öňe gidip bileliň. Goý, birbirimiz bilen gatnaşygyň netijesinde bagyşlama we söýgi bu dünýä bolelin ýaýrasyn. Seniň yşygyňy adamlara ýetirmekligime kömek et.

## SENIŇ DILEGIŇI HAS TÄSIRLI EDIP BILJEK MUKADDES KITAPDAN ALNAN AÝATLAR

Şeýlelikde, siz indi ýat, mysapyr däl-de, mukaddesleriň watandaşy bolup, Hudaýyň maşgalasyna degişlisiňiz. Isa Mesihiň Özi burç daşy bolup, siz resullaryň, pygamberleriň düýp-teýkarynda bina edildiňiz. Bütin ymarat Rebde bir mukaddes ybadathana bolsun diýip, Onda örülýär, beýgelýär. Siz hem Ruhda Hudaýyň mesgeni bolmak üçin, bilelikde Mesihde bina edilýärsiňiz.

*Efesliler 2:19–22*

Hudaý ýekeleri öý-işikli ýaşadýandyr we zynjyr bilen bendi edilenleri azatlyga çykarýandyr. Pitneçiler bolsa gurak ýerde mesgen tutar.

*Mezmur 68:6*

Her ýamanlyk bilen birlikde her hili kine, gahar, gazap, galmagal we ýamanlama sizden daş bolsun. Biri-biriňize mähriban, gamhor boluň, Hudaýyň sizi Mesihde bagyşlaýşy ýaly, siz hem biri-biriňizi bagyşlaň.

*Efesliler 4:31–32*

Ol muny biz mundan beýläk adamlaryň aldawçylygy, azaşdyryjy hileler gurmakdaky ökdeligi arkaly her taglymatyň ýeli bilen kowulýan, eýläk-beýläk iteklenýän çagalar bolman, eýsem hakykaty söýgi bilen aýdyp, bedeniň Başy bolan Mesihe baka her ugurdan ösmegimiz üçin etdi. Bütin beden her bognuň kömegi bilen baglanyp birikdirilýär, her agzanyň kadaly işleýşi bilen Onuň saýasynda söýgüde ösüp, abatlanýar.

*Efesliler 4:14–16*

## ON ALTYNJY BAP

# EÝ HUDAÝ, MYDAMA SENI EŞIDIP, SENIŇ ERKIŇI ÝERINE ÝETIRIP BILMEKLIGIME KÖMEK ET

Nortrijdäki (Kaliforniýa ştaty) 1993-nji ýyldaky ýertitreme sebäpli ýumrulan jaýymyzy gelip görenimizde, men we çagalarym agladyk. Eger şol wagt biz şu öýümizde bolan bolsadyk, onda hökman ölmelidigimize biz düşündik. Biz ol ajaýyp öýümizi gaty söýýärdik we ondan göçmek islemeýärdik. Emma ýertitremeden biznäçe aý ozal biz başga ştatdaky täze jaýa göçdük. Biziň göçmeklik kararymyza ençeme dilegler we içki göreşler güýçli täsir etdi, emma özümizi Hudaýyň alyp barýandygyna biz ymanlydyk. Biz hatda göçmezimizden ozal jaýymyzy satyp hem ýetişmedik, çünki haýal etmän gitmelidigimizi duýýardyk. Eger biz şonda höwes bilen bolmasada, Hudaýyň erkini tanamaklykdan doly bolup, Onuň yzyna eýermedik bolsadyk, onda biz ýertitremäniň merkezinde bolardyk.

Hudaýyň erki — biziň üçin gaçybatalga. Bu betbagtçylyk wagtynda Hudaý Kaliforniýadaky beýleki ýaşaýjylar üçin alada etmedi diýýän däldirin, ýöne özümiziň Onuň ünsüniň merkezinde bolandygymyzy aýtmak isleýärin. Indi bolsa jaýymyzyň täze ýaşaýjylarynyň ölmezlikleri üçin onuň şol wagt satylmandygyna men indi düşünýärin. Eger biz Hudaýyň erkini ýerine ýetirýän bolsak, onda howpsuzlykda bol-

ýandyrys; eger biz Hudaýa tabyn bolmaýan bolsak, onda Onuň goragyndan mahrum bolýandyrys.

Biziň her birimiziň hem Hudaýyň niýetiniň merkezinde bolasymyz gelýändir, şonuň üçin hem her bir çynlakaý hereket, goý, ol täze işe geçmeklik, ýa-da täze ýere göçmeklik, ýa-da şulara meňzeş başga bir hereket bolsun, ol Hudaýyň razylygy bolmasa, onda ýerine ýetirilmeli däldir. Biz mydama Hudaýyň özümize Öz erkini açyp, bize ýolbaşçylyk etmekligi we özümiziň düşünip bilerimiz ýaly bize geplemekligi hakynda dileg etmelidiris. «Saga ýa sola gideniňizde gulaklaryňyz bir sesiň yzyňyzdan: Ýol budur, ondan ýöräň diýenini eşider» (Işaýa 30:21). Özüni eşidip, Onuň erkini ýerine ýetirmäge kömek edeni üçin, men we maşgalam Hudaýa mydama minnetdardyrys.

## Hudaýyň erki babatdaky dört hakykatlar

1. *Hudaýyň erkini ýerine ýetirmeklik kynçylyklardan doly azat bolmaklygy wada berýändir.* Ýaşaýşyň dolulygyny duýmaklyk we betbagtçylyklaryň arasynda parahatlyk — ine, Hudaý bize nämeleri berjekdir. Hudaýyň erkine laýyklykda hereket edip, Oňa ýaranjaňlyk etmekligiň saňa durmuşyňdaky agyr kynçylyklary ýeňmeklige güýç berýändir. Bilip goýgun: durmuşyňdaky betbagtçylyklar we ajylar Hudaýyň seni ýadyndan çykarandygynyň alamaty däldir, çünki Hudaý gaýgylary biziň kämil bolmagymyz üçin ulanýandyr. Hudaýdan iberilen synaglary başdan geçirmeklik bilen Hudaý tarapyndan ýatdan çykarylmagyň arasynda uly tapawut bardyr. Iki ýagdaýda-da oňaýsyzlygy duýýandygyňa seretmezden, biri ýaşaýşa eltýändir, beýlekisi bolsa ölüme. Birinde sen ähli oňaýsyzlyklara seretmezden, parahatlyga eýe bolýansyň, beýlekisinde bolsa — ýok.
2. *Hudaýyň erkini ýerine ýetirmeklik — aňsat iş däldir.* Hudaýa gulak asyjy bolmaklygyň gyzykly we ýeňil mesele däldigini Isanyň durmuşy hem subut edýändir. Isa haçdaky ölüme gideninde, Ol

Hudaýyň erkini ýerine ýetirdi. Ol şeýle diýdi: «…Men Öz islegimi däl-de, Meni Ibereniň islegini berjaý etmek üçin Gökden indim» (Ýahýa 6:38). «Men şu gün Seniň erkiňe tabyn bolmaklygy islemeýärin» diýip, diňe Isa aýdyp bilerdi, emma Ol bu sözleri aýtman, Atanyň erkini ýerine ýetirdi. Häzir bolsa Ol biziň hem şeýle edip bilmegimize kömek edýändir.

3. *Hudaýyň erkini ýerine ýetirmeklik ençeme oňaýsyzlyklar bilen baglydyr.* Aç-açan aýdanymda, eger sen Hudaýyň ýollaryndan ýöremekligiňde hiç hili basgyny ýa-da oňaýsyzlyklary duýmaýan bolsaň, onda seniň hakykatdan hem Hudaýyň erkini ýerine ýetirýänligiňde şübhelenip bilmeklige mende esas bardyr. Betbagtçylyklaryň we oňaýsyzlyklaryň hakykatdan hem Hudaýa gulak asmaklykda ýöreýänleriň ýanýoldaşynyň bolýandygyna men öz tejribämde göz ýetirdim.
4. *Hudaýyň erkini ýerine ýetirmeklik aň ýetirmeklik bilen bolup geçýändir.* Hudaý bize saýlaw etmeklik hakyny hödürleýändir: Onuň erkine tabyn bolmaklyk ýa-da ýok. Bu saýlawy biz her gün hem edýändiris. Biz Onuň erkini agtarýarysmy? Ondan akyldarlyk soraýarysmy? Onuň buýruk berşi ýaly hereket etmegi isleýärismi? «Munuň üçin akmak bolman, Rebbiň isleginiň nämädigine düşüniň» (Efesliler 5:17). Her gün çözgütleri kabul etmeklik bilen, biz Onuň erki bilen özümiziň hususy erkimiziň arasynda saýlaw edýändiris.

Seniň öz teniňiň keýpi üçin ýaşamagyňy Hudaý isleýän däldir, seniň Öz erki boýunça ýaşamaklygyňy Ol isleýändir (1 Petrus 4:2 seret). Ine, Hudaýyň erki: «Öz halanyny Isa Mesih arkaly sizde amala aşyryp, Öz islegini ýerine ýetirmegiňiz üçin, sizi ähli oňat işde kämilleşdirsin» (Ýewreýler 13:21). «Hudaýyň her isleginde kämil bolup, doly ynam bilen duruň diýip» men seniň üçin dileg edýärin (Koloseliler 4:12).

Hudaýyň erkini tanamaklygy Oňa bolan minnetdarlykdan başlamaklyk iň oňadydyr: «Ähli ýagdaýda şükür ediň. Çünki Hudaýyň Mesih Isada siz baradaky islegi şudur» (1 Selanikliler 5:18). Özüň hakynda Hudaýyň alada edýänligi üçin minnetdarlyk aýt, soňra bolsa her ädimiňe Onuň ýolbaşçylyk etmekligi hakynda sora. Özüňiň dogry ýolda durup, Hudaýa ýaraýan işleri edýändigiňe ynamlylygy duýmaklyk şeýle bir ajaýyp welin, hatda şu duýgy üçin dürli oňaýsyzlyklar bilen ylalaşmaklyk ýerlikli bolýandyr.

## *Dileg*

*Eý Hudaý*, men Senden haýyş edýärin: «…bütin akyldarlyk we ruhy düşünjede *Seniň* isleginiň bilimi bilen…» dolmaklygyma kömek et. Seniň öňüňde mynasyp gezmeklige, ähli zatda Saňa ýaranjaňlyk etmeklige, ähli işde oňat miweler getirip bilmekligime we Seniň ýollaryňy mundan hem köp tanamaklygyma kömek et. Meniň her bir ädimime ýolbaşçylyk et. Meni Öz hakykatyňda alyp bar Öz ýollaryňy öňümde gönelt (Mezmur 5:8 seret).

«…Meniň islegim däl, Seniň islegiň bolsun» (Luka 22:24) diýen Isanyň yzy bilen, men hem şeýle diýýärin: «Durmuşymda meniň islegim däl, Seniň islegiň bolsun». «Men Seniň islegiňi berjaý etmekden keýp alýaryn, eý Hudaýym; kanunyň ýüregimiň içindedir» (Mezmur 40:8). Sen meniň üçin dünýäde ähli zatdan hem wajypsyň. Men seniň hyzmatkäriň bolup, Seniň erkiňi bütin janym bilen ýerine ýetirmekligi isleýärin (Efesliler 6:6 seret).

Eý Hudaý, meniň ýüregimi Özüňki bilen birleşdir. «Bu dogry ýoldur. Ol boýunça ýöre» diýýän Seniň sesiňi eşidip bilmekligime kömek et. Eger men Seniň erkiňi bozýan bolsam, maňa

ony görkez. Meniň düşünip bilerim ýaly edip, Öz Sözüň arkaly maňa geple. Durmuşymyň ähli taraplaryny, nirede ýalňyşyp, nirede nyşanyň gapdalyna atýan ýerlerimi görkez. Eger men bir işi ýerine ýetirmeli bolsam, ony maňa aç we Seniň erkiňe tabyn bolmaklygyma kömek et. Men diňe Seniň razylygyň bolan işleri etmekligi isleýärin.

Eý Hudaý, men adamyň öz ýollaryna ýolbaşçylyk edip bilmeýändigini bilýärin we Senden haýyş edýärin: meniň aýaklarymy dogry ýola goý, çünki öz ornumy diňe Sen bilýänsiň. Seniň goýan ýoluňdan çykyp, nädogry ýerde bolmaklygy men islemeýärin. Men Seniň mirasyňa eýe bolup, isleýşiň ýaly bolmaklygy küýseýärin. Şonuň üçin hem şu gün Seniň kämil erkiňe tabyn bolup bilmekligime kömek et.

## SENIŇ DILEGIŇI HAS TÄSIRLI EDIP BILJEK MUKADDES KITAPDAN ALNAN AÝATLAR

Maňa: «Ýa Reb! Ýa Reb» diýen her bir adam Gögüň Patyşalygyna girmez, diňe Gökdäki Atamyň islegini berjaý eden girer.

*Matta 7:21*

Çünki Hudaýyň islegini berjaý edeňizden soň wada gowşar ýaly, sabyr size gereklidir.

*Ýewreýler 10:36*

Sebäbi Hudaýyň islegi şeýle bolsa, onda ýagşylyk edip görgi görmek ýamanlyk edip görgi görmekden gowudyr.

*1 Petrus 3:17*

Munuň üçin Hudaýyň islegi bilen görgi görýänler hem ýagşylyk edip, janlaryny dogruçyl Ýaradana tabşyrmalydyr.

*1 Petrus 4:19*

Dünýä we onuň höwesleri geçip gider, kim Hudaýyň islegini ýerine ýetirse, baky galar.

*1 Ýahýa 2:17*

## ON ÝEDINJI BAP

# EÝ HUDAÝ, MENI WE ÖZÜME GYMMATBAHA BOLAN ZATLARYŇ BARYNY GORA

Okeanyň kenarynda ýerleşen köp gatly myhmanhanada dynç almaklyk mümkinçiligi ýaňy ýakynda meniň üçin peýda boldy. Meniň otagym ýokarky gatda ýerleşýärdi we ähli otaglaryň — ýatylýan otagyň, myhmanhananyň we aşhananyň aýnalary göni okeana bakýardy. Öňümde görnüp duran surat ruhuňy galdyrýardy.

Gelenimiň birinji güni men ýerimden turup, perdeleri açdym we aýnadan görünýän gözellige syn edip, depderjigime käbir pikirleri ýazmaklyk üçin ýene-de düşegimde ýatdym. Ýerden ep-esli ýokarda ýerleşip, men asman bilen suwdan başga hiç zady görüp bilmeýärdim we aşakdaky kenaryň çägelerini görmeklik üçin ýatylýan otagdan geçip, balkona çykyp, aşak egilip seretmelidi.

Öz pikirlerime batyp, asman bilen suwuň mawy reňkinde eräp, men dynç alýardym we birden meniň gözümiň alnynda bir ullakan uçar peýda boldy. Ol edil meniň öňümde ýalydy. Ullakan we gaty sesli zadyň birden peýda bolmaklygy meni şeýle bir gorkuzdy welin, hatda tas ýüregim saklanypdy. Aljyraňňylyk we elhenç gorky meni eýeledi we ýüregimde ýiti agyry peýda boldy. Howp bolup görünýän zady şunuň ýaly kabul etmekligim öňler bolan zat däldi. Bary şeýle bir duýdansyz

bolup geçdi. Galyberse-de, men öňler hiç haçan hem howadaky uçary şeýle ýakyndan görmändim. Gorky meni doň etdi.

Uçar göni meniň aýnama urlup biler diýen pikir 2001-nji ýylyň 11-nji ruhnama (sentýabr) aýyna çenli kelläme-de gelenokdy. Emma meniň muny boýun alyp-almaýandygyma seretmezden, şeýle mümkinçilik bar eken. Gaty gyzykly, her gün şunuň ýaly bolup biläýjek howplaryň näçesi bizi gurşaýarka diýip, men öz içimden oýlandym. Ýamanlygyň bar güýji bilen başymyza inenine we durmuşymyzy hemişelik üýtgedenine çenli biz köp zatlara üns bermeýäris.

Gökdäki Atamyzyň özümiz hakynda biziň oýlanyşymyzdan hem oňat alada edýändigine men ynanýandyryn. Ýöne biz muňa bir tebigy zada seredişimiz kimin seretmeli däldiris, çünki bu hakynda mydama dileg etmelidiris.

Eger biz Oňa gulak asmaklykda we Onuň erkini ýerine ýetirmeklikde gezýän bolsak, diňe şonda Hudaý biz hakda alada edýändir. Şertleriň birini ýerine ýetirmezlik bilen biz Onuň goragyndan mahrum bolýandyrys. Netijede bolsa, özümiziň haýsy ýol bilen gitmelidigimizi aýdýan Onuň sesini eşitmekligimizi bes etdirýändiris. Eger adamlar Hudaýyň ýolbaşçylygy hakynda dileg edip, Onuň erkini ýerine ýetiren bolsadylar, onda näçe betbagtçylyklardan gaça durup bolardy! Adamlar Oňa gulak asdylar!

Men güýçli gar ýagmadan soň garly ýol boýunça maşynly giden günümdäki bir wakany ýadyma salýaryn. Hereketiň güýçli ýeri bolan çatryga ýakynlaşyp, men maşynyň tormozyny basgym, çünki gyzyl yşyk ýanyp durdy. Emma maşynym bolsa saklanmaklygyň deregine, öňe gitmekligini dowam etdirýärdi. Seredip otursam, men tötänlikde gar bilen örtülen buzuň üstünde maşynymy saklamaga synanyşypdyryn. Şol çatryk birnäçe ýollaryň kesişýän ýeridi we ýoluň iki tarapy hem gazylandy. Gözümiň alnyndan bolsa maşynlar güýçli hereket bilen eýläk-beýläk okdurylýardylar. Men bolsa saklanyp bilmän, ugrukdyrmany ýitirendigime düşündim.

«Isa, maňa kömek et!» diýip, gygyryp dileg etmäge başladym. Gazylan çukurlaryň birine gaçmazlyga bar güýjüm bilen synanyşyp, men

çatrygyň merkezine çykdym. Töweregimde maşynlar uçup barýardylar we ol sürüjiler hem ugrukdyrmany ýitirmezlige synanyşýardylar. Birden maňa tarap göni bir ýaşyl maşyn uçup gelýärdi we ondan sypyp, nädip heläkçilige uçramandygyma heniz hem düşünip bilmeýärin. Ýadymda galan ýeke-täk zat — bu özümiň umytsyzlyk bilen dyngysyz dileg edenimdi. Hudaýyň şol wagt ara düşendigi aýdyňdy we meniň sag-aman galandygym hakyky täsinlikdi. Şol gün ýola düzmezimden ozal men Hudaýyň özümi ýolda goramaklygy üçin dileg edipdim. Dilegime Onuň jogap berendigine men hiç-de şübhelenmeýärin.

Şeýle pursatlarda, durmuşyňyň saçjagazda asylyp duran ýagdaýlarynda özüňiň Gökdäki Ataň bilen gatnaşygyňyň bardygyna we Onuň seni görýändigine ynamly bolmaklygyň gaty wajypdyr. Meniň başdan geçiren wakamdaky ýaly ýagdaýlarda dileglerimize bada-bat jogap almaklyk biziň üçin gaty wajypdyr, emma şeýle jogaby aljakdygyňa ynamly bolmaklygyň üçin her gün dileg etmelisiň. Hudaý — seniň gaçabatalgaňdyr we sen onda howpdan gizlenip bilýänsiň, emma onuň gaçybatalganyň özüňki bolmaklygy we gerek wagtynda onda gizlenip bilmekligiň üçin sen Hudaý bilen mydama gatnaşykda bolmalysyň. Mukaddes Kitapda şeýle diýilýär: «Rebden gorkmakda güýçli ynam bardyr; Ol onuň ogullarynyň hem penasy bolar. Ynsanyň ölüm duzaklaryndan gutulmagy üçin Rebden gorkmak ýaşaýyş çeşmesidir» (Süleýmanyň tymsallary 14:26–27). Eger biz *Hudaýa* bakýan bolsak, onda Ol hem *bize* bakýandyr.

## *Dileg*

*Eý Hudaý*, Seniň goraýjy elleriňiň öz üstümde bolmaklygy üçin men dileg edýärin. Meni betbagtçylyklardan, heläkçilik ýagdaýlaryndan, kesellerden we erbet täsirlerden gora. Ähli ýollarymda meni gora. Meni uçarlarda, maşynlarda we ähli

ulag serişdelerinde gora. Sözüňde Seniň özüm üçin galadygyň, Halasgärimdigiň, galkanym we Goragçymdygyň, güýjüm we umydymdygyň ýazylandyr. Men Seniň Sözüňe ynanýaryn.

Eý Hudaý, men Seniň ganatlaryňyň we goragyň astyndan bolmaklygy isleýärin (Mezmur 91:1 seret). Özüňiň gorag örtügiňiň astynda meni gora. Seniň erkiňi ýerine ýetirmeklikden ýüz öwrüp, özüm üçin niýetlän ýoluňdan çykmaklygyma ýol berme. Hemişe Seniň özüme ýol görkezýän sesiňi eşidip bilmekligime kömek et. Ähli ýollarymda meni gorap, aman saklamaklary üçin Öz perişdeleriňi iber. Goý, hiç ýerde büdremezligim üçin olar meni ganatlarynda äkitsinler (Mezmur 91:11 seret). Eý Hudaý, Sen meniň gaçybatalgam we güýjümsiň, betbagtçylyklardaky tiz kömekçimsiň (Mezmur 46:1 seret).

Maňa garşy ýasalan hiç bir ýaragyň hem üstünlikli bolmajakdygy üçin men Saňa gaty minnetdardyryn (Işaýa 54:17 seret). Özümi heläk etmäge synanyşýan erbet adamlaryň ellerine meni bermeýändigiň üçin Saňa minnetdardyryn (Mezmur 37:32–33 seret). «Meni gözüň göreji ýaly gora; Meni tozduran erbetleriň ýüzünden, meni gurşan jan duşmanlarymdan ganatlaryň kölegesinde gizle» (Mezmur 17:8–9). Meni erbet adamlaryň meýilnamalaryndan, duýdansyz howpdan gora. «Maňa rehimdar bol, eý Hudaý, maňa rehimdar bol, çünki janym Saňa sygynýar; hawa, weýrançylyk geçýänçä men Seniň ganatlaryň kölegesinde penalaýaryn» (Mezmur 57:1). Men Saňa minnetdardyryn, çünki «men parahatlykda ýataryn, uklaryn; çünki diňe Sen, ýa Reb, meni aman-esen ýaşadarsyň» (Mezmur 4:8). Meni goramaklyga wada berendigiň üçin minnetdardyryn. Şu gün men şu wadalara bolan özümiň doly ynamymy ykrar edýärin.

**SENIŇ DILEGIŇI HAS TÄSIRLI EDIP BILJEK MUKADDES KITAPDAN ALNAN AÝATLAR**

Çünki sen:«Reb meniň penamdyr» diýdiň, hemmeden beýik Bolany özüňe mesgen edindiň. Ýamanlyk ýüzüni görmersiň we mergi seniň çadyryňa ýakynlaşmaz.

*Mezmur 91:9–10*

Seniň garşyňa ýasalan ýarag işe ýaramaz…

*Işaýa 54:17*

Suwlardan geçeniňde seniň bilen bolaryn; derýalardan geçeniňde olar seni gark etmez; oduň ortasyndan ýöräniňde ýanmarsyň, ýalyn seni ýakmaz.

*Işaýa 43:2*

Çünki ol perleri bilen seni örter, sen Onuň ganatlarynyň aşagyna sygynarsyň; Onuň hakykaty galkan we sowutdyr. Ne gijäniň howpundan, ne gündiz uçýan okdan; ne garaňkyda gezýän mergiden, ne-de öýlän heläk edýän gyrgyndan gorkarsyň. Gapdalyňda müň adam, sagyňda on müň adam ýykylar welin, ölüm saňa ýakynlaşmaz.

*Mezmur 91:4–7*

Çünki bütin ýollaryňda seni saklamak barada Ol Öz perişdelerine buýruk berer.

*Mezmur 91:11*

## ON SEKIZINJI BAP

# EÝ HUDAÝ, DOGRY KARARLARY KABUL EDIP BILMEGIM ÜÇIN AKYLDARLYK BER

Geçen bapdaky gürrüň beren myhmanhanamyň balkonynda otyrkam, aşakdaky suwa düşülýän ýerde bolup geçýänlere syn etmeklik mümkinçiligi mende peýda boldy. Okeanyň ähli çuňluk we saý ýerleri maňa ýokardan gowy görünýärdi. Men adamlaryň çuň ýerlerde ýüzüp, birden saý ýere düşýändiklerini gördüm. Şeýle ýagdaýlarda ol adamlar aýak üstünde durmaly bolardylar, çünki suw zordan olaryň dyzlaryna ýetýärdi. Dynç alýanlaryň kenaryň çägeli gyrasynda gezmeläp, birden çuňluga gaçýan pursatlaryna syn etmeklik hezildi.

Men şuny göz öňüme getirdim: eger mende aşakdaky adamlar bilen nähilidir bir aragatnaşyk bolsady, onda olaryň her gezek çuňluklara ýakynlaşanlarynda, howp barada men olara duýduryş berip bilerdim. Emma olarda men bilen aragatnaşyk ýokdy. Şonuň üçin hem men özümiň ýokardan görýän ähli zatlarym hakynda olara habar berip bilmeýärdim.

Hudaý bilen hem gatnaşyklarymyzda hut şeýle bolup geçýändigine men ynamlydyryn. Ol ähli zady görýändir, çünki Ol hemmelerden hem ýokardadyr. Eger biz mydama Onuň bilen aragatnaşykda bolup, Ondan: «Eý Hudaý, biziň ýykylmazlygymyz üçin bize Özüň ýolbaşçylyk et» diýip sorasak, onda Ol bizi howply ýerden aýryp, kenarda goýardy.

Emma bizde Hudaý bilen şeýle gatnaşyk hemişe ýokdur, çünki biz Oňa ýüzlenmeýäris, Onuň ýolbaşçylygyny agtarmaýandyrys. Biz Ondan akyldarlyk soramaýandyrys, Onuň ylhamlaryna düşünmeklige synanyşmaýandyrys. Şonuň üçin hem biz şeýle ýygy-ýygydan büdräp, mydama ýykylýandyrys.

Mukaddes Kitapdan mälim bolşy ýaly, Ybraýymyň doganoglany bolan Lut durmuşynyň ahyrynda adamzat nesliniň duşmanynyň duzagyna düşýär, çünki ol öz pikiri boýunça oňat ýeri saýlap alypdy (Gelip çykyş 13:10–11 seret). Ýöne onuň saýlap alan oňat ýeri erbet adamlardan doludy (Gelip çykyş 13:13 seret). Lut öz aklyna daýanyp, öz pikiçe oňat karar kabul etdi, emma ol öz karary babatda Hudaýyň pikirini bilmeklige synanyşmady. Özlerine dogry bolup görünýän kararlary özbaşdak kabul etmeklik bilen, adamlar näçe gezek Hudaýyň goragyndan we Onuň patalaryndan mahrum boldular? Olar *Hudaýyň* akyldarlygyny we *Onuň* ýolbaşçylygyny soramadylar.

Seniň bilen hem şuňa meňzeş waka boldumy? Eger birnäçe wagtlap dogry durmuş alyp baran bolsak, onda bu biziň mundan beýläk ýalňyşlyklary edip bilmeýändigimize güwälik edýän däldir. Geçen gezek dileg edenimizde Hudaýyň öz erkini açanlygy sebäpli, şu gün hem hökman açar diýip, biz gaty ýalňyşýandyrys. Geçen gezek işlän serişde, bu gezek şu günki ýagdaýlarda işlemese gerek. Hudaýyň akyldarlyk berip, Onuň ýolbaşçylygyny soramaklygy günde ýerine ýetirmelidiris.

Hudaý bilen bagly bolan ähli zatlar diňe Ruhdan açylýandyr. «Tebigy adam Hudaýyň Ruhuna degişli zatlary unamaz, çünki bular onuň üçin akmaklykdyr, bulary bilip bilmez, sebäbi bulara ruh boýunça düşünilýändir» (1 Korintoslylar 2:14). Akyldarlyga eýe bolmadyk adamyň erbet hereket edip, samsyk kararlary kabul edenine şaýat bolup gördüňmi? Şeýle ädimleriň netijeleri seniň üçin aýandyr, emma ol adam üçin bolsa gizlindir. Başga adamyň samsyklygy özüňiňkiden hemişe hem aýdyňdyr. Ine, hut şunuň üçin hem biz akyldarlyga eýe bolmaklygymyz üçin günde dileg etmelidiris.

Akyldar bolmaklyk — bu durmuş ýagdaýlaryny aýdyň görüp, olara çuňňur düşünip, olaryň her birinde dogry kararlary kabul etmekligi aňladýandyr. Bu hakykaty ýalandan tapawutlandyrmaklyk, ähli zat hakynda akylly pikirlenmeklik, howpuň ýakynlaşýandygyny öňünden görüp, dogry kararlary kabul etmekligi aňladýandyr. Emma bu diňe Hudaý üçin mümkindir we muny nädip etmelidigini diňe Ol bilýändir. «Emma Hakykat Ruhy gelende, Ol size bütin hakykata tarap ýol görkezer, çünki Ol Öz-Özünden aýtmaz, näme eşitse, şony aýan eder, geljek zatlary size bildirer» (Ýahýa 16:13). Akyldarlygyň biziň durmuşymyzy näçe gezek halas edip, näçe gezek ýamanlykdan daş edendigini biz hatda göz öňüne-de getirip bilmeýändiris. Muny geljekde-de ýene näçe gezek etmeklik garaşýandyr. Şonuň üçin hem biz akyldarlyk bolmasa, onsuň oňup bilýän däldiris. Biz ony Hudaýdan dilemelidiris. Sen şeýle dileg etmelisiň: «Eý Hudaý, her bir işde maňa akyldarlyk ber. Her gün akyldarlykda gezmekligime kömek et».

### Akyldarlykda gezmekligiň on sany dogry usuly

1. *Hudaýyň Sözünde bolmaklyk.* «Oglum, hikmete gulak asyp, ýüregiňi düşünjä tarap ýykgyn etdirer ýaly, Sözlerimi unap, tabşyryklarymy ýüregiňde ýygşyrsaň; Hawa, paýhasy çagyrsaň, düşünje üçin gygyrsaň; Ony kümüş kimin gözleseň, gizlin hazyna kimin agtarsaň; Rebden gorkmalydygyna şonda düşünersiň, Hudaýy tanarsyň» (Süleýmanyň tymsallary 2:1–5).
2. *Akyldarlyk almaklyk hakynda dileg etmeklik.* «Siziň biriňize akyldarlyk ýetmezlik edýän bolsa, ol hemmelere jomartlyk bilen käýemän berýän Hudaýdan dilesin, oňa berler» (Ýakup 1:5).
3. *Ähli zatda Hudaýy tanamaklyk.* «Bütin ýollaryňda Ony tana, Ol hem seniň ýodalaryňy dogrular» (Süleýmanyň tymsallary 3:6).
4. *Hudaýyň öňünde titremede we hormat goýmaklykda ýöre.* «Rebden gorkmak akyldarlygyň başlangyjydyr we Mukaddesi tanamak düşünjedir» (Süleýmanyň tymsallary 9:10).

5. *Akylly adamlary diňlemek.* «Gulak as-da, akyldarlaryň sözlerini diňle, ýüregiňi meniň bilimime gönükdir» (Süleýmanyň tymsallary 22:17)
6. *Akyldarlygy ähli zatdan hem gymmatbaha görmek.* «Hikmet gazan, düşünje gazan; unutma, agzymdan çykan sözlerden ýüz öwürme. Ony taşlama, ol seni gorar; ony söý, ol saňa gözegçilik eder» (Süleýmanyň tymsallary 4:5–6).
7. *Gulak asmaklykda gezmeklik.* «Ol gönüler üçin sagdyn maslahat saklaýandyr; Ol adalat ýollaryny goramak üçin, aýypsyz gezýänlere galkandyr we takwalarynyň ýollaryny goraýandyr» (Süleýmanyň tymsallary 2:7–8).
8. *Pes göwünli bolmaklyk.* «Tekepbirlik gelse, utanç gelýändir; akyldarlyk bolsa pes göwünliler bilendir» (Süleýmanyň tymsallary 11:2).
9. *Öz ýanyňdakyny söýmeklik.* «Öz dostuny kemsidýäniň düşünjesi kemlik edýändir; düşünjeli adam bolsa ümsüm galýandyr» (Süleýmanyň tymsallary 11:12).
10. *Dünýäniň däl-de, Hudaýyň akyldarlygyny agtarmaklyk.* «Siz Hudaýyň saýasynda Mesih Isadasyňyz. Ol biziň üçin Hudaýyň akyldarlygy we dogrulygy, mukaddesligi we gutaryşy boldy» (1 Korintoslylar 1:31). «Akyldar hany? Kanunçy hany? Bu döwrüň alymy hany? Hudaý bu dünýäniň akyldarlygyny akmaklyga öwürmedimi? Çünki dünýäniň Hudaýyň akyldarlygynda öz akyldarlygy bilen Hudaýy tanamadygyna görä, Hudaý iman edenleri wagyz akmaklygy arkaly gutarmagy unady» (1 Korintoslylar 1:20–21).

## Akyldarlyk soramaklygyň on sany esasy sebäbi

1. *Akyldar adam öz ömrüniň uzynlygyndan, baýlygyndan we hormatyndan keýplenýändir.* «Onuň [akyldarlygyň] sag elinde ömür uzynlygy, sol elinde baýlyk we hormat bardyr» (Süleýmanyň tymsallary 3:16).

2. *Akyldar adam durmuşdan hoşaldyr.* «Onuň [akyldarlygyň] ýollary ýakymly ýollardyr, ähli ýodalary parahatdyr» (Süleýmanyň tymsallary 3:17).
3. *Akyldar adam durmuşyň dolulygyndan keýplenýändir.* «Ol [akyldarlygyň] özüne ýapyşanlar üçin ýaşaýyş agajydyr; ony gaýym tutanlar bagtlydyr» (Süleýmanyň tymsallary 3:18).
4. *Akyldar adam howpsuzlykda ýaşaýandyr.* «Onsoň, ýoluňda aman gezersiň, aýagyň taýmaz» (Süleýmanyň tymsallary 3:23).
5. *Akyldar adam dynç almakdan keýplenip bilýändir.* «Ýatsaň gorkmarsyň; hawa, ýatyp, süýji uka gidersiň» (Süleýmanyň tymsallary 3:24).
6. *Akyldar adam özüne ynamlydyr.* «Çünki Reb seniň tarapyňda bolar, aýagyňy duzaga düşmekden saklar» (Süleýmanyň tymsallary 3:26).
7. *Akyldar adam goraglydyr.* «Ony taşlama, ol seni gorar; ony söý, ol saňa gözegçilik eder. Ýörän mahalyň ädimleriňe päsgel bolmaz, ýortan mahalyň taýmarsyň» (Süleýmanyň tymsallary 4:6, 12).
8. *Akyldar adam öz işinde üstünlikli bolýandyr.* «Ony belent tut, ol seni beýgelder; ony gujaklanyňda seni hormata ýetirer» (Süleýmanyň tymsallary 4:8).
9. *Akyldar adam ýamanlykdan halas bolýandyr.* «Ýüregiňe hikmet gireninde, bilim janyňa hoş ýakanynda, ýaman ýoldan, egri sözli adamdan halas etmek üçin, paýhas seni saklar, düşünje saňa gözegçilik eder» (Süleýmanyň tymsallary 2:10–12).
10. *Akyldar adam öz bilimini artdyrýandyr.* «Tymsala we matala, akyldarlaryň sözlerine we tapmaçalaryna düşünmek üçin, akyldar adam diňläp, bilimde össün, düşünjeli adam sagdyn maslahatlar alsyn» (Süleýmanyň tymsallary 1:5–6).

## Hudaýdan maslahat sora

Adamlardan maslahat soralmazdan ozal, ilki bilen hökman Hudaýa ýüz tutulmalydyr. Men ynanmaýan lukmanyň ýa-da ussanyň maslahatyna

gulak asmaly däl diýjek bolmaýandyryn. Men ilki bilen seniň bir adama ýüz tutmazyňdan ozal Hudaýa ýüz tutup, Ondan özüňiň kime ýüzlenmelidigiň hakynda we şol adama Onuň akyldarlyk bermekligi hakynda haýyş et. Onsoň seniň ýüz tutjak adamyň saňa Hudaýdan gelen akyldarlyk arkaly maslahat berip bilýändir. Eger özüňe berilýän maglumatyň Hudaýdan gelmeýändigini duýýan bolsaň, onda şeýle maglumatlardan Hudaýyň özüňi goramaklygy hakynda haýyş et. Nädogry adamlar bilen gatnaşyklardan özüňi gorap, ýoluňda dogruçyl adamlary goýmaklygy hakynda dileg et.

Hut bilesigelijiligim sebäpli men şol gün myhmanhanamdan aşak düşüp, kenaryň çägeli ýakasy boýunça ýöräp başladym we ýokardan gören saýlygym boýunça ýöräp başladym. Barmaly ýerine baryp durup, men çuňlugyň nirede başlaýandygyna göz ýetirjek boldum. Bir tarapda eňňit ýapgydyň bardygyny men bilýärdim we onuň gyrasyna tarap ýöredim. Emma birden duran saý ýerimiň gyrasy goparylyp, onuň bile men hem çuňluga gaçdym. Meniň bilen hem özümiň ýokardan syn edýän ýüzüjileriňki bilen bolşy ýaly boldy. Şeýlelikde, meniň özüme ynamly bolmaklygym esasyna çenli «öl» bolupdy we men öl ýagdaýda kenara tarap ugradym. Men şuňa düşündim: öz bilimleriňe näçe ynamly bolaýsaň-da, hiç haçan hem çenden artyk özüňe ynamlylygy görkezme. Her bir ýagdaý üçin hem bize Hudaýyň akyldarlygy we Onuň maslahat gerekdir. Çünki diňe Ol ähli zat baradaky hakykaty bilýändir.

## *Dileg*

*Eý Hudaý*, men Senden haýyş edýärin: ähli ýagdaýlarda maňa Öz akyldarlygyňy we düşünjäňi ber. Men akyldarlygyň altyndan, sagdyn pikirlenip bilmekligiň bolsa kümüşden hem gymmatbahadygyny bilýärin (Süleýmanyň tymsallary 16:16 seret). Şonuň üçin hem maňa akyldarlygyň we sagdyn oýlanyp

bilmekligiň baýlygyny ber. Akyldarlara akyldarlygy, düşünjelilere düşünje berýändigiň üçin men Saňa minnetdardyryn (Dan. 2:21 seret). Her bir ýagdaýy hakykatda bolşy ýaly görüp bilmekligim üçin maňa akyldarlyk we düşünje ber. Dogry kararlary kabul edip bilmekligi Sen maňa öwret.

Eý Hudaý, dünýäniň ynanmaýan adamlaryna ýüz tutman, diňe dogruçyl adamlardan maslahat sorap bilmekligi maňa öwret. Eý Hudaý, mydama, hatda düýşümde hem maňa akyldarlyk berýändigiň üçin Saňa minnetdardyryn. Ýaşaýyş ýollaryny maňa görkezýänligiň üçin hem Saňa minnetdarlyk bildirýärin (Mezmur 16:7–11 seret).

Men Seniň parzlaryňy we Seniň Sözüňi söýýärin. Olar hakynda gije-gündiz oýlanmaklygy maňa owret. Mukaddes Kitabyň aýatlaryny oňat ýadymda saklap bilmekligime kömek et. Öz Sözleriňi meniň ýüregimde gizle, eý Hudaý. Eý Hudaý, men bilýärin, ýagny «Öz ýüregine bil baglaýan akylsyzdyr; akyldarlykda gezýän bolsa halas bolar» (Süleýmanyň tymsallary 28:26). Men öz ýüregime ynanmaklygy islemeýärin; mydama akyldarlykda gezmekligim we hiç haçan hem samsyk hereketleri etmezligim üçin men Seniň Sözüňe we akyldarlygyňa ynanmak isleýärin. Meni akylly adam et.

Dogruçyllara Öz akyldarlygyňy berjekdigiňi Sen Öz Sözünde aýdypdyň (Süleýmanyň tymsallary 2:6–7). Meniň dogruçyllykda we tegmilsizlikde, Seniň parzlaryňa gulak asmaklykda gezmekligime kömek et. Goý, men hiç haçan hem öz gözüme akylly bolup görünmäýin; goý, men mydama Seniň adyňyň öňünde gorkuda bolaýyn. Seniň Sözüňiň wada berşi ýaly, mydama sagdyn bolmaklygym üçin ýamanlykdan daş durup bilmekligime kömek et (Süleýmanyň tymsallary 3:7–8). Meniň

mätäç bolan akyldarlygymy, bilimimi, düşünjämi we paýhaslylygymy ber. Howpsuz ýollardan ýöräp, büdremezligim üçin meni şeýtanyň duzaklaryndan Özüň gora (Süleýmanyň tymsallary 2:10–13 seret). Eý Hudaý, akyldarlygyň we görnüşleriň ähli hazynalarynyň Özüňde gizlenendigini Sen aýdypdyň (Koloseliler 2:3 seret). Şu hazynalary tapyp bilmekligime kömek et.

## SENIŇ DILEGIŇI HAS TÄSIRLI EDIP BILJEK MUKADDES KITAPDAN ALNAN AÝATLAR

Rebden gorkmak akyldarlygyň başlangyjydyr
we Mukaddesi tanamak düşünjedir. Meniň üstüm bilen
seniň günleriň köpeler we ömrüň ýyllary artar.

*Süleýmanyň tymsallary 9:10–11*

Dogry adamyň agzy hikmeti beýan edýändir,
dili hak sözleýändir. Hudaýynyň kanuny onuň ýüregindedir;
onuň aýaklary taýýan däldir.

*Mezmur 37:30–31*

Öý akyldarlyk bilen salnyp, düşünje bilen berkarar
edilýändir. Bilim bilen otaglar her hili gymmat baha hem
ýakymly şaý-sepden dolýandyr.

*Süleýmanyň tymsallary 24:3–4*

Meni çagyr, saňa jogap bereýin, bilmeýän uly hem
pynhan zatlryňy saňa aýdaýyn.

*Ýeremeýa 33:3*

Hawa, paýhasy çagyrsaň, düşünje üçin gygyrsaň;
ony kümüş kimin gözleseň, gizlin hazyna kimin agtarsaň;
Rebden gorkmalydygyna şonda düşünersiň,
Hudaýy tanarsyň. Çünki Reb hikmet berýändir,
Onuň agzyndan bilim we düşünje çykýandyr.

*Süleýmanyň tymsallary 2:3–6*

## ON DOKUZYNJY BAP

# EÝ HUDAÝ, MENI HER BIR ÝAMANLYKDAN AZAT ET

Men Hudaýy edil özümiň azat Edijim kimin bilýärin. Ol meni güýçli içgilere bolan höweslerden, temmäkiden, gorkudan, depressiýadan, howsaladan we kine saklamaklyklyk ýaly köp zatlardan azat etdi. Käwagtlar Hudaý meni bada-bat azat etdi, käwagtlar bolsa şypa tapmaklyk ýagdaýy ençeme ýyllara çekdi. Käwagtlar men özümiň şypa tapmaklygym üçin oraza tutup, dileg etmeli boldum, käwagtlar bolsa men ýöne Hudaýyň barlygyny duýmaklygym arkaly çaltlyk bilen azat bolup bildim. Azat bolmaklygyň *nähili ýollar bilen* bolup geçendigine seretmezden, iň esasy — bu onuň *amala aşmagydyr*. Wagtal-wagtal biziň barymyz hem käbir zatlardan azat bolmaklyga mätäçdiris, munuň sebäbi bolsa, biziň ruhy ýagdaýymyza seretmezden, henizem tende ýaşaýanlygymyzdadyr. Durmuşymyzyň neneň oňatdygyna seretmezden, biziň töweregimizde ýamanlygyň galalaryny gurmaga synanyşýan duşmanymyz bardyr. Hudaý bolsa bizi Özünden aýryp, ýakynlaşdyrmaýan zatlaryň baryndan azat etmegi isleýändir.

Isa bize şeýle dileg etmekligi öwredipdi: «…bizi iblisden halas et» (Matta 6:13 seret). Eger biz mätäç bolmaýan bolsak, onda Isa beýle tabşyrygy galdyrmazdy. Emma köplenç biz şeýle dileg etmän, edil Isanyň hiç zat diýmedigi ýaly öz aklymyza laýyklykda hereket edýäris. Adatça

biz Isanyň özümiz üçin gymmat bahany töländigini bilmeýänler ýaly ýaşaýarys. «Atamyz hem Hudaýymyzyň islegine görä, bizi häzirki ýaman çagdan gutarjak bolup, Ol [Isa] Özüni biziň günälerimiz üçin pida etdi» (Galatýalylar 1:4). Ol geljekde-de bizi azat etmekligi isleýändir.

## Hudaý seni azat etmegi isleýär

Özüňiň başyňdan geçirip biljemek bolup görünýän maddy taýdan kynçylyklaryň bolýarmy? Seni şol bir betbagtçylyklar, anyk kesgitläp we sagaldyp bolmadyk bir kesel yzarlaýarmy? Saňa özüňiň ähli gazananlaryňyň hiç-de parhy ýok ýaly bolup görünýärmi? Güýçli içgiler, temmäki, neşe, bihaýaçylykly filmler, humarly oýunlar saňa azat berýärmi? Sen olara bolan höwesleri duýýaňmy? Seni ahlaksyz durmuş özüne çekýärmi? Belki-de, sen ähli synanyşyklaryňa seretmezden, özüňe duşman bolan adamyňa gatnaşygyňy üýtgedip bilýän dälsiň? Belki-de, durmuşyňda uly rol oýnaýan adam bilen seniň gatnaşyklaryň kyndyr?

Saňa Hudaý özüňden uzak ýaly bolup görünýärmi? Dilegleriňi hiç kim hem eşitmän, olara jogap almaýandygyň ýaly hem bolup görünýärmi? Durmuşyňda Hudaýdan gelýän şatlyk däl-de, lapykeçlik we umytsyzlyk höküm sürýärmi? Şol bir kynçylyga ýa-da gylyk-häsiýete öwrüm-öwrüm dolanyp gelip, şol bir ýalňyşlaryňy gaýtalandygyň saňa görünýärmi? Özüňden kanagatlanmazlyk duýgusy üstüňden agalyk edýän ýaly bolýarmy? Eger sen şu soraglaryň hiç bolmanda birine «hawa» diýip jogap beren bolsaň, onda mende seniň üçin hoş habar bar: Hudaý seni azat etmegi isleýär. Ol seniň Halasgäriň bolmaklygy isleýär (Rimliler 11:26 seret) we ölüm üçin niýetlenenleri halas etmek isleýändir (Süleýmanyň tymsallary 24:11 seret).

Duşmanyň seniň her bir gowşaklygyňy ulanyp, ony saňa garşy gural hökmünde gönükdirmegi isleýändigini sen bilýärsiňmi? Biz köplenç şeýtanyň meýilnamalary bilen ylalaşyp, bar zady üýtgetmäge güýjümiziň bardygy hakynda bolsa hiç zat hem bilýän däldiris. Özümize

ýöne bagt ýylgyranok diýip, ykbalymyz şeýledir diýen pikir bilen ruhdan düşýändiris. Hakykatda bolsa duşman bize garşy hereket edýändir. Emma bizi hut şularyň ählisinden azat etmeklik üçin hem Isa ýere geldi. Ol bizi gyrmaga synanyşýan duşmany ýeňmek üçin geldi. Hudaý ýesirleriň we ezilýänleriň ahy-nalalaryny eşidýändir (Mezmur 102:20–21 seret). Eger sen Oňa nalyş edýän bolsaň, Ol seni azat eder. Çünki Mukaddes Kitapda şeýle diýlendir: «Şonuň üçin hem Ogul sizi azat etse, siz hakykatdan hem azat bolarsyňyz» (Ýahýa 8:36). Duşmanyň neneň güýli bolýandygyna seretmezden, Hudaý seni azat edip bilýän täsin güýje eýedir.

Hudaý diňe seni söýüp, saňa haýpy gelýändigi üçin däl-de, eýsem seniň Özüne hormat bilen mukaddeslikde we hakykatda Onuň öňünde bütin ömrüňde hyzmat etmekligiňi isleýändir (Luka 1:74–75). Elbetde, biz ýamanlykdan daş durmalydyrys. Mukaddes Kitapda şeýle diýilýändir: «Gönüleriň ýoly ýamanlykdan sowulmakdyr; ýoluna dykgat edýän janyny goraýandyr» (Süleýmanyň tymsallary 16:17). Elbetde, biz öz durmuşymyzda bolup geçýänlere hökman jogapkärdiris, emma durmuşymyzda duşmanyň hem hereket edýändigini ýadymyzdan çykarmaly däldiris. Duşmanyň öz üstümizden bolan ygtyýarlygyndan biz hökman azat bolmalydyrys.

## Nädip azatlyga eýe bolmaly

Azat bolmaklyk ýekelikde edilen dilegden soň (Mezmur 72:12) ýa-da güýçli ynanýan adam bilen edilen dilegden soň (Mezmur 34:15 seret), ýa-da Hudaýyň Sözüniň okalanyndan soň (Ýahýa 8:31), ýa-da Hudaýyň barlygyny çuňňur duýmaklykdan soň bolup geçýändir. Öwgi we sežde etmeklik — Hudaýyň barlygyny duýmaklygyň iň peýdaly we güýçli usulydyr. Her gezek biz Hudaýy alkyşlanymyzda, ruhy dünýäde bir zatlar bolup geçýändir we ýamanlygyň güýçlerine gaty urgy edilýändir. Hudaýyň seniň öwgüleriňiň arasynda ýaşaýanlygy üçin bu şeýle bolýandyr (Mezmur 22:3 seret) we munuň yzysüre, sen Onuň barlygynda bolýansyň.

«Reb Ruhdur. Rebbiň Ruhy nirede bolsa, azatlyk hem şol ýerdedir» (2 Korintoslylar 3:17).

Mukaddes Kitapda şeýle diýlendir: «Rebbiň perişdesi Ondan gorkýanlaryň daşynda düşelge gurýandyr, olary halas edýändir» (Mezmur 34:7). Şeýtanyň gulagyňa şu kynçylykdan hiç haçan hem çykyp bilmejekdigiňi pyşyrdamaga başlanynda, sen Hudaýy alkyşlap, bu ýalany özüňden kow. Çünki Hudaý seniň Halasgäriňdir. Hudaýy alkyşlan pursadyňda, Ol seni azat edýändir. Eger sen azat bolan bolsaň, onda beýlekilere hem bu barada şaýatlyk et (Mezmur 107:2 seret).

Eger sen ýene-de özüňiň köne günäleriňe dolanyp, aşak ylgaýan bolsaň, onda lapykeçlige we umytsyzlyga wagtyňy ýitirme. Hatda geçmişdäki zatlar gurmuşyňda ýene-de gaýtalanýan hem bolsa, ruhdan düşme, çünki ine şu ýagdaý bolup geçýän bolmagy ahmal: sen agyrynyň iň çuňňur zolaklaryndan azat bolýansyň. Bu seniň köne ýagdaýa dolanýandygyňy aňladýan däldir, bu seniň doly azat bolýan ýagdaýyňa şaýatlyk edýändir. Seniň ýüregiňiň iň çuň ýerlerine täsir edileninde, bu azat bolmaklygyň birinji tapgyryndakydan has hem agyryly bolýandyr. Hudaýa ynan-da, Oňa öz durmuşyňy tabşyr we Ol seni Öz möwsüminde azat eder (Mezmur 31:15 seret).

Azat bolmaklygyň Hudaýdan gelýändigini bilip goýgun, emma bu ýagdaýyň uzak bolýandygyny ýadyňda sakla. «Ol bizi şeýle uly ölümden gutardy we gutarýar. Biziň üçin edýän dogalaryňyzyň kömegi bilen Onuň bizi ýene-de gutarjagyna umyt baglaýarys» (2 Korintoslylar 1:10). Hudaý başlan işini hökman soňuna çenli ýetirýändir, şonuň üçin azat bolmaklyk ýagdaýy seniň garaşanyňdan uzak wagta çekýän bolaýsa, onda ruhdan düşüp, lapykeç bolma. Şuňa ynamly bol: «Sizde oňat işe başlan Hudaýyň Mesih Isanyň gününe çenli muny bitirjekdigine ynamym bar» (Filipililer 1:6).

Seniň dogrulygyňyň yşyklanyp, halas bolmaklygyňyň bolsa ýanyp duran oduň yşygy kimin bolanyna deňeç, Hudaý rahat bolup bilmez (Işaýa 62:1 seret). Azat bolmaklyk seni başga bir zada öwürýän däldir,

emma sen öz bolmalysyň ýaly, ýagny akylly, özüňe ynamly, söýgüli, başarjaň, mähirli we parasatly, Hudaýyň gözel gyzy bolmaklygyň üçin täzeden güýje girersiň.

## *Dileg*

*Eý Hudaý*, Sen şeýle wada beripdiň: «Reb hem meni ähli ýamanlykdan gutaryp, Gökdäki Patyşalygynda saklar» (2 Timoteos 4:18). Şu wadaň üçin men Saňa minnetdarlyk bildirýärin. Men şuny bilýärin: «Çünki biziň söweşimiz adamlara garşy däl-de, hökümdarlara garşy, ygtyýarlylara garşy, bu garaňky dünýäniň häkimiýetlerine garşy, ýamanlygyň Gökdäki ruhy gudratlaryna garşydyr» (Efesliler 6:12). Ähli duşmanlaryňy ýeňendigiň üçin Saňa minnetdarlyk bildirýärin (Efesliler 1:22 seret) we «üsti açylmajak ýapyk zat, bilinmejek gizlin zat ýokdur» (Matta 10:26).

Eý Hudaý, öz durmuşymdan duşman tarapyndan galdyrylan ähli galalary görüp bilmeýärin we şonuň üçin hem men Saňa bil baglaýaryn. Sen maňa duşmanyň şol galalaryny görkez we men olary ýumrup bileýin. Seniň «tussaglara azatlygy, körlere gözleriniň açylmagyny yglan etmäge, zulum astyndakylary azatlyga çykarmaga, Rebbiň merhemet ýylyny yglan etmäge» gelendigiň üçin minnetdargyryn (Luka 4:18 seret). Sensiz men öz höweslerimiň ýesiri bolup galýandyryn, gözlerim bolsa kör bolup, hakykaty görüp bilmeýändirin we men ejir çekýänleriň arasynda galýandyryn. «Ykbalym Seniň eliňde. Meni duşmanlarymyň elinden we meni aňtaýanlardan halas et» (Mezmur 31:15).

Azat bolmaklygymyň Sende jemlenendigini bilýändirin. «Ol ýokardan elini uzadyp, meni tutdy; meni çuň suwlardan

çykardy. Meni güýçli duşmanymdan we meni ýigrenenlerden halas etdi» (Mezmur 18:16-17). Isanyň özüme beren azatlygynda berk durup bilmekligime kömek et we ýene-de gulçulygyň elastyna düşmezligime kömek et (Galatýalylar 5:1 seret).

Eý Hudaý, özümi Senden daşlaşdyrýan zatlaryň baryndan meni azat et. Aýratyn hem men Senden özümi (özüňiň azat bolmaly kynçylygyňyň adyny aýt) azat et. Öz tenimiň sesine gulak asyp, gapylary duşman üçin açan ýagdaýlarymyň her biri üçin men toba edýärin. Gulak asmazlyk eden her bir ýagdaýlarymy maňa aýan et we meni Öz erkiňi ýerine ýetirmeklik ýoluna dolandyr. Seniň ýollaryňdan ýöremeklige maňa akyldarlyk ber we özümi aşak çekýänleriň baryndan üstün bolmaklygyma kömek et (Süleýmanyň tymsallary 28:26 seret).

Tende ýaşaýandygyma seretmezden, güýjümiň onda däldigini men bilýärin, çünki «biz dünýäde gezýän hem bolsak, dünýä ýollary boýunça söweşýän däldiris. Sebäbi biziň söweş ýaraglarymyz dünewi däldir, galalary ýykmak üçin Hudaýyň gudratyna eýedir» (2 Korintoslylar 10:3–4). Isanyň ady bilen dileg edýärin, goý, durmuşymda duşman tarapyndan dikeldilen her bir gala esasyna çenli ýer-ýegsan edilsin. Goý garaňkylyk meniň öňümde ýagtylyk bolsun, ergi ýollar bolsa gönelдilsin (Işaýa 42:16 seret). Özümde başlan oňat işleri soňa çenli ýetirjekdigiňi men bilýändirin (Filipililer 1:6 seret). Ýeňilmezligim üçin sabyrlylyk we Seniň Sözüňde durup bilmekligim üçin bolsa maňa güýç ber.

## SENIŇ DILEGIŇI HAS TÄSIRLI EDIP BILJEK MUKADDES KITAPDAN ALNAN AÝATLAR

Dogry adamlar perýat edenlerinde Reb eşidýär, olary ähli muşakgatlaryndan gutarýar.

*Mezmur 34:17*

Muşakgat gününde Meni çagyr; Men seni halas ederin we sen Meni şöhratlandyrarsyň.

*Mezmur 50:15*

Gögüň Patyşalygynyň açarlaryny saňa bererin. Ýer ýüzünde baglan her zadyň Gökde bagly bolar. Ýer ýüzünde açan her zadyň Gökde açyk bolar.

*Matta 16:19*

Öz ýüregine bil baglaýan akylsyzdyr; akyldarlykda gezýän bolsa halas bolar.

*Süleýmanyň tymsallary 28:26*

Yhlasyny Maňa baglandygy üçin, Men ony halas ederin, ony goraryn, çünki adymy tanady.

*Mezmur 91:14*

## ÝIGRIMINJI BAP

# EÝ HUDAÝ, MENI ERBET DUÝGULARDAN AZAT ET

Öňler men howsalalyklardaky, depressiýadaky, gorkudaky we umytsyzlykdaky durmuş — bu bolup bilýän ýagdaý diýip pikir edýärdim. «Men ýöne şeýledirin» diýip, men hasaplaýardym. Emma men Hudaýa ynanyp, Onuň ýollaryndan ýöräp başlanymda, Oňa ynanýan we tabyn bolýanlar üçin ähli zadyň mümkindigini bildim. Seredip otursam, erbet duýgusyz durmuş bilen hem ýaşap bolýan eken. Eger biz Ondan dileýän bolsak, onda Hudaý bizi ol erbet duýgulardan çalt azat edýändir. Şonuň üçin hem biz hökman bu barada dileg etmelidiris.

Hudaý seni taşlany ýaly duýgular sende boldumy? Eger hawa bolsa, onda sen ýeke dälsiň, iş ýüzünde sen gaty oňat jemgyýetde bolýansyň. Ýöne bir millionlarça adamlar şeýle ýagdaýlary başyndan geçirmän, eýsem Isanyň Özi hem şeýle ýagdaýy başyndan geçirmeli boldy. Durmuşynyň iň agyr we gaýgyly sagadyndan Ol şeýle ýüzlendi: «Hudaýym, Hudaýym, näme üçin Meni terk etdiň?» (Matta 27:46). Biziň her birimizde hem agyr wagtlar bolýandyr we biz şonda özümizi ýeke we hemmeler tarapyndan taşlanan ýaly duýýandyrys. Emma hakykatda bolsa bu beýle däldir. Hudaý mydama biziň ýanymyzdadyr we perýat eden pursatlarymyz, dessine kömek etmäge taýyndyr. Kynçylyklaryň we

belalaryň toplumynyň içinde biz erbet duýgulara erk bermeli däldiris. Biz Hudaýyň Sözündäki olar hakynda aýdylýan hakykatlary yglan edip, ol erbet duýgulara garşy durup bilýändiris.

## Erbet duýgulardan azat bolmaklygyň ýedi sany dogry usullary

1. *Howsalalygy terk et*. Durmuş ýollarynda duş gelýän böwetleriň näçe çynlakaý bolýandygynyň parhy ýokdur. Ýöne olary Isanyň ýeňendigi hakynda ýadyňda sakla. «Bu zatlary Mende parahatlygyňyz bolsun diýip aýtdym. Dünýäde gaýgy-gussaňyz bolar, emma mert boluň. Men dünýäni ýeňendirin» (Ýahýa 16:33). Biz ýöne Hudaýyň barlygynda bolmaklyk arkaly howsalalardan azat bolýandyrys. «Içimdäki aladalar artanda Seniň teselliň janyma rahatlyk berýär» (Mezmur 94:19).

   Howsalalygy we ynjalygy duýmaklyk bilen, biz özümiz barada alada edip bilýän Isa ynanmagymyzy bes etdirýändiris. Emma eger sen Oňa ýüz tutsaň, onda Ol hökman Özüniň wepalylygyny subut edýändir. «Siz-de näme iýjegiňizi, näme içjegiňizi agtarmaň, gaýgy etmäň. Çünki dünýäniň milletleri bularyň hemmesini agtarýarlar, Ataňyz hem bularyň size gerekdigini bilýär. Hudaýyň patyşalygyny agtaryň, bu zatlaryň hem bary size onuň üstüne goşulyp berler. Gorkma, eý kiçijik süri! Çünki Ataňyz Patyşalygy size bermäge razy boldy» (Luka 12:29–32). Biz hiç bir zat hakynda alada etmän, diňe dileg etmelidigimizi Hudaý bize aýdýar.
2. *Gahary terk et.* Ýygy-ýygydan gaharlanmaga özümize rugsat bermeklik bilen, biz Hudaýyň patalarynyň öz durmuşymyza girmegine bolan ýoly bekleýändiris. Adamlaryň gaharlanyp, öz durmuşlaryna Hudaýyň girmekligine päsgel berendiklerine men ençeme gezek şaýat boldum. Gahara öz janlarymyzyň üstünden agalyk etmekligine rugsat bermeklik bilen, biz günä we şeýtana gapylary açýandyrys. «Gaharlanyň, ýöne günä etmäň.

Gaharyňyzyň üstüne gün ýaşmasyn. Iblise ýol bermäň» (Efesliler 4:26–27).

Gaharlanan adam töweregindäki ähli zatlary ýumrudýandyr we netijede bolsa çynlakaý ýalňyşlyklar edýändir. «Gaharjaň adam jenjel turuzýandyr; gyzma adamyň jenaýaty köpdür» (Süleýmanyň tymsallary 29:22). Nädip ençeme erkekler gaharda öz aýallaryny urup, käwagtlar bolsa hatda öldürýän wagtlary hem bolýandyr we netijede öz durmuşlaryny mydamalyk öldürýändirler! Näçe aýallar öýkeläp, maşgalalaryny we adamlar bilen gatnaşyklaryny dargadýarlar we neitjede Hudaýyň özleri üçin taýýarlanyny gurban edýärler! Diňe samsyk adam gaharlanmaga çaltdyr, akylly adam bolsa gahary sebäpli öz durmuşyny gurban bermekligi isleýän däldir. «Gaharlanmakda ruhuňda alňasaklyk etme; çünki gaharlanmak akylsyzyň gursagynda dynç alýandyr» (Wagyzçy 7:9). Hudaýyň wada berýän patalaryna eýe bolup bilmekligiň üçin özüňi gaharlanmakdan goramaklygyny Hudaýdan dile.

3. *Nägileligi terk et.* Erbet zatlara ünsüňi jemläp, öz durmuşyňdaky ýetmezçilikleri gözlemeklik bilen meşgullanmaklyk neneň ýeňildir! Emma şeýle bolanynda rahatlygyň we şatlygyň bolmazlygy adamy we onuň töweregindäkileri betbagt edýändir. Durmuşyňdaky wajyp we hökmany bolan üýtgeşikleri islemekde hiç bir ýaman zat ýokdur. Emma bu pikir zorluk bilen ornaşdyrylýan bolsa, onda biz özümiziň içki rahatlygymyzy gurban edýändiris. Her gezek synaglara düşeniňde, resul Pawlusyň sözlerini ýadyňa sal: «Bulary ýetmezçiligimiň barlygy zerarly diýmeýärin, çünki her hili ýagdaýda baryma kaýyl bolmagy öwrendim. Mätäçlik çekmegi-de, bolelin ýaşamagy-da bilýärin. Her hili ýagdaýda hem doklugyň, hem açlygyň, hem bolelin ýaşamagyň hem-de mätäçlikde bolmagyň syryny öwrendim. Özümi güýçlendirýän Mesih arkaly her zady etmegi başarýaryn» (Filipililer 4:11–13). Hudaý saňa rahatlygy wada berýändir:

«Şeýlelikde, Hudaýyň halky üçin ýene bir sabat gününiň dynçlygy galýar» (Ýewreýler 4:9). Her bir ýagdaýlarda-da rahatlygy we şatlygy tapyp bolýandyr. Öz öňüňde şeýle meseläni goýýandygyňy Hudaýa aýdyp, Ondan kömek dile.

4. *Göripçiligi terk et.* Sen Hudaýa we Onuň baýlygyna gözüňi dikmän, beýleki adama we onuň baýlygyna gözüňi dikeniňde, göripçilik etmekligiň ruhy saňa ýolbaşçylyk edip başlaýandyr. «Çünki nirede içigaralyk, igenjeňlik bar bolsa, ol ýerde başbozarlyk, her hili erbet iş hem bardyr. ma Gökden inen akyldarlyk ilki bilen, sap, ondan soň-da parahatlyk söýüji, mylaýym, diýenediji, rehimden, oňat miwelerden doly, ýüz görmezek we ikiýüzlülikden halasdyr» (Ýakup 3:16–17). Şeýle pikir etmekligiňe özüňe erk berme: «Eger mende *onuňky ýaly* saçym bolsady, *onuňky ýaly* tenim, *onuňky ýaly* eşigim bolsady! Eger mende *onuň* başarjaňlygy, *onuň* ukyplary, *onuň* baýlyklary we patalary bolsady!.. Eger mende *onuňky ýaly* ärim, *onuňky ýaly* çagalarym bolsady!» Munuň deregine ünsüňi Isa gönelt. *Onuň* gözelligi hakynda, *Onuň* baýlygy, sylaglary, häsiýeti, kömekleri we güýji hakynda oýlan. Özüňe galdyran baý mirasy üçin Oňa minnetdarlyk bildir we oňa eýe bolar wagtyňa garaşmaga sabyrlygyňyň ýokdugyny aýt.
Habyldakylara Kabylyň eýe bolmaklyk isläninde, dünýä göripçilik giripdi we şonuň üçin hem Kabyl öz doganyny öldüripdi. Emma soň Kabyl özüniň jenaýaty üçin bütin ömür ejir çekip geçdi. «...Sebäbi araňyzda içigaraçylyk, çekişme we dawanyň barlygyna görä, siz tebigy adamlar dälmi? Adam adaty boýunça gezmeýärsiňizmi?» (1 Korintoslylar 3:3). Özümize degişli bolmadyk zada açgözçilik bilen eýe bolmaklygymyz zerarly biz bütin ömür ejir çekmekligi islemeýändiris. Göripçilik üçin biziň töleýän bahamyz gaty ýokarydyr. «Asuda ýürek bedene ýaşaýyşdyr; göriplik bolsa süňkleri çüýredýändir» (Süleýmanyň tymsallary 14:30). Hudaýyň söýgüsi hakynda şaýatlyk edip bilmekligiň we

ony adamlara görkezip bilmekligiň üçin dileg et. «Söýgi sabyrlydyr, şepagatlydyr, söýgi göripçilik edýän däldir, söýgi öwünip, tekepbirlik edýän däldir» (1 Korintoslylar 13:4).

5. *Depressiýany terk et.* Ýüregiň ähli erbet duýgularyndan hem depressiýa iň erbedi hasaplanylýandyr. Köp adamlar depressiýada ýaşaýarlar we munuň şeýledigine özleri hem düşünip bilmeýärler. Ruhuň sussupes bolan ýagdaýlary hemmelere hem bellidir we şonuň üçin hem şeýle ýagdaýda bolmaklyk tebigy diýip hasaplanylýandyr. Emma Hudaý seni sussupes görmek islemeýär.
   Mukaddes Kitabyň gahrymanlarynyň ençemelerine depressiýa ýagdaýlary tanyşdyr. «Men iňňildemekden ýadadym; her gije aglamakdan düşegimi gark edýärin. Gözýaşlarym bilen ýorganymy öl edýärin. Gözüm gussadan ýaňa kütelýär; köplüginden ýaňa tapdan düşýär» (Mezmur 6:6–7). «Ryswalyk ýüregimi döwdi, men dertli; bir rehimlä garaşdym, emma ýokdy, göwünlik berijä garaşdym, emma tapmadym» (Mezmur 69:20). «Gaýgydan ýaňa süňňüm ereýär; sözüňe laýyklykda meni güýçlendir» (Mezmur 119:28). Emma bizi şeýle ýagdaýda Hudaýyň görmek islemeýändiginde oňat habar jemlenendir. Ol Özüniň şatlygynyň bizde bolup, depressiýanyň ruhuny kowmaklygyny isleýändir. «Reb ýalbaryşymy eşitdi; Reb dilegimi kabul eder» (Mezmur 6:9). Bizi galdyryp, depressiýa ýagdaýyndan çykarmaklyk üçin Hudaý biziň nalyşlarymyzy eşitmek isleýändir.

6. *Ajyny terk et.* Sirke nädip derini ýakýan bolsa, ajy hem biziň tenimizi şeýle ýakýandyr. Eger ajy duýgusy saňa eýelik edýän bolsa, onda sen Hudaýyň patalaryndan mahrum bolýansyň. «Men seniň ajy ötden doludygyňy we erbetlik bilen baglydygyňy görýärin» (Resullaryň işleri 8:23). Eger sen mezmurçy ýaly özözüňden: «Ýüregim bütin gün gussaly bolup, haçana deňeç janym aladalansyn? Haçana deňeç duşmanym üstüme abanar?» (Mezmur 13:2) diýip soraýan bolsaň, onda diýmek bu ajynyň

ýüreginde berk kök urup, edil rak keseli kimin çişi emele getirendigini aňladýandyr. Ýöne biz şuňa meňzeş pikirleri terk edip, olardan azat bolup bilýändiris. Olara garşy durup bilmegimiz üçin biz Hudaýdan kömek diläp bilýändiris. «Dykgat ediň, hiç kim Hudaýyň merhemetinden mahrum galmasyn. Bir ajy kök gögerip, sizi ynjalyksyz etmesin, köp adamlar munuň bilen hapalanmasyn» (Ýewreýler 12:15).

Her bir ajydan özüňi Hudaýyň azat edip, onuň deregine minnetdarlyk, öwgi we sežde etmeklik ruhundan boldurmagy hakynda dileg et. Hudaýdan bolmadyk ähli zady ýüregiňden Mukaddes Ruhuň kowmaklygy hakynda haýyş et.

7. *Umytsyzlygy terk et.* Umytsyzlyk — bu seniň teniňe we janyňa täsir edip, dessine däl-de, haýallyk bilen öldürýän duşmandyr. Ýöne sen ähli umytlaryňy Hudaýa baglamaklyk kararyny kabul etseň, Ol seniň ähli mätäçlikleriňi doldurar we seni umytsyzlyk duýgusyndan azat eder. Her bir durmuş ýagdaýlaryna bolan gatnaşygymyza laýyklykda, biz şu gün ähli umydymyzy Hudaýa baglamaklygy çözüp bilýändiris. Öz janlarymyzy saklamaklygyň serişdesi şu gün bizde bardyr. «Azgyn adamyň ýolunda tikenler we kementler bardyr; janyny goraýan olardan uzak bolar» (Süleýmanyň tymsallary 22:5). Umytsyzlyk — bu janyň üçin ölümdir. Ony terk etmeklik kararyny kabul et. Durmuşyňyň özüňe neneň tümlük kimin bolup görünýändigine seretmezden, sen mydama Hudaýda ynamly bolup bilýänsiň. Geljege bolan umydy bermekligi we ýüregiňi minnetdarlykdan doldurmaklygy hakynda Hudaýdan haýyş et.

Erbet duýgularyň arkasynda şübhe gizlenýändir. Hudaýa doly bil baglanlar üçin howsalalyga sebäp barmydyr? Olarda gahar, lapykeçlik, göripçilik, öýkeleme we umytsyzlyk üçin esas barmy? Elbetde, durmuşymyzyň ol ýa-da beýleki ýagdaýlarynda biziň ählimiz hem erbet duýgularyň täsirine duş bolýandyrys, şonuň

üçin hem olar peýda bolanynda, aljyraňňylyga düşmekligiň geregi ýokdur. Emma olar saňa uzak wagtlap eýeçilik etmeli däldir. Bu erbet duýgulary terk et-de, olary öz durmuşyňa goýberme. Olaryň ölüm getirýän täsiriniň durmuşyňa ýaýramagyna we netijede Hudaýyň özüň üçin taýýarlan ajaýyp zatlaryny murdar etmekligine ýol berme.

## Dileg

*Eý Hudaý*, Seniň şatlygyňda we parahatlygyňda ýaşap bilmekligime kömek et. Howsalalara, gahara, biynjalyga, göripçilige, depressiýa, aja, umutsyzlyga, ýekelige, gorka we özümi günäli duýmaklyk duýgularyna garşy durup bilmegim üçin maňa güýç we akyl ber. «…ruhum içimde tapdan düşüp, ýüregim içimde aňkaranynda» meni halas et (Mezmur 143:4 seret). Men bu erbet duýgulara durmuşymy boýun egdirmeklikden boýun towlaýaryn. Özüm üçin Seniň käbir oňat zady taýýarlandygyňy men bilýändirin. Eger men erbet duýgularyň täsiri astyna düşüp başlasam, onda maňa bu ýagdaýy açyp görkez.

Sabyrlylyk bilen öz janlarymyzy halas edip bilýändigimiz hakynda Sen Öz Sözüňde aýdypdyň (Luka 21:19 seret). Şeýle hereket edip bilmekligim üçin maňa sabyrlylyk ber. Şeýle-de, Seniň Sözüňde şeýle diýlendir: «Bar zadyňdan ilki ýüregiňi gora, çünki ýaşaýşyň gözbaşy şondadyr» (Süleýmanyň tymsallary 4:23). Öz ýüregimi gorap bilmekligime kömek et. Özümi howpsuzlykda duýmaklygyma kömek et we ünsümi Sende jemläp, Seniň söýgiňi aýan edip bilmegim üçin, bar ünsümi özüme jemlemezligime kömek et. Ýüregimi ýumşat-da, mähriban bolup bilmegime kömek et. Beýlekileriň gowşaklyklaryna düşünje bilen gatnaşyk edip, özüme berk daramagyma

kömek et. Seniň haçdaky eden işiň meniň beýik şatlygymyň çeşmesidir. Bu barada hiç haçan hem ýadymdan çykarmazlygyma kömek et.

«Duşman janymy aňtady, ýaşaýşymy ýere ýegsan etdi, meni gadymky ölenler ýaly garaňkyda oturtdy. Şeýle, ruhum içimde tapdan düşdi, ýüregim içimde aňkardy. Gadymky günleri ýatlaýaryn; Seniň ähli işleriňe oýlanýaryn we Seniň elleriň işi barada pikire çümýärin. Ellerimi Saňa serýärin; janym suwsuz ýer kimin Saňa teşne. Sela. Ýa Reb, maňa tiz jogap ber, ruhum tapdan düşüp barýar; ýüzüňi menden gizleme, gabra inýänlere meňzäýmäýin. Ertirine merhemetiňi maňa eşitdir, çünki men Saňa bil baglaýaryn; ýörejek ýolumy maňa bildir, çünki men janymy Saňa tabşyrýaryn» (Mezmur 143:3-8). Gaýgyly wagtlarymda Saňa ýüzlenip bilýändigim üçin Saňa minnetdardyryn. Saňa ýüzlenenimde bolsa, Sen meni diňläp, dilegime jogap berýärsiň (Mezmur 17:6 seret). Goý, Seni tanamaklygyň şatlygy meniň ýüregimi bagtdan we parahatlykdan doldursyn.

## SENIŇ DILEGIŇI HAS TÄSIRLI EDIP BILJEK MUKADDES KITAPDAN ALNAN AÝATLAR

Hiç zadyň aladasyny etmän, her zatda dilegleriňizi
doga we ýalbarma arkaly şükür bilen Hudaýa bildiriň.
Her hili düşünjeden ýokary bolan Hudaýyň parahatçylygy
Mesih Isada siziň ýüregiňizi, pikirleriňizi gorar.

*Filipililer 4:6–7*

Şonda görgi içinde Rebbe perýat etdiler, olary
muşakgatlaryndan gutardy. Garaňkylykdan, ölüm
kölegesinden olary çykardy, daňylaryny üzdi.

*Mezmur 107:13–14*

Eý argynlar, agyr ýüklüler, Meniň ýanyma geliň,
Men size dynçlyk bereýin. Meniň boýuntyrygymy dakynyň-da,
Menden öwreniň, çünki Men mylaýym hem pes
göwünlidirin, janlaryňyz dynçlyk tapar. Çünki Meniň
boýuntyrygym ýumşakdyr, ýüküm ýeňildir

*Matta 11:28–30*

Dogry adamlar perýat edenlerinde Reb eşidýär,
olary ähli muşakgatlaryndan gutarýar. Reb göwni
synyklara ýakyndyr we ruhy ökünçlileri gutarýandyr.

*Mezmur 34:17–18*

Emma Rebbe umyt baglaýanlar täzeden kuwwat tapar,
bürgütler kimin ganat ýaýyp galar, ýortup ýadamaz,
ýöräp ejizlemez.

*Işaýa 40:31*

## ÝIGRIMI BIRINJI BAP

# EÝ HUDAÝ, GAÝGYLY PURSATLARYMDA MAŇA TESELLI BER

Her gezek bulutly we ýagynly gün uçarda uçmaly bolanymda, men bir ýagdaýa mydama haýran galýaryn: uçar gara we goýy bulutlardan böwsüp, ýokary galanynda, meniň gözümiň alnynda gaty başga görnüş peýda bolýar. Daş-töwerek mawy reňkde bolup, günüň şöhleleri gözüňi açdyrmaýar. Hatda iň ýaman howada-da tupanlardan we tolkunlardan ýokary galyp, ajaýyp we ýuwaş dünýä düşüp bolýandygyny men mydama ýadymdan çykarýaryn.

Biziň ruhy we teni ýaşaýşymyz köplenç şu suraty bize ýatladýar. Betbagtçylyklaryň we gaýgylaryň, göreşleriň we ejirleriň biziň kellämiziň üstündäki asmany goýy bulutlara büräninde, biz hiç zady hem görmäge ukyply bolýan däldiris. Şonda ýokarlarda bir ýerlerde ümsümligiň we parahatlygyň höküm sürýän ýuwaş we açyk ýeriň bardygyna ynanmaklyk ýeňil bolýan däldir. Eger şeýle agyr pursatlarda biz Hudaýyň elinden berk ýapyşsak, onda Ol bizi öz ýagdaýlarymyzdan ýokary galdyryp, özümiz üçin ýörite taýýarlanan amatly, ýyly we howpsuz ýerde ýerleşdirýändir.

Göwünlik Beriji — bu Mukaddes Ruhuň iň söýgüli atlarynyň biridir (Ýahýa 14:26 seret). Günden ýşyk bermekligi soramaklygyň zerurlygynyň bolmaýşy ýaly, Mukaddes Ruhdan hem göwünlik bermekligi

soramaklygyň zerurlygy ýokdur, çünki Onuň Özi göwünlik berijidir. Biz ýöne özümizi Ondan daşlaşdyrýan zatlardan gaça durmalydyrys. Agyr synaglar döwründe bize Özüniň beýik tesellisini bermekligi hakynda dileg etmeklik biziň üçin wajypdyr.

Agyr pursatlar biziň her birimiziň hem durmuşymyzda bolup geçýändir. Agyry we ýitirmeklik — biziň durmuşymyzyň bir bölegidir. Durmuşymyzda betbagtçylyklaryň bolmagynyň ençeme sebäpleri bardyr, emma eger biz soraýan bolsak, onda betbagtçylyklary patalara öwürmeklik üçin Hudaý mydama biziň ýanymyzdadyr. Eger biz gaýgylaryň öz durmuşymyzy baýadýandygyna düşünip bilsek, onda öz agyrylarymyzy ýeňip, synaglaryň içinde ynamymyzyň ösýändigini görüp bilýändiris.

### Durmuşymyzda kynçylyklaryň peýda bolmagynyň dört esasy sebäpleri

1. *Käwagtlar Hudaýyň şöhratynyň bize aýan bolup, bizde açylmagy üçin kynçylyklar peýda bolýandyr.* Isa bir gezek doglanyndan bäri kör bolan bir adamyň ýanyndan geçeninde, şägirtleri ol adamyň körlügi onuň özüniň we ata-enesiniň günäleriniň netijesi bolup bilýän-bilmeýänligi hakynda sorapdylar. Isa olara şeýle jogap berdi: «Ne munuň özi günä etdi, ne-de ene- atasy; bu onda Hudaýyň işleriniň görkezilmegi üçin boldy» (Ýahýa 9:3). Durmuşymyzda ol ýa-da beýleki wakalaryň näme üçin bolup geçýändigine biz hemişe düşünýän däldiris. Eger-de Hudaýa gelmesek, onda olaryň sebäbini hiç-de bilmezligimiz hem mümkindir. Emma eger sen belalaryň jümmüşinden Hudaýa nalyş edýän bolsaň, onda Onuň şöhraty saňa aýan bolup, sende açylar.
2. *Hudaý kynçylyklary bizi arassalamak üçin ulanýandyr*. Mukaddes Kitapda şeýle diýlendir: « Mesihiň biziň hatyramyza tende görgi görşi ýaly, siz hem şol pikir bilen ýaraglanyň...» (1 Petrus 4:1). Diýmek, kynçylyklar arkaly biziň günälerimiz we men-menlimiz

«oda ýakylýandyr». Biziň öz erkimizi däl-de, Onuň erkini ýerine ýetirip, özümiz üçin däl-de, Onuň üçin ýaşamagymyz üçin Hudaý synaglary biziň durmuşymyza iberýändir. Käwagtlar bu ýeňil we ýakymly bolýan däldir, emma Hudaý Özüniň mukaddesliginde biziň hem paýymyzyň bolmagyny isleýändir (Ýewreýler 12:10 seret). Öz ten isleglerimizden azat bolup, Özüne ýapyşmaklygymyz Hudaý üçin ýakymlydyr.

3. *Bizi terbiýelemeklik maksady bilen Hudaý durmuşymyzda kynçylyklaryň peýda bolmagyna ýol berýändir.* «Her hili terbiýe berilmek öňürti şatlykly zat däl-de, gaýgyly zat bolup görünýändir. Ýöne bu soňra şeýle ýetişdirilenler üçin dogrulygyň dynçlyk miwesini öndürýändir» (Ýewreýler 12:11). Hudaýyň şeýle sapagyndan soň getirilen miwe kynçylyklara göz gelmeklige mynasypdyr. Biz bolsa öz gezegimizde, Hudaýyň temmisine garşy durmazlyk üçin elimizden gelenini etmelidiris. «Ogullara: "Oglum, Rebbiň terbiýe berşini äsgermezlik etme, Ol saňa käýände ruhdan düşme!" diýip aýdylyşy ýaly, özüňize berlen bu öwüdi-de unutdyňyz. Çünki Reb söýýänini terbiýeleýändir, Ogullyga kabul edenini çalýandyr. Terbiýelenmek ugrunda kynçylyklara çydaýarsyňyz. Hudaý sizi Öz ogly kimin tutýar. Çünki haýsy ogla atasy terbiýe bermeýär?» (Ýewreýler 12:5–7).

4. *Käwagtlar biz duşmanyň duzaklaryna düşýäris.* Sen betbagt bolanyňda, duşman begenýändir, çünki onuň maksady seni öldürmeklikdir. Gahar, gaýgy we öýke ýaly erbet duýgulary başyňdan geçirmegiňe köplenç hut şeýtan jogapkärdir. Emma munda ne seniň, ne-de başga biriniň günäsi bardyr. Eger sen gaýgylaryň içinde Hudaýa öwgi aýdyp bilýän bolsaň, onda Hudaý duşmany ýok edip, durmuşyňy bolsa göz öňüne getirip bilmeýşiň ýaly üýtgedýärdir. Hut şunda hem seniň üçin uly teselli bardyr. Hudaý seniň Öz yzyna eýermegiňi isleýändir we şonda kynçylyk pursatlarynda Ol saňa Özüne doly ynanmaklygy öwredýändir.

Kynçylyklaryň biziň ýagşylygymyz üçin iberilýändigini hiç kim eşitmek islemeýändir, ýagny biziň başymyza inýän agyrylar, gaýgylar, ýitirimler we lapykeçlikler ahyrynda özümiz üçin peýdalydyr. Öz kynçylyklarymyzda biz başymyzdan geçirýän agyry hakynda oýlanman bilmeýändiris. Ýöne bize mydama kömek etmäge taýyn bolan Mukaddes Ruh bardyr. Mukaddes Kitabyň käbir terjimelerinde Oňa Kömekçi hem diýilýändir. Isa şeýle diýdi: «Men-de Atama ýalbararyn, Ol size, hemişe siziň bilen bolar ýaly, başga bir Göwünlik Beriji, ýagny Hakykat Ruhuny berer. Hakykat Ruhuny dünýä kabul edip bilmez, çünki dünýä Ony ne görýär, ne-de tanaýar. Ýöne siz Ony tanaýarsyňyz, çünki Ol siziň araňyzda ýaşaýar we siziň içiňizde bolar» (Ýahýa 14:16–17). Kömek we teselli üçin Mukaddes Ruha ýüzlenenimizde, Ol bize ýöne bir kömek etmän, hatda Özüne hem ýakynlaşdyrýandyr. Biz «aglaýanlar» hökmünde bagtly bolýandyrys, çünki Göwünlik beriji bize teselli berýändir (Matta 5:4 seret).

Birnäçe ýyl mundan ozal rak sebäpli meniň joram aradan çykanynda, men ýöne gaýga batypdym. Biz mekdep ýyllaryndan bäri joralardyk we bu ýitgini nädip başymdan geçirip biljekdigime göz ýetirip bilmeýärdim. Jaýlanymyzdan soňky birinji gün maňa gaty agyr boldy. Men ajy hakykat bilen hiç-de ylalaşyp bilmedim we gözýaşlar derýa bolup gözlerimden akýardy. Galyberse-de, onuň sekiz ýaşly ogly meniň elimde galypdy, ýagny men ol hakynda alada etmelidim (şonda meniň bireýýäm iki çagam bardy — biri alty, beýlekisi bolsa sekiz ýaşyndady). Men gaçanyda köşeşdirip bilmekligim üçin, Hudaýyň özüme kömek etmegini soradym. Her gezek kömek we teselli üçin Hudaýa ýüzlenenimde, Ol her gezek hem maňa jogap berdi. Men muny günde edýärdim.

Her gezek sen öz agyryňdan üstün bolanyňda, Hudaýyň ýagşylygyna, parahatlygyna we yşygyna eýe bolýarsyň, ynamyň bolsa ösýändir. Hudaý saňa betbagtçylyklaryň içinde ýöne bir teselli bermän, hatda beýlekileriň hem betbagtçylyklarynda olar üçin teselli bolup bilmekligiňe öwredýändir. Eger sen Hudaýyň barlygynda ýaşaýan bolsaň, Onuň şöhraty sende aýan bolar.

# Dileg

*Eý Hudaý*, durmuşymda nähili tümlük höküm sürýändigine seretmezden, Seniň özüm üçin baky we sönmeýän yşykdygyňy ýadymda saklamagyma kömek et. Durmuşymy nähili gara bulutlar büreýändigine seretmezden, Sen meni olardan üstün edip, maňa rahatlyk berýärsiň. Ýitirenlerimiň netijesinde dörän agyrydan diňe Sen meni azat edip, peýda bolan boşlugy Öz ýagşylygyň bilen dolduryp bilýänsiň. Diňe Sen meni öz betbagtçylygymyň ýüküniden azat edip, gözýaşlarymy guradyp bilýänsiň. «Çagyranymda maňa jogap ber, eý dogry Hudaýym! Darygamda giňlik ber. Maňa rehim et-de, dilegimi eşit» (Mezmur 4:1).

Senden haýyş edýärin: betbagtçylyk we gaýgy pursatlaryn-da ýanymda bol, çünki agyr günlerde men gowşaman, gaýtam güýçli bolmak isleýärin. Men ynamda ösüp, şübhelenmek islemeýärin. Synag döwründe umydyň özümi taşlamazlygyny isleýärin, men lapykeçlige düşmekligi islemeýärin. Duýgularyň üstün bolmazlyklary üçin men Seniň hakykatyňda berk durmaklyk isleýärin.

Erbet habarlardan gorkman bilýändigim üçin Saňa minnetdardyryn, çünki meniň ýüregim Saňa berk ymut baglaýandyr (Mezmur 112:7 seret). Saňa gaty minnetdardyryn, çünki «Sen janymy ölümden, gözlerimi ýaşdan, aýaklarymy taýmakdan halas etdiň» (Mezmur 116:8). Seniň yzyňa eýerip, umyda eýe bolandygym üçin minnetdardyryn. «Men ölmän, ýaşaryn we Rebbiň işlerini yglan ederin» (Mezmur 118:17). Gaýgydan ýaňa süňňüm ereýän hem bolsa, sözüňe laýyklykda meni güýçlendir (Mezmur 119:28).

Ähli zat üçin Saňa minnetdarlyk bildirmekligi hiç haçan hem ýadymdan çykarmazlygyma kömek et. Seniň ähli ýerde

şalyk sürýändigiňi ýadymdan çykarmaýyn. Goý, özümiň günälerimi Seniň ýuwandygyňy, Saňa degişlidigimi hiç haçan hem ýadymdan çykarmaýyn. Mundan wajyp zat meniň üçin ýokdur. Suwlardan geçenimde, Sen meniň bilen boljakdygyňy we derýalaryň meni ýuwutmajakdygyny bilýändirin. Otdan geçenimde, ol meni ýakmaz (Işaýa 43:1–2 seret). Bu şeýledir, çünki Sen oňatsyň we maňa kömek edip, teselli bermekligi üçin Sen Mukaddes Ruhy iberdiň. Eý, umytlar Hudaýy, men Senden haýyş edýärin: Mukaddes Ruhuň güýji bilen umytda baýamagym üçin meni şatlykdan, parahatlykdan we ynamdan doldur (Rimliler 15:13). Mukaddes Ruhy meniň Kömekçim we Göwünlik Berijim hökmünde iberenligiň üçin minnetdardyryn. Agyr günlerde mydama bu hakynda maňa ýatlat.

## SENIŇ DILEGIŇI HAS TÄSIRLI EDIP BILJEK MUKADDES KITAPDAN ALNAN AÝATLAR

Eý, söýgüli doganlar, sizi synamak üçin araňyzda ýüze çykýan ot azaryny, geň zada sataşan ýaly, geň görmän, eýsem, Mesihiň şöhraty görnende, uly begenç bilen şatlanar ýaly, Onuň görgülerine şärikdeş bolan derejede şatlanyň.

*1 Petrus 4:12–13*

Mesihde Öz ebedi şöhratyna çagyran bütin merhemetler Hudaýy az wagtlaýyn görgi göreniňizden soň, sizi kämilleşdirer, berkider, güýçlendirer we gurar.

*1 Petrus 5:10*

Rebbe umyt bagla; batyr bol, Ol seniň ýüregiňi güýçlendirer; Rebbe umyt bagla.

*Mezmur 27:14*

Ruhy garyplar bagtlydyr, çünki Gögüň Patyşalygy olaryňkydyr. slylar bagtlydyr, çünki olara göwünlik berler.

*Matta 5:3-4*

Şindiden ebede çenli Reb seniň çykyşyňy, girişiňi saklar.

*Mezmur 121:8*

## ÝIGRIMI IKINJI BAP

# EÝ HUDAÝ, GÜNÄLI SYNAGLARA GARŞY DURUP BILMEKLIGIME KÖMEK ET

Näme üçin ähli zatda özüne üstünlik ýoldaş bolan ýaş ýigit bar zadyny ýitirmäge ylalaşýarka? Men saz sungatynda ökde, owadan, güýçli, baý, hormatly, öýlenen we Hudaýdan pata eýe bolan bir adamy tanaýaryn. Bulardan başga-da, ol ýekelikde öz ýurdunyň duşmanyny ýeňipdi. Emma bularyň baryna seretmezden, ol synaga düşüp, günälere batyp galdy.

Dawut patyşanyň boş wagty gaty kän bolaýmagy ahmal we ol özüniň bolmaly ýerinde bolmandyr. Ol özüniň köşgüniň üçeginde aýlanyp ýörkä, goňşy öýdäki suwa düşünip oturan aýala syn edýär. Munuň deregine ol ähli patyşalar ýaly beýleki erkekler bilen söweşde bolup, duşmana garşy uruşmalydy. Onuň iň uly ýalňyşlygy synaga düşeninde däldir, çünki bu biziň her birimiz bilen hem bolup bilýändir. Onuň ýalňyşlygy synagdan ýüz öwrüp, ol ýerden gaçyp, dessine Hudaýa ýüz tutmandygyndadyr. Dawut duran ýerinde durup, syn etmegini dowam etdirýärdi. Ol oýlanyp, meýilnamalar gurýardy. Ol öz durmuşyny Hudaýa bermegiň deregine, höwesleriň özüni ýeňmekligine ýol berdi. Netijede bolsa ol ganhor bolup, ençeme kynçylyklary, şol hatarda oglunyň hem ölümini başyndan geçirip, bütin ömür eden günäsi üçin tölemeli boldy.

Isa hem synaglardan gaça durup bilmedi, emma ol Dawut ýaly dälde, dogry hereket etdi. Dawut öz teniniň höwesine laýyklykda hereket etdi, Isa bolsa ýok. Isa Hudaýyň Sözünde berk durdy, Dawut bolsa ol hakda ýadyndan çykardy. Men uzak ömür ýaşadym we öz durmuşlaryny synaglaryň gurbany eden ençeme erkekleri we aýallary gördüm. Biziň başymyza dürli synaglar düşýändir. Köplenç bolsa adamlar jynsy gatnaşykda synaglara düşýändirler. Men Hudaýyň özleri üçin taýýarlan sylaglaryndan we ýaşaýşyndan ýüz öwrüp, höwesleri zerarly kör bolan ençeme adamlary gördüm. Olar edil asmandaky ýyldyzlar ýaly gaçdylar we ýandylar, munuň deregine bolsa şöhle saçyp duran ýyldyzlary kimin bolup biljekdiler. Özleriniň günälerini ýuwup, täzeden güýje girendiklerine seretmezden, olar özleriniň öňki derejesine ýetip bilmediler.

Zyna etmeklik bilen adamlar günäniň gurbanlyk sypasyna özleriniň bütin durmuşlaryny goýýandyrlar. Elbetde, eger olar günälerine toba etseler, onda bagyşlama alyp, şypa taparlar, emma günä etmedik wagtynda eýe boljaklaryny indi olar hiç haçan hem alyp bilmezler. Dawudyň günäleri bagyşlanyp, ol şypa tapypdy, emma ol özi üçin iň gymmat bolan ogluny ýitirdy we şondan bäri onuň durmuşy betbagtçylykdan betbagtçylyga uçrap, ömrüniň ahyryna çenli rahatlyk tapmady. Hudaý ony öňküsi ýaly söýýärdi, emma onuň eden günäsi mydama özi hakynda şaýatlyk edýärdi. Öz höweslerine ýol bermeklik bilen adamlar näçe köp zady ýitirýändiklerine düşünmeýärler. Tenleriniň höweslerine erk etmedik wagtlaryndakysy ýaly olaryň durmuşlary indi, günä edenlerinden soň, hiç haçan hem şöhle saçmaz.

Erkekleriň we aýallaryň köpleri üçin garşydaş jynsa bolan betnaşyn höwesleriň iň çynlakaý kynçylykdygyny men özüme gelýän ençeme hatlar arkaly bilýärin. Adatça iş hyýallaryň amala aşmagyna çenli barmaýar, emma adam öz höwesli arzuwlaryna azatlygy bermegini dowam etdirýändir. Ýöne mälim bolşy ýaly, günäli pikirler hem çynlakaý zyýan ýetirip bilýändir. Adatça zyna günäsi şeýle pikirler bilen kelläňe aralaşýandyr: «Men bu adam hakynda bütin ömür arzuw etdim we onuň

öýlenendiginiň parhy ýok, meniň özüm hem nikadadyryn»; «Bu işde hiç bir ýaman zat bolmasa gerek, çünki men gaty bagtlydyryn»; «Men islänime eýe bolaryn»; «Hiç kim hem bu barada bilmez»; «Bu ykbal bolmagy ahmaldyr».

Bu hapa pikirleri kelläňe salýan şeýtanyň özüňe Hudaýyň beren patalaryny ogurlamagyna rugsat berme. Bir erkegiň başarjaňlygyna, täsin aklyna we daş-keşbine ýokary baha bermekligimiziň hiç bir ýaman tarapy ýokdur, emma eger sen onuň bilen nikada bolmasaň, onda ol seniň üçin diňe Hudaýdaky doganyňdygyny ýadyňda sakla. Eger sen bir erkege bolan mynasyp bolmadyk hereketleriňe üns beren bolsaň, onda hökman haýallyk etmän Hudaýyň öňünde toba et we ol pikirden özüňi azat etmegini haýyş et. Onsoň şeýtanyň meýilnamalaryny aňandygyňy we özüňdäki Hudaýyň mirasyny onuň ogurlap bilmejekdigini oňa aýt. Duşmanyň galalarynyň dargadylmagy üçin gerek bolsa oraza tutup, dileg et. Onuň galalarynyň ýer-ýegsan edilenine çenli yza çekilme. «Synaga düşmez ýaly oýa boluň, doga ediň. Ruh islegli, ýöne ten ejizdir» (Matta 26:41). Näçe Hudaýa ýakynlaşdygyňça, şeýtan şonça-da saňa güýçli hüjüm edip, seniň mirasyňy ogurlamak isleýändir. Onuň hüjümlerine taýyn bol we Hudaýyň Sözüni oňat bilmekligiň bilen oňa garşy dur.

### Synaglar hakynda ýadyňda saklamaly bolan alty wajyp hakykatlar

1. *Kim:* özleriniň mesihi ýaşaýyşlary, oňat işleri, ruhy ösüşleri bilen aýratyn gopbamsylyk edenleriň gaty agyr ýykylandyklaryny men gördüm. Olar gaty aşak düşüp, hatda toba hem etmediler. Biziň gopbamsylygymyzyň ýykylmagymyz üçin sebäp bolmaklygyna biz ýol berip bilýän däldiris.
2. *Näme:* günä etmeklige bizi her bir zat hem itip bilýändir. Aýratyn hem jynjy synagyň duzagyna düşmeklik howpy gaty uludyr. Beýleki synaglaryň hem dürli görnüşleri bardyr, mysal üçin pul, ygtyýarlyk. «Ýöne her kes öz höwesleri tarapyndan çekilip, aldanan mahaly synalýandyr. Onsoň höwes bogaz bolup, günäni

doguryandyr; günä hem ýetişenden soň ölümi doguryandyr. Eý, söýgüli doganlarym, aldanmaň!» (Ýakup 1:14-16). Seni synaga salmaklyk üçin duşman seniň gowşaklyklaryňy ulanýandyr. Teniňiň höweslerine garşy durup bilmekligiň üçin Hudaýdan güýç sora.

3. *Haçan:* düzgün bolşy ýaly, garaşmadyk pursadyňda, ýagny iň gowşak ýagdaýlaryňda duýdansyzlykda synag seniň başyňa düşýändir. Synaglara özbaşdak döz gelerin diýäýseň, onda ýalňyşýansyň we uly howpa düşýänsiň. Iň oňady — bu barada Hudaýa gürrüň bermeklikdir. Onsoň ynamly adamy tapyp, onuň bilen derdiňi paýlaşmalysyň we bilelikde dileg etmelisiňiz. Synag birsalymda ýiter diýip umyt etme. Haçan bolup geçýändigine seretmezden, durmuşyňda peýda bolan howp gaty uludyr we hakykydyr.
4. *Nirede:* synaga ähli ýerde-de düşüp bolýandyr: ýygnanyşykda, iş ýeriňde, öýde, ulagda, uçarda. Seniň garaşmadyk ýeriňde synag peýda bolup bilýändir. Nirede bolup geçýändigine seretmezden, bar güýjüňi ýygnap, özüňi synaga salýan zatdan daşlaş. Eger seni süýji synaga salýan bolsa, onda süýji fabgiriniň ýanyndan geçme, çünki ol ýerde gelýän yslar seniň aklyňy küteldip, seni ýoldan çykarmagy mümkin. Eger sen haýsydyr bir erkek adam zerarly synaga düşýän bolsaň, ondan daş dur. Eger bu mümkin bolmasa, ondan ol adam bilen ýekelikde galma. Seni synaga salýan ähli zatlardan daş dur we her bir mynasyp bolmadyk islege garşy durup bilmekligiň üçin Hudaýdan güýç sora.
5. *Näme üçin:* durmuşyňda Hudaýyň beýik üýtgeşikleri amala aşyrmaklygy isleýändigini bilýändigi üçin duşman seni synaga salýandyr. Bary-ýogy gysga wagtlyk keýplenme üçin ähli zatdan geçmeklige seniň aklyňyň ýetýändigine şeýtan umyt edýändir. Sen tarapdan edilen günäniň diňe bir özüňe däl-de, beýkilere-de zyýan ýetirýändigini şeýtan bilýändir. Duşman bir wagtda birnäçe maksada ýetmekligi isleýändir. Onuň duzagyny gören

dabyňa, onuň öz durmuşyňy we beýlekileriň durmuşlaryny ýok etmäge rugsat bermeýändigiňi oňa aýt.

6. *Nädip:* synagyňyň nähili bolýandygyna seretmezden, bu seni ýok etmekligi isleýän şeýtanyň eliniň işidigini ýadyňda sakla. Ol seniň gowşak ýerleriňi tapýandyr, nämä mätäçdigiňi bilýändir, seniň ejizligiňi ulanýandyr we seniň günä etmekligiň üçin bar güýjüni gaýgyrmaýandyr. Hut şunuň üçin hem biz özümiziň gowşaklyklarymyzdan azat bolup, bir bütewi şahsyýet bolmalydyrys. Şeýle etmeklik bilen biz duşmanyň öz durmuşymaza aralaşmagynyň bar ýoluny bekläp bilýändiris.

Dileg etmekligi synaga düşmeziňiň öň ýanyndan ýerine ýetirmeklik oňatdyr, çünki synag başyňa düşeninden soň, ony ýeňip geçmeklik has-da kyn bolýandyr. Isa biziň ulanyp bilmekligimiz üçin dilegiň nusgasyny galdyrdy: «Bizi synaga salma, bizi iblisden halas et» (Matta 6:13 seret). Duşmana Hudaýyň sözi bilen gaýtargy berip, biz Isanyň mysalyna eýerip bilýändiris. Şeýlelikde, biz Mesihiň özümize beren azatlygynda berk durup, gulçulyk boýuntyrygyny gaýtadan saldyrman bilýändiris (Galatýalylar 5:1 seret). Biz Rebbimiz Isa Mesihiň ady bilen sorap bilýändiris, çünki Ol synalanda, Özüniň görgi gören zatlarynda synalýanlara kömek bermegi-de başarýandyr (Ýewreýler 2:18 seret).

Synag seniň başyňa düşüp bilmez diýip, hiç haçan hem pikir etme. Näçe uly boldugyňça, şonça-da duşmanyň oklary üçin nyşan bolmaklygyňyň mümkinçiligi uludyr. Köp adamlar uly ýaşda Hudaýdan daşlaşýandyrlar, çünki olar indi özbaşdak synaglara döz gelip bileris diýip oýlaýarlar. Gysga wagtlap ynanýan, synag döwründe bolsa ynamdan gaçýan adam bolmaklyk mümkin däldir (Luka 8:13 seret). Synaga düşmezleri ýaly dileg etmeklerini Isa şägirtlerine ündew edipdi. Bu ündew bize-de degişlidir.

Isanyň hut durmuşynyň we hyzmat etmekliginiň arasyndaky döwürde Onuň başyna synag düşdi. Hut şeýle ýagdaýda, ýagny durmuşyňdaky iň

wajyp wakanyň öň ýanynda synag seniň hem başyňa düşüp bilýändir. Muňa mydama taýyn bol we synagyň näçe güýçli bolýandygyna seretmezden, sende Bolan dünýäde bolandan uludyr (1 Ýahýa 4:4 seret). Duşmany ýeňmeklik üçin sende güýç bardyr.

## *Dileg*

*Eý Hudaý*, duşmanyň duzaklaryna düşmezligim üçin akylda we ruhda güýçli bolmaklygyma kömek et. Synaga düşmegime ýol berme, emma şeýtanyň duzaklaryndan meni azat et. Esasanda meni… (özüňi synaga salýan zadyň adyny aýt) aladalandyrýar. Özümi gurşan synagyň zynjyrlaryny Isa Mesihiň ady bilen üzýärin. Özümi synaga salyp, Seniň patalaryňdan mahrum edip biljek ähli zatlara garşy durup bilmekligime güýç ber.

Özümde günäli hereketleri amala aşyrmaklyga eltýän ýa-da hapa sözleri aýtmaklyga mejbur edýän gizlin pikirleriň bolmazlygy hakynda dileg edýärin. Ýüregimde hemmelerden gizlinlikde betnyşan hereketleri etmeklik isleginiň gizlenen ýerleriniň bolmazlygy hakynda dileg edýärin. Men garaňkylygyň utançly işlerine gatnaşmaklygy islemeýärin. Munuň deregine, şeýtany paş edip bilmekligime maňa kömek et (Efesliler 5:11 seret). Meniň ýollarymy gönelt (Ýewreýler 12:13 seret) we özüme şeýtanyň duýdansyzlykda we hilegärlik bilen hüjüm etmekligine ýol berme.

Men bilýärin, ýagny Sen «tertipsizlik Hudaýy däl-de, mukaddesler ýygnaklarynyň hemmesinde bolşy ýaly, parahatlyk Hudaýysyň» (1 Korintoslylar 14:33 seret). Meni her bir tertipsizlikden gora. Öz ýolumy aýdyň görüp bilip, Seniň öňünde günä etmezligim üçin Seniň sözüňi ýüregimiň töründe ýerleşdirmekligime kömek et (Mezmur 119 seret). Mukaddes Ruhuň

kömegi bilen men ýüregimde günäniň höküm sürmekligine we teniň höweslerine ýolbaşçylyk etmekligine ýol bermerin (Rimliler 6:12 seret).

Meni diňleýändigiň we olar sebäpli Seniň patalaryňdan mahrum bolup biljek synaglaryň baryndan azat edýändigiň üçin Saňa çäksiz minnetdardyryn (Mezmur 145:18–19 seret). Dogrulary synaglardan nädip azat etmelidigini bilýändigiň üçin hem minnetdardyryn (2 Petrus 2:9 seret). Özümi her hili synaglardan azat edip, arassalykda saklaýandygyň üçin Saňa minnetdarlyk bildirýärin.

## SENIŇ DILEGIŇI HAS TÄSIRLI EDIP BILJEK MUKADDES KITAPDAN ALNAN AÝATLAR

Synaga çydaýan adam bagtlydyr, sebäbi ol synagdan geçenden soň, Rebbiň Özüni söýenlere wada eden ýaşaýyş täjini alar.

*Ýakup 1:12*

Siz her kişiniň başyna gelýänden başga hiç bir synaga salynmadyňyz. Hudaý dogruçyldyr, Ol size güýjüňizden öte synalmagyňyza ýol bermän, döz gelip bilmegiňiz üçin, synag bilen bilelikde çykalga-da açar.

*1 Korintoslylar 10:13*

Ine, bizi gurşap alan şeýle uly güwäler buludynyň barlygyna görä, her hili ýüki, bizi aňsatlyk bilen bürän günäleri taşlap, öňümizde goýlan ýaryşda sabyrly ylgalyň. Gözümizi imanymyzyň Öňbaşçysy, Kämilleşdirijisi Isa dikeliň. Ol öňüne goýlan begenç ugrunda utanjy äsgermän, haçdaky ölüme döz gelip, Hudaýyň tagtynyň sagynda oturdy.

*Ýewreýler 12:1–2*

Eý doganlar, dürli synaglara uçranyňyzda, muny uly begenç saýyň, çünki imanyňyzyň barlanmagynyň çydam döredýänligini bilýänsiňiz. Kämil hem doly bolup, hiç bir ýetmeziňiz bolmaz ýaly, çydam işiňi kämil etmelidir.

*Ýakup 1:2–4*

Şonuň üçin men dogrudyryn diýip pikir edýän adam öz ýykylmagyndan ägä bolsun.

*1 Korintoslylar 10:12*

## ÝIGRIMI ÜÇÜNJI BAP

# EÝ HUDAÝ, MAŇA ŞYPA BER WE ÖZ TENIM HAKYNDA DOGRY ALADA EDIP BILMEGI ÖWRET

Iki ýyl mundan ozal men tas ölüpdim. Birnäçe aýlap meni garnymyň töweregindäki agyry heläk etdi we men ençeme keselhanalara baryp, ençeme lukmanlar bilen maslahatlaşdym, emma olaryň hiç biri-de meniň keselimi anyk kesgitläp bilmediler. Analizlerimiň bary meniň sagdynlygym hakynda şaýatlyk edýärdi. Meniň kynçylyklarymyň sebäbini hiç kim hem anyklap bilmedi.

Bir gezek gije men şu wagta çenli başymdan geçirmedik elhenç waka duçar boldum: içimde edil bir zat ýarylan ýaly boldy we haýal etmän maňa kömek edilmese, onda öljekdigime düşündim. Ärim meni gije sagat 3:30-da keselhana äkitdi, çünki «tiz kömege» garaşmaga biziň wagtymyz ýokdy. Onsoň men keselhananyň kabulhanasynda birnäçe sagatlap ýatyp, eger çalt kömek etmeseler, onda öljekdigimi gaýtalap we haýyş edip aýtdym. Ýene-de şol öňki analizleri menden aldylar we ýene-de hiç kim hiç zat anyklap bilmeýärdi.

Ärim meniň üçin dyngysyz dileg edýärdi we soňabaka keselhana meniň aýal doganym Sýuzan bilen onuň jorasy Roza hem geldiler. Olar hem meniň üçin dileg etmeklerini bes etmediler. Olar beýleki adamlardan hem haýyş edip, olaryň men üçin dileg edip, keselimiň anyklanmagy üçin dileg etmeklerini haýyş etdiler. Mende bolsa diňe bir dileg bardy: «Isa, kömek et».

Men Hudaýdan: «Ölmeli wagtym geläýdimikä?» diýip soradym. Emma men Hudaýyň «hawa» diýip aýdýandygyny duýmadym. Ol men babatda Özüniň ýene käbir niýetleriniň bardygyna düşünmegimi isledi.

Keselhana gelenimden sekiz sagat geçeninden soň hirurgy çagyrdylar we ol meniň ýanyma gelip, batyrgaýlyk bilen şeýle diýdi: «Siziň bilen näme bolýandygyny men şu wagt anyk aýdyp bilmeýän, ýöne meniň pikirimçe, siziň köriçegäňiz ýarylap bolaýmaly. Men haýal etmän sizi operatsiýa etmeklige ibererin. Belki-de, men ýalňyşýandyryn, emma hiç bolmanda keseliň sebäbini anyklarys».

Ol lukman mamla bolup çykdy. Operatsiýadan soň ol şeýle diýdi: «Bir sagatdan siziň bütin endamyňyz zäherlenerdi we sizi halas edip bilmezdim». Meniň sagalmagym baradaky dileglerimize Hudaýyň jogap berendigine men şol bada düşündim, şol lukman bolsa bu jogabyň bir bölegidi.

Operatsiýadan soň birnäçe hepdeläp men keselhanadaky düşegimden tutup bilmän, bedenimdäki ençeme enjamlar sebäpli hatda ýerinden hem gozganyp bilmän ýatdym. Agyrylarym bolsa hatda çaga dogulmazynyň öň ýanyndaky burgulardan hem beterdi. Hatda günde sançýan agyrylary aýyrmaklyk üçin dermanlar hem hiç kömek etmeýärdi. Bir gezek irden lukman ýanyma geleninde, nädip beýle bolýandygyny men ondan soradym.

«Belki-de, men bir zatlary nädogry edendirin? — diýip, men ondan soradym. — Belki-de kän witamin kabul edendirin? Ýa-da möçberinden-de azdyr? Belki gerekli bolmadyklaryny kabul edendirin? Fiziki maşklary ýeterlisinden az edendirin? Belki gaty kän edendirin? Men hemişe öz saglygyma seresaply bolmaga synanyşýardym. Bolup geçýänlerde meniň günäm barmyka?»

«Bu ýerde sizden hiç zat hem bagly däl, — diýip lukman aýtdy. — Bu genetiki taýdan şeýle bolmaklygy mümkindir».

Ol ýene-de mamla bolup çykdy. Meniň maşgalamyň agzalarynyň köpüsi şu kesel bilen keselläpdiler, emma olar meniň ýaşymdan irräk

kesellẞpdirler. Özüm bilen şeýle zat bolar diýip oýlanmandym, çünki garyndaşlarymyň kesellän ýaşlaryndan men bireýýäm geçipdim. Şonda men özümiziň ähli synanyşyklarymyza seretmezden, bedenimize keselleri goýbermezlige güýjümiziň ýokdugyna düşündim. Özümiz hakynda alada etmelidigimize seretmezden, biz barybir Hudaýa şypa Berijimiz hökmünde mätäçdiris.

## Kynçylygyň iki tarapy

Sagalmaklyk we öz teniň hakynda aladalanmaklyk — bu dürli zatlardyr. Sagalmaklyk hakynda Hudaýa dileg etmeklik bilen, bu ýagdaýyň Onuň işidigini biz bilýändiris, teniň barada alada etmeklik bolsa — bu biziň borjumyzdyr. Olaryň ikisi hem bir ýagdaýda wajypdyr.

Hudaý biziň tebigatymyzy we hiç zady hem kämil etmeklige güýjümiziň ýokdugyny bilýändir. Şonuň üçin hem Ol Isany biziň şypa Berijimiz hökmünde iberdi. Emma şunuň bilen birlikde Ol bizi Öz ýaradanlarynyň, şol hatarda öz tenimiziň hem ýolbaşçylary bolmaklygymyzy buýurdy. Ol biziň sagdyn durmuş alyp barmaklygymyzy, öz tenimiz hakynda alada edip, öz-özümize zyýan ýetirmezligimizi isleýändir. Öz tenimiz barada dogry alada etmeklik bilen Özüni alkyşlamagymyz Hudaý üçin ýakymlydyr, çünki biziň tenimiz Onuň ybadathanasydyr.

Biziň köplerimiz şeýle pikir edýärler: «Iýmitimden we fiziki işlerimden başga mende bar zatlaryň ählisi Hudaýa degişlidir. Iýmitlenmeklik we fiziki işleri etmeklik meniň özüme tabşyrylandyr». Ýa-da: «Meniň durmuşym Hudaýa degişlidir, tenim bolsa özüme. Şonuň üçin hem tenim bilen islänimi edip bilerin». Ýöne eger biz Hudaýa degişli bolsak, onda ähli zadymyzyň bolşy ýaly, tenimiz hem Oňa degişlidir. Tenimiz hakynda alada etmeklik — bu durmuşymyzyň Hudaýa degişli bolmadyk aýratyn bölegi däldir.

Bu işde biziň niýetlerimiz, ýagny öz tenimizi ýaş we owadan saklamaklyga synanyşmaga eltýän hereketlerimiz esasy roly oýnaýandyr.

Durmuşymyzyň üstünligi köp babatda biziň şahsy niýetlerimizden baglydyr. Eger biz diňe owadan geýimde owadan görünmeklik üçin dogry iýmitlenip, fiziki maşklary edýän bolsak, onda ýaşymyzyň ulalmagy bilen bu niýet özüniň wajyplygyny ýitirýändir. Emma biz Hudaýyň hereketjeň we sagdyn hyzmatkärleri bolmaklyk niýetimiz bilen dogry iýmitlenip, sport bilen meşgullanýan bolsak, onda biziň hereketlerimiziň netijeleri bakyýetde çüýremez bolýandyr we biz geljekde-de özümizi oňat görnüşde saklap bileris.

Men adamlaryň: «Men öz tenim hakynda aladalanmaýan, çünki kesel bolan ýagdaýymda Hudaý meni sagaldýandyr» diýýänlerini kän eşidýärin. Beýle pikir etmeklik howpludyr we betbagtçylyklara getirip bilýändir. Şeýtan mümkin boldugyndan bize güýçli zyýan ýetirmäge synanyşýandyr, biz bolsa özümize şeýle seretmeklik bilen oňa diňe kömek edýändiris. Öz tenimiz hakynda ýeterli aladalanman, biz öz saglygymyzy ýitirýändiris. Özüňe zyýan ýetirip bilýän ähli zatlardan Hudaýyň özüňi goramaklygy we özüňe peýda getirýän ähli zatlary tertipli bolup ýerine ýetirmekligiň hakynda dileg et.

## Şypa Berijä eliňi degir

Ähli synanyşyklarymyza seretmezden, biz käwagtlar keselleýändiris. Ähli zady dogry edip bilýändiris, emma çyklakaý kesellerden biz özümizi goraglap bilýän däldiris. Käwagtlar biz käbir kesellere ýykgynly bolmaklygymyzy ata-babalarymyzdan alýandyrys. Özümiziň elhenç kesselleriň gurbany bolýandygymy bilmän, biz ejir çekip hem bilýändiris. Biziň bilen gürli betbagtçylyklar bolup bilýändir. Hudaý bu barada bilýärdi we şonuň üçin hem Isany — şypa Berijini bize iberdi. Onuň şypa beriji elleri Hudaýyň rehimdarlygynyň şaýatydyr.

Mukaddes Kitap Isa *el degirmäge* batyrgaýlyk edenleriň sagalandyklary hakynda gürrüň berýär. «Oba bolsun, şäher ýa düz bolsun, Ol nirä barsa, syrkawlary bazar ýerinde ýatyryp, diňe geýiminiň syýnlaryna el-

lerini degirmäge rugsat etsin diýip, Oňa ýalbarýardylar. El degrenleriň hemmesi-de sagaldy» (Markus 6:56). Biziň hem sagalmagymyz üçin Oňa el degirmekligimiz gaty wajypdyr. Bu diýmeklik — Onuň barlygyna girmekligimizi aňladýandyr. Özüňi sagaltmagy barada Hudaýa dileg et we muny Onuň *Öz* islegine görä *Özüniň* bellän wagtynda etjekdigine ynan. Öz teniň hakynda alada edeniňde, Hudaý bilen işdeş bol, çünki sen — Onuň buýruklaryny ýerine ýetirijisiň, Ol bolsa — Sagaldyjydyr.

## *Dileg*

*Eý Hudaý*, özüm üçin Seniň sypa Berijimdigiňe minnetdardyryn. Her bir şikeş we her bir kesel uçranynda, men Seniň kömegiňe mätäçdirin. Şu gün maňa şypa bermegiňi Senden haýyş edýärin we aýratyn hem men… (bedeniňiň sagaldylmaga mätäç bolan ýerini aýt) sagaldylmagy üçin dileg edýärin. Seniň sözüňde şeýle diýlendir: «Bularyň hemmesi Işaýa pygamber arkaly aýdylan şu sözüň ýerine ýetmegi üçin boldy: "Biziň ejizliklerimizi Öz üstüne aldy, syrkawlyklarymyzy Öz gerdeninde çekdi"» (Matta 8:17). Şu sebäpli hem meni sagalt. Meniň şypa tapmagym, bagyşlama we baky ýaşaýşy almagym üçin ejir çekdiň, öldüň we jaýlandyň. Seniň ýaralaryň bilen şypa tapdym (1 Petrus 2:24 seret). Diňe Seniň barlygyňda özümiň sagalýandygymy men bilýändirin. Seniň barlygyňda men Saňa elimi degrip bilýändirin we Sen hem jogap edip, maňa eliňi degrersiň.

Mende nämäniň oňat, nämäniň bolsa erbetdigini diňe Sen bilýänsiň we erbet bolanlary maňa açyp görkezmegiňi haýyş edýärin. Her bir bitertip we ýeterli bolmadyk maglumaty menden aýyr we dogry iýmitlenip, özüme zyýan ýetirip bilýän iýmitleri ulanmazlygyma kömek et. Eý Hudaý, men muny Sensiz

edip bilmeýärin, çünki diňe Sen meni edil Öz ýaradanyň hökmünde bilýänsiň. Özümi mydama oňat görnüşde saklamaklygyma kömek et. Öz tenimiň höwelerini ýeňip bilmekligime kömek et (1 Korintoslylar 9:27 seret).

Eý Hudaý, bilim ýetmezçiligi zerarly halkyň gyryljakdygy hakynda Sen Öz sözüňde aýdypdyň (Hoşeýa 4:6 seret). Nämäniň dogrudygyny bilmeýänligim üçin men ezýet çekmekligi islemeýärin. Maňa Özüň öwret we geljekde-de Senden öwrenmekligime kömek et. Özüme dogry maslahatlar berip biljek adamlaryň ýanyna meni elt; Seniň tabşyryklaryňa boýun bolup, olary ýerine ýetirmekligime kömek et. Kesel bolup, lukmana ýüzlenmeli bolanymda, öz keselimden sagalmagym üçin dogry usullary ulanmaklygyma kömek et.

Meni aýratyn hem… (saglygyň bilen baglanyşykly bolan kynçylygy aýt) aladalandyrýar. Bu betbagtçylykda meniň ýanymda bol, eý Hudaý we Öz erkiňi ýerine ýetir. Şu anyk ýagdaýda meniň azatlyk alyp, sagalmagym üçin kömek et.

Eý Hudaý, men Seni özümiň ähli işlerim bilen şöhratlandyrmak isleýärin. Seniň maňa beren öz tenime akyldarlyk bilen seretmekligime kömek et. Öz tenimiň kämil bolmandygy zerarly ony höküm edendigim üçin men Senden ötünç soraýaryn. Men toba edýärin. Öz tenimiň özümde ýaşaýan Mukaddes Ruhuň ybadathanasydygyny men bilýärin. Bu hakykaty berk ýadymda saklamagyma we öz ybadathanamy arassa we sagdyn saklamagyma kömek et. Öz tenime dogry garaşyk edip, ol hakda dogry alada edip bilmekligime kömek et.

## SENIŇ DILEGIŇI HAS TÄSIRLI EDIP BILJEK MUKADDES KITAPDAN ALNAN AÝATLAR

Araňyzda biri syrkawmy? Ol ýygnagyň ýolbaşçylaryny ýanyna çagyrsyn, olar hem Rebbiň adyndan oňa ýag çalyp, onuň üçin dileg etsin. Iman dilegi syrkawa şypa berer; Reb ony dikelder. Eger ol günä eden bolsa, bagyşlanar. Şypa tapar ýaly, günäleriňizi biri-biriňiziň ýanynda boýun alyp, biri-biriňiz üçin dileg ediň. Dogry adamyň yhlasly dilegi gaty güýçlüdir.

*Ýakup 5:14–16*

Ýa Reb, maňa şypa ber, şypa tapaýyn; meni gutar, gutulaýyn; çünki magtanjym Sensiň.

*Ýeremeýa 17:14*

Çünki seniň saglygyňy yzyna bererin, ýaralaryňy bejererin Reb diýýär.

*Ýeremeýa 30:17*

Iýseňiz-de, içseňiz-de, her näme etseňiz-de, baryny Hudaýyň şöhraty üçin ediň.

*1 Korintoslylar 10:31*

Çünki biziň bu dünewi öýümiz, bu çadyr weýran bolsa, Gökde Hudaýdan bir ymaratymyzyň, el bilen ýasalmadyk ebedi öýümiziň bardygyny bilýäris.

*2 Korintoslylar 5:1*

## ÝIGRIMI DÖRDÜNJI BAP

# EÝ HUDAÝ, MENI ÝALAN GORKULARDAN AZAT ET

Birnäçe ýyl mundan ozal men arkaýyn suwa düşünip bilmeýärdim, çünki meni «Psihoz» atly filminiň elhenç wakalary yzarlaýardy. Men bu filmi heniz ýaşlygymda seredipdim we şondan bäri suwa düşünmäge gorkýaryn. Diňe Hudaýa ynanyp, bir ynanýan adamyň özümiň şol gorkudan azat bolmaklygym üçin dileg edeninden soň, ahyrynda men köşeşip, suwdan lezzetlenip bildim.

Ondan başga-da men ölümden, açlykdan, şowsuzlykdan, uçarlardan, heläkçiliklerden, iňňelerden, pyçaklardan, ýitmeklikden, taşlanan bolmaklykdan, kesellemekden, ýaralanmakdan, garaňkydan, näbellilikden, adamlaryň pikirlerinden we ýekelikden gorkýardym. Emma bu gorkularyň baryndan Hudaý meni azat etdi. Käbir gorkularymdan azat bolmaklygym üçin men aýratyn dileg etdim, käbirleri bolsa heniz men Hudaýyň erkini ýerine ýetirip, Onuň söýgüsinde bolanymda, öz-özünden ýitip gitdi.

Hudaý biziň gorkuda ýaşamaklygymyzy islemeýändir, çünki gorky hiç haçan hem Ondan gelýän däldir. Dünýä gorkyny ösdürýär: filmlerden görýän, gažetdir kitaplarda okaýanlarymyz bizi gorkuzýar. Adamlaryň sözleri we hereketleri hem bizi gorka salýandyr. Duşman bizi ähli zat bilen, şol hatarda özümiziň geljegimiz bilen hem gorkuzyp bilýän-

dir. Biz özümiziň gorkýan betbagtçylygymyzdan seresap bolýandyrys. Emma gorky biziň üstümizden şeýle ygtyýarlyga eýe bolmaly däldir.

## Ýalan gorky

Adama mahsus bolmaly diňe bir gorky bardyr, bu gorky hem Hudaýyň gorkusydyr. Galan ähli gorkular ýalan gorkulardyr. Hudaýyň öňünde hormat goýmaklygyň gorkusynda ýaşap bilmekligimiz üçin biz dileg etmelidiris. Özümize ejir çekdirýän beýleki gorka bolsa erk bermeli däldiris. Giňden ýaýran ýalan gorkularyň biri — bu adamlaryň öňündäki gorkudyr, adamlar tarapyndan taşlanan bolmaklyk gorkusydyr. Bu duzaga biz köplenç tötänlikde düşýändiris. Kimdir biri däl-de, hut Hudaýyň Özüniň bu barada näme diýýändigini ýada salmaklyk wajypdyr. Özümize baga berlip, söýülmegimiz üçin biz adamlara däl-de, Hudaýa ýüzlenmelidiris. Eger ýüregimizde ilkinji orunda Hudaý duran bolmasa, onda biz hemişe hem adamlardan gorkarys. « Adamdan gorkmak duzak getirýändir; Rebbe bil baglaýan bolsa aman bolar» (Süleýmanyň tymsallary 29:25).

Gorky üçin dünýäde sebäp gaty kändir. Käwagtlar ýüregimizi gorkudan doldurmaklyk üçin täzelikleri diňlemekligiň özi hem ýeterli bolýandyr. Hatda özümiziň hususy hyýallarymyz hem bizi gorkuzyp bilýändir. Emma Hudaý bizi her bir gorkudan hemişelik azat etmegi isleýändir.

### Ýalan gorkudan azat bolmaklygyň dört sany dogry usuly

1. *Dilegetmeklik.* Biziň gorkularymyzyň sebäbiniň özümiziň söýgüde kämil däldigimizdigi hakynda Mukaddes Kitapda aýdylýandyr. «Söýgüde gorky ýokdur. Kämilleşen söýgi gorkyny kowup çykarýandyr, çünki gorkuda sütem bardyr. Kim gorkýan bolsa, ol söýgüde kämilleşen däldir» (1 Ýahýa 4:18). Diňe Hudaýyň söýgüsine kämil diýip bolýandyr. Diňe Oňa has ýakyn bolup, Onuň

söýgüsinden mydama doly bolmaklyk bilen Hudaýyň söýgüsinde kämil bolmaklyk mümkindir. Eger sen şeýle edýän bolsaň, onda Hudaý seni ähli gorkulardan azat edýändir.

2. *Öz pikirleriňe gözegçilik etmeklik.* Dünýäde bolup geçýän wakalar hakyndaky täzelikler köplenç bizi gorka salýandyr. Sen dünýäden nähili habarlary kabul edýärsiň? Belki bu habarlaryň käbirleri seni gorkuzýandyr? Sen gorkunçly filmlere baryp, telewizorda olara seredýäňmi? Eger hawa bolsa, onda onuň ýerine Hudaýyň Sözüni oka. Eger diňleýän täzelikleriň seni gorkuzýan bolsa, onda olara üns berme ýa-da ol täzeliklerde gürrüň berilýänler hakynda dileg et. Özüňi Hudaýa ýakynlaşdyrýanlaryň baryny et (mysal üçin, öwgi aýdymlaryny diňläp, olary aýtsaň hem bolar). Her gorky Hudaýyň barlygynda ýitirim bolýandyr.
3. *Hudaýyň Sözünde bolmaklyk.* Ençeme gezek maňa gorkunç bolanynda, men Mukaddes Kitaby okamaga başlaýardym we her bir gorky meni taşlaýardy. Hudaýyň öz gorkularymyz hakynda aýdýanlaryna gulak asanyňda, bary üýtgeýändir. Hudaýyň Sözüni yglan etmeklik bolsa — her bir gorka garşy bolan güýçli ýaragdyr. Diňe gorka degişli bolan aýatlary okap, olary ýat tutmaklygyň zerurlygy ýokdur, çünki Mukaddes Kitabyň her bir aýady hem gorkulary kowýandyr. Çünki Hudaýyň Ruhy Ýazgylaryň her bir sahypasynda bardyr.
4. *Hudaýyň gorkusynda ýaşamaklyk.* Hudaýy näçe tanadygyňça, şonça-da sen Onuň häsiýetini bilýänsiň, şonça-da Onuň öňünde hormat goýmaklyk islegiň döreýändir, şonça-da sen Onuň nägileligini döretmeklikden gorkup başlaýansyň. Bu duýga Hudaýyň öňündäki gorky diýilýändir. Hut şu gorky hem seni Hudaýa tabyn etmäge yrýandyr. Bu Hudaýdan gorkmaklyk duýgusy sende Oňa bolan ýakynlaşmany döredýändir. Hudaýyň gorkusyna eýe bolmaklyk bilen, sen özüňiň öňki gorkularyň hakynda ýadyňdan çykararsyň, çünki Hudaýyň güýji bilen deňeşdirilende, galan

ähli zatlar hiç zat ýaly görünýändir. Eger sende Hudaýyň gorkusy ýaşaýan bolsa, onda sen diňe bir zatdan, ýagny Hudaýyň patalaryndan mahrum bolmagyňdan gorkýarsyň we Onsuz durmuşyňy elhenç gorky bilen göz öňüne getirýänsiň.

## Hudaýyň gorkusy

Nuhuň durmuşy Hudaýyň gorkusyny başyndan geçirýän adamyň aýdyň mysalydyr. Tupanyň öň ýanyndaky onuň gämi gurmaklygynyň sebäbi — onda ýaşaýan Hudaýdan gorkmaklyk duýgusydy. «Iman arkaly Nuh entek görülmedik wakalar hakda Hudaýdan duýduryş alanda, Hudaýdan gorkup, içersiniň gutulmagy üçin bir gämi ýasady. Şonuň bilen dünýä höküm etdi, imana daýanan dogrulygyň mirasdary boldy» (Ýewreýler 11:7). Heniz Nuh gämi gurýarka, adamlar onuň üstünden güldüler, emma ol öz ynamynda berkdi. Ol adamlaryň dälde, Hudaýyň diýýänlerine gulak asdy. Netijede ol halas boldy. Ýadyňda sakla: «Hudaýdan gork we Onuň tabşyryklaryny sakla, çünki ynsanyň ähli wezipesi şondan ybaratdyr» (Wagyzçy 12:13). Munda seniň hem halas bolmaklygyň bardyr.

### Hudaýyň gorkusynda ýaşamaklyk bilen eýe bolup bilinjek ýedi ýagşylyk

1. *Hudaýyň aladasy ýagşylygy.* «Eý Rebbiň mukaddesleri, Ondan gorkuň, çünki Ondan gorkýanlaryň ýagşy zatlary kemçilik etmez» (Mezmur 34:9).
2. *Hudaýyň goragy ýagşylygy.* «Rebden gorkmak ýaşaýşa getirýändir; onda ynsan gijäni dok geçirer; oňa bela ýolukmaz» (Süleýmanyň tymsallary 19:23).
3. *Hudaýyň rehimdarlygy ýagşylygy.* «Çünki gökler ýeriň ýokarsynda nähili belent bolsa, şonça-da Onuň merhemeti Ondan gorkýanlaryň depesinde uludyr» (Mezmur 103:11).

4. *Hudaýyň geçirimlilik ýagşylygy.* «Özüňden gorkýanlar üçin saklap goýan ýagşylygyň nähili uly! Sen adam ogullarynyň öňünde Özüňe bil baglaýanlar üçin işlediň» (Mezmur 31:19).
5. *Hudaýyň sahylygy ýagşylygy.* «Pes göwünliligiň we Rebden gorkmagyň sylagy baýlyk, hormat we ýaşaýyşdyr» (Süleýmanyň tymsallary 22:4).
6. *Hudaýyň kömegi ýagşylygy.* «Ol Özünden gorkýanlaryň islegini kanagatlandyrýar, olaryň perýatlaryny eşidýär we olary gutarýar» (Mezmur 145:19).
7. *Hudaýyň ýolbaşçylygy ýagşylygy.* «Merhemet we hakykat bilen jenaýat örtülýändir; ynsan Rebden gorkmak bilen ýamanlykdan sowulýandyr» (Süleýmanyň tymsallary 16:6).

Hudaýyň syrlary bardyr. Bu Onuň senden käbir zatlary gizleýändigini aňladýandygy däldir. Ýöne Ol seniň Özüne ýakynlaşyp, şol syrlary agtaryp tapmaklygyňy isleýändir. «Rebbiň syry Ondan gorkýanlara aýan edilýändir. Ol olara ähtini bildirer» (Mezmur 25:14). Hudaýa gulak asyjy bolmaklygyň, Onuň bilen gürrüňdeş bolmaklygyň Hudaý üçin ýakymlydyr. Saňa heniz aýan bolmadyk zatlaryň baryny diňe Ol berip bilýändir. Şonuň üçin hem seniň Onuň bilen gatnaşyklaryň gaty berk bolmalydyr, diňe şonda Ol saňa täze-täze zatlary aýan edýändir. Eger sen Hudaýa ýakyn bolup, ümsümlikde Oňa gulak asýan bolsaň, onda bir gezek Ol seniň bilen ýuwaş sesde gepleşer. Şondan soň seniň durmuşyň düýpgöter özgerer. Şol pursatda seniň ähli gorkularyň ýitirim bolar. Şu gün özüň bilen Hudaýyň gepleşmegi üçin dileg et.

## *Dileg*

*Eý Hudaý*, Sen meniň yşygym we halas bolmagym, Sen meniň güýjümsiň. Kimden men gorkaýyn? Kimden heder

edeýin? Hatda eger bütin goşun hem maňa garşy çyksa, ýüregim gorka düşmez (Mezmur 27:1–3 seret). Men berk we edermen bolmaklygy isleýärin, çünki nirä gitsem-de, Seniň öz ýanymdadygyňy bilýärin (Ýeşuwa 1:9 seret). Meni her bir ýalan gorkudan azat et, çünki bu gorky Senden däldir.

Meniň aklymy we ýüregimi gorkynyň ruhundan gora. Şu gün men… (özüňiň gorkýan zadyňyň adyny aýt) öňünde gorkyny duýýaryn. Meniň gorkymy al-da, onuň deregine Özüňiň kämil söýgiňi ber. Eger mende gorkyny döredýän pikirler bar bolsa, onda olary maňa aýan et. Eger men Senden daşlaşyp, özüme üns berýän bolsam, onda saklanmaga maňa güýç ber we özüme däl-de, diňe Saňa üns berip bilmekligim üçin güýç ber. Haçan gorkulara erk berip, olaryň öz üstümden agalyk etmegine ýol berýändigimi görkez we olardan azat bolup bilmegime kömek et. Adamlar tarapyndan ret edilmeklik gorkusyndan meni azat et we onuň ýerine Özüňden gorkmaklyk duýgusyny ber.

Öz adamlaryňyň ýüreklerine Öz gorkyňy salyp, olara pata bermegiňi bes etdirmejekdigiň hakynda Seniň Sözüňde aýdylýandyr (Ýirmeýa 32:40 seret). Meniň üçin hem şeýle etmekligiň hakynda Senden soraýaryn. Özüme gorkynyň ruhuny bermändigiňi men bilýärin, şonuň üçin hem men ony terk edýärin we onuň deregine Öz söýgiňi, aýdyň akly, ýagny özüm üçin ähli taýýarlanlaryňy bermegiňi haýyş edýärin. «Özüňden gorkýanlar üçin saklap goýan ýagşylygyň nähili uly! Sen adam ogullarynyň öňünde Özüňe bil baglaýanlar üçin işlediň» (Mezmur 31:19). «Şeýlelik bilen, yranmaz patyşalyga gowşanlygymyz üçin şükür edeliň. Şeýdip, Hudaýyň halajak ýoly bilen, takwalyk hem gorky bilen Oňa gulluk edeliň» (Ýewreýler 12:28).

Maňa öz gorkyň hakyndaky hakykaty açandygyň üçin Saňa minnetdardyryn: «Rebden gorkmak ýaşaýşa getirýändir; onda ynsan gijäni dok geçirer; oňa bela ýolukmaz» (Süleýmanyň tymsallary 19:23). Saňa ýaranjaňlyk edip, şeýtanyň meýilnamalaryny dargadyp bilmegim üçin ýüregimi Öz gorkyňda berket. Senden gorkýanlaryň hiç haçan we hiç zada mätäç bolmajakdyklary üçin Saňa minnetdarlyk bildirýärin.

## SENIŇ DILEGIŇI HAS TÄSIRLI EDIP BILJEK MUKADDES KITAPDAN ALNAN AÝATLAR

Çünki Hudaý bize gorkaklyk ruhuny däl-de, güýç, söýgi,
nebsiňe buýurma ruhuny berendir.

*2 Timoteos 1:7*

Söýgüde gorky ýokdur. Kämilleşen söýgi gorkyny
kowup çykarýandyr, çünki gorkuda sütem bardyr. Kim gorkýan
bolsa, ol söýgüde kämilleşen däldir.

*1 Ýahýa 4:18*

Ýa Reb, ýoluňy maňa öwret, Seniň hakykatyňda gezeýin;
adyňdan gorkar ýaly, ýüregimi ýeke Özüňe bagla.

*Mezmur 86:11*

Şonda Meni çagyrarlar, emma Men jogap bermerin;
Meni ir bilen agtararlar, emma tapmazlar. Çünki olar bilimi
ýigrendiler, Rebden gorkmagy saýlap almadylar.

*Süleýmanyň tymsallary 1:28–29*

Sözlerimi unap, tabşyryklarymy ýüregiňde ýygşyrsaň;
hawa, paýhasy çagyrsaň, düşünje üçin gygyrsaň;
Ony kümüş kimin gözleseň, gizlin hazyna kimin agtarsaň;
Rebden gorkmalydygyna şonda düşünersiň,
Hudaýy tanarsyň.

*Süleýmanyň tymsallary 2:2–5*

## ÝIGRIMI BÄŞINJI BAP

# EÝ HUDAÝ, SAŇA HYZMATYM BILEN ADAMLARYŇ ÝÜREKLERINE TÄSIR EDIP BILMEGIME KÖMEK ET

«Dileg edýän aýalyň güýji» atly kitabymyň üstünde işleýärkäm, şol ençeme aýlaryň dowamynda Mukaddes Ruhuň özümi şu wagta çenli hiç haçan etmedik dilegime eltýändigini men duýdum. Kitaby ýazmaklyk üçin men hemişe hem Hudaýdan kömek soraýardym, emma bu gezek bolsa şu kitabyň adamlaryň ýüreklerine täsir etmekligi hakynda dileg etmelidigimi Mukaddes Ruh aýdyň görkezdi. Şu wagta çenli men bireýýäm üç kitap ýazypdym, emma şu hakynda dileg etmekligi hiç haçan hem duýmandym. Öz duýgularym bilen men dileg edýän toparymyz bilen paýlaşdym we onuň agzalary meni bütinleý goldadylar. Şeýdip, biz bilelikde şu kitabyň Hudaýyň kömegi bilen dünýäniň dürli künjeklerine ýaýrap, dürli dillere terjime edilmegi hakynda dileg edip başladyk. Şeýle uly iş hakynda dileg etmäge gaýrat tapandygyma meniň özüm hem ynanyp bilmedim, ýöne hut şeýle dilegiň Hudaýa ýaraýandygyny men duýdum. Kitabyň çap edileninden soň hem biz her hepde şu hakynda dileg edýärdik.

Soňky ýedi ýylyň içinde bütin dünýäniň dürli ýurtlaryň neşirýatlary öz dillerine şu kitaby terjime edip, çap etmeklik hakynda meniň razylygymy sorap, maňa ýüzlendiler. Tizara men öz kitabymyň fransuz, nemes, portugal, golland, wenger, koreý, ispan, ýapon, hindi, indoneziýa

we afrikan dillerindäki nusgalaryny aldym. Her gezek olary alanymda, Hudaýyň dilegime şeýle täsin ýagdaýda jogap berendigi üçin ýüregim şatlykdan dolýardy.

Bir gezek men öz kitabymyň hytaý dilindäki nusgasyny alyp, aglamaga başladym, çünki özümiň hatda arzuw hem edip bilmedik bir wakam bolup geçdi. Men özümiň hiç haçan hem görmedik mähriban hytaý aýallary hakynda pikir edýärdim we olaryň meniň kitabymy okap, öz maşgalalary hakynda dileg etmekligi öwrenýändiklerini göz öňüme getirdim. Elbetde, men fiziki taýdan bütin dünýäni aýlanyp, ähli okyjylarym bilen duşuşyp bilmedim. Hytaýda hem bolup bilmedim we haçan-da bolsa bir wagt baryp bilerin diýip umyt hem etmeýärin, emma Hudaýyň maňa beren sözi ol ýere bardy. Bu adamlar hiç haçan hem meniň bilen ýüzbe-ýüz duşuşmazlar, emma Hudaýy ýakyndan tanarlar.

Dilege neneň täsin jogap! Men öz dostlarym bilen şu dilegi eden birinji günümizi ençeme gezek ýatladyk. Indi bolsa biz Hudaýyň ol dilege eden jogabyna şatlanýarys. Şondan bäri men her bir ýazyp başlan kitabym üçin şeýle dileg edýärin: «Eý Hudaý, goý, şu kitabyň üsti bilen Seniň söýgiň, rehimdarlygyň, umydyň we hakykatyň bütin dünýäniň adamlarynyň baryna aýan bolsun». Sen hem şeýle dileg bilen Hudaýa ýüzlenip bilýänsiň we Ol seniň başarjaňlyklaryňy we ukyplaryňy adamlaryň ýüreklerine täsir etmeklik üçin ulanar. Eger Hudaýyň özüňe beren sylaglary bilen beýleki adamlara bilen paýlaşmaklyga taýyn bolsaň, onda Ol hökman saňa munda kömek eder.

Özüňde baryny Hudaýa we adamlara berip bilmeklik biziň ýerdäki durmuşymyzyň iň wajyp bölegini düzýändir. Onsuz biz öz maksadymyza ýetip bilmeýändiris. Onsuň Hudaýyň öz öňümizde goýan beýik maksatlary bize aýan bolmaz. Özümizi beýlekilere bermeklige öwrenmän, biz hiç haçan hem bütewiligi we sahsyýetimiziň dolygyny duýup bilmän, rahatlyga eýe bolup bilmeýändiris. Hudaýyň patalary biz arkaly dünýä aýan bolmalydyr. Özümizde baryny biz adamlara we Hudaýa berenimizde, bizde boşluk peýda bolýandyr we ol boşlugy Hudaý ýene-de

özüniň täze patalary bilen dolduryýandyr. Özümiz arkaly akýan patalaryň akymyny beklemeklik bilen, biz özümizdäki ýaşaýşyň akymyny bekleýändiris. Biziň borjumyz — özümizi berip bilmeklige Hudaýyň öwretmegi we onuň üçin güýç bermekligi hakynda dileg etmeklikdir.

## Dileg etmeklik sylagy

Köp adamlar öz maşgalalaryny saklamaklykda, çagalaryny we özlerini halas etmeklikde meniň kitaplarymyň gaty kömek edendikleri hakynda maňa ýazdylar. Olar nädip maňa minnetdarlyk bildirip biljekdikleri hakynda menden soradylar. Men bolsa hemişe şol bir jogaby berdim: «Meniň üçin siziň edip biljek iň ajaýyp zadyňyz — bu meniň üçin dileg etmegiňizdir. Meniň işimiň üstünligi üçin, saglygym üçin, maşgalam we nikam üçin dileg ediň. Meniň beýleki kitaplary ýazmagym üçin hem dileg ediň. Goý, ol kitaplar adamlary Hudaýa ýakynlaşdyryp, olaryň durmuşlaryny özgertsin». Keselhanada bolan günlerimde müňlerçe adamlaryň dilegleriniň özümi halas edendiklerine men ynamlydyryn. Eger sen hem şol adamlaryň biri bolýan bolsaň, onda saňa çäksiz minnetdarlygymy bildirýärin. Men siziň dilegleriňizi duýdum we olar sebäpli men şu güne çenli ýaşaýandyryn.

Dileg — bu iň beýik sylagdyr. Ony biz hemmeler bilen paýlaşyp bilýändiris. Elbetde, eger-de biri iýmite, geýimdir ýatmaga jaýa mätäç bolsa, biz kömek etmäge borçludyrys, emma şol bir wagtyň özünde biz ol adamlar hakynda dileg etmekligi ýadymyzdan çykarmaly däldiris. Maddy ýagşylyklar wagtlaýyndyr, biziň adamlar baradaky dileglerimiz bolsa olaryň durmuşlaryny özgerdip bilýändir.

Eger biz beýleki adamlar üçin töwellaçylyk edip bilmeýän bolsak, onda hiç haçan hem Hudaýyň mirasyna eýe bolup bilmeýändiris. Hut şunda biziň çakylygymyzyň iň wajyp bölegi jemlenendir, çünki biz bir-birimiz üçin töwellaçylyk etmeklige çagyrylandyrys. Dilegde bir-birimiz üçin janymyzy bermäge taýyn bolmaklygymyz Hudaýyň islegidir.

2001-nji ýylyň 11 ruhnamasynda (sentýabrynda) Nýu-Ýork, Pensilwaniýa we Waşingtonda bolan adamlar üçin töwellaçylyk dilegi dessine başlandy. Onsoň Birleşen Ştatlaryň ähli künjeklerinden adamlar Nýu-Ýorka tarap ýola düşüp, heläkçilige düşenlere kömek etmäge girişdiler. Olar gan tabşyrmak üçin nobatlarda duryardylar, olar öz garyndaşlaryny ýitiren maşgalalara maddy kömek edip başladylar. Her kim elinden gelenini etdi, emma bularyň barynyň öňünden dileg edildi. «…Diňe bir söz bilen, dil bilen däl-de, iş hem hakykat bilen söýeliň» (1 Ýahýa 3:18). Eger sen Hudaýy söýýän bolsaň, onda adamlary hem söýýänsiň we bu söýgi ol adamlara eliňden gelen kömegi etmäge seni mejbur edýändir. Dileg — bu ýoluň üstünlikli başlangyjydyr.

Özümizde baryny beýlekilere bermekligimiz Hudaý üçin ýakymlydyr. Eger biz beýlekilere kömek etmeýän bolsak, onda Ony söýmeýändigimizi aýdypdy. «Dünýä malyna baý bolup, doganyny mätäçlikde görende, oňa ýüregiýukalyk etmeýän kişide Hudaýyň söýgüsi nähili galar?» (1 Ýahýa 3:17). «Hiç kim öz peýdasyny gözlemesin, başganyň peýdasyny gözlesin» (1 Korintoslylar 10:24). Öz hyzmatyň bilen beýleki adamlara täsir edip bilmekligiň hakynda Hudaýa dileg edip başlanyňda, beýik patalar saňa gökden iner.

## Dileg

*Eý Hudaý*, Seniň isleýşiň ýaly Saňa hyzmat edip bilmegime kömek et. Hut şu wagtyň özünde beýlekiler bilen nämämi paýlaşyp biljekdigimi maňa görkez. Adamlaryň mätäçliklerini görüp bilmegim üçin gözlerimi aç. Garypçylykda ýaşaýanlar bilen paýlaşmaga taýýar bolan rehimdar ýüregi maňa ber. Seniň özüme beren patalaryňy akylly ulanyp bilmekligime kömek et: olary beýlekiler bilen paýlaşmaklyk islegini ber. Şu wagt kime kömek elimi uzatmalydygymy maňa görkez. Ähli adam-

lara bolan söýgi bilen meni doldur we ol söýgini aýdyň beýan edip bilmekligi öwret. Saňa bolan hyzmatym bilen adamlaryň ýüreklerine täsir edip bilmekligime kömek et.

Özümde bar zatlaryň ählisini Saňa doly berip bilmekligi maňa öwret. Hakykatdan-da Saňa degişli bolan zatlardan men Seni mahrum etmekligi islemeýärin. Hazynam nirede bolsa, ýüregimiň hem şol ýerdedigini men oňat bilýändirin (Matta 6:21 seret). Goý, Saňa hyzmat etmekligim meniň iň beýik hazynam bolsun.

Eý Hudaý, töweregimdäkiler üçin pata bolup bilerim ýaly, şu gün näme etmelidigimi maňa görkez. Aýratyn hem öz maşgalama, ýygnagyma, öz dostlaryma we durmuşymda duş edýän adamlaryň baryna nädip hyzmat edip biljekdigimi görkez. Men öz aladalaryma batmagym zerarly, Seniň yşygyňy adamlara görkezip bilmezligi islemeýärin. Seniň erkiňe laýyklykda özümiň näme etmelidigimi görkez we şeýle-de hereket edip bilerim ýaly maňa güýç ber. Beýleki adamlara Seniň söýgiňi görkezip bilmekligim üçin, olary ruhlandyryp, umyt berip bilmekligim üçin ähli gerek bolan zatlar bilen meni üpjün et. Meniň Özüňiň töwellaçylaryň biri et we uly ynam bilen dileg edip bilmekligime kömek et. Dünýäde uly özgerşikleri amala aşyryp bilmekligime güýç ber. Çünki Sen Öz adyňyň şöhraty üçin meniň durmuşymda hereket edip, adamlaryň ykballaryny üýtgedýänsiň.

## SENIŇ DILEGIŇI HAS TÄSIRLI EDIP BILJEK MUKADDES KITAPDAN ALNAN AÝATLAR

Hudaýyň dürli merhemetleriniň oňat dolandyryjysy
kimin her kes öz alan sylagyna görä biri-birine hyzmat etsin.
Biri geplese, Hudaýyň sözlerini aýdyp geplesin; biri hyzmat etse,
Hudaýyň beren güýç-kuwwatyna görä hyzmat etsin.
Şeýdip, Isa Mesih arkaly Hudaý hemme zatda şöhratlansyn.
Şöhrat we gudrat ebedilik Onuňkydyr. Omyn.

*1 Petrus 4:10–11*

Biz söýgini Onuň Öz janyny biziň üçin pida
edeninden tanadyk; biz-de doganlar üçin janymyzy
pida etmäge borçludyrys.

*1 Ýahýa 3:16*

Ýagşylyk etmekden ýadamalyň, çünki gowşamasak,
wagtynda orarys.

*Galatýalylar 6:9*

Akyldarlar asman gümmeziniň ýagtysy kimin,
köp adamalary dogrulyga öwürýänler-de ýyldyzlar kimin
baky we hemişelik yşyk saçarlar.

*Daniýel 12:3*

Men size hakykatyny aýdýaryn, Maňa iman eden Meniň
bitiren işlerimi-de bitirer, bulardan has ulularyny-da eder,
çünki Men Atama barýaryn. Atam Ogulda şöhratlanar ýaly,
Meniň adym bilen näme dileseňiz, dilegiňizi bitirerin.
Meniň adym bilen bir zat dileseňiz, berjaý ederin.

*Ýahýa 14:12–14*

## ÝIGRIMI ALTYNJY BAP

# EÝ HUDAÝ, GOÝ, MENIŇ AGZYMDAN DIŇE ÝAŞAÝYŞ GETIRÝÄN SÖZLER ÇYKSYN

Men on dört ýaşymdakam, goňşy oglanjygy öz joram bilen tanyşdyrmagy makul bildim we ol oglany şeýle tanyşdyrdy: «Bu çişik Maýk». Ähli çagalar ol oglany beýleki Maýklardan tapawutlandyrmaklyk üçin oňa şeýle lakam dakypdylar. Emma men bu sözleri aýdan pursadymda, Maýkyň gözleriniň aşak sallanandygyny gördüm we bu lakamyň oňa hiç-de ýaramaýandygyna düşündim. Men gaty oňaýsyz ýagdaýa düşdüm, çünki men ol oglanyň göwnüne degmekligi islemeýärdim. Men ony owadan oglan hökmünde kabul edýärdim, emma onuň daş-keşbiniň özüne ýaramaýandygyndan we özi üçin bu soragyň gaty agyrdygyndan habarym ýokdy. Meniň üçin «çişik Maýk» lakamy degişme ýalydy we Maýkyň özi hem muňa hiç haçan garşy bolmandy. Emma iş ýüzünde bolsa bu lakam ony öýkeledýän eken. Öýkeli sözleriň ýaralaýandyklaryny men şonda bilmeýärdim. Men gaty utandym we hatda ötünç hem soramandyryn. Bu barada bütinleý ýatdan çykarmaly diýip men karar kabul etdim. Meniň pikirimçe, Maýkyň özi hem bu barada tizara ýadyndan çykarar we bary oňat bolar.

Tizara men ol ýerden göçüp gitdim we hiç haçan hem Maýky görmedim. Men ol ýagdaý hakynda bütinleý ýadymdan çykaran ekenim we ol hakynda diňe on bäş ýyldan soň, ýagny Hudaýa ynananymdan

soň ýatladym. Bir gezek men ýüregimi Öz öňünde doly arassalamagy üçin Hudaýyň her bir günämi ýadyma salmagyny haýyş etdim we ähli toba etmeli günälerimde toba etmeklik islegimiň bardyny aýtdym. Şeýle dileglerden soň meni erbet hereketlerim baradaky ýatlamalar eýeledi we olaryň arasynda Maýk bilen bolan waka hem bardy. Özüm üçin, öz sözlerim we bilgeşleýin bolmadyk gödekligim üçin, sözlerimiň ýetiren agyrysy üçin meniň ýüzüm utanç reňkine boýaldy. Özümiň ençeme gezek ýüregi gaty we gödek adamlardan çeken azaplarymdan soň özümiň hem başga birine agyry ýetirenligimi bilip, men aňk-taňk boldum. Özümiň doň ýürekliligim we samsymlygym üçin men Hudaýdan ötünç soradym.

Eger men Maýky gözläp, ony tapyp, onuň öňünde ötünç sorap bilsedim, onda şeýle-de ederdim, emma bu mümkin däldi. Hudaýyň Maýky ähli zatda patalamagyny haýyş edip, onuň öňündäki öz günämi ýuwmaga synanyşdym. Men öz sözlerimiň onuň aňyndan aýrylmagy hakynda, hiç bolmanda ol sözleriň öz ajylygyny ýitirip, Maýkyň men tarapymdan ýetirilen agyrydan azat bolup bilmekligi hakynda dileg etdim.

Biziň burnumyz bilen eňegimiziň arasynda ullakan heläkçilikleri getirip bilýän organ ýerleşendir. Käwagtlar biziň dilimizden çykmaly däl sözler çykýar we netijede bolsa biz beýlekilere agyry ýetirýändiris. Soňundan bolsa öz akmaklygymyzyň miwelerini ormaly bolýandyrys. On bäş ýyl mundan ozal aýdan sözlerim üçin men gymmat baha tölemeli boldum. Söz serçe däldir, uçar welin, tutup bilmersiň. Bar edip bilýän zadymyz — bu ötünç sorap, bagyşlama aljakdygymyza umyt baglamaklykdyr. Agzymyzdan hiç bir ýaman zat çykmazlygy üçin biziň ýüreklerimiz söýgüden we oňat işleri etmeklikden doly bolmalydyr. «Çünki agyz ýüregiň dolulygyndan sözleýändir» (Matta 12:34). Eger biziň ýüreklerimiz Hudaýyň hakykaty we söýgüsi bilen doly bolsa, onda biz arassa we mähirli zatlar hakynda gürrüň edýändiris.

Diňe nägilelik bildirip, beýleki adamlar barada ýaman gürrüňler etmekden başga zady bilmeýän adam bilen gürrüňdeş bolup gördüňizmi? Bu içgysgynç dälmi ahyryn? Garaşylmadyk ýagdaýda olardan erbet

zatlary eşidip bolýan adamalaryň jemgyýetinde bolup gördüňizmi? Şeýle gürrüň adamlaryň ýanyndan mümkin boldugyndan çaltlyk bilen gaçasyň gelýändir, şeýle dälmi? Mukaddes Kitap bize şeýle buýruk berýär: «Ähli zady hüňürdisiz, jedelsiz ediň» (Filipililer 2:15). Öz durmuşymyzdan nägileligimizi aýtmaklygymyz bilen biz özümiziň Hudaýa ynanmaýandygymyzy görkezýändiris. Onuň özümiz barada alada edýändigine, dileglerimize jogap berýändigine, durmuşymyza ýolbaşçylyk edýändigine şübhelenýändiris. Bu diňe biziň dileg etmeýändigimiz barada şaýatlyk edýändir. Şeýle az ynama eýe bolan adamlar bilen gürrüňdeş bolmaklygymyz bize erbet täsir etmän bilmeýändir.

Her gezek agzymyzy açanymyzda, ondan Hudaýyň güýjünden, rehimdarlykdan, teselli bermeklikden, akyldarlykdan, söýgüden we hakykatdan doly bolan sözleriň çykýandygyny göz öňüňize getirip görüň. Eger Hudaýdan kömek soraýan bolsak, onda bu mümkindir. Eger ýüregiň gahardan doly bolsa, kelläňe gelen her bir zat hakynda oýlanmaklyk gaty howpludyr. Eger sen tersine, hakyky zatlar barada oýlanýan bolsaň, onda seniň agzyňdan çykýan sözler seniň mähirliligiň hakynda şaýatlyk eder.

### Günde näme hakynda oýlanmalydyrys (Filipililer 4:8 seret)

1. *Dogry zatlar hakynda.* Eger sen dogry, çyn, takyk, hakyky we anyk zatlar hakynda oýlanýan bolsaň, onda ýalan, ýalňyş, nädogry, aldawçy we hakyky bolmadyk zatlar hakynda hiç haçan hem gürrüň etmersiň.
2. *Hormatly zatlar hakynda.* Eger sen ajaýyp, beýik, täsin, owadan we hormatly zatlar hakynda oýlanýan bolsaň, onda pes, hapa, ýaman, ownuk we hormatsyz bolan zatlar hakynda hiç haçan hem gürrüň etmersiň.
3. *Adalatly zatlar hakynda.* Eger sen adalatly, akylly, hakyky, kanuna laýyk, dogry we hormatly zatlar hakynda oýlanýan bolsaň, onda aklanylmadyk, kemsidiji, oýlanylmadyk, kanuna laýyk bolmadyk we adalatsyz zatlar hakynda hiç haçan hem gürrüň etmersiň.
4. *Tämiz zatlar hakynda.* Eger sen aýdyň, arassa, tegmilsiz, hapalanmadyk, haramlanmadyk zatlar hakynda oýlanýan bolsaň, onda

bihaýa, gödek, nejis we günäli zatlar hakynda hiç haçan hem gürrüň etmersiň.

5. *Ýakymly zatlar hakynda.* Eger sen ýakymly, täsin, göwnejaý, ajaýyp zatlar hakynda oýlanýan bolsaň, onda ýakymsyz, masgaralaýjy, duşmançylykly, hileli, nejis we ýigrenç zatlar hakynda hiç haçan hem gürrüň etmersiň.
6. *Taryplanýan zatlar hakynda.* Eger sen oňat, mynasyp, peýdaly, gerekli zatlar hakynda oýlanýan bolsaň, onda erbet, gereksiz, islenilmedik, ýaman habarlardan, gybatlardan we myş-myşlardan doly bolan zatlar hakynda hiç haçan hem gürrüň etmersiň.
7. *Artyk bolan zatlar hakynda.* Eger sen ahlakly, dogry we oňat zatlar hakynda oýlanýan bolsaň, onda ahlaksyz, bihaýa, ýaman we betnyşan zatlar hakynda hiç haçan hem gürrüň etmersiň.
8. *Öwgä mynasyp zarlar hakynda.* Eger sen ýakymly, geň, öwgä mynasyp bolan, gymmatbaha, şöhratly, beýik, dogry we makullanýan zatlar hakynda oýlanýan bolsaň, onda garalanmaga mynasyp bolan, goldawa eýe bolmadyk, kemsidiji, dargatmaga ukyply we lapykeçlige eltip bilýän zatlar hakynda hiç haçan hem gürrüň etmersiň.

## Akylly aýal gürläninde

*Akylly aýal öz ynamy hakynda gürrüň bereninde, ol öz pikirlerini aýdyň we anyk beýan edýändir.* Öz ynamymyz hakynda gyzyklanyp, ol hakynda eşitmäge isleg döredip, soraglar berenlerinde, biz hökman jogap bermeli bolýandyr. Hut şu ynamymyz hakynda gürrüň berenimizde biz iň wajyp sözleri ulanýandyrys. Biz pes göwünlilik we hormat bilen jogap bermekligi başarmalydyrys (1 Petrus 3:15 seret). Şeýle-de, öz ynamymyz we Hudaý hakynda gürrüň berenimizde, öz pikirlerimizi aýdyň we düşnükli beýan edip bilmegimize kömek etmegini Hudaýdan soramalydyrys. Eger biz Hudaýdan kömek soraýan bolsak, onda näme üçin Isa biz Mesih diýip atlandyrýandygymyzy, näme üçin Mukaddes Ruh bolmasa,

onda ýaşap bilmejekdigimizi we näme üçin bilgeşleýin Hudaýa ýaranjak bolmaklyk islegi bilen ýaşaýandygymyzy beýlekilere düşündirip bilýändiris. Galyberse-de, biz bu hakynda söýgi we boýnyburuklylyk bilen gürrüň bermekligi başarmalydyrys. Eger şeýle edip bilmesek, onda Hudaýa ýakynlaşýan adamlary Ondan daşlaşdyrmagymyz mümkindir. Eger bizde Hudaýyň söýgüsi bolmasa, onda biz ol hakynda şaýatlyk edip bilmeýändiris we biziň sözlerimiz adamlary Hudaýa getirýän däldir. Ol sözlerimiz adamlara has ters täsir etmegi mümkindir.

*Akylly aýal gürrüň edeninde, gürrüňdeşlik üçin wagty dogry saýlaýandyr*. Käbir kesgitli sözleriň manylaryny diňleýjä ýetirmeklik üçin diňleýjiniň ol sözleri kabul etmäge taýynmy ýa-da ýokdugyna düşünmeklik wajypdyr. Muny bolsa diňe ilki bilen dileg etmeklik arkaly bilip bolýandyr. Mukaddes Kitap biziň geplemäge haýal bolmagymyzy ündew edýändir (Süleýmanyň tymsallary 29:6–20 seret). Akylly aýal özüniň ähli pikirlerini ses bilen aýdýan däldir. «Akylsyz bütin gaharyny daşyna çykarýandyr; akyldar adam bolsa saklap oňa basalak edýändir» (Süleýmanyň tymsallary 29:11). Hatda sen dogry bolsaň-da, adamlar hemişe muňa düşünmeýändirler. Muňa kimiň we haçan taýyndygyny diňe Hudaý bilýändir. Muny saňa Hudaýyň açmaklygy hakynda dileg et.

*Akylly aýal gepläninde, ol hakykaty aýdýandyr*. Nädogry zatlary aýtmaklyk bilen hem özümize, hem-de beýlekilere zyýan ýetirýändiris. «Ýalany egniňizden çykaryp, her biriňiz öz goňşyňyza hakykaty aýdyň. Çünki biziň hemmämiz bir bedeniň agzalarydyrys» (Efesliler 4:25). Emma eger sen Hudaýdan akyl soraman, öz wagtynda gürrüň edýän adamyň hakynda hakykatlary açmaga başlasaň, onda uly ýalňyşlyk edersiň. Adamlar özleri baradaky hakykaty dessine kabul etmekligi islemeýändirler, çünki bu olar üçin ýeňil däldir. Käwagtlar seniň üçin ümsüm oturyp, gürrüňdeşiňiň haçan açyk gürrüňe taýýardygyny Hudaýyň görkezmegi hakynda dileg etmeklik dogry bolýandyr.

*Akylly aýal gepläninde, ol köp sözleýän däldir*. Gereklisinden artyk geplemezlik üçin akyldarlyk gerekdir. Mukaddes Kitapda geplemek-

de haýal bolmaklygymyz hakynda ýazylandyr (Wagyzçy 5:1 seret). Öz kynçylyklarymyz hakynda dileg edenimizde kän wagtlap gürrüň etmekligiň gerek däldigi hakynda men mydama dileg toparymyň agzalaryna aýdýaryn. Ýagny biz kynçylyklarymyz hakynda kän gürlemän, olar hakynda kän dileg etmelidiris. Diýjek zatlarymyzy öňünden oňatja oýlanman, biz öz dilimize erk bermeli däldiris. Çünki höküm gününde biz özümiziň her bir biderek aýdylan sözümiz üçin jogap bermeli bolýandyrys ahyryn (Matta 12:36). Gaty berk duýduryş. Her bir ýagdaý üçin näçe wagtlap geplemäge mümkinçiligimiziň bardygy hakynda bilmekligimiz üçin biz Hudaýdan akyldarlyk soramalydyrys.

*Akylly aýal gepläninde, onuň agzyndan ýaşaýyş berýän sözler çykýandyr.* Biz öz sözlerimiz üçin jogapkärdigimiz üçin hiç hili gödek, gaharly, ýalan, gazaply we tekepbir sözleri aýtmaly däldiris. Öz sözlerimiz bilen biz durmuşy ýa gurnaýandyrys, ýa-da dargadýandyrys. «Ýöne agyzdan çykan zatlar ýürekden çykyp, adamy murdar edýär» (Matta 15:18). «Akyldaryň agzynyň sözleri süýjüdir, akylsyzyň dodaklary bolsa ony ýuwudýandyr» (Wagyzçy 10:12). Özüňde tämiz ýürek ýaratmagy hakynda Hudaýa dileg et. Goý, Ol seni Mukaddes Ruhdan, söýgüden we hakykatdan doldursyn. Bularyň netijesinde seniň sözleriň hem söýgüden, hakykatdan we şypa beriji güýçden dolsun. Ýaşaýyş berýän dogry sözleri özüňe bermekligi hakynda Hudaýa dileg et.

## *Dileg*

*Eý Hudaý*, özümiň dargadyjy däl-de, gurnaýjy, öldüriji däl-de halas ediji sözleri aýdýan adam bolmaklygyma kömek et. Özüňiň Mukaddes Ruhuň bilen ýüregimi günde doldur. Goý, ýüregimdäki Seniň göýgiň we ýagşylygyň meniň agzym arkaly daşa çyksyn. Dogry, hormatly, adalatly, tämiz, ýakymly, taryplanýan näme bar bolsa, artyk we öwgä mynasyp bir zat

bar bolsa, şol hakda oýlanyp bilmekligime kömek et. «Agzymyň sözleri, ýüregimiň oý-pikirleri Seniň göwnüňden tursun, ýa Reb, meniň Gaýam, Halasgärim» (Mezmur 19:14). Erbet we hileli sözleýişlerden meni sakla. Mukaddes Ruh, maňa hakykat arkaly ýolbaşçylyk et. Seniň ähli zatda şöhratlanmagyň üçin, goý, meniň ähli diýýänlerim edil «Hudaýyň sözleri ýaly» eşidilsin (1 Petrus 4:11). Goý, meniň her bir aýdýan sözlerim Seniň tämizligiň we söýgiň hakynda şaýatlyk etsin.

Mukaddes Kitapda şeýle diýlendir: «Ýüregiň oýlanmalary ynsanyňkydyr, ýöne diliň jogaby Rebdendir» (Süleýmanyň tymsallary 16:1). Seniň Sözüňde günde bolmaklygym we Seniň kanunlaryňa tabyn bolmaklygym bilen men öz ýüregimi ýumşak etmek isleýändirin. Saňa sežde etmeklik we Saňa minnetdarlyk bildirmeklik bilen men ýüregimi ýumşak etmek isleýändirin. Ýüregimi söýgi, patahatlyk we şatlyk bilen doldur, goý olar meniň agzymdan çyksyn. Durmuşymdan nägeli bolanymda ýa-da kimdir biri hakynda erbet zatlar aýdanymda, meni ýazgar. Ýaralap bilýän sözleri hiç haçan aýtmazlygym üçin çözgütlerimi aýtmaga howlukman, kän geplemezligime maňa kömek et. Senden haýyş edýärin: mynasyp bolan sözleri aýtmagymy her gezek meniň ýadyma sal. Haçan gepläp, haçan geplemeli däl ýagdaýlarymy maňa görkez. Agzymy açanymda, ýaşaýyş getirýän sözleri meniň ýüregime sal. Meni hiç haçan samsyk, gödek we kesir sözleri aýtman, akyldarlyk, ýagşylyk we paýhas bilen gepleýän aýal et. Özümi diňleýänlere Seniň kanunlaryňyň esaslaryny düşündirip bilmegim üçin, özümde ýaşaýan umytdan doly bolan sözleri maňa ber. Goý, meniň diýýän sözlerim beýleki adamlaryň Seni tanamaklaryna kömek etsin.

## SENIŇ DILEGIŇI HAS TÄSIRLI EDIP BILJEK MUKADDES KITAPDAN ALNAN AÝATLAR

…Kimiň ýaşaýşy söýüp, ýagşy günler göresi gelýän bolsa, dilini ýamanlykdan, dodaklaryny hileli gepden saklasyn.

*1 Petrus 3:10*

Akyldar adamyň ýüregi onuň agzyny paýhasly edýändir, onuň dodaklaryna bilim goşýandyr.

*Süleýmanyň tymsallary 16:23*

Ýöne ýüregiňizde Reb Hudaýy mukaddes ediň. Içiňizdäki umyt hakynda özüňizden hasabat soran her kese, her wagt jogap bermäge taýýar boluň. Muny ýumşaklyk, saýhallylyk bilen ediň. Mesihdäki ýagşy ýaşaýşyňyzy ýamanlaýanlar erbet iş edýänler hökmünde size garşy geplänlerinde utandyrylar ýaly, ynsabyňyz päk bolsun. Sebäbi Hudaýyň islegi şeýle bolsa, onda ýagşylyk edip görgi görmek ýamanlyk edip görgi görmekden gowudyr.

*1 Petrus 3:15-17*

Hoş sözler jana bal ýaly süýji, süňklere şypadyr.

*Süleýmanyň tymsallary 16:24*

Patyşalaryň halany dogruçyl dodaklardyr; dogry sözlüler söýülýändir.

*Süleýmanyň tymsallary 16:13*

## ÝIGRIMI ÝEDINJI BAP

# EÝ HUDAÝ, YNAMY DAGLARY SÜÝŞÜRMÄGE UKYPLY BOLAN AÝAL BOLMAGYMA KÖMEK ET

Meniň on ýaşym dolanynda, doglan günüm mynasybetli maňa altyn zynjyrjagaz sowgat berdiler. Ol zynjyrjagazda çüýşeden edilen şar görnüşli monjuk bardy. Monjugyň içinde bolsa kiçijik däne bardy. Şonda men: «*Näme üçin şeýle kiçijik däneni monjugyň içine dykmak gerek bolduka — ol gözüňe zordan görünýär ahyryn?*» diýip, öz-özüme sorag berdim. Şonda men heniz bu mysalyň manysyna düşünip bilmeýärdim.

Diňe birnäçe ýyldan soň bu kiçijik dänäniň syry maňa aýan boldy. Isa şeýle diýdi: «Men size dogrusyny aýdýaryn, bir gorçisa dänesi ýaly-da imanyňyz bolup, şu daga: "Bu ýerden ol ýere göç" diýseňiz, ol göçer, size başartmajak zat bolmaz» (Matta 17:20). Şondan bäri meni şu sorag gyzyklandyrýardy: näme üçin däne şeýle kiçidir? Eger daglary göçürmek üçin şeýle kiçi ynam gerek bolýan bolsa, onda durmuşymyň ýagdaýlaryny üýtgetmeklik üçin meniň ynanym ýeterli bolaýmaly.

Eger biz ynamda ýaşaýan bolsak, onda Hudaý ony köpeldýändir. Mukaddes Kitapda «Hudaýyň her kime beren imanynyň möçberi…» hakynda aýdylýandyr (Rimliler 12:3 seret). Başlangyç üçin bizde käbir ynam bardyr we biz hakykat ugrunda birinji ädimi edenimizde, Hudaý

bu ynamymyzy köpeldýändir. Başgaça aýdylanda, ynam boýunça hereket ynamy artdyrýandyr.

Düşünip-düşünmeýändigiňe seretmezden, sen günde ynam bilen ýaşaýansyň. Lukmana ýüz tutmaklyk bilen, sen onuň bar zady dogry etjekdigine ynanýarsyň. Dermanhanadan derman satyn almaklyk bilen, sen ähli zady derman lukmanynyň özüňe gerekli bolan dermany dogry edýändigine ynanýarsyň. Restoranda naharlananyňda, seni şol ýerde zäherlemejekdiklerine ynanýarsyň (muňa seretmezden, käbir restoranlar beýlekilerinden ynamy kän ödeýändirler). Hudaýa ynanmaklyk neneň dogrudyr!

Bizden soranynda, eger Onuň tabşyryklaryny ýerine ýetirmäge taýyn bolanymyzda, öz durmuşymyzda Hudaýyň neneň beýik işleri etmekligi isleýändigini biz hatda göz öňümize-de getirip bilýän däldiris. Şonuň üçin hem ol bize synaglardan geçmeklik mümkinçiligini berýändir. Ol bizi gowşaklyk we ejirlik döwürlerinden geçirýändir. Hawa, Hudaý käbir oňat bolmadyk zatlaryň biziň durmuşymyzda bolup geçmegine ýol berýändir. Munuň sebäbi, Hudaý bizi Özüne üns berdirmek isleýändir. Hut şeýle ýagdaýlarda biz uly ynam bilen dileg etmeklige mätäç bolýandyrys, netijede bolsa ynamymyz çaltlyk bilen ösýändir.

Isa şeýle diýdi: «…Size imanyňyza görä bolsun» (Matta 9:29). Eger biziň ynamymyzdan şeýle kän zat bagly bolýan bolsa, diýmek biziň gorkmaly zadymyz bardyr. Emma ynamymyzy «ösdürip» bilmekligiň hem serişdesi bardyr. Mysal üçin, Hudaýyň Sözüniň kömegi arkaly. Ynamyň eşitmeklikden gelýändigi mälimdir (Rimliler 10:17). Eger sen Hudaýyň wadalaryna ynanyp, öz durmuşyňda olary yglan edýän bolsaň, onda ynamyňyň neneň çaltlyk bilen ösýändigine göz ýetirersiň.

Biz dileg edenimizde, ynamymyz ösýändir, çünki dileg arkaly biz Hudaýa ýakynlaşyp, Onuň huzurynda bolup bilýändiris. Bir gezek bir aýal öz ynamy bilen Isa ýakynlaşyp, öz içinden şeýle diýdipdi: «…Diňe geýimine-de elimi degirsem, sagalaryn» (Matta 9:20-22 seret). Her gezek

dilegde Hudaýa ýakynlaşanymyzda, biz şypa tapýandyrys, ynamymyz bolsa ösýändir.

Gün-günden biz ynama has-da kän mätäçdiris. Her birimiziň durmuşymyzda bir gezek ynam gerek bolýandyr. Bu ynam bize üstünlik bilen şowsuzlygyň, ýeňiş bilen ýeňlişiň, ýaşaýyş bilen ölümiň arasyndaky tapawudy saýgaryp bilmeklige kömek edýändir. Şonuň üçin hem biz mydama dileglerimizde ynamymyzyň berk bolmaklygy hakynda Hudaýdan soramalydyrys. Ynamyňyň nähili gowşak bolýandygyna seretmezden, Hudaý ony berkedip bilýändir.

Hatda eger seniň ynamyň gaty gowşak ýaly bolup görünýän hem bolsa, sen daglaryň öz ýerlerinden galyp, başga ýere göçmeklerini buýrup bilersiň we Hudaý mümkin däl zady amala aşyrýandyr. Öz durmuş ýollaryňyň göneldilmegi, olaryň şypa tapmagy we maýyp bolan durmuşyňyň täzeden dikelmegi hakynda dileg edip bilýänsiň. Sen öz ynamyňyň berkemegi üçin Hudaýa dileg edip, hakykatda gezip bilmekligiň üçin güýç-kuwwat diläp bilersiň. Ol hem saňa jogap berer.

Hudaýyň haýsy wadasyny sen almak isleýärsiň? Hiç bir şübhesiz, ynam bilen sen haýsy dileg bilen Hudaýa ýüzlenmek islärsiň? Beýik ynam bilen sen öz durmuşyňyň ýa-da beýlekileriň durmuşlarynyň haýsy üýtgeşikleri hakynda dileg etmek isleýärsiň? Özüňdäki bar bolan ynamyň tohumyny alyp, ondan ynamyň uly agajyny ösdürip ýetişdirmegi hakynda Hudaýa dileg et. Goý, bu ullakan ynam agajyňy sen öz gözleriň bilen görüp bil.

## Dileg

*Eý Hudaý*, meniň ynamymy berket, «didar arkaly däl-de, iman arkaly» gezip bilmekligime kömek et (2 Korintoslylar 5:7 seret). Seniň hakykatyňda berk durup, her bir sözüňe ynanyp bilmekligim üçin güýç ber. Sözi eşidip, ynam bilen kabul etme-

diklere meňzeş bolasym gelmeýär (Ýewreýler 4:2 seret). Men bilýärin, ýagny «iman eşitmek arkaly, eşitmek hem Hudaýyň sözi arkaly bolýandyr» (Rimliler 10:17). Seniň Sözüňe her gezek diňläp, ony okanymda, ynamymyň artmagyna kömek et. Öz durmuşymdan Seniň wadalaryňyň ýerine ýetýändigine ynanyp bilmekligime kömek et. «Çünki ot bilen synalýan hem bolsa, pany altyndan gymmatly bolan imanyňyzyň synalmagy Isa Mesih görnende öwgä, şöhrata hem hormata öwrüler» (1 Petrus 1:7). Goý, meniň ynamym bilen hem hut şeýle bolsun.

Men bilýärin, ýagny «Iman bolsa, umyt edilen zatlara bil baglamak, görünmeýän zatlara ynamdyr» (Ýewreýler 11:1). Seniň sylagyň bolan ynam arkaly özümiň halas bolandygymy hem bilýändirin (Efesliler 2:8 seret). Dilegimiň ynam dilegi bolary ýaly, meniň ynamymy berkit, çünki dogry adamyň güýli dilegi köp iş edip bilýändir. Syrkawlar hakynda dileg edenimde, olaryň her gezek hem sagaldylýandyklaryna ynanyp bilmekligime kömek et. Bir adamyň mätäçligini görübem, ynamymyň ýeterli güýje eýe bolmandygy sebäpli, onuň mätäçlikleriniň çözüljekdigine ynanyp bilmeýänligim üçin dileg edip bilmeýän ýagdaýlarda bolmaklygy men islemeýärin.

«Bularyň ählisiniňi üstesine-de, iman galkanyny ele alyň! Onuň bilen şeýtanyň bütin otly oklaryny öçürmegi başararsyňyz» (Efesliler 6:16). Şu iman galkanyny eline alyp bilmegime kömek et. «Ol iman bilen dilesin, hiç hili şübhe etmesin, sebäbi şübhe edýän adam ýel bilen çaýkalyp, eýläk-beýläk kowlup ýören deňiz tolkuny ýalydyr. Çünki bu adam Rebden bir zat alaryn diýip pikir etmesin. Ol bütin ýollarynda durnuksyz ikigöwünli adamdyr» (Ýakup 1:6-8). Hiç bir şübhesiz, berk ynam bilen dileg edip bilmekligime kömek et.

Ynam boýunça edilmedik her bir işiň günädigini men bilýändirin (Rimliler 14:23 seret). Men her bir şübhäni Seniň öňüňde edil günä hökmünde boýun alýaryn we meni bagyşlamagyňy soraýaryn. Mende we men arkaly Özüňiň amala aşyrjak niýetleriňe şübhelerimiň päsgel bermezligi hakynda Senden haýyş edýärin. Seniň adyň üçin daglary göçürip bilmekligim üçin günde meniň ynamymy berket.

## SENIŇ DILEGIŇI HAS TÄSIRLI EDIP BILJEK MUKADDES KITAPDAN ALNAN AÝATLAR

Iman etmezden, Hudaý tarapyndan halanmak mümkin däldir. Hudaýa ýakynlaşan Onuň barlygyna, Özüni agtarýanlary sylaglajakdygyna iman etmelidir.

*Ýewreýler 11:6*

…Iman edýän üçin hemme zat mümkindir.

*Markus 9:23*

Men size dogrusyny aýdýaryn, bir gorçisa dänesi ýaly-da imanyňyz bolup, şu daga: «Bu ýerden ol ýere göç» diýseňiz, ol göçer, size başartmajak zat bolmaz.

*Matta 17:20*

Şeýlelikde, iman bilen aklanandygymyz üçin, Rebbimiz Isa Mesih arkaly Hudaý bilen ýaraşygymyz bardyr.

*Rimliler 5:1*

Häzir gerek bolan dürli synaglar üçin gysga wagtlaýyn gaýgyly bolýan siz muňa begeniň. Çünki ot bilen synalýan hem bolsa, pany altyndan gymmatly bolan imanyňyzyň synalmagy Isa Mesih görnende öwgä, şöhrata hem hormata öwrüler.

*1 Petrus 1:6-7*

## ÝIGRIMI SEKIZINJI BAP

# EÝ HUDAÝ, MENIŇ MESIHE MEŇZEŞ BOLMAKLYGYMA KÖMEK ET

Ýaňy-ýakynda men bir çopanyň dünýäniň yssy we çyg howaly künjeginde ýygnanyşyk döredendigi hakyndaky gürrüňini diňledim. Şol kiçijik oba gelenlerinde, çopan we onuň aýaly şol ýeriniň ýaşaýjylarynyň daş-keşplerini görüp, haýran galypdyrlar. Olaryň bilindäki inçejik zolak matadan başga hiç hili geýimleri ýokdy. Aýallar billerine çenli ýalaňaç gezýärdiler. Ilki bilen çopan aýaly bilen aýallaryň arasynda nähili geýinmelidigi hakyndaky düzgünler barada gürrüň edipdir. Çopan olar üçin köýnekler buýrupdyr we ol köýnekler tizara oba getirilipdir.

Her bir aýal bir köýnekden alypdyrlar. Bu waka bilen hemmeler tolgunypdyrlar we ol köýnekleri ertesi gün geýinmekligi wada berip, olar sowgatlary öýli-öýlerine äkidipdirler. Ertesi gün irden hemmeler ýygnananlarynda, çopan bilen aýaly öňkülerinden hem beter geň galypdyrlar: aýallar köýneklerde deşik edip, ol deşikler arkaly göwüslerini çykaryp goýupdyrlar.

Bu gürrüňi diňläp, men kän güldüm we özümiziň ýalaňaç ýerlerimizi ýapyp, Özi bilen aragatnaşygymyzy dogry ýola goýmaklygymyz üçin Hudaý bize näçe gezek geýim berýändigine haýran galmagymy dowam etdirdim. Emma biz geýimlerimiziň özümize ýaramaýan ýerlerini ýyrtyp, öz tenimizi ýalaňaçlaýandyrys.

Özümizi üýtgetmäge ukyply däldigimiz geň zat däl. Biz hatda özümiziň nämede we näme üçin üýtgemelidigimizi hem bilmeýändiris. Bu zatlar diňe Hudaý biziň gözlerimizi açyp bilýändir. Şonuň üçin hem biz: «Eý Hudaý, meni üýtget» diýip, dileg etmelidiris. Munuň iň kyn dilegleriň biridigi maňa aýandyr. Bize: «Eý Hudaý, *ärimi* üýtget» ýa-da «*Aýalymy* üýtget» diýip dileg etmeklik gaty aňsatdyr. Emma eger biz öz durmuşymyzy Özüniň isleýşi ýaly üýtgetmekligi Hudaýa doly tabşyrýan bolsak, onda nämeni nädip etmelidigini diňe Ol bilýändir.

Ýöne bizi üýtgetmäge güýçli, emma şol bir wagtyň özünde gorkuzman bilýän bir dileg bardyr. Ine, bu dileg: «Eý Hudaý, meni mümkin boldugyndan Isa has meňzeş et». Biziň haýsymyz Isanyň häsiýetine eýe bolmaklygy islemeýändiris? Biziň haýsymyz ähli zatda Oňa meňzeş bolmaklygy islemeýändiris?

## Isanyň esasy ýedi häsiýeti

1. *Isa söýginiň özüdi*. Isanyň ýüregi adamzat düşünjesinden üstün bolan söýgüden doludy. Onuň edişi ýaly, biz hiç haçan hem dünýäniň günälerini öz üstümize almaly bolmaýandyrys, emma öz durmuşymyzy beýlekiler üçin gurban etmegimizi Ol isleýändir. «Biz söýgini Onuň Öz janyny biziň üçin pida edeninden tanadyk; biz-de doganlar üçin janymyzy pida etmäge borçludyrys» (1 Ýahýa 3:16). Onuň söýgüsi seniň öz durmuşyňda, özüň bilen gatnaşyk edýän adamlaryňyň durmuşlarynda täsinlikler döredip bilýändir. Beýlekiler bilen näçe kän paýlaşdygyňça, Hudaýyň söýgüsi sende şonça-da ösüp ulalýandyr. «Size bir täze tabşyryk berýärin: biri-biriňizi söýüň, Meniň sizi söýşüm ýaly, siz-de biri-biriňizi söýüň» (Ýahýa 13:34). Adamlar bilen gürrüň edeniňde, Hudaýyň söýgüsini görkezip bilmekligiň üçin dileg et.
2. *Isa Özüni kiçeltdi.* Isa — älemiň Rebbi, emma muňa seretmezden Ol «sypatda ynsan bolup, ölüme, hatda haç üstündäki ölüme-de boýun egip, Özüni kiçeltdi» (Filipililer 2:8). Özümiziň Onuň bu

häsiýetine azajyk bolsa-da eýe bolmagymyz bilen, biz bu dünýäde köp zatlary amala aşyryp bilýändiris, çünki özüňi kiçeltmeklik — has seýrek duş gelýän häsiýetdir. Ýöne bu häsiýet bize gaty gereklidir, çünki tekepbirlik üçin gaty gymmat baga tölemeli bolýandyrys. «Ýüregi tekepbir adam Rebbe ýigrenjidir; hatyrjem bol, ol jezasyz galmaz» (Süleýmanyň tymsallary 16:5). «Heläkçilikden öň tekepbirlik gelýändir we ýykylmadan öň ulumsy ruh gelýändir» (Süleýmanyň tymsallary 16:18). Özüňi kiçeltmeklik häsiýetiňi görkezmeklik bilen sen adamalary çuňňur täsir edip bilýänsiň, çünki seniň özüňi alyp barşyň jemgyýetiň talaplaryna gaty gapma-garşy gelýändir. Özüňi kiçeltmeklik häsiýetiniň töweregiňdäkilere aýan bolmaklygy üçin Hudaýa dileg et.

3. *Isa ynamdardy.* Isa hiç haçan hem öz ynamyndan ýüz döndermedi we Özüniň ýerdäki etmeli işine şübhelenmedi: «Men — ýol, hakykat we ýaşaýyşdyryn» (Ýahýa 14:6). Hiç zat, hatda şeýtanyň synaglary hem ony ýeňlişe sezewar edip bilmedi. Özümiz üçin Onuň Kim bolýandygyny biz berk bilmeklige borçludyrys. Şeýle-de, özümiziň hem kimdigimizi hökman ýadymyzda saklamalydyrys. Şeýle etsek, onda ýerde berk durup bilýändiris. Edil Isa ýaly özüňiň hem ynamdar bolup bilmekligiň üçin Hudaýa dileg et. Goý, Ol seniň içki durkuňy berkitsin.
4. *Isa eli açykdy.* Isa şägirtlerini terbiýeläp, olar arkaly adamlaryň ýüreklerine täsir etmeklik maksady bilen Özüni doly şägirtlerine berdi. Köpleriň şypa tapmaklary, azat bolmaklary we täzeden dikelmekleri üçin Isa Öz güýjüni berdi. «Men Reb we Mugallym bolup, siziň aýagyňyzy ýuwan bolsam, onda siz-de biri-biriňiziň aýagyny ýuwmalysyňyz. Çünki siz-de Meniň size edişim ýaly edersiňiz diýip, Men size görelde görkezdim» (Ýahýa 13:14–15). Onuň iň beýik sylagy Özüniň durmuşydy: «Çünki siz şeýle bolmaga çagyryldyňyz, sebäbi Mesih hem Öz yzyny alyp götermegiňiz üçin görgi görüp, size bir nusga galdyrdy»

(1 Petrus 2:21). Eger adamlar bilen paýlaşmaga bizde hiç zadymyz bolmasa, onda Hudaý biziň ýetmezçiliklerimiziň öwezini dolduryandyr: «Hemişe hemme zadyňyz ýeterlik bolup, her ýagşy işe bol mümkinçiligiňiz bolar ýaly, Hudaý size her nygmaty boldan bermegi başarýandyr» (2 Korintoslylar 9:8). Özüňi sylaglar bilen doldurmagy hakynda Hudaýdan dileg et. Çünki ol sylaglar bilen sen öz durmuşyňdaky adamlar bilen gerek wagtynda paýlaşyp bilersiň.

5. *Isa Özüni dünýäden aýyrdy.* Isa dünýäde ýaşady, emma Ol bu dünýä degişli däldi. Ol dünýä täsir etmeklik üçin geldi, emma Ol hiç haçan hem dünýä meňzeş bolmady. Ol dünýäden aýrydy, ýöne şonda-da töweregindäki dünýäni özgertdi. Öz durmuşymyzda hut şeýle deňagramlylygy tapyp bilmekligimiz üçin biz dileg etmelidiris. Bir tarapdan, biz bütinleý bu dünýäden aýry bolup bilmeýändiris, emma beýleki tarapdan bolsa biz bu dünýä meňzeş bolup, onuň kanunlary boýunça ýaşap bilmeýändiris. Eger şeýle etmesek, onda adamlar dünýä bilen biziň aramyzdaky tapawudy hiç-de görüp bilmeýändirler. Isa hiç haçan hem öz maksady hakynda ýadyndan çykarmady. Biz hem şeýle etmeklige çagyrylandyrys. Özüňiň kimdigiňi, nämä çagyrylandygyňy we nirede bakyýeti geçirjekdigiňi ýadyňdan çykarmazlygyň hakynda dileg et.

6. *Isa Hudaýa gulak asyjy boldy.* Isanyň iň täsin aýratynlygy Onuň Özüniň Reb bolýandygyna seretmezden, Öz erki boýunça hiç bir işi etmändigindedir. Ol Hudaýa dileg etdi we Onuň erki bolmasa, hiç zady hem ýerine ýetirmedi. Biz hem edil şeýle hereket etmelidiris: «Ol nähili gezen bolsa, Onda galýanyny sözleýäniň özi-de şonuň ýaly gezmäge borçludyr» (1 Ýahýa 2:6). Isa ölüme çenli gulak asyjy boldy. Gulak asmaklygyň şundan hem beýik derejesi bolup bilermikä? Ol Özüniň maksatnamasyny ýerine ýetirdi, çünki Özüniň ölüminden we ölülerden direlişinden soň amala aşjak beýik işler hakynda bilýärdi. Biz ondan görelde almaklyga çagy-

rylandyrys. «Gözümizi imanymyzyň Öňbaşçysy, Kämilleşdirijisi Isa dikeliň. Ol öňüne goýlan begenç ugrunda utanjy äsgermän, haçdaky ölüme döz gelip, Hudaýyň tagtynyň sagynda oturdy. Aryp, ruhdan düşmez ýaly, günäkärleriň beýle uly garşy durmalaryna çydan Isa hakda oýlanyň» (Ýewreýler 12:2-3). Özüňi terk edip, Onuň üçin ýaşap bilmekligiň hakynda Hudaýa dileg et.

7. *Isa nur bolupdy.* Adamlar yşyga tarap ymtylýarlar we biz hem olaryň özümizdäki Hudaýyň yşygyna tarap ymtylmaklaryny isleýändiris. Isa şeýle diýdi: «Men dünýäniň nurudyryn. Meniň yzyma eýeren garaňkylykda gezmez, onda ýaşaýyş nury bolar» (Ýahýa 8:12). Biz garaňkylykda gezmekligi islemeýändiris; Onuň nurda gezişi ýaly, biz hem nurda gezmekligi isleýändiris. Özüňi Isa meňzeş bolmaklygyň hakynda Hudaýa dileg et. Goý, nirede bolsaň-da, adamlar seni görenlerinde saklanyp, şeýle diýsinler: «Özüňiň bilýänleriňi bize-de aýan et. Sende näme aýratynlyk bar? Sende bar zatlara eýe bolmagymyz üçin biz näme etmelidiris?» Şonda sen özüňdäki nuruň çeşmesi hakyndaky hakykaty aýan edip bilersiň.

## Dileg

*Eý Hudaý*, men özgermekligi isleýärin we goý, hut şu günüň özünde özgerşikler mende başlansyn. Özümi çuňňur we uzak wagtlaýyn özgertmäge hususy güýjümiň ýetmeýändigini men bilýändirin, emma muny Seniň Mukaddes Ruhuňyň edip bilýändigini bilýärin. Öz şöhratyňyň baýlygyna görä, Öz Ruhuň arkaly meni içki häsiýetimde gudrat bilen güýçlendirmegiňi haýyş edýärin (Efesliler 3:16 seret). Sen meniň ähli mätäçliklerimi Mesih Isadaky şöhratly baýlygyň bilen doldurjakdygyňy men bilýändirin (Filipililer 4:19).

Dünýäden aýry bolup bilmekligime kömek et, emma şol bir wagtyň özünde jemgyýetden bütinleý gaça durman, oňa arkamy bermäýin. Nämede Saňa gulak asyjy bolmasam, ony maňa görkez we tekepbirligiň her bir görnüşine garşy durup bilmegime kömek et. Goý, meniň özümi kiçeltmegim içimde ýaşaýan Seniň Ruhuňyň subutnamasy bolsun. Özümi dolduryan Seniň söýgiň Seniň beýikligiňiň şaýaty bolsun. Özüňiň söýşüň ýaly meniň hem adamlary söýüp bilmegime kömek et.

Eger ýüregim gataldylan bolsa, onda ony ýumşat. Eger ynsabym kütelen bolsa, onda ony oýar. Maňa ýolbaşçylyk et we nirede nädogry hereketler edýän bolsam, olary maňa görkez. Isa meňzeşlikde Seniň ynamdar, rehimdar we gulak asyjy gyzyň bolmagyma kömek et. Özümde we öz durmuşymdaky Seniň geçirjek üýtgeşikleriňe garşy çykýan bolsam, ähli zatda Saňa bil baglamaklygy maňa öwret. Özümi tanaýanlaryň ählisi üçin yşyk bolup bilerim ýaly, goý, Seniň yşygyň mende şöhle saçsyn. Goý, men däl-de, mende Sen ýaşa (Galatýalylar 2:20 seret). Adamlaryň özümi görenlerinde, Seni tanamaklyk islemekleri üçin, meniň Isa meňzeş bolmagyma kömek et.

## SENIŇ DILEGIŇI HAS TÄSIRLI EDIP BILJEK MUKADDES KITAPDAN ALNAN AÝATLAR

Mesih bilen birlikde haça çüýlendim. Indi men ýaşaman, eýsem, Mesih mende ýaşaýar. Şindi tende geçirýän ýaşaýşymy Hudaýyň meni söýen, meniň ugrumda Özüni pida eden Ogluna bolan iman bilen geçirýärin.

*Galatýalylar 2:20*

Biziň Hudaýyň perzendidigimize şol ruhuň özi ruhumyz bilen güwä geçýär. Perzent bolan bolsak, onda hem mirasçydyrys — Hudaýyň mirasçylary, Mesihiň hem mirasdaşlarydyrys. Isa bilen bile görgi görýän bolsak, bile şöhratlanmagymyz üçindir.

*Rimliler 8:16–17*

Reb şeýle diýýär: «Munuň üçin olaryň arasyndan çykyň, olardan aýrylyň, murdara galtaşmaň, Men hem sizi kabul ederin». Her zady başarýan Reb: «Men siziň Ataňyz bolaryn, siz hem Meniň ogul-gyzlarym bolarsyňyz» diýýär.

*2 Korintoslylar 6:17–18*

«Saňa meniň merhemetim ýeterlikdir, çünki Meniň gudratym ejizlikde kämilleşýändir» diýdi. Şunuň üçin Mesihiň gudraty üstüme kölege salar ýaly,

höwes bilen öz ejizliklerim hakda has hem magtanýaryn.

*2 Korintoslylar 12:9*

Özümi güýçlendirýän Mesih arkaly her zady etmegi başarýaryn.

*Filipililer 4:13*

## ÝIGRIMI DOKUZYNJY BAP

# EÝ HUDAÝ, MENI ÖZ GEÇMIŞIMDEN AZAT ET

Göz öňüňe getir, sen ýaryşda ylgap barýarsyň we sylaga eýe bolmaklyk maksadyň bilen ilkinji bolup gelmek üçin bar güýjüň bilen synanyşýarsyň. Emma näçe synanyşýandygyňa seretmezden, sen ol maksadyňa ýetip bilmeýärsiň, çünki bir aýagyňa agyr ýük daňylandyr. Sen bar güýjüň bilen ony öňe çekýärsiň, ýöne ol ýük şeýle bir agyr welin, hatda sen ýaryşy bes etdirmäge mejbur bolýarsyň. Bu ýüki yzyň bilen çekip ylgamaklyga özüňiň borçly däldigiň seniň kelläňe-de gelmeýär, emma bu ýük şu wagta çenli seniň bir bölegiň bolup geldi welin, hatda sen indi mundan beýläk onsuz öz durmuşyňy hatda göz öňüne getirip hem bilmeýärsiň. Nähili bolýandygyna seretmezden, eger sen ol ýükden azat bolmasaň, onda özüň üçin Hudaýyň taýýarlan sylagyna tarap ylgamaklygyňy dowam etdirip bilmeýärsiň.

Bu biziň köpümize tanyş bolan waka, şeýle dälmi? Biz güýjümiziň baryndan bu durmuş ýoly boýunça ylgaýarys, emma özümiziň göz ýetirmezligimizden, yzymyz bilen geçmişimiziň agyr ýüküni hem çekip gelýändigimiz sebäpli ýeterli tizlige eýe bolup bilmeýändiris. Biziň ähli kynçylygymyz bu ýüki şeýle kän wagtlap yzymyz bilen çekip gelýändigimiz zerarly, ol ýüküň indi özümiziň bir bölegimiz bolup galandygynda jemlenendir. Käwagtlar ony çekmeklik şeýle bir agyr

bolýandyr welin, hatda biz çuňňur lapykeçlige düşýändiris. Mende oňat habar bar: seniň mydamalyk bu ýükden azat bolmagyň üçin Hudaý ony seniň egniňden aýryp taşlamaklygy isleýändir.

Çagalygyňdamy ýa-da düýn bu ýüküň egniňe münendiginiň parhy ýokdur, Hudaýyň patalaryny alyp bilmekligiňe seniň geçmişiň mydama päsgel berýändir. Şonuň üçin hem Hudaý seni özüňiň geçmişiňden azat etmekligi isleýändir. Şeýle-de, Ol geçmişiňde ýitirim bolup, döwlenleriň baryny täzeden döredip, dikeltmek isleýändir. Ol seniň geçen günleriňe häzirki durmuşyňda kesgitli many bermegi isleýändir. Eger sen geçmiş bilen ýaşaýan bolsaň, onda Hudaýyň öz öňüňde goýan maksatlaryna ýetip bilmejekdigiň aýdyňdyr. Isany öz Halasgäriň hökmünde kabul etmekligiň bilen sen täze ýaradylan adam bolýansyň. Ol seniň durmuşyňyň ähli ýagdaýlaryny täzeledi we şu üýtgemeler bilen täze durmuşda ýaşamaklygyňy Hudaý isleýändir.

Öz aklymyzy geçmişiň agyr ýatlamalaryndan azat etmekligimizi Hudaý isleýändir, emma muny ýerine ýetirmek aňsat iş däldir. Nädip öz geçmişiňi ýadyňdan çykarmaly? Aklyňy ýitirmelimi? Ýa-da bar zady terk etmelimi? Geçmiş hiç haçan bolmany ýaly özüňi alyp barmalymy? Ýa-da bir zatlar edip ýadyňy öçürmelimi? Ýok. Dilegde biz ýöne Hudaýyň özümizi geçmişden azat edip, häzirki durmuşymyzda bagtly ýaşap bilmekligimiz üçin dileg etmelidiris.

Biziň ýürek agyrylarymyzy ýöne bir bitirmän, eýsem heläkçilikli tejribämizi täsin ýagdaýda biziň üçin ýagşylyga öwürmeginde Hudaýyň iň beýik syrlarynyň biri jemlenendir. Hudaý seniň ýatlamalaryňy öçürmeýär. Ol seni şol ýatlamalaryň özüňe ýetirýän agyrysyndan azat edýändir. Hudaý saňa täze durmuş berer welin, sen hatda ony güýçli söýüp, mundan beýläk hiç haçan hem geçmişdäkä gaýdyp barasyň gelmez. Ýatlamalar sende galýandyr, emma olaryň agyrylary ýok bolýandyr. Onuň deregine özüňi täzeden dikeldip, bütewi adam edendigi üçin, Hudaýa bolan minnetdarlyk galýandyr. Hemmeler üçin hem bu ýoluň açykdygyny bilerleri ýaly, sen öz başdan geçirmeleriň barada

adamlara gürrüň bermek islärsiň, özüňiň azat bolşuň, täzeden dikelişiň we şypa tapyşyň bilen paýlaşasyň gelýändir.

## Geljekki ýagşylyklar üçin

Özüň üçin niýetlenen hyzmatyňy alyp barmaklygyňda geçmişiňiň kömek bermegini isleýändigi sebäpli, Hudaý seniň ýatlamalaryňy öçürip taşlaýan däldir. Ol seniň geçmişiňden iň erbet zady alyp, ony uly pata öwrüp bilýändir. Bu patany bolsa Hudaý saňa geljekde berer. Ol seniň Özüne bolan hyzmatyňyň esasyny berkider we şonda sen Onuň nuruny beýleki adamlara ýetirersiň.

Hut şunuň üçin hem Hudaý seniň öz ýalňyşlyklaryň arkaly öwrenmekligiňi we agyryly ýatlamalardan azat bolşuň hakynda beýleki adamlara hem gürrüň berip bilmekligiňi isleýändir. Ýöne Hudaý seniň öz geçmişiň bilen ýaşamaklygyňy dowam etdirmegiňi isleýän däldir. Öz geçmişiňi edil geljegiň baradaky pygamberlik hökmünde däl-de, edil geçmişiň baradaky kitap hökmünde okamagyňy isleýändir. Yzyňdakylaryň baryny ýadyňdan çykaryp, öňe ylgamaklygyň Hudaýyň islegidir (Filipililer 3:13 seret).

Köp adamlar özleri üçin Hudaýyň taýýarlan geljegine eýe bolup bilmeýärler, çünki öz geçmişlerinde berk batga batyp galýandyrlar. Bir gezek terk edilen adamlaryň durmuşlary muňa aýdyň mysal bolup bilýändir. Şeýle adamlar öňküsi ýaly ýagdaýyň ýene-de gaýtalanmagyndan gaty gorkýandyrlar. Olar beýleki adamlardan diňe erbetlige garaşýarlar we olaryň sözlerindedir hereketlerinde duşmançylygy görýändirler. Şonuň üçin hem olar gorkakdyrlar, mydama gaýgylydyrlar, öýkelenendirler we töwerekdäkileriň sözlerini agyry bilen kabul edýändirler. Başgaça aýdylanda, olaryň terk edilmeklikden gorkmalary özlerine bolan nädogry gatnaşygy görmeklerini döredýändir we olar mundan gaty gorkýandyrlar. Netijede bolsa, ýapyk zynjyr emele gelýändir.

## Yzyňa seretme

Geçmişiň bilen hoşlaşanyňdan soň, ol ýene-de özüňi yzarlaýarmyka diýip, yzyňa seretmezlik gaty wajypdyr. Lutuň aýaly yzyna seretmegi bilen daşa öwrülipdi. Eger sen hem yzyňa bakýan bolsaň, onda seniň bilen hem hut şeýle bolup bilýändir. Seniň öňe ylgamaklygyň gaty haýallanyp bilýändir, oňat ylgaýjylar bolsa diňe öňlerinde duran maksada bar ünslerini berýändirler.

Geçmişden azat bolmaklyk hakynda dileg etmeklik mydama zerurdyr. Hatda eger sende hiç hili ýaman ýatlamalaryň bolmasa-da, eger sen bireýýäm olardan azat bolan bolsaň hem hökman dileg etmelisiň. Bu dogrudan hem gaty wajypdyr, çünki geçmişiňdäki käbir oňat zatlar hem Hudaýyň häzir oňat bir zatlary etmegine päsgel berip bilýändir. Geçmişdäki başdan geçirmeleriňde ünsüňi jemläp, Hudaýyň hut şu wagt näme etjekdigini bilmän galmagyň hem mümkindir. Ol hemişe hem seni täze derejä götermegi isleýändir, emma eger sen geçmişdäkileriňe berk ýapyşýan bolsaň, onda Oňa päsgel berip bilmegiň mümkindir. Biziň eýe bolanlarymyzda saklanmagymyza Hudaý hiç haçan hem ýol bermez. Emma eger biz özümize bil baglaýan bolsak, onda Hudaýa ynanýan däldiris.

Ýaşyňa seretmezden, durmuşyňda Hudaýyň täze zatlary döretmäge isleginiň bardygyny men saňa wada berýärin. Onuň nämedigini açyp görkezmegi üçin dileg et. Öňüňde goýlan ýoldan çykman, yzyň bilen geçmişiňi çekmegi islemeýändigiňi Oňa aýt. Ýoluň ahyrynda sylaga eýe bolmak islegiň bilen bar gujur-gaýratyň bilen ylgajakdygyňy Oňa aýt (1 Korintoslylar 9:24 seret).

### *Dileg*

*Eý Hudaý*, men Senden haýyş edýärin: meni öz geçmişimden azat et. Onuň täsirinden meni gutar. Men öz öýümiň Seniň

ýanyňda bolmagyny isleýärin. Seniň patalaryňa alyp bilmegime päsgel berýän we geçmişime berk baglaýan zatlaryň baryndan meni azat et. Geçmişiň pikirlerinden, duýgularyndan we ýatlamalaryndan elimi üzüp bilmegime kömek et (Efesliler 4:22–24 seret). Haçan geçmişiň ýatlamalarynyň özüme ýolbaşçylyk edip başlan pursatlaryny aňyp bilmekligim üçin maňa Mesihiň düşünjesini ber.

Men özümiň kine saklamaklygym sebäpli geçmişiň ýesirligi astynda ýaşamaklygy islemeýärin. Ähli bagyşlanmaly zatlaryň baryny bagyşlap bilmegime kömek et. Aýratyn hem men Senden haýyş edýärin: meni… (özüňi ýzarlaýan agyryly ýatlamany aýt) ýatlamalaryndan azat et. Ähli ýitirilenleri dikeltmegiň üçin men Seniň eliňe öz geçmişimi we onuň bilen bagly bolan her bir adamy tabşyrýaryn. Maňa edilen we özümiň eden ähli ýaman hereketler üçin men toba edýärin. Goý, bu mundan beýläk hiç haçan hem maňa azar bermesin we özümiň häzirki durmuşyma täsir etmesin. «Bizi muşakgata sezewar eden günleriňe derek, ýamanlyk gören ýyllarymyza derek şonça wagt begendir» (Mezmur 90:15). Ähli zady dikeldip, ähli täze ýaradýan zatlaryň üçin men Saňa minnetdarlyk bildirýärin (Ylham 21:5 seret).

Yzyma, ýagny geçen günlerime we köne gylyklaryma seretmän, diňe öňe bakmaklygyma kömek et. Hut şu gün meniň durmuşymda bir täze zady döretjekdigiňi men bilýärin. Özümiň ymtylýan maksadyma bar ünsümi bermegime kömek et we Seniň özüm üçin taýýarlan geljegiňiň ugry boýunça öňe gidip bilmekligim üçin meni öz geçmişimden azat et.

## SENIŇ DILEGIŇI HAS TÄSIRLI EDIP BILJEK MUKADDES KITAPDAN ALNAN AÝATLAR

Şonuň üçin kim Mesihe bagly bolsa, ol täze mahlukdyr.
Köne zatlar geçdi, indi ähli̇si täze bolandyr.
*2 Korintoslylar 5:17*

Öňki zatlary ýatlamaň, köne zatlara üns bermäň.
Ine, Men bir täze zat edýärin; ol şindi ýüze çykar;
siz ony bilmeýärmiziňiz? Men çölde ýol we sährada
derýalar emele getirerin.
*Işaýa 43:18–19*

Doganlar, men özümi muny gazanan hasap etmeýärin.
Emma bir zady edýärin: yzdaky zatlary unudyp,
öňdäkilere el uzadyp, Hudaýyň Mesih Isadaky arşa tarap
bolan çakylygynyň baýragyna mynasyp bolmak üçin,
pellehana tarap ylgaýaryn.
*Filipililer 3:13–14*

Gözleriň göni ileri garasyn, göreçleriň göni öňüňe
seretsin. Aýagyň ugruna dykgat et, ähli ýollaryň berk bolar.
Saga ýa sola sowulma, aýagyňy ýamanlykdan çek.
*Süleýmanyň tymsallary 4:25–27*

Ol olaryň gözlerinden ähli ýaşlaryny süpürer.
Indi ne ölüm, ne ýas, ne agy, ne-de agyry bolar.
Çünki öňki zatlar aradan aýryldy.
*Ylham 21:4*

# OTUZYNJY BAP

# EÝ HUDAÝ, ÖZÜM ÜÇIN TAÝÝARLAN GELJEGIŇE MENI ALYP BAR

Isadaky mähriban doganym, şu baby edil saňa gönükdirilen hat görnüşinde ýazýaryn. Eger sen öz geljegiň hakynda aladalanyp, howsala düşýän bolsaň, onda men seni ruhlandyrmak isleýärin. Bu haty umyt bilen oka we özüň bilen gürleşýän Hudaýyň sesini eşit. Iş ýüzünde, bu biziň ählimize gönükdirilen Onuň hatydyr.

Mähriban __________________(haýyş, şu ýere öz adyňy ýaz), seniň üçin Hudaýyň beýik geljegi taýýarlandygyny saňa ýatlatmak maksady bilen, men şu haty ýazýaryn. Men muňa ynamlydyryn, çünki Onuň Özi bu hakynda aýdypdy. Özüniň seniň üçin taýýarlan beýik sylagyny seniň heniz ne görendigiň, ne-de eşidendigiň, ne-de göz öňüňe getirip hem bilendigiň hakynda Hudaý gürrüň berýär. «Hudaýyň Özüni söýenler üçin taýýarlan zatlaryny ne göz görendir, ne gulak eşidendir, ne-de adam ýüregi hyýal edendir» (1 Korintoslylar 2:9). Özüňiň geljegiňiň neneň ajaýypdygyny sen heniz göz öňüňe hem getirip bilýän dälsiň. Eger sen muňa düşünip bilsediň, onda «şu wagtky görgüler bize aýan boljak geljekki şöhrat bilen deňeşdirer ýaly däldigini» seniň duýup biljekdigiň hakynda Hudaý gürrüň berýär (Rimliler 8:18 seret). Bu diýmeklik, özüňiň hususy durmuşyň baradaky şu wagtky göz öňüne getirmeleriňiň gaty çäklidigini aňladýandyr.

Hudaýyň saňa umytdan we patalardan doly bolan geljegi wada berýändigine seretmezden, ol öz-özünden gelýän däldir. Munuň üçin hem käbir zatlar talap edilýändir. Birinjiden, bu hakynda dileg etmeklik (Ýirmeýa 29:11–12 seret) we ikinjiden, Hudaýyň erkini ýerine ýetirmeklik. Emma bu barada alada etmekligiň geregi ýokdur, çünki eger sen dileg etseň, onda hem birinji, hem-de ikinji meseläni ýerine ýetirip bilmegiň üçin Hudaýyň Özi saňa kömek eder. Mukaddes Ruh — biziň mirasymyzyň girewidir. Öz maksatlaryňa ýetip, wada berlene eýe bolup bilmekligiň üçin Hudaýyň saňa kömek etjekdigini Mukaddes Ruh wada berýändir (Efesliler 1:13–14). Her gezek dileg edip, gulak asmaklygy görkezeniňde, sen öz geljegiňe uly goşant goşýandygyňy ýadyňda sakla.

Durmuşymyzyň ähli kynçylyklaryna we hemişesizligine seretmezden, maksatlarymyzyň amala aşmaklygynyň aýdyň bolup görünmeýändigine seretmezden, Hudaý üýtgewsiz bolmaklygyna galýandyr. Eger sen bireýýäm özüňiň howpsuzlygyň baradaky ýalan duýgyňy ýitiren bolsaň, onda bu gaty gowy, çünki hakyky howpsuzlygy diňe Hudaýyň Özüniň saňa berip bilýändigine düşünmekligiň Onuň islegidir. Sen öz geljegiňi jikme-jik bilýän dälsiň, emma olary Hudaýy bilýändigine ynan. Ol seni hökman gerekli ýere elter. Asyl manyda, geljekde wada berlen ýagşylyklary almaklyk şu gün Hudaý bilen bile gitmeklikde jemlenendir.

Isadaky meniň mähriban doganym, ýadyňda sakla — Hudaýyň öňünde gezmeklik seni ýoluňda duş gelýän böwetlerden azat edýän däldir. Olar hakynda şeýtan alada eder. Eger Hudaýyň niýeti ajaýyp bolsa, onda şeýtanyň meýilnamalary nejisdir. Emma eger sen Hudaýyň ýollaryndan ýöreýän bolsaň, Onuň parzlaryna gulak asmaklykda ýaşaýan bolsaň, Oňa sežde edýän bolsaň, Onuň Sözünde bolýan bolsaň we dynsysyz dileg edýän bolsaň, onda şeýtanyň meýilnamalary şowsuzlyga sezewar edilendir. Ýöne Hudaýyň niýeti göreşsiz amala aşýan däldir. Şonuň üçin hem kyn pursatlarda yza çekilme, emma dogrulykda hereket

edip, synaglara garşy durmaklygyňy dowam etdir. Ähli gerek zatlary edip bilmekligiň üçin Hudaýdan güýç-kuwwat we sabyrlylyk dile.

Gazetdirlerden okap, adamlardan eşiden maglumatlaryň esasynda öz geljegiň hakynda karar kabul etme. Seniň durmuşyň Hudaýyň elindedir. Şonuň üçin hem sen öz geljegiň hakynda diňe Onuň diýýänlerine gulak goýmalysyň. Geljek hakynda seniň howsala düşmekligiňi Hudaý isleýän däldir. Özüňiň geljegiň Hudaý bolandygy üçin, pikirleriňiň hem Onuň bilen bolmaklyny Hudaýyň Reb isleýändir.

Özüňiň Hudaýyň gyzydygyňy we Onuň seni güýçli söýýändigini ýadyňda sakla. Onuň ýollary bilen *ýöremekligiň* bilen, sen günbe-günden Oňa meňzeýänsiň (1 Ýahýa 3:1–3 seret), Oňa seretmeklik bilen, sen şöhrat üstüne şöhrat bilen şol keşbe dönderilýänsiň (2 Korintoslylar 3:18 seret). Eger sen Onuň parzlaryny ýerine ýetirýän bolsaň, Ol seni hökman kämilleşdirer. Şonuň üçin hem «daşky adamymyz bozulsa-da, içki adamymyz günbe-günden täzelenýär» (2 Korintoslylar 4:16).

Eger durmuşyňdaky özgerşikler isleýşiň ýaly çalt bolup geçmeýän bolsa, onda umytdan gaçma. Hudaý seni sabyrlylyga öwretmekligi isleýändir. Biziň dünýämiz çüýreýändir, Hudaý bolsa bakydyr. Şonuň üçin hem eger sen öz dilegleriňe jogap almaýan bolsaň, onda lapykeç bolma. Sen hökman jogap alarsyň. Eger sen Hudaýa ymtylýan bolsaň, Onuň parzlaryna laýyk hereket edýän bolsaň, eger ruhda we hakykatda Oňa sežde edýän bolsaň, eger adamlary söýüp, olara özüňi bermäge taýyn bolsaň, eger Hudaýyň Sözüni ynam bilen yglan edýän bolsaň we dileg edýän bolsaň, onda Hudaýyň patalary seniň durmuşyňa bolelin döküler.

Hudaýyň isleýän gyzgyn dileglerini etmeýändigimiz üçin biz isleýänlerimize eýe bolup bilmeýändiris. Hudaý biziň üçin käbir beýik zatlary amala aşyrmaklygy isleýändir we bu beýik zatlar diňe seniň dilegleriňe jogap bolup amala aşýandyr. Hudaýdan çaga sorap, Hannanyň neneň dileg edendigi seniň ýadyňdamy (1 Şamuwel 1:1–28 seret)? Hudaý onuň dilegine jogapbereninde, Hannanyň ogly doguldy. Emma ol çaga adaty çaga däldi. Şamuwel iň beýik pygamberleriň we Ysraýylyň taryhyndaky

at-abraýly häkimleriň biri boldy. Eger Hanna şeýle gyzgyn we çyn ýürekden dileg etmedik bolsa, onda bu beýle bolmazdy. Eger sen hem dyngysyz dileg etmeseň, onda seniň durmuşyňda hem hiç zat amala aşmazlygy mümkindir.

Eger sen gündelik işleriňiň hysyrdysy bilen meşgul bolsaň, eger saňa gurmuşyň hiç haçan hem özgermeýän ýaly bolup görünýän bolsa, onda munuň beýle däldigimi hökman ýadyňda sakla. Hudaýyň özüň üçin geljekdäki taýýarlan patalaryny elimden sypdyrdym diýip lapykeç bolan pursatlaryňda, hut şonda Hudaý seni özüňiň geljegiňe taýýarlaýandyr. Wagt geleninde bolsa, Ol çaltlyk bilen hereket edip başlar. Öňüňde maksatlary goýmaklygyň bilen, geljegiňe gaty çuňlaşma. Iň oňady — Hudaýa seret. Şuny ýadyňda sakla: «Reb Özüni çagyrýanlaryň ählisine, Özüni çyndan çagyrýanlaryň ählisine ýakyndyr. Ol Özünden gorkýanlaryň islegini kanagatlandyrýar, olaryň perýatlaryny eşidýär we olary gutarýar» (Mezmur 145:18–19).

Wagt geler we sen Hudaý bilen göklerde bolarsyň. Şonda Ol seniň gözleriňiň ähli gözýaşlaryny süpürer, «indi ne ölüm, ne ýas, ne agy, nede agyry bolar. Çünki öňki zatlar aradan aýryldy» (Ylham 21:4). Seniň maksadyň öz durmuş ýolyňyň ahyryna çenli baryp, şeýle diýmekden ybaratdyr: «Men oňat söweş alyp bardym, ýaryşy bitirdim, imany goradym. Mundan beýläk, dogrulyk täji meniň üçin taýýar durandyr. Adyl kazy Reb ol günde ony maňa, diňe maňa däl, eýsem, Onuň gelmegini söýýänleriň baryna-da berer» (2 Timoteos 4:7–8). Isa şeýle diýipdi: «Ýüregiňiz gysmasyn. Hudaýa iman ediň, Maňa iman ediň. Atamyň öýünde mesgenler köpdür; şeýle bolmasa, Men size "Ýer taýýarlamaga barýaryn" diýermidim? Gidip ýer taýýarlanymdan soň, siziň hem Öz ýanymda bolmagyňyz üçin ýene gelip, sizi Özüm bilen alyp giderin» (Ýahýa 14:1–3). Eger sen Hudaýy söýýän bolsaň, onda Ol saňa Gökleriň Şalygynda baky ýaşaýşy bermekligi wada berýändir.

Şunuň bilen birlikde, seniň Hudaý we Onuň Şalygy üçin käbir wajyp zatlary amala aşyrmaklygy isleýändigiňi bilýärin. Hudaý Özüne

hyzmat etmäge, Özüniň ýollaryndan ýöremeklige taýyn bolan aýallary gözleýändir. Öz öňlerinde Hudaýyň goýan maksatlaryna ymtylýan aýallar pata eýe bolýandyrlar. Öz Şalygy üçin öz janlaryny gurban edip, dileglerinde: «biziň erkimiz däl, Seniň erkiň amala aşsyn» diýýän aýallar Hudaý üçin gymmatbahadyrlar. Seniň hemişe Hudaýyň özüňe beren ýaraglaryny dakynyp, Onuň: «Ine, wagty geldi» diýip, gapylary açanynda, öňe gitmäge taýýar bolmaklygyň üçin men dileg edýärin. Ýöne hakykat boýunça gezmekligiňi dowam etdiriber. Hiç garaşmadyk pursadyňda, sen Hudaýyň çakylygyny eşidersiň we öz öňüňde Onuň goýan maksatlaryna düşünip bilersiň.

Seniň Isadaky doganyň

*Stormy Omartiýan*

## Dileg

*Eý Hudaý*, men öz geljegimi Seniň eliňe tabşyrýaryn we şonuň üçin hem mundan beýläk ol hakynda aladanjak däldirin. Men öz meýilnamalaryma bil baglap, geljekde käbir zatlara ýetmekligi islemeýärin, emma Seniň özüm hakda alada edýändigiňi bilip, Seniň niýetiňdäki öz rolumy ýerine ýetirmegi isleýärin. Özüme sabyrlylyk we soňuna çenli durup bilmegim üçin güýç-kuwwat ber. «Soňuna çenli çydan halas bolar» diýip, Seniň Özüň aýdypdyň (Matta 10:22). Durmuşymyň ahyryna ýadaman gelip, özüm üçin niýetlän sylagyňy alyp bilmegime kömek et (1 Korintoslylar 9:24 seret). Öz ýolumyň haçan gutarjakdygyny bilmeýändigim üçin hemişe dileglerde akyl-paýhasly bolmagyma kömek et (1 Petrus 4:7 seret).

Özüme Seniň parahatlygy, geljegi we umydy bermekligi isleýändigiňi men bilýändirin (Ýirmeýa 29:11 seret). Oňat işlerime däl-de, Öz merhemetiňe görä, meni halas edip, mukad-

desleriň hataryna goşandygyňy bilýändirin (2 Timoteos 1:9). Mukaddes Ruh, hemişe öz ýanymda bolup, hiç haçan Seniň ýoluňdan çykmazlygym üçin, geljekde-de maňa ýolbaşçylyk etjekdigiň üçin minnetdardyryn.

Eý Hudaý, köpleriň Seni agtaryp, tapyp bilmekleri üçin Saňa miweli hyzmat edip bilmegime kömek et. Öz wagtynda meni galdyrjakdygyňy bilip, men Seniň güýçli elleriňiň astynda tabyn bolýaryn. Özüm hakda mydama alada edip, hiç haçan hem ýykylmagyma ýol bermejekdigiňi bilip, men ähli kynçylyklarymy Saňa tabşyrýaryn (1 Petrus 5:6–7). Özüm üçin taýýarlan geljegiňe Seniň bilen bile barmaklyk üçin şu gün men Seniň elleriňden berk tutýaryn.

## SENIŇ DILEGIŇI HAS TÄSIRLI EDIP BILJEK MUKADDES KITAPDAN ALNAN AÝATLAR

Çünki siziň üçin niýetlän niýetlerimi Özüm bilýärin — Reb diýýär. Olar size gelejek we umyt bermek üçin ýamanlyk däl, parahatlyk niýetleridir. Onsoň Meni çagyrarsyňyz, gidip, Maňa dileg edersiňiz, Men-de sizi eşiderin. Meni agtararsyňyz, bütin ýüregiňiz bilen agtaran mahalyňyz Meni taparsyňyz.

*Ýeremeýa 29:11–13*

Rebbiň öýünde, Hudaýymyzyň howlularynda ekilenler güllär. Rebbim gönüdir, Ol meniň gaýamdyr, Onda egrilik ýokdur diýip yglan eder ýaly, olar garrylykda-da miwe berer, suwly we ter bolar.

*Mezmur 92:13–15*

Sebäbi, men ne ölümiň, ne-de ýaşaýşyň, ne perişdeleriň, ne hökümdarlaryň, ne-de gudratlaryň, ne şu wagtyň, ne-de geljegiň, ne belentligiň, ne-de çuňlugyň ne-de başga mahlugyň Rebbimiz Mesih Isada bolan Hudaý söýgüsinden bizi aýyrmagy başarmajakdygyna ynanýaryn.

*Rimliler 8:38–39*

Dogrularyň ýodasy bolsa ýaňy dogan Gün ýalydyr, bütinleý gündiz bolana deňeç gitdigiçe parlar.

*Süleýmanyň tymsallary 4:18*

Tur, ýaldyra, çünki yşygyň geldi we Rebbiň şohraty saňa dogdy! Çünki ine, ýeri garaňkylyk we halklary goýy garaňkylyk bürär; ýöne saňa Reb dogar we Onuň şöhraty sende görner.

*Işaýa 60:1–2*

## MAZMUNY

Minnetdarlyk .................... 3

Dilegiň güýji .................... 4

1-nji bap. Eý Hudaý, meni Özüňe çek we Öz ýollaryňdan ýöremekligi maňa öwret .................... 19

2-nji bap. Eý Hudaý, meni günälerimden arassala we mende tämiz ýürek ýarat .................... 31

3-nji bap. Eý Hudaý, maňa bagyşlamagy wret .................... 40

4-nji bap. Eý Hudaý, ähli zatda Saňa gulak asyjy bolmaklygy maňa öwret .................... 49

5-nji bap. Eý Hudaý, aldawly bilen söweş üçin maňa güýç ber .................... 59

6-njy bap. Eý Hudaý, öz pikirlerime gözegçilik edip bilmekligi maňa öwret .................... 67

7-nji bap. Eý Hudaý, durmuşymyň ähli taraplarynda meni dogry ýola ugrukdyr .................... 75

8-nji bap. Eý Hudaý, Seniň Sözüňe çuňňur düşünmegime kömek et .................... 81

9-njy bap. Eý Hudaý, öz durmuşymy tertibe getirmäge kömek et .................... 91

10-njy bap. Eý Hudaý, Seniň hakyky sežde edijiň bolmagyma kömek et ........ 100
11-nji bap. Eý Hudaý, meniň zähmetime pata ber........ 107
12-nji bap. Eý Hudaý, Seniň Ruhuňyň miwelerini getirmekligime kömek et........ 113
13-nji bap. Eý Hudaý, meni päklikde we günäsizlikde sakla........ 121
14-nji bap. Eý Hudaý, meni çagyran işiňe mynasyp bolmaklygyma kömek et ........ 129
15-nji bap. Eý Hudaý, adamlar bilen dogry gatnaşyklary ýola goýmaklygyma kömek et........ 138
16-njy bap. Eý Hudaý, mydama Seni eşidip, Seniň erkiňi ýerine ýetirip bilmekligime kömek et........ 148
17-nji bap. Eý Hudaý, meni we özüme gymmatbaha bolan zatlaryň baryny gora ........ 154
18-nji bap. Eý Hudaý, dogry kararlary kabul edip bilmegim üçin akyldarlyk ber........ 159
19-njy bap. Eý Hudaý, meni her bir ýanamlykdan azat et........ 168
20-nji bap. Eý Hudaý, meni erbet duýgulardan azat et ........ 175
21-nji bap. Eý Hudaý, gaýgyly pursatlarymda maňa teselli ber........ 184
22-nji bap. Eý Hudaý, günäli synaglara gatşy durup bilmekligime kömek et ........ 191
23-nji bap. Eý Hudaý, maňa şypa ber we öz tenim hakynda dogry alada edip bilmegi öwret........ 199
24-nji bap. Eý Hudaý, meni ýalan gorkulardan azat et........ 206
25-nji bap. Eý Hudaý, Saňa hyzmatym bilen adamlaryň ýüreklerine täsir edip bilmegime kömek et ........ 214

26-njy bap. Eý Hudaý, goý, meniň agzymdan diňe ýaşaýyş getirýän sözler çyksyn.................................................. 220
27-nji bap. Eý Hudaý, ynamy daglary şüýşürmäge ukyply bolan aýal bolmagyma kömek et.......................................... 228
28-nji bap. Eý Hudaý, meniň Mesihe meňzeş bolmaklygyma kömek et ..................................................................... 234
29-njy bap. Eý Hudaý, meni öz geçmişimden azat et ................... 241
30-njy bap. Eý Hudaý, özüm üçin taýýarlan geljegiňe meni alyp bar ....................................................................... 247

Omartiýan Stormy

**DILEG EDÝÄN ZENANYŇ GÜÝJI**

Printed in Turkmen